Siziň häkimiýete bolan garaýşyňyz
siziň geljegiňizi kesgitleýär

DÜZEDILEN
WE
ÜSTI ÝETIRILEN

# BEÝIK HUDAÝYŇ PENASYNDA

JON BIWER

*«Kriptony ýok etmek» atly iň köp satylýan kitabyň awtory*

Gadyrly dost,

hemme ýerde adamlar ygtyýarlyk babatda Hudaýyň meýilnamasyna we maksadyna düşünmeýändikleri üçin ejir çekýärler. Hudaýyň biziň özümizdäki iň gowy zatlary ýüze çykarmak üçin we biziň häsiýetimizi ösdürmek, terbiýelemek we beýan etmek üçin, biziň Oňa gulluk etmäge tutanýerli we ukyply bolmagymyz üçin, gowy bolsun, erbet bolsun, ýolbaşçylary ulanýandygyna düşünmeýäris. Haçanda biz Hudaýyň bellän ygtyýarlyklary bilen gatnaşyklarymyz hakda öwrenenimizde, ýolbaşçylarymyzyň näme edýändigine ýa-da etmeýändigine garamazdan, rahatlyga, goraga we üpjünçilige eýe bolýarys.

Hudaýdaky siziň ugruňyz özüňize bagly. Siz öz üstüňizden goýlanlara boýun bolmagy saýlap, Hudaýyň size görkezen ugruny tanarsyňyz we ýerine ýetirersiňiz.

Bu kitap – size sowgat. Bu habary siziňki ýaly ruhlandyrma mätäç beýleki imanlylar bilen batyrgaý paýlaşyp bilersiňiz. Şeýle hem durmuşy üýtgedýän köp çeşmeleri göçürip almak we öwrenmek üçin öz diliňizde **MessengerX.com** giriň.

Men siziň ajaýyp Rebbimizi şöhratlandyrmak tabşyrygyny ýerine ýetirýänleriň arasynda bolmagyňyzy dileýärin.

Mesihdäki doganyňyz,





MessengerX

Jon
JohnBevere@ymail.com

Messenger INTERNATIONAL

# BEÝIK HUDAÝÝŇ PENASYNDA

JON BIWER

**Under Cover,** by John P. Bevere, Turkmen
© 2025 Messenger International
MessengerInternational.org
Originally published in English as Under Cover

Additional resources in Turkmen are available for
free download and video streaming at
**MessengerX.com** and on the **MessengerX** App
To contact the author: JohnBevere@ymail.com

This book is a gift from Messenger International and is
NOT FOR SALE

**«Beýik Hudaýyň penasynda»** Jon Biwer, türkmen dilinde
Awtorlyk hukugy © 2025 Messenger International
MessengerInternational.org

Asyl nusgasy «Under Cover» görnüşinde iňlis dilinde neşir edildi
**MessengerX.com** -da we **MessengerX** programmasynda mugt
göçürip almak we wideo akymlary üçin elýeterlidir
Awtor bilen habarlaşmak üçin: JohnBevere@ymail.com

Bu kitap Messenger International-dan sowgat we SATUWA DEGIŞLI DÄL.

Ýüklemek App Store

Almak Google Play

App Store söwda belligi ABŞ we beýleki ýurtlarda hasaba alnan Apple Inc. Belgide/Google
Play we Google nyşany Google Play-yň LLC söwda bellikleridir.

Bu kitaby nowbahar oglum Addison Dewid
Biwere bagyşlaýaryn.

*«Akylly ogul atasyna şatlykdyr».*
– Süleýmanyň pähimleri 10:1

Seniň adyň «Söýgüli, ygtybarly ynam» diýmegi aňladýar. Seniň durmuşyň seniň adyňa we bu kitapda ýazylanlara laýyk gelýär. Hudaýdan iň baý ýalkanyşlary we wadalary miras al, Onuň ýüzüniň yşygy saňa şugla saçmagyny dowam etdirsin. Goý, seniň ýaşyň uzyn bolsun we durmuşyň bolelin bolsun. Ejeň we men seni söýýäris we şeýle oglumyzyň bolmagy biziň üçin ýalkanyşdyr.

# MAZMUNY


1-NJI BÖLÜM. GORAG ASTYNDA

1. Gorag astynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 1
2. Çişe depmek kyndyr. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 9

2-NJI BÖLÜM. HUDAÝÝŇ PENASYNDA

3. Günäniň kesgitlemesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 27
4. Kanunsyzlygyň gizlin güýji . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 41
5. Boýun bolmazlygyň netijeleri (1-nji bölüm) . . . . . . . . . . . . . 59
6. Boýun bolmazlygyň netijeleri (2-nji bölüm) . . . . . . . . . . . . . 71
7. Jadylananlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 89

3-NJI BÖLÜM. HUDAÝ TARAPYNDAN GOÝLAN HÄKIMIÝETLER

8. Hudaý kimiň dolandyrýandygyny bilýärmikä? . . . . . . . . . . . 107
9. Patyşany hormatlaň . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 123
10. Iki esse hormat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 139
11. Tabynlyk we pespällik . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 161

12. Eger ýolbaşçy maňa şeýle diýse näme . . . . . . . . . . . . . . . . . . 177

13. Adalatsyz daramak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 199

14. Özüňçe höküm etmek . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 223

15. Bitewilik . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 243

16. Dürli zatlar hakynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 259

17. Beýik iman . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 281

18. Jemleýji . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 301

*Ara alyp maslahatlaşmak üçin soraglar . . . . . . . . . . . . . . . . 305*

1-NJI BÖLÜM

# GORAG ASTYNDA

## 1-NJI BAP

# GORAG ASTYNDA

*Köplenç beýik erkinligi we goragy getirýän*
*ýumşak söz däl-de, agyr söz.*

Gorag astynda – bu sözler köp sanly ýagdaýlarda ulanylyp bilner. Çagalaryň dilinde aýtsak, howpy duýýan çaganyň ýorganyň aşagynda ýa-da uly ene-atasynyň arkasynda nädip gizlenýändigini göz öňüne getirip bilersiňiz. Raýatlyk manysynda bu polisiýa ýa-da goşun tarapyndan tertip-düzgüni üpjün edýän şäher bolup biler. Şeýle hem, gowakda ýa-da ýerasty gaçybatalgada gizlenýän haýwany göz öňüne getirip bilersiňiz. Ýa-da öýüniň üçeginiň astynda tupandan goranýan bir maşgalany göz öňüne getirip bilersiňiz.

Çagalygymdan biziň sebitimizde ýygy-ýygydan bolup geçen tupanlar meniň ýadymda galdy. Biz penjiräniň içinden uzakda ýyldyrym çakýan ýaly agyr, gara bulutlaryň aýlanýandygyny synlardyk. Birnäçe minutdan hakyky tupan turýardy. Ýyldyrymyň ýalpyldysy astynda we gümmürdi çakmagy bilen birlikde, ýagyş guýýardy we edil müňlerçe kiçijik sandallar ýaly üçegimizde takyrdap başlardy. Tupan sebäpli biz mähriban

öýmiziň iň gowy gaçybatalgasynyň nirededigine has gowy düşünip başladyk. Penjiräniň daşyndaky hemme zat çygly, sowuk we aýylganç ýyldyrymdan goragsyzdy. Emma onuň içi gury we ýylydy, biz otagymyzda tupanyň elhençliklerinden uzakdadyk. Biz gorag astyndadyk.

Bu temanyň üstünde pikirlenmegi dowam etdirmek bilen, *«gorag astynda», «penasynda»* ýa-da *«gizlin gorag astynda» diýen* sözleriň täze manylaryny tapyp bileris. Bu sözler käbir şahsyýetleriň gizlin saklanmagy üçin görülýän howpsuzlyk çärelerini aňladyp biler. Gizlin hereket edýän agent duşmanlarynyň arasynda erkin hereket edip, olar tarapyndan tanalmazlygyna mümkinçilik alýar. Hökümet oňa toslama at ýa-da lakam berýär we ol duşmanlaryň çäginde ýerleşýän rezident bolýar. Bu sözlemleri haýsy manyda ulananymyz möhüm däl, ýöne olaryň ähli görnüşinde *gorag* we *azatlyk* düşünjesi jemlenendir.

Bu sözleriň mesihilik bilen näme baglanyşygy bar? Dawut şeýle ýazýar: «Beýik Hudaýyň penasynda ýaşaýan ynsan Gudratygüýçliniň kölegesini mesgen ediner. Rebbe diýerin: «Meniň penam hem-de berkitmäm, meniň Hudaýym, özümiň bil baglaýanym» (Zebur 90:1, 2). Hudaý Öz penasyndaky adamlary goramagy wada berýär. Şeýle-de bolsa, bu aýadyň «Ýaşaýan... » diýen sözi boýunça iň möhüm sorag bilen ýüzbe-ýüz bolýarys: Onuň penasynda kim ýaşaýar? Eliňizde saklaýan kitabyňyz – bu soragyň jogabyny gözleýär. Başga sözler bilen aýdylanda, Hudaýyň güýjüne we ygtyýarlygyna boýun bolup ýaşaýan adamyň gorag astyndadygyny aňladýar.

Erem bagynda Adam we How Hudaýyň beren erkinliginden we goragyndan lezzet almak bilen peýdalandylar, ýöne olar boýun egmezlik ýoluny saýlap, Hudaýyň goragyny ýitirdiler. Soňra bolsa olar ony başga bir zatda gözläp başladylar (Gelip çykyş 3:7). Hudaýyň ygtyýarlygyna boýun bolmazlyk adamzady ozalky azatlygyndan we goragyndan mahrum etdi.

Geliň, muňa has ýakyndan seredeliň. *Ygtyýarlyk – bu* gaty meşhur söz däl. Emma muny ret etmek ýa-da ondan gorkmak bilen, biz bu ygtyýarlygyň berýän goragyny we peýdalaryny elden gideryäris. Biz muňa Hudaýyň gözleri bilen seretmeýändigimiz üçin ony ret edýäris. Biziň ygtyýarlyga bolan gatnaşygymyz meniň üçünji oglum bilen bolup geçen wakany ýada salýar.

Aleksandr birinji synpa baranda, mugallymy bilen gatnaşygynda iň ýakymsyz tejribäni başdan geçirdi. Ol mugallym synp bilen yzygiderli gapma-garşy ýagdaýlary döredýärdi – gaharlanýardy, özüni gyzma alyp barýardy, köplenç okuwçylara gygyrýardy. Döredijilikli we gujurly adam bolmak bilen, dymmakdan başga-da goşmaça söz aýtmagy isleýän Aleksandr, köplenç gahar-gazap hüjümleriniň merkezinde bolýardy. Aleksandryň mekdepdäki özüni alyp barşy baradaky pikirleri mugallymynyň pikirlerine laýyk gelmeýärdi we şonuň üçin ol hemişe onuň sabyrlylygyny synap görýärdi.

Mekdepden soň aýalym ikimiz köplenç onuň kabinetinde maslahatlaşmaga barýardyk. Biz onuň bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşdyk we şol bir wagtyň özünde Alegiň mugallymyň düzgünlerine we talaplaryna boýun bolmalydygyny ynandyrdyk, ýöne bularyň hemmesi ony diňe şeýle berk tutulýan okuw prosesini halamazlygy döretdi.

Soňra biz başga bir ştata göçdük we Alek ikinji synpa geçdi. Täze halypasy öňküsinden düýbünden tersinedi. Ol mugallym okuwçylaryna aşa mylaýymdy we olaryň göwnünden turmak üçin mümkin boldugyça ähli güýji bilen synanyşýardy. Ol Alegiň özüne çekijidigine we alçakdygyna ynanýardy we ol ýakymly çaga bolansoň, ony diýseň halady, ýöne şol bir wagtyň özünde ol beýleki zatlary ýatdan çykardy we okuwyny taşlady. Oglumyz umumy bilimiň ähli kemçiliklerini başdan geçiren ýalydy, şonuň üçin ony akademiki bilimi nygtaýan ýeňillikli okuw mekdebine geçirdik.

Ol ýerde doly bulaşyklyk we aljyraňňylyk aradan aýryldy. Ol

mekdebiň ilkinji iki ýylynda çagalaryň arasynda ajaýyp netijeleri gazandy. Indi Alek gowy we mylaýym, ýöne şol bir wagtyň özünde berk mugallymyň aladasy astyndady.

Tiz wagtdan bu programma boýunça onuň beýleki okuwçylardan yza galýandygy anyklandy. Mugallym bilen ýygy-ýygydan, ýöne indi has netijeli duşuşyklar başlandy. Liza ikimiz onuň okuwlaryna has köp üns berip başladyk.

Bütin günüň dowamynda mekdepde bolup, agşamlaryna bolsa ene-atalaryňyzyň üstüňizde durup, öý işleriniň ýerine ýetirilýändigine gözegçilik etmegi, her kimiň ýüregine düşüp biler. Alek gapyny gulplap aglady we kämahal özüni heläkçiligiň astynda ýaly duýýardy, aslynda okuwyndaky üstünlikleri görnüp durdy.

Bir gün onda emosional taýdan tutgaýy tutdy. Doganlary mekdebiň rolikli konki agşamlygyna gitmäge taýynlanýardylar, ol bolsa öýde galmaga we sapak wagtynda tamamlap bilmedik sapaklaryny gutarmaga mejbur boldy. Indi ol şeýle möhüm wakany sypdyrmaly boldy! Oturyp, gözýaş dökmekden başga çäresi galmady. Kakasynyň ogly bilen gürleşmegiň wagty geldi. Meseläniň nämedigini kesgitlemek üçin birnäçe söz ýeterlikdi. Alek üçin hemme zat umytsyz ýalydy, gözlerinden umytsyzlyk ýaşlary akýardy, kakasynyň aýdýanlaryny eşitmek islemedi. Ümsümlik höküm sürdi, biziň hiç birimizde başga söz galmady, ol diňe kellesini aşak salyp, gopgun turuzdy.

Soňundan näme bolandygyny men hiç haçan ýatdan çykarmaryn. Alek özüni ele aldy, nämüçindir tutuş erkini bir ýere ýygnap, gözýaşlaryny süpürdi, soň bolsa güýçli ynamdan gaçyp, şokolad-goňur reňkdäki ullakan gözleri bilen maňa seretdi: oňa ähli meselelerini çözmeli we gözýaşlaryny hemişelik süpürmeli bir pikir täsir etdi. Ol edil meniň öňümde durdy, döşünde iki elini geçirdi we çynlakaý şeýle diýdi: «Kaka, meniň saňa bir zat aýdasym gelýär. Jessika ýadyňdamy, meniň synpymdan ... ol lukmanlara ynananok!»

Ol birneme ikirjiňlenip, sözüniň üstüni ýetirdi: «Kaka, menem mugallymlara ynanamok».

Men tas gülüpdim, ýöne wagtynda özümi sakladym. Onuň sözleri meni geň galdyrdy. Soňra sözüni dowam etdirdi: «Eger Jessika lukmanlara ynanmaýan bolsa, menem mugallymlara ynanmaýaryn». Indi özümi saklap bilmedim. Eger muny başga ýol bilen aýdan bolsa, gülkünç hasaplamazdym, ýöne ol muny ýadaw we lapykeç adamyň äheňinde aýtdy. Aslynda, ol maňa ähli kynçylyklaryny çözüp biljek düýbünden täze bir ylham berendir öýdüpdi. Onuň çynlakaýlygy, şaýadyň kazyýetdäki özüni alyp barşyny ýada salýardy.

Elbetde, men şol mugallymlar bolmasa, häzir onuň nirede boljakdygyny düşündirjek boldum. Geçen ýyl Angoladaky aç çagalary iýmitlendirenimde galan täsirleri onuň bilen paýlaşdym. Bu çagalar dünýäde Aleksandryň ýerinde bolmak üçin elinde baryny bererdiler! Bilim almak üçin islendik mümkinçilige tutanýerli ýapyşmalydygyna düşünerdiler, şondan soň olar maşgalalaryny ekläp biljekdigini bilýärdiler. Uzyn düşündirişimden soň, nämüçindir ol göwünsizlik bilen täze pelsepesini taşlap, sapaklaryna gaýdyp geldi.

Soňky birnäçe hepdäniň dowamynda, biziň söhbetdeşligimiz hakda pikirlenmegi dowam etdirenimde, oglumyň özüni alyp barşy bilen adamlaryň ygtyýarlyga garaýşynyň arasynda meňzeşlik döretdim. Biziň her birimiziň durmuşymyzda ygtyýarlyklar bilen baglanyşykly ýeterlik ýakymsyz wakalar bar. Käbirleri üçin başlyk gaty gödekdi; beýlekiler Aleksandr ýaly lapykeç bolup, ygtyýarlyklary diňe olaryň lezzet almalaryna ýa-da özleri üçin iň gowy hasaplaýan zatlaryna päsgelçilik döredýändigine ynanýardylar, aslynda olara ajaýyp ýolbaşçylar we terbiýeçiler tarapyndan ýolbaşçylyk edilýärdi. Şeýle tejribeleriň hemmesinden örän anyk bir garaýyş ýüze çykýar: «*men ygtyýarlylara ynanamok*» ýa-da «*men ilki bilen razylaşmasam, hiç bir ygtyýarlyga boýun egmerin*».

Emma Hudaý bularyň hemmesine nähili seredýär? Ygtyýarly häkimiýetler adalatsyz hereket edenlerinde-de, biz olara boýun bolmalymy? Eger häkimiýet korrupsiýa bilen gurşalan bolsa näme etmeli? Bize nädogry hasaplaýan zadymyzy etmeli diýseler, biz näme etmeli? Günä etmäge mejbur bolsak näme etmeli? Munuň çägi nirede ýerleşýär? Her niçigem bolsa, näme üçin biz boýun bolmaly? Munuň peýdasy barmy? Bize diňe Mukaddes Ruh ýolbaşçylyk edip bilmezmi?

Hudaýyň Sözi bu soraglaryň ählisine jogap berýär. Men bu kitabyň Rebbiň maňa ýazmagy tabşyran iň möhüm kitaplarynyň biridigine ynanýaryn, sebäbi ol ybadathanadaky imanlylaryň ýüzbe-ýüz bolýan meseleleriniň esasy sebäbine bagyşlanýar. Lýusiferiň aşak gaçmagyna näme sebäp boldy? Gozgalaň. Adamyň ýykylmagyna näme sebäp boldy? Gozgalaň. Köp adamlaryň Hudaý bilen bilelikde durmuş ýolundan sowulmagyna näme sebäp bolýar? Gozgalaň. Bu ýagdaýyň iň elhenç tarapy bolsa — köplenç ýagdaýlarda gozgalaň başda göze ilmezek bolýar, diňe örän inçe görnüşde ýüze çykýar.

Bu kitapda men öz şahsy ýalňyşlyklarymyň mysallaryny getirýärin. Men – ygtyýarlyga islegi bolan güýç-kuwwatly lider däl: goýunlarymy, kömekçilerimi ýa-da maşgalamy boýun egmäge mejbur etmek islemeýärin. Meniň ajaýyp kömekçilerim we maşgalam bar. Men ruhy çopan däl. Şeýlelik bilen, men bu kitaby köp ýalňyşlyk goýberen ýa-da has takygy, günä eden adam hökmünde ýazýaryn. 1980-nji ýyllarda men iki sany halkara mesihi gullugyna gatnaşypdym we bu döwürdäki tejribelerime esaslanyp, gynançly wakalarymyň köpüsini siziň bilen paýlaşmakçy. Bu hadysalaryň hersinde, özümiň dogrydygyma ýüz göterim ynanýardym, hakykatda bolşy ýaly, men ýalňyşan ekenim. Onuň Sözüniň meniň niýetlerimi açandygy üçin men Rebbimize diýseň minnetdar.

Men siziň hem meniň ähli kynçylyklarymdan sapak almagyňyzy we

geljekde şonuň ýaly ýalňyşlyklardan gaça durmagyňyzy tüýs ýürekden arzuw edýärin. Meniň samsyklygymdan görüp, Hudaýyň paýhasyny gazanmagyňyzy we peýdaly netijelere eýe bolmagyňyzy dileýärin. Çünki bularyň hemmesinden soňra maňa gelen hakykat we tejribe meniň üçin peýdaly we ajaýyp boldy. Toba etmek arkaly howpsuzlyk we zerurlyklarymy kanagatlandyrmak duýgusy ýüze çykdy.

Bu kitap boýunça syýahatyňyza başlanyňyzda, men siziň durmuşyňyzda-da şeýle bolup biljekdigine ynanýaryn. Haçanda siz Mukaddes Kitabyň we meniň durmuşymyň mysallarynyň içinden geçeniňizde, ýüregiňize nur saçylar. Käbir zatlar siziň eýýäm bilýän zatlaryňyza bolan ynamyňyzy güýçlendirer, käbirleri bolsa, sizi azat eder. Her niçigem bolsa, men siziň Onuň Sözüni kiçigöwünlilik bilen kabul etmegiňizi dileýärin, bu meniň ýüregimiň çyn islegidir.

Hakykatyň paş etmesi bilen ýüzbe-ýüz bolanymyzda, biz iki ýoldan birini saýlap bileris: Adam atanyň ogly Kabyl ýaly gahar-gazaba münüp, pitne turuzmaga başlap, bize gaty zerur bolan aýanlykdan ýüz öwürýäris (Gelip çykyş 4); ýa-da Natan tarapyndan paş edilen Dawut ýaly özümizi kiçeldip we kemsidip, agyry we toba arkaly özümizi mesihi häsiýetiň täze derejesine çykarmaga ýol berýäris (2 Şam. 12). Dawudyň göreldesine eýermäge synanyşyň we sizi Hudaýyň üstüni doldurmak we goramak meýilnamasyndan daşlaşdyrjak bolýan gopbamsylygy ret ediň.

Bu syýahaty başlanyňyzda, ýadyňyzdan çykarmaň, beýik erkinligi we goragy getirýän käwagt ýumşak söz däl-de, agyr sözdür. Bir gezek çagalygymda, sanjym almaly bolanymda, dostlarymyň biri maňa munuň gaty agyrylydygyny aýtdy. Şondan soň men nädip hem bolsa, bir zat edip, sanjymdan gaçmagy makul bildim. Iki uly şepagat uýasy meni saklap bilmedi we ahyrynda meni öz günüme goýdular. Soň ene-atam inçekesele garşy sanjym almasam näme bolup biljekdigini maňa düşündirmeli boldular. Men uýamyň rak keselinden ölendigini eýýäm görüpdim, şonuň üçin olaryň

diňe meniň üçin gowulyk isleýändiklerini bilýärdim. Sanjymyň azajyk agyryly boljakdygyna düşündim, ýöne bu meni howply we ähtimal ölüm howply keselden has agyr agyrydan halas eder. Muňa düşünip, höwes bilen hassahana gaýdyp geldim we maňa sanjym etdiler.

Hudaýyň Sözüniň hakykatyna haýsydyr bir ýakymsyz ýa-da agyryly «sanjymlar» bilen ýüzbe-ýüz bolanyňyzda, bu mysaly ýadyňyzdan çykarmaň. Gökdäki Atanyň ýollarynyň kämildigini biliň. Käwagt zyýanly ýa-da zyýanly bolup görünýän zat, aslynda başga birini goramak, ak pata bermek ýa-da halas etmek üçin Onuň niýeti bolup durýar. Onuň bize bolan söýgüsiniň arassadygyny, kämildigini we tükeniksizdigini hiç wagt ýatdan çykarmaň!

Syýahata ýola düşmezden öň, geliň, doga-dileg edeliň:

*«Gökdäki Atam, men rahatlyga we lezzete garanda hakykaty has köp isleýärin, şonuň üçin hem, Seniň ýollaryňyň kämildigini bilip, ýüregimi we kalbymy Seniň eliňe berýärin. Sen meni şeýle bir söýýärsiň welin, maňa Özüň üçin iň möhüm zady, meniň ebedi ýaşaýşa eýe bolmagym üçin haçda ölen Ogluň Isany iberdiň. Eger Seniň maňa bolan söýgiň şeýle güýçli bolsa, meniň durmuşymda başlan işiňi tamamlamagy, gürrüňsiz, isleýänsiň. Men Seniň Öz Ruhuň arkaly meniň bilen gepleşmegiňi haýyş edýärin we bu kitaby okanymda, meniň durmuşym üçin Öz ýollaryňy görkezmegiňi soraýaryn. Seniň Sözüňi görmek we eşitmek üçin gözlerimi we gulaklarymy aç. Meniň öňümde Isany öňküsinden-de has aýdyň aýan et. Bu kitapdaky sözleriň arkaly mende näme etjekdigiň üçin, men Saňa öňünden sag bolsun aýdýaryn. Isanyň adyndan dileg edýärin. Omyn».*

2-NJI BAP

# ÇIŞE DEPMEK KYNDYR

*Demokratik nukdaýnazardan pikir etseňiz, Hudaýyň Patyşalygynyň ýörelgelerine düşünmek kyndyr.*

Indi meniň öňümde Hudaýyň merhemeti bolmazdan çözmek mümkin bolmadyk kyn mesele bar. Men öz gezegimde, häkimiýetlere hormat goýmagy öwretmäge synanyşaryn, sebäbi dünýäde kanunsyzlyk günsaýyn artýar. Meniň kitabymda aýtjak zatlarymyň köpüsi bu dünýäniň pikirlenişine ters gelýär. Bizi Hudaýyň Sözüniň esasy hakykatlaryna ters garaýyş bermäge iterip biljek oýlanyp tapylan köp usullar bar! Ýöne bu kalbymyzyň duşmany bolan şeýtanyň taktikasyna gabat gelýär, ol özüne çekiji, hatda peýdaly edip beýan etmegi halaýar, ahyrky netijede bolsa, ol bizi gulçulyga eltýär we tersine, bize erkinlik berýän hemme zady ol mejbury garaşlylyk hökmünde görkezýär.

Erem bagyny ýadyňyza salyň – şeýtanyň hilesi birkemsiz işledi we şondan bäri asla üýtgemedi. Ine, näme üçin bize yzygiderli şeýle duýduryş berilýär: «Eziz doganlar, aldanmaň!» (Ýakup 1:16) we «Bu dünýäniň ýörelgelerine uýgunlaşjak bolmaň. Tersine, pikirleriňizi

täzeläp, özgeriň. Şeýtseňiz, Hudaýyň islegine düşünmegi, ýagny Ony nämäniň hoşal edýändigini, nämäniň oňat we kämildigini bilmegi başararsyňyz» (Rimliler 12:2).

Men öz tejribämden ugur alyp, Günbataryň wekilleriniň (Amerikanyň we Günbatar Ýewropanyň demokratik ýurtlarynyň ilaty) Hudaýyň Sözüniň hakykatyna iň garşy çykýan adamlardygyny aýdýaryn. Demokratik nukdaýnazardan pikir etseňiz, Hudaýyň Patyşalygynyň ýörelgelerine düşünmek kyndyr. Demokratiýada hiç hili ýalňyşlyk ýok, döwlet onuň ýörelgeleri bilen ýaşaýan bolsa, bu ajaýyp, ýöne ol bu dünýä üçin döredildi we Hudaýyň Patyşalygy (we biz muny ýadymyzdan çykarmaly däldiris) bolsa, hut bir Patyşanyň ýolbaşçylygyndaky we şol ýerde ýerleşýän bir şalykdyr, onda iýerarhiýa, düzgünler we ygtyýarlyklar baradaky düşünjeler bar. Onuň Patyşalygynyň kanunlary ýatyrylyp bilinmez, olar köpçüligiň pikirine, ses berişlige ýa-da sosiologiki sorag geçirmelere täsir etmeýär. Howyň edişi ýaly, bu kanunlar öz peýdamyza laýyk etmek üçin üýtgedilip bilinmez. Şonuň üçin, Şamuweliň «...halka patyşanyň düzgünlerini we kadalaryny düşündirip, olary kitaba ýazyp goýşy ýaly» (1 Şamuwel 10:25), bize hem bu gün Patyşalygyň ýörelgeleri öwredilmeli, çünki biziň jemgyýetimiz olary bize ornaşdyrmady.

Eger biz mesihiler hökmünde ygtyýarlyga medeniýetimiziň pikirleniş ýörelgelerine laýyklykda ýaşamaga we garamaga synanyşsak, iň gowy ýagdaýda biz özümizi netijesiz ýagdaýa salarys we iň erbet ýagdaýda uly howp astyna düşeris. Hakyky ýaşaýşyň Çeşmesinden daşlaşsak, biz bereketlerimiziň we goragmyzyň kanallaryndan mahrum bolup bileris. Muny ömrüni beýsbola bagyş eden adam bilen deňeşdirip bolar, şol wagty Hudaý ony futbol çempionatyna taýýarlamak isleýärdi ýa-da rozetka dakylmadyk elektrik enjamyny ulanjak bolýan adam bilen deňeşdirip bolar.

Häzirki wagtda biz häkimiýet bilen ylalaşmasak, olara nägilelik bildirip ýa-da närazylyk bildirip bileris. Galyberse-de, häkimiýet «halkdan, halka we halk üçin» bolmaly, şeýlemi? Demokratik

pikirlenmegiň bu we beýleki ýörelgeleri häzirki zaman mesihiligine aralaşdy we kömpleriň öz-özüňi dolandyrmagyň aldaw ýolundan ýöremegini ýazgardy. Biz häkimiýetiň garşysyna aýyplamadan – näçe daşda bolsak, şonça-da köp aç-açan gapma-garşylyga geçýäris. Netijede, häkimiýete hormatsyzlygyň iň ýokary derejesine ýeten we ony doly ret edýän adamlar ýüze çykýar. Bu olaryň Hudaýdan gorkusyny ýitirendiklerini görkezýär.

Emma bu çemeleşmeleriň hiç biri-de biziň gözleýän azatlygymyzy getirip bilmez. Çünki Mukaddes Ýazgy şeýle diýýär:

> Olar Hudaýa gulak salyp, Oňa hyzmat etseler, günlerini hoşwagtlykda, ýyllaryny şady-horramlykda geçirerler. Gulak asmasalar, gylyçdan heläk bolarlar, Dünýäden pähim-paýhassyz ötüp giderler (Eýýup 36:11, 12).

«Oňa» – bu Hudaýdan başga hiç kim däldir. Wada üns beriň: mätäçligiň we goragyň amala aşmagynyň deregine Onuň ygtyýarlygyna boýun bolmakdyr. Şeýle hem ýokardaky hökümdarlary äsgermezlik edýänlere garaşýan howpa hem üns beriň. Häkimiýete garşy gozgalaň turuzmak bilen biziň gözleýän azatlygymyz, hakykatda erkinsizlige öwrülip, olara boýun bolmazlykdan ybaratdyr. Meniň aýalymyň bir atalar sözi bar: «Erkinlik – boýun egmekde, gulçulyk – gozgalaňda». Bu sözler biziň Eýýubyň kitabynda ýaňyja okan zatlarymyzy aňladýar.

Käbirleri: «Men adama däl-de, diňe Hudaýa boýun bolýaryn, aýratynam men onuň bilen ylalaşmasam» diýmegi mümkin. Ynha, ýygnakda giňden ýaýran nädogry terbiýe we çemeleşme, bu bizi erbet gulluga getirer. Biz Hudaýdan miras galan ygtyýarymyza boýun bolmagymyzdan aýrylyp bilmeýäris, Olary ygtyýarly edýän häkimiýete boýun bolmakdan bölünip bilmeýäris. Islendik ygtyýarlyk Ondan gelýär! Ine, Mukaddes Ýazgynyň näme öwredýändigine serediň:

> Her bir ynsan öz üstünden höküm sürýän häkimiýete tabyn bolsun, sebäbi *Hudaý tarapyndan bolmadyk häkimiýet ýokdur.* Höküm sürýän häkimiýetler Hudaý tarapyndan bellenendir. Şoňa görä, häkimiýete garşy çykýan her kes Hudaýa garşy çykyp, jeza duçar bolar (Rimliler 13:1, 2).

Bu parça aýratyn özüne ünsi çekýär we munda köp pikirlenmeli zatlar bar. Soňurak biz bu barada has jikme-jik gürrüň ederis, ýöne häzirlikçe aşakdaky ýagdaýlara teswir bermek isleýärin: Birinjiden, ähli hökümdarlary Hudaý belleýär. Hiç kim Hudaýyň kararyndan daşary kanuny ygtyýarlygyň ornuny eýeläp bilmez. Biz muny bir gezek we hemişelik özleşdirmeli. Ikinjiden, bu häkimiýetlere garşy gozgalaň turuzmak Rebbiň buýruklaryna garşydyr, ýagny bu Hudaýyň Özüne garşy gozgalaň turuzmakdyr we bu ýol bilen hereket edýänler özlerine höküm çykarmagy aňladýar. Bu setirleriň awtory, aç-açan ygtyýarlygy isleýän lider däl-de, biziň Atamyzdygyny ýadymyzdan çykarmaly däldiris, sebäbi «Mukaddes Ýazgylaryň ählisi Hudaýyň ylhamy bilen ýazyldy» (2 Timoteos 3:16). Häzirki wagtda mesihileriň köpüsi şeýle pikir edýärler: «Men häkimiýetlere däl-de, diňe Hudaýa tabyn bolýaryn». Munuň ýaly pikir edýänler, Reb diýip Atlandyrýanyna garşy çykýarlar. Isanyň Şawula (soňrak Pawlus boldy) aýdan sözlerini ýada salyň: «Çişe depmek saňa kyndyr» (Resullaryň işleri 9:5). Şol döwürde daýhanlar çiş ýa-da höweslendiriş usullaryny ulanýardylar. Bu gabygy aýrylan dub ýa-da beýleki çydamly agaçdan takmynan 2,5 metr uzynlygyndaky göni syrykdy. Onuň bir ujuna ýiti çiş çüýlendi, daýhan topragy sürende, onuň bilen öküzi dolandyrdy. Öküz, elbetde, agyr agyrylara we hatda şikeslere duçar edip bilýän şeýle gurala garşy durup bilmedi. Şonuň üçin Pawlusyň döwründe bu nakyl ýokary häkimiýete garşy çykmagyň biderekdigini suratlandyrmak üçin ulanylýardy.

Hudaýyň ygtyýaryna garşy çykýanlar, Isa bilen duşuşmazdan ozal gönüden-göni Pawlus ýaly, şeýle-de gytaklaýyn, ýagny olary

ygtyýarly edýän häkimiýete garşy bolsalar, ahyrsoňy Hudaýyň elinde çişe sanjylarlar. Ýöne köplenç bu bizi togtatmaýar we biz özümiz üçin hiç hili netije çykarmaýarys-da, eýsem bir gezek meniň edişim ýaly, öz aýdanymyzda durmagy tutanýerlilik bilen dowam etdirýäris.

## AÝŇALDYJY TEJRIBE

Agyrylar hakda aýdanymda, men garşydaş ygtyýarlygyň Hudaýyň ygtyýaryna garşy çykmagyň manysyny bilmek maňa näçeräk agyr düşendigini hemişe ýatlaýaryn. Bu meniň kelläme berk ornaşdy we çişe garşy depýän adamyň samsyklygynyň özboluşly bir ýadygärligine öwrüldi.

80-nji ýyllaryň ortalarynda maňa ullakan halkara ýygnakda ýaş ruhy çopan gullugyny teklip etdiler. Meniň üçin doga-dileg edenlerinden we üstüme ellerini goýanlaryndan soň, men bu gullugy Hudaýyň islegi hökmünde kabul etdim.

Meniň duýgylardan ýaňa ýüregim püre-pür boldy, sebäbi men öň hiç wagt ýaşlar gullugynda işlemändim, ýöne özümi tutuş Amerikanyň iň çalt ösýän we iň täsirli ybadathanalarynyň birine goşdum. Men ýaşlar gullugyna degişli dürli kitaplary we okuw kitaplaryny okamaga we öwrenmäge howlukdym. Ol kitaplardan birini Luiziana ştatynda ýerleşýän bir ybadathananyň uly ruhy çopany ýazypdy we ol ajaýyp ýaşlar meýilnamasyny taýýarlapdy. Men kätibimden şol ybadathana jaň edip, olara uçup, olar bilen birnäçe gün galyp biljekdigimi soramagyny haýyş etdim. Onuň ýolbaşçylary meniň haýyşymy aňsatlyk bilen kabul etdiler we biz meniň gelmegim barada ylalaşdyk.

Men baranymdan soň, derrew çarşenbe güni agşam meni ýaşlar gullugyna çagyrdylar. Ol ýerde gören zatlarym meni geň galdyrdy. Olarda aýratyn 1500 adamlyk özleriniň ýaşlar zaly bardy we ol hakykatdanam dolydy! Olar boş zatlara güýmenmediler we ýönekeý ylalaşyk habarlaryny diňlemediler; wagyzlar mukaddeslik we güýç

bilen doldy. Ýaşlar bu ýygnaklara şatlyk bilen gatnaşdylar. Gören zatlarym meni haýran galdyrdy we hakykatdanam bu adamlardan öwrenmeli bir zadyň bardygyna göz ýetirdim.

Ertesi gün men gullugyň ýolbaşçylary bilen duşuşdym. Men ýene bir gezek görenlerime ynanyp bilmedim. Olaryň öz dolandyryş binasy, iki ýaş kätip we dört sany doly gullukda ýaş ruhy çopany bardy. Soňky iki günüň dowamynda bu dört ruhy çopanyň gullugyna gatnaşdym. Statistika ajaýypdy. Şol döwürde olaryň mekdep gullugynda 1250 ýaş adamlar bardy we bu san çalt artýardy.

Dört ruhy çopanyň her biri maňa şol bir zady aýtdy. Olaryň pikiriçe, gullugyň üstünlikleri her anna güni agşam şäheriň ýüzden gowrak ýerinde bolup geçýän «oturylyşyklar» diýlip atlandyrylýan guramada boldy. Oturylyşyklar öý toparlary ýaly, maksady ýaşlary halas bolmaga alyp barmakdan başga zat däldi.

Bu pikir gaty ýönekeýdi, ýöne şol bir wagtyň özünde çuňdy. Halas bolmadyk ýaşlary ybadathana ýygnagyna getirmäge mejbur etmek kyn, gowusy olary oturylyşyga çagyrmak has aňsat bolýar. Hepdäniň dowamynda ýaşlar toparynyň her bir agzasy anna güni agşam mekdepden birini tapmaga we çagyrmaga synanyşdy. Bu oturylyşykda olar çaý içdiler, söhbet etdiler we häzirki zaman mesihi aýdymlaryny diňlediler; soňra toparyň ýolbaşçysy, adatça orta mekdebiň ýa-da kollejiň okuwçysy, Mukaddes Kitabyň dürli mowzuklaryny guramaçylykly ara alyp maslahatlaşmaga başlady we söhbetdeşligi ýuwaş-ýuwaşdan halas ediş mowzugyna alyp bardy. Soňra ol gelenlere günälerine toba edip, durmuşyny Isa Mesihe bagyşlamaga mümkinçilik berdi. Netijede, ilkinji gezek gelenleriň köpüsi gutulyşy kabul etdi. Olara mesihiler bilen aragatnaşyk saklamagyň we ýygnaga barmagyň zerurlygy barada aýdyldy, olar bilen salgylary we telefon belgileri alyşdylar we olary ýaşlar gullugyna çagyrdylar.

Men şeýle oturylyşyklaryň birine gatnaşdym we birnäçe talyplaryň öz durmuşyny Isa bagyşlaýandyklaryny görüp ruhlandym.

Men öz kömekçim bilen ybadathanamyza gaýdyp gelip, biziň ol ýerde öwrenen zatlarymyzy paýlaşdym. Biz doga-dileg etdik we bizem toparymyzda edil şonuň ýaly etmelidigimizi duýduk. Bir ýekşenbe gullugyndan soň, awtoulag duralgasynda men uly ruhy çopan bilen öňden görmämi höwes bilen paýlaşdym. Ol maňa: «Örän gowy, dogan. Herekete başlaber» diýdi.

## SEKIZ AÝLYK MEÝILNAMALAŞDYRMAK WE IŞLEMEK

Men doga-dileg edenimde, Hudaý maňa meýilnama berdi. Men bu gullukda ýolbaşçylary taýýarlamak üçin derrew mekdebiň guramaçylygyna başlamaly boldum. Men muny sişenbe güni agşam ýaşlar toparyna yglan etdim we meni begendirip, ertesi ýekşenbe güni irden ýetmiş adam ýolbaşçylyk okuwyna gatnaşdy. Indiki alty aýyň dowamynda bu sapaklary hepdede bir gezek geçirdim we men ýaş ýigitlere liderlik ýörelgelerini öwretdim: wepalylyk, mukaddeslik, özüňi bagyşlamaklyk, adamlara hyzmat etmek we welilikler.

Bäş aý geçenden soň, ýene-de doga-dilegde, Reb meniň ýüregime şeýle diýdi: «*Synpyňdan ýigrimi dört adamy saýla we olar bilen şägirtlik sapaklaryna başla. Olardan oturylyşyklar üçin ilkinji ýolbaşçylaryňy saýlarsyň*». Men derrew öý toparlarymyzyň birinji nesli üçin ýolbaşçylary taýýarlap başladym.

Indiki iki aýyň dowamynda, men bu ýolbaşçylary öý toparlarynyň oturylyşyklaryna taýýarladym we her sişenbe güni ýaşlaryň umumy ýygnaklarynda olar bilen bu oturylyşyga degişli pikirleri paýlaşdym. Kömekçi bilen bile ýolbaşçylar üçin okuw meýilnamasyny işläp düzdik we üstesine-de, oturylyşyk geçiriljek ýerleri tapmak, şäheri mekdep etraplary we poçta indeksi boýunça bölmek, toparlary nädip ýaýratmaly we täze imana gelen mesihileri okatmagyň usullary ýaly köp sanly meseläni çözdük. Biz ýüz göterim ünsümizi diňe bir maksada – töweregimizde ýaşaýan halas bolmadyk janlara ýetmek üçin gönükdirdik.

Biziň her birimiz tolgunma we şatlyk duýýardyk. Görnüş ýolbaşçylardan ýaşlar gullugynyň gatnaşyjylaryna geçirildi. Ýaşlar oturylyşyklara ilkinji bolup kimi çagyrjakdyklary barada eýýäm gürleşdiler. Biz Hudaýýň adamlaryň ýüregine galtaşmagyny we olaryň özleri üçin Isanyň we halas bolmagyň zerurdygyna düşünmeklerini dileg etdik. Biz kömekçimiz bilen sişenbe ýygnaklarynda iki müň bäş ýüz ýaşdan doly zaly göz öňüne getiripdik. Bizi bu görnüş we ony amala aşyrmak üçin hyjuwly isleg ruhlandyrdy.

## HIÇ HAÇAN ÝATDAN ÇYKARMAJAK ÝYGNAGYM

Ilkinji ýaşlar agşamlarynyň başlamagyna üç hepde galypdy; hemişe bolşy ýaly, men hepdelik ruhy çopanlaryň ýygnaklaryna gatnaşdym, ol ýerde men düýbünden taýyn däl bir zadymy eşiderin öýdemokdym. Bu ýygnaklaryň birinde uly ruhy çopan özüniň on bir kömekçisi bilen düýpgöter ynanyp bolmajak bir zady paýlaşdy: «Gadyrdanlarym, Mukaddes Ruh maňa bu ybadathananyň ugry, öý toparlarymyzyň bolmaly däldiginden ybaratdygyny aýan etdi. Şonuň üçin ýygnak agzalarynyň öý ýygnaklaryny ýatyrmagyňyzy isleýärin».

Men gulagyma ynanyp bilmedim. Bu haýsydyr bir ýalňyşlyk ýa-da düşünişmezlik bolmaly. Kömekçi ikimiz geň galyp seretdik, olam özüni ýitirdi. Men özümi ol *ýaşlar hakda gürlemeýändigine* ynandyrjak boldum... *Ol diňe beýleki ruhy çopanlar hakda gürleýändir öýtdim.* Sallah ýa-da durmuşa çykmadyk zenanlaryň ruhy çopanlary, uly ýaşly ruhy çopanlar, är-aýal jübütlere jogap berýän ruhy çopanlary we beýleki ruhy çopanlaryň hemmesi – olar öý toparlaryna ýolbaşçylyk etdiler, ýöne olar gaty gowy iş etmediler we öz toparlaryna biz ýaly üns bermediler. Mundan başga-da, men bu mesele barada birnäçe aý mundan ozal awtoulag duralgasynda uly ruhy çopan bilen gürleşipdim ahyry, ol maňa: «Herekete başlaber» diýipdi. Men ýaşlar gullugynyň bu päsgelçiligiň daşynda galmalydygyna ynanýardym.

Indi men mundan artyk garaşyp bilmedim-de: «Bagyşlaň, ruhy

çopan. Siz ýaşlar gullugyndan başga diýjek bolduňyz, şeýlemi?» diýip soradym. Ol maňa seretdi we: «Jon, Mukaddes Ruh maňa bu ybadathananyň ugry bizde öý toparlarymyzyň bolmaly däldiginden ybarat diýip aýtdy» - diýdi.

Men ýene-de gürledim: «Ruhy çopan, birnäçe aý mundan öň men Luiziana ştatynyň şol ýaşlar toparyna uçanym ýadyňyzdamy? Häzirki wagtda olaryň gullugynda 1250 okuwçy bar we dört ruhy çopanyň hemmesi maňa munuň öý toparlary sebäpli bolandygyny aýtdy». Uly ruhy çopan maňa seretdi-de: «Jon, Mukaddes Ruh maňa bu ybadathananyň ugry bizde öý toparlarymyzyň bolmaly däldiginden ybarat diýip aýtdy» - diýdi.

Ýöne men henizem ýan bermedim, meniň tutanýerliligim artdy, bir pikir kellämde aýlanýardy: *ol düşünenok*. Men başga bir jedel etdim: «Ruhy çopan, halas edilmedik ýaşlary ýygnagymyza getirmäge mejbur etmek kyn, ýöne islendik kollej okuwçysyny birnäçe aý mundan ozal düşündirşim ýaly, öý topary bolup biljek oturylyşyga çagyryp bileris, esasy maksat – adamlary halas etmek» diýdim. Ol: «Jon, Mukaddes Ruh maňa bu ybadathananyň ugry bizde öý toparlarymyzyň bolmaly däldiginden ybarat diýip aýtdy» - diýdi.

Meniň sabyr käsäm doldy, men jedel edip başladym: «Ýöne, ruhy çopan, biz 2500 okuwçy getirip bileris. Şonda Florida ştatynyň Orlando şäheriniň ähli ýaşlaryny halas edip bilerdik!». Ol şol bir sözleri gaýtalady. Men ýene on bäş minutlap öz diýenimi goramagy dowam etdirdim. Otagdakylaryň hemmesi dartgynlylygyň ýokarlanýandygyny duýýardylar. Meniň bagtyma, ruhy çopan tarapyndan aýdylan ýeke-täk sözler, onuň pikirine görä, ol Hudaýyň özi arkaly aýdandygyna ynanýardy.

Ahyrynda hemme zat içimde gaýnap dursa-da, dymdym. Duşuşyk gutarýança hiç zat eşitmedim. «*Biz bu ugurda sekiz aý işledik. Ol biziň muny edýändigimizi bilýärdi; men oňa bu barada birnäçe aý öň aýdypdym. Ol ýüzlerçe, hatda müňlerçe adamy*

*Hudaýýň Patyşalygyna getirmeli mehanizmi nädip saklap biler? Ol Hudaýýň hereketini bes edýär! Men ýaşlara näme diýerin? Meniň ýolbaşçylarym näme pikir eder? Men Luiziana ştatynda boldum. Bu pul we wagt ýitirmekdir! Men munuň hakykatdanam bolup geçýändigine ynanamok!*». Pikirlerim tükeniksiz akymda joşdy, men hemme ýerde dogry aýdýardym we Hudaýýň tarapynda durdum, emma ruhy çopan bolmaly ýerde däldi!

Duşuşykdan soň men konferensiýa otagyndan atylyp çykdym. Uly we tejribeli kömekçi ruhy çopan meni saklamaga we köşeşdirmäge synanyşdy, ýöne men oňa seredip: «Fred, men hiç zat hakda gürleşmek islemeýärin!» diýdim. Ol bu söhbetdeşlikden hiç zadyň çykmajakdygyna düşündi we yza çekildi.

Men öýe bardym, gapyny açdym, aýalym meni garşy aldy. Men onuň salamyna gyryk ses bilen jogap berdim: «Onuň näme edenine ynanmarsyň!» Bularyň hemmesini aýdýan äheňimi eşidip, alada bilen: «Ol kim we näme etdi?» diýip sorady.

«Ruhy çopan! Öý toparlarynyň hemmesini ýatyrdy! Sekiz aýlyk iş, ol muny aldy-da diňe ýatyrdy oturyberdi! Muňa ynanyp bilersiňmi?» Ol maňa seretdi we aýgytly we çynlakaý äheňde: «Görnüşinden, Hudaý saňa bir zat öwretjek bolýar» diýdi. Şondan soň koridordan çykyp, ýatylýan otaga gitdi.

Indi meniň oňa-da gaharym geldi. Aşhana bardym, penjiräniň ýanynda durdum, aýagymy oturgyjyň üstünde goýdum-da, oýlanman öňe seredip başladym. Şol bir pikir kellämde aýlanýardy: ruhy çopanyňky ýalňyşdy, muňa başga bir pikir hem garyşdy – aýalym duýgusyz we biperwaýdy.

## REB BILEN DUŞUŞYK

Penjiräniň öňünde duranymda, Mukaddes Ruh ýüregime gürledi. Ol: «*John, sen kimiň gullugyny gurýarsyň? Meniňkinimi ýa-da özüňkini?*»

Men pikir etmezden: «Seniňkini, Reb!» diýip, bir demde aýtdym

Ol derrew jogap berdi: «*Ýok! Sen şahsy özüňkini gurýarsyň*». Men: «Ýa Reb, biz halas edilmedik okuwçylaryň köpüsini ybadathana ýygnaklaryna getirip bilmeris, ýöne olary oturylyşyklarymyza getirip bileris ...» diýdim we men tükeniksiz sebäplerim we meýilnamalarym bilen Ol bu barada hiç zady bilmeýän ýaly hödürläp başladym. Biziň üçin aldawyň astyna düşmek nähili aňsat!

Reb maňa gürlemäge rugsat berdi, soňra bolsa: «*Jon, Men seni bu adama hyzmat etmek üçin bu ýygnaga getirenimde, oňa ynanylan gullugy giňeltmek maksady bilen seni belledim. Men seni onuň eli we aýagy bolmaga çagyrdym; Men gulluga diňe bir adamy belledim*» diýdi.

Ol Musany mysal hökmünde getirdi. Mukaddes Kitap: «Musa Hudaýyň öýüne sadyk boldy» diýýär (Ýewreýler 3:5). Ol Hudaýyň halkyň üstünden goýan ýolbaşçysydy. Soňra Täze Ähtdäki Ýakubyň keşbi meniň pikirlerimde peýda boldy. Ol Iýerusalim ybadathanasynyň ýolbaşçysydy. Sünnet etmegiň zerurlygy baradaky meselede men imanlylaryň arasynda ýüze çykan jedeli ýatladym (Resullaryň işleri 15). Iýerusalim ýygnagynyň ähli ýaşululary we ähli resullar bu barada pikir alyşmak üçin ýygnandylar, olaryň arasynda Pawlus, Barnap, Petrus we Ýohanna dagy bardy.

Ilki bilen ýolbaşçy bolan imanly fariseýleriň käbiri birinji bolup çykyş etdiler. Soňra söz gezegini Petrus aldy. Ondan soň Pawlus we Barnap Hudaýyň beýleki milletleriň arasynda näme edendigi hakda gürrüň berdiler. Olar işini gutaran badyna, Ýakup ýerinden turdy, ol aýdylanlaryň hemmesini jemledi, soň bolsa şeýle höküm çykardy: «Şonuň üçin men höküm çykarýaryn ... ». Başlyk hökmünde ol bu meselede öz kararyny berdi, hemmeler, şol sanda Petrus, Pawlus we Ýohanna dagy oňa boýun boldular.

Men perişde Petrusy türmeden boşadanda, Mukaddes Ýazgyda

şol bir zadyň mysalyny gördüm. Petrus Merýemiň öýündäki imanlylara: «Muny Ýakuba we beýleki doganlara habar beriň» diýdi (Resullaryň işleri 12:17). Biz Lukanyň we Pawlusyň durmuşynda-da şol bir zady görýäris. Olar Iýerusalime gelenlerinde, Luka şeýle ýazdy: «Iýerusalime gelenimizde, doganlar bizi şatlyk bilen garşyladylar. Ertesi Pawlus biziň bilen birlikde Ýakuby görmäge bardy, Iýerusalimdäki ýygnagyň ähli ýolbaşçylary-da şol ýerdediler» (Resullaryň işleri 21:17, 18). Näme üçin Petrus bilen Pawlus iki ýagdaýda-da Ýakuby ýatlaýarlar? Onuň adynyň ýörite agzalýandygyna seretseň, olaryň ýolbaşçysydygy äşgärdir.

Mukaddes Ruh bu meseläni aýdyňlaşdyrandan soň, sözüni dowam etdirdi: «*Jon, meniň huzurymda durup, bu ruhy çopana hyzmat eden döwriň barada hasabat bereniňde, näçe ýaş adamy Orlandoda halas etmäge getirendigiňi derrew hasabat bermek gerek däl. Ilki bilen, sen Meniň seniň üstüňden goýan ruhy çopanyma gullukda nähili wepaly bolandygyňa jogap berersiň*».

Onuň indiki sözleri meni gaty geň galdyrdy: *«Aslynda, sen Orlandodaky ähli ýaşlary ýeňip, meniň huzurymda durup, üstüňden goýlan ruhy çopana boýun bolmandygyň we biwepalygyň üçin höküm edilip bilnersiň».* Bu sözler bilen Hudaýdan gorkmagyň täze duýgusy geldi! Meniň bar güýjüm çym-pytrak boldy, men özümi Onuň elinde palçyk ýaly duýdum.

Ol ýene-de sözüni dowam etdirdi: «*Jon, eger sen şu ugry dowam etdirseň, ýaşlar öz ýoly bilen, ýygnak bolsa, başga bir ýol bilen gider. Sen ýygnaga bölünişik getirersiň*» – diýdi. Başga bir sözler bilen aýdylanda, men iki görnüşi getirmek howpuny aldym. Näme üçin häzirki wagtda köp ýygnak we maşgala bölünýär? Iki görnüş peýda bolýar, bu olaryň biriniň Hudaýyň beren ygtyýarlygynyň görnüşine ters gelýändigini aňladýar. Ýolbaşçylaryň arasynda we islendik adamlar toparynda pikirdeş adamlar bolmaly, sebäbi «iki kelleli» gurama bölünişige sezewar bolýar!

# TOBA ETMEK ARKALY JOGAP WE ÝOL

Men eden gozgalaňyma derrew toba etdim. Doga-dilegden soň näme etmelidigimi eýýäm bilýärdim. Men telefonyň ýanyna bardym-da, uly ruhy çopana jaň etdim. Ol telefony alanda, men: «Ruhy çopan, bu Jon Biwer. Men sizden ötünç soramak üçin jaň edýärin. Meni bagyşlamagyňyzy soraýaryn. Hudaý maňa size garşy baş göterýändigimi we uly günä edendigimi görkezdi. Haýyş edýärin, meni bagyşlaň. Men öý toparlaryny derrew ýatyraryn» – diýdim.

Ol maňa rehim etdi we hemme zady bagyşlady. Telefony asanymdan soň, Mukaddes Ruh menden: «*Geljek hepdäniň ahyrynda sen ýigrimi dört lideriňe bu barada nädip habar berersiň?*» diýip sorady.

Ýolbaşçylaryň ýygnanan zalyna girip, men gaýgyly, bir owazly ses bilen habar bermegi göz öňüme getirdim: «Ýigitler, näme bolanyna siz ynanmarsyňyz». Hemmeler alada bilen maňa ýeke-täk sorag berýärler: «Näme?» Menem şol bir manyda sözümi dowam edip: «Hemmäňiz bilýärsiňiz, biz köp aýlap işledik, ýöne ruhy çopan öý toparlaryny ýatyrdy. Bizde her sişenbe güni oturylyşyklarymyz bolmaz» – diýdim.

Olar bu karardan nägile bolup, zeýrenýärler we hüňürdeýärler. Olaryň uly ruhy çopandan nägileliklerini göz öňüne getirmek aňsatdy. Elbetde, biziň hemmämiz pida bolardyk we men bolsa, onuň bilen deňeşdirilende gahryman ýaly görünerdim.

Bu wakany aňymda gaýtalap otyrkam, Mukaddes Ruhuň menden: «*Sen muny etjek bolýarsyňmy?*» diýip soraýandygyny eşitdim. Men: «Aý, ýok!» diýip jogap berdim.

Indiki ýygnakda ähli ýaş ýolbaşçylaryň ýygnanan otagyna girdim, ýüzümde ynam görünýärdi, sesim birneme tolgunýan bolsa-da, men ýylgyrdym. Men ruhubelentlik bilen: «Ýigitler, size ajaýyp habarym bar» diýip yglan etdim.

Hemmeler höwes bilen men tarapa öwrüldiler: «Nähili habar?»

Men sözümi dowam etdirdim: «Hudaý bizi Özünden gelmeýän zatlary gurmakdan we esaslandyrmakdan azat etdi. Bu hepde ýolbaşçylyk ýygnagynda uly ruhy çopanymyz Mukaddes Ruhuň ýygnagymyza beren ugrunyň öý toparlarynyň bolmazlygydygyny aýtdy. Şonuň üçin oturylyşyk meýilnamasyny ýapýarys!»

Maňa tolgunma olara geçirilen ýaly boldy, bir ses bilen diýen ýaly gygyrdylar: «Şeýlemi ... bolýar!». Şeýle aladalary başdan geçiren ýeke men däldim; hemmämiz muny başdan geçirdik. Men diňe uzak wagtdan soň başdan geçirenlerimi olar bilen paýlaşyp bildim. Şol ýigrimi dört ýigidiň köpüsi häzirki wagtda doly gullukda we gaty gowy işleýärler.

## KIÇIGÖWÜNLI WE TABYN ÝÜREK

Yzymyza seredenimizde, men beýan eden wakalarymyň durmuşymda we gullugymda aýgytly rol oýnandygyna ynanýaryn. Şonda men özümi kiçeltmedik bolsam, öz diýenimde durmagy dowam etdirip, boýnuýogynlygymda saklanan bolsam, bu wagt nirede boljakdygymy kim bilýär. Elbetde, başga alajym ýoklygy sebäpli oturyşyklary ýatyryp bilerdim, ýöne meniň ýüregim tekepbir, pitneçi, rehimsiz bolup galardy. Elmydama ýadyňyzdan çykarmaň, Hudaý diňe daşky tabynlygy gözlemeýär, Ol kiçigöwünli we tabyn ýürek gözleýär – ine, Onuň maksady şudur. Ol Hudaýyň islegine görä teşne we aç bolanlary gözleýär. Dawut bu barada şeýle diýdi:

> Sen gurbanlyk isläňok, ýogsa bererdim ... Synyk ruh — Hudaýyň göwnünden turýan gurbanlyk; eý, Hudaý, synyk, ökünçli ruhy Sen kemsitmersiň (Zebur 50:18, 19).

Biz durmuşymyzda uly pidalary edip bileris, uzak wagtymyzy gulluga sarp edip bileris, aýlyk soramazdan işläp bileris, ukymyzy gurban edip bileris, täze adamlara ýetmegiň ýollaryny gözläp bileris we başga-da köp zatlary edip bileris, sebäbi gullukda sanaw tükeniksiz

bolup biler. Biz pida etmekden ylham alyp, ähli tagallalarymyzyň Hudaýa ýakymlydygyna aňsatlyk bilen ynanyp bileris. Muňa garamazdan, bu meseleleriň hemmesinde biziň niýetimiz öz islegimiz bolup biler. Bu sözleri diňläň: Hudaý hakyky tabynlyga eltýän tabynlygy isleýär. Bu kitabyň maksady, diňe bir Hudaýyň ygtyýaryna boýun bolmagyň ähmiýetini açmak bilen çäklenmän, eýsem oňa boýun bolmakda söýgini we hyjuwy oýarmakdyr.

Beren subutnamalarymyň, jogap berilmedik köp soraglary döredip biljekdigine düşünýärin. Olaryň biri şeýle bolup biler: «Eýsem Hudaý saňa doga-dilegde öý toparlaryny döretmeli diýmedimi?» Ýa-da ýene biri: «Ruhy çopan ybadathananyň ugruny kesgitlemekde nädogry bolsa näme? Birden size öý toparlaryny döretmek zerur bolsa näme, ol ýalňyşyp, senem dogry aýdýan bolsaň näme? Ýa-da ol kimdir biriniň nädogry täsirine düşen bolmagy mümkin?» Biz gözleglerimizde öňe hereket edenimizde, bu we başga-da köp soraglara jogap bereris.

Şeýle-de bolsa, berlen ygtyýarlyk meselesini mundan beýläk ara alyp maslahatlaşmazdan ozal, biz gönüden-göni Hudaýyň ygtyýaryna boýun bolmagyň ähmiýetini öwrenmelidiris. Woçman Ni şu aşakdakylary ýazdy:

Adam Hudaýyň beren ygtyýaryna boýun egmezden ozal, Hudaýdan gelýän ygtyýary kabul etmeli. Hudaý bilen biziň ähli özara gatnaşyklarymyz, ygtyýarlygy tanamak ýa-da tanamazlyk bilen düzgünleşdirilýär. Şeýle bolsa, her ädimde biz bu meselä duş geleris we Hudaýdan gelýän şeýle çäklendirmeleriň kömegi bilen Ol bizi ulanyp biler (*Spiritual Authority* («Ruhy ygtyýarlyk») [New York: Christian Fellowship Publishers, 1972]).

Ilki bilen Hudaýyň hut Özüne boýun bolmak zerurlygy üçin berk ylahy binýady bolmaly. Diňe şondan soň ygtyýarlyk berlen häkimiýete tabynlyk meselesine geçip bileris.

2-NJI BÖLÜM

# HUDAÝÝŇ PENASYNDA

3-NJI BAP

# GÜNÄNIŇ KESGITLEMESI

*Ýygnak köplenç günäniň esasy kesgitlemesinden daşlaşýar we şonda biz onuň hakyky manysyna düşünmegi bes edýäris.*

Geliň, uly bolmadyk bir oýun oýnalyň, has gowy adyň ýoklugy üçin oňa psiholog we hassanyň oýny diýeliň. Siz hassa we düşekde ýatýarsyňyz, men bolsa psiholog, siziň ýanyňyzdaky oturgyçda otyryn. Men size bir söz aýdaryn, siz bolsa kelläňize gelen ilkinji baglanyşygy habar berersiňiz. Taýynmy? Ine, birinji söz: günä. Ilki bilen kelläňize näme gelýär?

Men bütin dünýädäki köp imanlylar we ýolbaşçylar bilen pikir alşyp jemlän tejribäme görä, pikirleriňiziň nähili bolup biljekdigini göz öňüne getirip bilerin. Belki, siz ahlaksyzlyk, zyna, azgynlyk ýa-da jynsy jenaýatyň bir görnüşi hakda pikir eden bolmagyňyz mümkin. Bu pajygaly sözleri köplenç eşidýäris: «Ol günä etdi». Bu köplenç jynsy gatnaşyklar ulgamynda ýolbaşçynyň azmagyna degişlidir. Bu jümläniň diňe biri biziň aýdýan zatlarymyza düşünmek üçin ýeterlikdir. Ýygnaklarda bu pikir şeýle bir kök uran ýaly bolup, eýýäm *günä* sözi bilen manydaş hasap edilip bilner.

Belki-de, siziň hyýalyňyzda arakhoruň ýa-da neşekeşiň keşbi janlanandyr. Şübhesiz, mesihiler bu erbetlikleri iň uly günä hasaplaýarlar. Belki-de, humarly oýunlar, adam öldürmek, ogurlyk ýa-da jadygöýlik kellä gelen bolsa gerek. Belki, ýöne munuň ähtimallygy birneme pesdir, siziň günä kategoriýaňyza ýigrenç, dawa, göriplik ýa-da bagyşlamazlyk girýändir. Meniň pikirimçe, biz sanawyň gaty uzyn boljakdygyna ynanýarys.

## ESASY KESGITLEME BILEN ÇAPRAZLYK

Eýsem, siz bu hakda pikir edip gördüňizmi? Indi diňläň: Erem bagynda Adam başga bir aýal bilen düşege girmedi, neşe hem çekmedi! Şeýle-de bolsa, onuň günäsi şeýle bir agyrdy welin, ýagny ol ähli ýaradylyşy ýesir etdi. Günä hakda aýdanymyzda, biz Adam ata näme bolandygyny göz öňünde tutmalydyrys, sebäbi onuň jenaýatynyň tebigaty tutuş adamzadyň damarlaryna ýaýrady. Eýsem ol adamlara gaty köp zyýan ýetirmek bilen näme etdi? Bu ýönekeý – ol Hudaýyň özüne aýdanlaryny diňlemedi.

Bir salym pikirleniň. Men ýaňy aýdan tutuş sanawymyň günä däldigini aýtmaýaryn, ýöne men ýygnagyň köplenç günäniň esasy düşünjesini ýitirýändigini, bu möhüm baglanyşyk bolmazdan aldawyň aňsatdygyny belläp geçýärin, ine, bu bapda gürrüň näme barada barýan eken.

Başga bir mysal getireýin. Keseller baradaky ähli bilimleriňiziň aşakdakylara degişlidigini aýdalyň: hassanyň 37 gradusdan ýokary temperaturasy bar, şol bir wagtyň özünde ol bedeninde rahatsyzlyk, üsgülewük we asgyrmak ýa-da ýürek bulanmak ýaly alamatlary duýýar. Men ýedi ýaşymda, kesel baradaky düşünjäm hut şundan ybaratdy, on dört ýaşyndaky söýgüli uýamda düwnük keseli ýüze çykdy. Ol köplenç lukmanlaryna gidip, birnäçe hepde keselhana ýerleşdirildi. Ejem maňa: «Jonni, seniň gyz doganyň örän syrkaw» diýdi. Şeýle-de bolsa, gyzzyrma ýokdy we

üsgürmeýärdi. Ene-atamyň we uly gyz doganymyň näme üçin beýle aladalanýandyklaryna düşünip bilmedim. Men şeýle netijä geldim: ol ýöne bir ýadady. Men onuň keseliniň çynlakaýdygyny bilmedim, sebäbi görenlerimi bilimim we tejribäm arkaly geçirdim.

Bir gün mekdepden meni alyp, öýe getirmedik bolsalar, kakam we ejem bilen otagda oturan ruhanyny görmedik bolsam, men hiç zada düşünmezdim. Maňa uýamyň ölendigini aýtdylar. Diňe şonda men onuň hakykatdanam *örän* syrkawlandygyna düşündim. Bu aýlaryň hemmesinde nämeleriň bolup geçýändigine düşünmedim, sebäbi kesele bolan düşünjäm onuň diňe bir tarapy bilen çäklenýärdi. Soraglar berdim we kem-kemden has köp zat öwrendim. Men näsag adamyň haýsydyr bir kesel ýa-da näsaglyk bilen keselländigini öwrendim. Şondan bäri men keseli ol hakdaky köne pikirler bilen ölçemedim; keseliň hakyky kesgitlemesiniň nämedigini öwrendim.

## GÜNÄNIŇ HAKYKY KESGITLEMESI

Bu ýygnakdaky adamlaryň köpüsine degişlidir. Günäniň aslynda nämedigine biz köplenç düşünmeýäris. Öňe gitmek üçin, biz Mukaddes Ýazgynyň günäni nähili kesgitleýändigini göz öňünde tutmaly. Mukaddes Kitap «Sebäbi günä etmek Hudaýa baş galdyrmak» diýip tassyklaýar (1 Ýohanna 3:4). Grek dilinde «bikanunçylyk» *anomiýa* sözi bilen aňladylýar. Taýeriň grek sözlügi bu sözi şeýle kesgitleýär: «kanunsyz, nadanlygy ýa-da bozulmagy sebäpli bar bolan ýagdaý». Ýönekeý söz bilen aýdylanda, bikanunçylyk Hudaýyň kanunlaryna we ygtyýaryna boýun bolmazlygy aňladýar. Waýnyň sözlüginde bu aýat «sözüň (günäniň) hakyky manysyny» berýändigi aýdylýar. Waýn sözüni dowam etdirýär: «Günäniň bu kesgitlemesi, onuň manysyny kanunyň inkär edilmegi ýa-da Hudaýyň islegini we öz-özünden emele gelen Onuň islegini wagtlaýyn çalyşmagy hökmünde düşündirýär».

Bu kesgitlemäni tassyklamak üçin Isanyň tymsalyna seredeliň. Bir gün Ol beýleki adamlar bilen nahar iýýärdi we olardan biri: «Hudaýýň Şalygynda çörek iýjek adam nähili bagtly!» diýdi (Luka 14:15). Reb bu pursatdan peýdalanyp, Guzynyň toýunda kimiň oturjakdygy hakda gürrüň berdi. Ol şeýle sözler bilen başlady: «Bir adam uly meýlis gurap, birtopar adamy çagyrypdyr. Nahar wagty bolanda, ol: Geliň, ähli zat taýýar diýip, myhmanlara habar bermek üçin, öz hyzmatkärini ugradýar» (Luka 14:16, 17).

Agşamlyk naharyny gurnaýan adam Atany, hyzmatkäri Isanyň Özüni görkezýär. Munda «hyzmatkär» sözüniň birlik sanda ulanylmagy bu düşündirişiň dogrudygyny hasam tassyklaýar. Mukaddes Ýazgy muny aýratyn nygtaýar: «Hudaý gadym döwürde ata-babalarymyza pygamberler arkaly köp gezek we dürli ýollar bilen gepledi. Bu ahyrky günlerde bolsa Ol bize Öz Oglunyň üsti bilen gepledi» (Ýewreýler 1:1, 2). Isa biziň Serkerdämizdir. Täze Äht döwründe wagyz edýänlere, öwredýänlere ýa-da ýazýanlara Hudaýýň habarçylary hökmünde hyzmat etmek tabşyrylýar. Biz Onuň aýdýan zatlaryny eşitmeli we muny başgalara takyk ýetirmeli.

Bu tymsalda Atanyň islegi beýan edilýär: «Geliň, ähli zat taýýar». Bu sözler eýýäm çagyrylanlara, ýagny Ýygnakdaky mesihilere ýüzlenýär, Hoş Habary hiç wagt eşitmedik butparazlara däl. Şeýle-de bolsa, bu adamlar «Geliň» diýen çagyryşdan ýüz öwürmek üçin dürli bahanalar tapyp, ötünç sorap başlaýarlar. Birinjisi: «Mende ýene bir çüýşe galdy, indiki ýakyn dynç günleri gyzykly bir oturylyşyk bar, hakykatdanam men ol ýere gitmek isleýärin; sen meni bagyşla» diýýär.

Ikinjisi: «Men Las Wegasa syýahata utuş gazandym, şeýle hem olar maňa kazinoda sarp etmäge bäş müň dollar berdiler. Men hakykatdanam ol ýere gitmek isleýärin, şonuň üçin meni biynjalyk etme» diýýär.

Üçünjisi: «Men öz kätibime aşyk boldum we şu hepdäniň ahyrynda biz Gawaýi şäherine gitmekçi we ol ýerde özüme söýgi

hepdesini gurnamakçy. Haýyş edýärin, aýalyma ýekeje sözem aýdaýma; ol meni iş saparyna gidýärin öýdýär. Gepiň keltesi, men gelip bilmerin» - diýdi.

Eýsem bular olaryň aýdýanlarymy? Eger siz Mukaddes Kitabyňyzy açsaňyz, jogaplarynyň asla beýle däldigini görersiňiz. Geliň, olaryň hersine seredeliň.

Birinjisi oňa: «Men bir bölek ýer satyn aldym» diýdi. Indi has öňe gitmezden ozal bir sorag bereýin: ýer satyn almak günämi? Hawa bolsa, onda köp adamlarda birtopar mesele bolardy. Elbetde, bu günä däl we bu hakda hemmämiz bilýäris. Geliň, ýene bir gezek onuň näme aýdandygyna seredeliň: «Birinjisi oňa: Men bir bölek ýer satyn aldym, şony görmäge gitmeli. Haýyş edýärin, meni bagyşla» diýdi (18-nji aýat). Aýdyşym ýaly, ýer satyn almak günä däl, ýöne emläk bilen gyzyklanmak Hudaýyň Sözüne derrew boýun bolmakdan has möhüm bolanda, bu günäniň esasy kesgitlemesine girýär. Bu bikanunçylyk bolup, Hudaýyň ygtyýaryna boýun bolmazlykdyr.

Beýleki çagyrylan adamyň humar oýnamak niýeti ýokdy. Ol: «Men bäş jübüt öküz satyn aldym, şolary barlamaga barýaryn. Haýyş edýärin, gaty görme» diýdi (19-njy aýat). Gündelik durmuşda öküz ýa-da başga zatlar satyn almak günämi? Elbetde ýok, ýöne önümçilik ýa-da iş Hudaýyň Sözüne ýa-da islegine derrew boýun bolmakdan has möhüm bolanda, bu günä bolýar! Ýadyňyzdan çykarmaň, Adam Erem bagynda humar oýnamady, diňe Hudaýyň aýdanlaryna boýun egmedi.

Soňkysy: «Men täze öýlendim, şonuň üçin baryp bilmeýärin» diýdi (20-nji aýat). Diýmek, nika günämi? Elbetde, ýok! Ýogsam biziň köpümiz kynçylyk çekerdik. Şeýle-de bolsa, ýakynyňy razy etmek islegi Hudaýyň islegine boýun bolmakdan has möhüm bolanda, bu günädir. Ýene bir gezek Erem bagyny ýada salalyň. How ene aldandy (2 Korintoslylar 11:3), ýöne Adam ata hakda bolsa, başga bir waka boldy: «Aldananam Adam ata däldi» (1 Timoteos 2:14).

Adam atanyň günäsiniň tebigaty barada Mukaddes Ýazgy: «Çünki bir adamyň *bitabynlygy arkaly* köp adam günäkär boldy» diýýär (Rimliler 5:19, kursiw awtoryňky). Adam Hudaýa boýun egmedi, aýaly eýýäm miwäni iýipdi we onuň hem edil şonuň ýaly etmegini isledi; ol Hudaýyň ygtyýaryna boýun bolmagyň deregine How enä boýun boldy. Bu günä. Adam atanyň boýun egmezligi netijesinde «köpler günäkär boldy» ýa-da başga sözler bilen aýdanymyzda «köpüsi bikanun ýa-da Hudaýyň ygtyýaryna boýun egmedi». Bu esasy günädir. Tymsalda Isa adamyň öz aýalyny Hudaýyň sözünden ýokary goýýandygyny görkezdi.

Indi sypaýyçylyk bilen ötünç soraýaryn, ýöne Hudaýyň çagyryşyna we ygtyýaryna boýun egmedikler hakda Isanyň aýdanlaryny diňläň: «Men size şuny aýdaýyn: şol ilkinji çagyrylanlaryň ýekejesi hem Meniň saçagymdan datmaz» (Luka 14:24). Aýňalýan ýaly eşidilýärmi! Ozal hormatly çakylyk alan bu adamlara indi nika toýuna gatnaşmaga rugsat berilmez. Olar Guzynyň toýuna gatnaşyjylaryň sanawyndan haýsydyr bir jynsy günä ýa-da neşe we spirtli içgiler sebäpli däl-de, eýsem Hudaýyň sözüne ýönekeý boýun egmändikleri sebäpli çykaryldy. Bu näme üçin bizi geň galdyrmaly? Bu barada oýlansaňyz, Adam atanyň garşylygy iň aýylganç netijelere – tutuş adamzadyň ýazgarylmagyna sebäp boldy dälmi?

Bu tymsalda neşekeşler, jelepler, gomoseksuallar, arakhorlar, ganhorlar ýa-da ogrylar hakda hiç zat aýdylmaýar. Has giňişleýin okasaňyz, hyzmatkäriň ötünç soramalary we boýun gaçyrmalary hakda hojaýynyna nädip hasabat berýändigini görersiňiz. Şondan soň hojaýyn oňa şeýle buýruk berýär: «Öýüm dolar ýaly, obalara, onuň daş-töweregindäki meýdanlara aýlan-da, adamlary geler ýaly et» (Luka 14:23). Mukaddes Ýazgyda ýollardaky we ýol ýakasyndaky adamlar jelepleri, gomoseksuallary, ogrylary, garakçylar toparyň agzalaryny, ganhorlary, arakhorlary we ş.m. aňladýar. Ine, gerek

bolsa! Olar bu tymsalda gowy manyda ýatlanylýar!

Reb soňky günlerde şunuň ýaly adamlaryň köpüsiniň durmuşynyň boşdugyna we gaýgydan başga zat getirmejekdigine düşünjekdiklerini we çişe garşy depmekden bizar boljakdyklaryny bilýär. Hojaýynyň çagyryşyny eşidip, olar derrew jogap bererler we boýun bolarlar. Munuň tersine, çagyrylanlar – ybadathana yzygiderli gatnaýanlar we özlerini takwa hasaplaýanlar, ýöne şol bir wagtyň özünde diňe amatly bolanda Hudaýa boýun bolýanlar we öz şahsy meýilnamalaryny, garaýyşlaryny, bereketlerini ýa-da lezzetlerini kesip bilmeýänler – Adam ata bilen bir hatarda bolarlar we Hudaýyň şöhratly barlygyndan mahrum edilerler.

## «BOLÝAR, HOJAÝYN, BARARYN!»

Toý baradaky tymsalda günäniň asyl manysy Hudaýyň ygtyýaryna boýun bolmazlykdyr. Başga bir tymsalda Isa bu meselä hem degip geçýär, bu tymsal Isanyň: «Siz muňa näme diýersiňiz?» diýen sözleri bilen başlaýar. Bu sözler bilen, Ol daşarky takwa diňleýjilerini has çuňňur seretmäge we jogaplarynda hakykaty tapmaga höweslendirjek boldy.

Isa iki ogly bolan bir adam hakda aýtdy. Kakasy birinji oglunyň ýanyna baryp: «Oglum, bu gün git-de, üzümçilikde işle» diýdi.

Emma ol: «Gitjek däl!» diýip jogap berdi. Ýöne soňrak muňa gaýtmyşym edip, ähli işini taşlap, ol ýere üzümçilige işlemäge gitdi.

Soňra kakasy ikinji oglunyň ýanyna baryp, oňa-da şol sözi aýtdy. Ol bolsa: «Bolýar, hojaýyn, bararyn!» diýip jogap berdi. Ol ýönekeý ajaýyp görünýär, söýgüli ogly, elbetde, kakasy bilen örän hormatly gürleşdi. Emma Isa soňundan: «Ol gitmedi» diýdi.

Soňra Isa iň möhüm we iň ýönekeý sowal berdi: «Bularyň ikisinden haýsysy kakasynyň islegini ýerine ýetirdi?» Olar: «Birinjisi» diýip jogap berdiler. Soňra Isa esasy meselä geçip, şeýle diýdi: «Size dogrusyny aýdýaryn, salgytçylar we lolular Hudaýyň Şalygyna sizden

öň girerler» (Matta 21:28-31). Islendik ene-atanyň oglunyň: «Hawa, men giderin» diýmegini isländigi we mejbury ýagdaýda däl-de, şatlyk bilen gitjekdigini we hemme zady höwes bilen etjekdigi tebigy we düşnüklidir. Bu tymsal bu dini ýolbaşçylara günäniň düýp manysynyň Hudaýyň ygtyýaryna boýun bolmazlykdygyny görkezdi. Gürrüň bu ýerde zyna, adam öldürmek, ogurlyk we ş.m. hakda baranok.

Bu ýolbaşçylar tekepbir we özlerine ynamly boldular, sebäbi olary «uly günä» hasaplaýan zatlarynda günäkärläp bolmaýardy. Şeýle-de bolsa, günäniň çäkli kesgitlemesi arkaly olar aňsatlyk bilen aldawa düşdüler we yhlas bilen gaça durýan zatlary – gökdäki häkimiýete boýun bolmazlygyň günäsini etdiler.

## «ULY GÜNÄLER» HAKDA NÄME?

Biz Mukaddes Kitaby tutuşlygyna öwrenip, birmeňzeş habarlary tapyp bileris. Belki siz: «*Ýalan sözlemek, serhoşlyk, zyna, ogurlyk, adam öldürmek babatda näme? Eýsem bular günä dälmi?*» diýip pikir edýänsiňiz. Elbetde, bular günälerdir! Şeýle hem, olar Onuň islegine garşy çykýarlar. Hudaý ýalan sözlemezligi we «her biriňiz öz ýakynyňyza hakykaty aýdyň» diýip buýurdy (Efesliler 4:24, 25). Alkogol hakda hem şeýle buýruk berýär: «Şerapdan serhoş bolmaň» (Efesliler 5:18). Zyna garşy bize duýduryş berýär: «Zyna etmäň» (1 Korintoslylar 6:18). Ogurlyk babatda näme? Ol bize: «Ogurlyk eden indi ogurlyk etmesin!» diýýär (Efesliler 4:28). Adam öldürmek barada: «Doganyny ýigrenýän adam ganhordyr. Hiç bir ganhoryň bolsa baky ýaşaýşa gowuşmaýandygyny bilýänsiňiz» diýýär (1 Ýohanna 3:15). Täze Äht şeýle işler bilen meşgullanýan adamlaryň Hudaýyň Patyşalygyny miras almajakdygyny nygtaýar (1 Korintoslylar 6:9-11; Galatýalylar 5:19-21; Aýanlyk 21:8). Şeýle-de bolsa, diňe «uly günäler» diýip atlandyrýan zadymyz däl-de, ähli günäleriň zyýanlydygyny ýatdan çykarmalyň.

Indi psiholog we hassa oýnumyza gaýdyp geleliň. Günäniň

hakyky manysyna düşünýän hassa: «Gökdäki häkimiýete boýun bolmazlyk» diýip, çalt jogap berer. Ol günä bilen bikanunlygyň arasyndaky baglanyşygy görýär.

## BIKANUNLYK GÜNLERI

Bir gün şägirtler Isadan soňky günler hakda soradylar. Isa olara geljekde boljak wakalar barada gürrüň berdi we ikinji gezek gelmezinden ozal dünýäde höküm sürjek şertleri suratlandyrdy. Ine, şolaryň biri: «Ýaman işleriň artanlygy zerarly, köpleriň söýgüsi sowar. Emma soňuna çenli çydan halas bolar» (Matta 24:12, 13).

Her gezek ýygnaklarda mesihilerden munuň jemgyýetimize degişlimidigini soranymda, ellerini ýokary galdyryp, tassyklap başlaryny atýarlar; köpler häzirki jemgyýetiň günälere batandygyna ynanýarlar. Örän az adamlar bolsa, eger umuman olar tapylsa, muňa hakykatdanam dogry baha berilýändigi barada soraýarlar. Emma Isa Öz sözlerinde jemgyýeti suratlandyrmaýardy. Ol Ýygnagy suratlandyrýardy! Meniň näme üçin bu netijä gelendigim sizi haýran galdyryp biler. Bu iki aýatda iki dürli jümle bilen görkezilýär.

Birinji jümle – esasy söz: «Köpleriň söýgüsi sowar». Grek dilinde «söýgi» sözi *agape*. Grek dili boýunça hünärmen W. E. Waýn «*agape*» sözi «Aýanlyk ruhy ... şu wagta çenli näbelli pikirleri beýan etmek üçin ulanylýandygyny» ýazýar. Isa: «Size bir täze tabşyryk berýärin: biri-biriňizi söýüň. Meniň sizi söýşüm ýaly [*agape* at sözüniň işlik görnüşi bolan *agapao],* siz-de biri-biriňizi söýüň» (Ýohanna 13:34). Bu söýgi adamzada entek belli däldi, ony Mesih getirdi. Ol muny: «Meniň sizi söýşüm ýaly» jümlesi bilen kesgitledi. Waýn sözüni dowam etdirýär: «Bu söýgi çuň we hemişelik «söýgini» beýan edýär we bir kämil Barlygyň düýbünden mynasyp däl zatlar üçin gyzyklanmasyny görkezýär». Aslynda, bu Hudaýyň şertsiz söýgüsidir, Isanyň «dünýä kabul edip bilmez» diýýän Mukaddes Ruh arkaly ýüregimize guýlan söýgisi hakdadyr (Rimliler 5:5;

Ýohanna 14:17). Bu söýgini diňe Isa Mesihi Halasgär hökmünde kabul edenlerde tapyp bolýar.

Täze Ähtde «söýgi» diýlip terjime edilýän başga-da sözler bar. Şeýle-de bolsa, olaryň her biri iman etmeýänler we mesihiler üçin erkin ulanylyp bilner. Şeýle sözleriň biri *phileo*. Waýnyň aýtmagyna görä, *phileo agapaodan* tapawutlanýar, sebäbi ol mähirli ysnyşyk duýgusyna has ýakyn ... *Phileo* sözi adamlara Hudaýy «söýmek» buýrugynda hiç haçan ulanylmandyr. *Agape-den* tapawutlylykda bu söz diňe Hudaýa ynanýan adamlar bilen baglanyşykly däl.

Isanyň: «ýaman işleriň artanlygy zerarly, köpleriň söýgüsi sowar» diýen sözlerinde – grek dilinde *phileo* ulanman , *agape* ulanylýar! Isa jemgyýet hakda däl-de, ýygnak hakda gürleýärdi. Ol soňky günlerde bikanunlygyň Ýygnagy basyp aljakdygy barada pygamberlik edip, öňünden aýdypdy.

Biz Isanyň aýdan beýleki şuňa meňzeş sözlerini äsgermezlik edip bilmeris. Olardan birini Mattanyň Hoş Habarynda okaýarys: «Maňa: “Ýa Reb! Ýa Reb” diýen her bir adam Gögüň Şalygyna girmez, diňe gökdäki Atamyň islegini berjaý eden oňa girer» (Matta 7:21).

Bu jümle adamyň haýsy ýagdaýda halas edilendigini hasaplamakdaky çylşyrymly pikiri ýatyrýar. Biziň bar etmeli zadymyz – bu «günäkäriň dogasyny» aýtmalydygyny öwrenýäris we muňa ynanýarys, size bolsa, eýýäm jennetde ýer kepillendirilýär. Biz Hudaýyň tabşyryklaryny ýerine ýetirmeýäris ýa-da oňa az ähmiýet berýäris. Bu galp merhemet köp adamlary ýoldan çykaryp aldaýar we boýun bolmak meselesine ýönekeý garamagyna sebäp bolýar. Isa Jennetde Hudaýyň islegine *uýýanlaryň we ony amala aşyrýanlaryň* boljakdygyny we şeýlelik bilen Onuň buýruklaryny ýerine ýetirjekdigini aýtdy .

Hudaý bize Onuň talaplaryny ýerine ýetirmäge güýjümiz ýeter ýaly, hakyky merhemet berdi. Ýewreýlere hatyň awtory bu barada hemmelerden iň gowy aýtdy: «Hudaýy hoşnut etmek üçin Oňa

tabynlyk hem gorky bilen sežde edeliň» (Ýewreýler 12:28). Merhemet bize Hudaýyň islegine görä hyzmat etmäge mümkinçilik berýär.

Isa sözüni şeýle dowam etdirýär: «Şol gün köpler Maňa: Ýa Reb, ýa Reb, biz Seniň adyň bilen pygamberlik etmedikmi? Seniň adyň bilen arwah-jynlary kowup, köp gudratlar görkezmedikmi? diýerler» (Matta 7:22).

Bu ýerde biz aýratyn adamlar barada däl-de, eýsem *köpler* hakda gürleşýäris. Onuň öňki sözlerinde *kopleriň* diýip aýdan sözi ýadyňyzdamy? «Köpleriň söýgüsi sowar». Bu mähelle Isa: «Ýa Reb, ýa Reb, biz Seniň adyň bilen pygamberlik etmedikmi? Seniň adyň bilen arwah-jynlary kowup, köp gudratlar görkezmedikmi?» diýerler. Imansyz adam Isanyň adyndan ýekeje jyny-da kowup bilmez (Resullaryň işleri 19:13-17). Ol ýene-de Ýygnaga ýüzlendi.

Soňra Ol muny mesihi diýip atlandyrylýanlara: «Eý, ýamanlyk edýänler, Men sizi asla tanamok, ýok boluň ýanymdan!» diýer (Matta 7:23). Olaryň edýän zatlarynyň *ýamanlykdygyna üns beriň*. Başgaça aýdylanda, olaryň durmuş ýoly toý tymsalynda beýan edilen adamlaryň ýaşaýyş durmuşyna gaty meňzeýär. Bu adamlar Hojaýynyň buýruklaryndan has ýokary bolan tertip-düzgünleri, lezzetleri ýa-da meýilnamalary oýlap tapdylar. Häzirki wagtda bu adaty we tebigy häsiýet hasaplanýar. Ýönekeý söz bilen aýdylanda, olar diňe Onuň ygtyýaryna boýun bolýandyklaryny aýdýarlar, ýöne aslynda bu beýle däl. Olar öz meýilnamalaryna laýyk gelýän zatlara boýun bolýarlar. Olar kanunsyzlyk edýändiklerine şübhelenmeýärler. Häzirki döwürde köp mesihileriň ýagdaýynyň şeýledigine men gynanýaryn!

Isanyň Ýygnak hakda aýdýanyny bilmegimiziň ikinji sebäbi, Onuň indiki sözünde berlen: «Emma soňuna çenli çydan halas bolar». Marafony tamamlamak üçin ony başlamaly. Mesihi däller ilki bilen bu mesihilik «marafonyna» başlamaly.

# MAÝYL BOLMAGYŇ TÄSIRI WE ÖLÜM HALY

Isa we resullar ahyrzaman hakda gürlänlerinde, adamlara bu döwrüň atmosferasyny has gowy häsiýetlendirýän zatlardan gaça durmak barada birnäçe gezek duýduryş berýärler: *maýyl bolmak*. Maýyl bolmagyň beýle giň ýaýramagynyň sebäplerinden biri, günäniň tebigatyna düşünmezlikdir. Meniň uýamyň keseline bolan garaýşym edil şonuň ýalydy. Öýe gaýdyp gelip, onuň ölendigini bilip, men geň galdym, sebäbi hiç haçan onuň keseline çynlakaý garamaýardym. 1980-nji ýyllaryň ahyrynda-da şuňa meňzeş tejribäni başdan geçiripdim.

Bir gün Hudaýa doga edip otyrkam, maňa düýpli täsir eden we galan ömrümi hem gullugymy üýtgeden ruhy görnüşi aldym. Men adamlaryň uly mähellesini gördüm, beýle mähelläni men öň hiç haçan görmändim. Olar Gögüň Patyşalygynyň derwezesinde ýygnanyp, özlerine açylmagyna garaşdylar we Hojaýynyň: «Eý, Atamyň ýalkanlary! Geliň-de, dünýä ýaradylandan bäri siziň üçin taýýarlanan patyşalygy miras alyň» diýerine garaşdylar (Matta 25:34) Ýöne munuň ýerine olar: «Eý, ýamanlyk edýänler, Men sizi asla tanamok, ýok boluň ýanymdan!» diýlenini eşitdiler. Men olaryň elhenç şokdan, agyr haldan we elhençlikden ýaňa ýüzleriniň üýtgänini gördüm. Olar jennede girjekdiklerine hakykatdanam ynanýardylar, sebäbi olar Isanyň Rebdigine we özleriniň mesihilige degişlidiklerine ynanýardylar. Emma şol bir wagtyň özünde, olar günäniň düýp manysyna düşünmediler. Olar jennede girmek isleseler-de, olarda Atanyň islegine boýun bolmak islegi ýokdy.

Hudaý ýürekleri boýun egmek isleýän çagalary gözleýär. Durmuşyň haýsy ugurlaryna täsir edýändigine garamazdan, biz mesihiler hökmünde Onuň islegini ýerine ýetirmekde şatlyk duýmalydyrys. Ömrüniň ahyrynda, tabynlygyň getiren üstünliginden we boýun egmezlikden dörän kynçylyklardan doly Süleýman, hemme zada esaslanýan paýhasly sözleri aýtdy: «Hemme zat

aýdyldy. Netije şudur: Hudaýdan gork we Onuň tabşyryklaryny sakla, çünki bu ynsanyň esasy borjudyr» (Wagyz 12:13).

Mattanyň Hoş Habarynda (7:23) şeýle diýilýär: «Şonda Men olara: ‘‘Eý, ýamanlyk edýänler, Men sizi asla tanamok, ýok boluň ýanymdan!’’ diýip, açyk aýdaryn». Käbir adamlar munuň näme üçin mesihilere degişlidigi bilen gyzyklanyp bilerler, emma Isa: «Men sizi tanamok» diýdi ahyry. Ýadyňyza salyň, mesihi däller Isanyň adyndan jynlary kowup bilmändiler. Isa: «Men sizi asla tanamok … » diýende, grek dilinde «tanamok» sözüniň *ginosko* aňladýandygyna düşünmek zerurdyr. Täze Ähtde ol söz erkek bilen aýalyň arasyndaky gatnaşygy beýan etmek üçin ulanyldy (Matta 1:25). Ol gatnaşyklaryň ýakynlygyny aňladýar. Hakykatda Isa: «Men sizi hiç haçan ýakyndan tanamokdym» diýýärdi. Korintoslylara ýazan ilkinji hatynda (8:3) (grek diliniň asyl nusgasyndan täze terjime - Terjimeçiniň belligi): «Emma ynsan Hudaýy söýýän bolsa, ol eýýäm Hudaý tarapyndan tanalýandyr» diýilýär. *Ginosko sözi* bu ýerde hem ulanylýar. Hudaý Özüni ýakyn söýýänleri tanaýar. Ony söýýänler, Onuň sözlerine boýun bolmak bilen Onuň ygtyýaryna boýun bolýarlar. Isa: «Meni söýmeýän Meniň sözümi berjaý edýän däldir» diýdi (Ýohanna 14:24).

4-NJI BAP

# KANUNSYZLYGYŇ GIZLIN GÜÝJI

*Hiç kim tarapyndan habar berilmedik, ýöne ylham arkaly alnan bilim maýyl bolmagyň iň gowy goragçysy bolup hyzmat edýär.*

Mukaddes Ýazgylarda «soňky günler» jümlesi köp agzalýar. Bu günleriň, bir tarapdan, iň tolgundyryjy, beýleki tarapdan bolsa adamzat taryhynyň iň aýylganç pursatyna öwrülmegi gaty ähtimal. Tolgundyryjy, sebäbi biz Hudaýyň şöhratynyň hiç bir nesliň görmedik iň ajaýyp görkezilişine şaýat bolarys we bu kalplaryň ajaýyp hasyly bolar. Bu şöhrat we şatlyk, höküm we gorky wagty bolar.

Soňky günler gaty elhenç bolar. Resul Pawlus bize: «Ahyrky günlerde elhenç pursatlaryň boljakdygyny» açyk aýtdy (2 Timoteos 3:1). Bu sözlerden öň ol başga sözleri: «*Muny bilip goý*» diýdi. Başga sözler bilen aýdanymyzda: «Meniň ýazjak zatlarymy gowy ýatda sakla; aşagyny çyz we pikiriňe ýaz!» diýmekdir. Mundan soňra, üçünji bapda bu wagtda häsiýetlendirjek hadysalary jikme-jik beýan edýär. Bu döwri elhenç bolar diýip atlandyrmaklarynyň

sebäbi hökümetler ýa-da ateistler tarapyndan yzarlanmalaryň güýçlendiriljekdigi üçin däldir. Olaryň ähli kynçylygy *maýyl bolmagyň* Ýygnakda giňden ýaýramagy bolar. Bu duýduryş tutuş Täze Ähtiň bütin dowamynda ençeme gezek gaýtalanýar.

Maýyl bolmak – örän erbet zat. Näme üçin? Sebäbi onda – ýalan bar! Aldanan adam özüniň dogrydygyna çyn ýürekden ynanýar, aslynda ol beýle däl. Hoş Habarlarda Isa aldaw hakda birnäçe gezek duýduryş berýär. Diňe Mattanyň Hoş Habarynda (24-nji bap) Ol bu zatlardan ägä bolmalydygymyzy dört gezek duýdurýar. Aslynda, şägirtler Isadan Özüniň gelmeginiň alamatlary barada soranlarynda, soňky günler hakda ilkinji aýdan zady: «Ägä boluň, hiç kim sizi aldaýmasyn!» boldy (Matta 24:4). Onuň duýduryşlarynda tutanýerlilik duýulýar: çynlakaý we dabaraly äheň. Ol Öz sözleriniň şägirtleriň kalbynda ebedilik galmagyny isledi. Isanyň sözleri eýýäm iki müň ýyl bäri ýaşap gelýär. Bize paýhasly bolmak gerek we Onuň görkezmesini äsgermezlik etmeli däl.

## IKI WAJYP SORAG

Özümize iki sany möhüm sorag bermeli. Birinjisi: aldanmagyň esasy sebäbi näme? Ikinjisi: näme üçin bu aldaw päsgelçiliksiz ýaýramaga ukyply? Birinjisine jogap bermek bilen, biz öňki bapda munuň esasy sebäbini ara alyp maslahatlaşandygymyzy aýdýaryn. Bu Gökdäki ygtyýarlyga boýun bolmazlyk ýa-da bikanunçylykdyr. Bize şeýle duýduryş berildi:

> Hudaýyň sözüni ýöne bir diňläp goýman, eýsem, onda aýdylanlary ýerine ýetiriň, ýogsam siz özüňizi aldaýansyňyz (Ýakup 1:22).

Indi bu ýerde degişmä ýer ýok! Mukaddes Ýazgy, eger adam Hudaýyň Sözüni *eşidip, oňa boýun egmese*, onuň ýüregine we aňyna aldawyň girýändigini aýdýar. Şeýle adam, düýbünden başga

tarapa hereket edýändigine garamazdan, özüniň dogry ýolda barýandygyna ynanýar. Sözüniň ygtyýaryny öz içine alýan Hudaýyň ygtyýaryna hakyky boýun egmeýän ýerlerde, inçe, ýöne güýçli aldaw üçin gapy açylýar.

Aldaw näme üçin soňky günlerde şeýle ajaýyp gülleýär? Pawlus köpleriň aldanjakdygyny ýazýar, sebäbi «olar hakykaty söýmegi we şol arkaly halas bolmagy ret etdiler» (2 Salonikliler 2:10). Hakykaty söýmek diňe eşitmek däl-de, oňa boýun bolmagy söýmek diýmekdir. Hudaý bir pygambere şeýle diýdi:

> Sen, eý, ynsan ogly, diwarlaryň gapdalynda, öýleriň gapysynda ildeşleriň sen barada gürrüň edýär we biri-birine, her kim öz doganyna: «Gel, Rebden gelen sözüň nämedigini eşideli!» diýýär. Halk üýşüp, seniň ýanyňa gelýär. Meniň halkym huzuryňda oturýar, sözleriňi diňleýär, *emma ony berjaý etmeýär*; olaryň dillerinde söýgi aýdymy bolsa-da, ýürekleri haram gazançlarynyň yzyna eýerýär. (Ezekiýel 33:30, 31, kursiw awtoryňky).

Biziň ýygnaklarymyzda köplere gowy wagyzlar we öwütler ýaraýar, ýöne sorag esasy işe gelende, olar henizem öz isleglerini Hudaýyň isleginden ileri tutýarlar (2 Timoteos 3:1, 4). Biz hakykaty dünýädäki hemme zatdan has gowy görmelidiris. Adam rahatlygy ýa-da durmuşy däl-de, Onuň islegini höwes bilen islemeli. Şonda biz öz şahsy isleglerimizi we meýillerimizi terk edip, Onuň isleginiň hatyrasyna kanagatlanma duýarys. Biz öz haçymyzy alyp, Onuň islegini ýerine ýetirmek üçin hukuklarymyzdan we artykmaçlyklarymyzdan ýüz öwüreris. Näme üçin? Sebäbi Ol Hudaý, Ol biziň Ýaradyjymyz, Halasgärimiz we Onuň bize bolan söýgüsi kämildir. Diňe bu bizi azmakdan saklap biler.

Ýöne mesihileriň arasynda Ýygnaga şeýle yhlas barmy? Hakykat başga bir zat barada aýdýar. Mukaddes Ýazgynyň awtorlarynyň

häzirki döwrüň atmosferasyny kämahal bize ýetmezçilik edýän takyklyk bilen öňünden görüp bilendikleri geň zat.

## KANUNSYZLYGYŇ GIZLIN GÜÝJI

Biziň döwrümizde kanunsyzlygyň ýaýramagynyň sebäplerini öwrenmekde göz öňünde tutulmaly başga bir faktor bar. Bize şeýle duýduryş berilýär: «Bikanunlyk eýýäm assyrynlyk bilen hereket edýär» (2 Salonikliler 2:7 [Täze Äht häzirkizaman terjimede. – Terjimeçiniň belligi]). Grek dilinden «kanunsyzlyk» hökmünde terjime edilen söz ilkibaşda *anomiýa* sözi bilen kesgitlenendir we biz muňa eýýäm öňki bapda seredip geçdik. Munuň aňyrsynda gizlin güýjüň ýa-da ygtyýarlygyň durandygyna üns beriň. Mukaddes Kitabyň başga bir terjimesi [rus dilinde - Sinodal terjime. – *Terjimeçiniň belligi*] muny «kanunsyzlygyň syry» diýip atlandyrýar. Munuň syry onuň gizlin güýjünde. Eger ol paş edilse, bu mesihileriň durmuşynda kanunsyzlygyň güýjüniň ygtyýary bolmaz. Ol diňe ussatlyk bilen gizlenende täsir edýär. Bu syr bolup durýar. Hudaý bu hakda bize duýduryş berýär, sebäbi Ol biziň bu syrdan ýa-da gizlin güýçden bihabar bolmagymyzy islemeýär (2 Korintoslylar 2:11-e seret).

Şeýtan – aldawyň ussady. Pikir edip görüň: ol Hudaýa garşy baş göterdi we perişdeleriň üçden biri onuň yzyna düşdi (Aýanlyk 12:3, 4). Bu ajaýyp barlygyň içinde, şöhratdan doly, Rebbimiziň huzurynda bolup geçdi! Isa iblisiň diňe bir ýalançy bolman, eýsem ýalanyň atasydygyny-da duýdurdy (Ýohanna 8:44). Mesih aldawyň we azmagyň soňky günlerde has güýçlenjekdigini we hatda saýlananlaryň hem olaryň pidasy bolup biljekdigini aýtdy (Matta 24:24).

Bu bizi geň galdyrmaly däldir. Eger ol jennetdäki millionlarça perişdäni aldap bilýän bolsa, näme üçin «gökdäki ruhy güýçleriň hökümdary» (Efesliler 2:2) ýer şaryndaky mähelläni aldamakda kynçylyk çekmeli? Häzir biz Isanyň şol aýdan günlerinde ýaşaýarys, geliň, Pawlusyň Korintos ýygnagyna beren yhlasly habaryna has içgin seredeliň:

> Ýöne ýylanyň How enäni kezzaplyk bilen aldaýşy ýaly, siziň-de aldanmagyňyzdan gorkýaryn (2 Korintoslylar 11:3).

Pawlus imanlylaryň ejizligi bilen How enäniň aldawa düşmeginiň arasynda meňzeşlik döretdi. Şeýtanyň oýlap tapyp biljek iň tolgundyryjy usullaryndan biri, How enäni aldamakdy. Ol jynlaryň täsirinden we basyşyndan halas bolan ajaýyp şertde ýaşapdy. Ol ten höweslerinden azat bolup, Hudaýyň huzurynda lezzet alýardy. Şeýtan onuň pitne döretmegi üçin iň çylşyrymly usullary oýlap tapmalydy. Onuň oý-pikirleriniň arassalygyny ýok etmek üçin, ol assyrynlyk bilen mekir hereketlere başlady. Eger biz onuň How enä garşy alyp baran taktikasyna düşünsek, onuň iň gowy ýaragynyň üstüni açýarys; biz onuň nädip bizi aldatjak bolýandygyna we näme üçin häzirki döwürde kömpleriň Hudaýa boýun bolmaýandyklaryna düşüneris.

Ýadyňyzdan çykarmaň, How ene Hudaýa boýun bolmandygy üçin aldandy, ýöne Adam ata näme edýändigini anyk bilýärdi. Men ýygnakdaky adamlaryň näme edýändiklerine aç-açan düşünip, Hudaýyň buýruklaryny bozýandygyny görýärin. Olar aldanmaýarlar. Olar howply çäklere girip, ruhy ölüme ýakynlaşýarlar (Rimliler 8:13). Bu adamlar daş ýürekli we olara ýetmek kyn. Ýöne başga bir kategoriýa bar – ýygnakdaky boýun egmeýänleriň aglaba bölegini düzýän adamlar - *aldananlar*. How enäniň bolşy ýaly, nadanlyk hem aldawçylyga ýol açyp, bikanunlygyň gizlin güýji boldy.

Nadanlyk – bu azdyrmak üçin hasylly toprakdyr. Hudaý: «Munuň üçin halkym nadanlykdan ýesir edip äkidiler» diýdi (Işaýa 5:13) [ýa-da «... bilimiň ýoklugy üçin» – Mukaddes Kitabyň iňlis dilinde terjimesi (NKJV). – Terjimeçiniň belligi]. Hudaýyň ýollary we ruhy kanunlary hakda bize aýan edilen bilim bizi duşmanyň aldawyndan goraýar. Onuň hakykatynyň nury her bir ýalany paş edýär we bizi ondan goraýar.

## AÝANLYK – BERLEN BILIMIŇ GARŞYSYNA

Hudaý adamy Erem bagynda ýerleşdirdi we şeýle diýdi: «Sen bagdaky islän agaçlaryň miwesinden arkaýyn iýip bilersiň. Ýöne ýagşyny-ýamany saýgaryş daragtynyň miwesinden iýmegin, çünki şondan iýen günüň sen hökman ölersiň» (Gelip çykyş 2:16, 17).

Ondan soň Reb erkek adamyň gapyrgasyndan bir aýal ýaratdy. Munuň birneme soň bolandygyny çaklap bileris, sebäbi aýal peýda bolmanka, Adam gögüň ähli haýwanlaryny we guşlaryny görmäge we olara at goýmaga ýetişipdi.

Adam atadan tapawutlylykda How ene Hudaýyň agzyndan buýruklary göni eşitmedi. Hudaýyň bagynda bile bolmakdan lezzet alanlarynda, Adam ata oňa bu barada habar beren bolmagy ähtimal. How enäniň ýylanyň soraglaryna beren jogaplaryny seljermek arkaly muny çaklap bileris. Aşakdaky setirleri üns bilen okaň:

> Hudaýymyz Reb tarapyndan ýaradylan haýwanlarynyň arasynda iň mekiri ýylandy. Ýylan aýaldan: «Dogrudanam, Hudaý size bagdaky agaçlaryň hiç birinden iýmäň diýdimi?» diýip sorady. Aýal ýylana şeýle jogap berdi: «Bagdaky agaçlaryň miwelerinden iýmäge biziň ygtyýarymyz bar. Ýöne Hudaý: Siz bagyň ortasyndaky agajyň miwesinden iýmelem dälsiňiz, oňa degmelem dälsiňiz, ýogsam ölersiňiz diýdi» (Gelip çykyş 3:1, 3).

Birinjiden, muňa üns beriň, ýagny ýylan Hudaýyň emrine şübhelenende, How ene derrew «Hudaý aýtdy ... » diýip jogap bermegiň ýerine ilki «biz mümkin ... » diýip jogap berdi. Ine, araçy arkaly buýruklar we düzgünler hakda eşiden adamyň nusgawy jogaby. Bu buýrugyň Kimden gelip çykan bolsa, Şonuňky ýaly ýüregi we niýeti bolan adamyň jogaby däl.

Ikinjiden, onuň beren jogabynyň Hudaýyň beren tabşyrygyndan tapawutlydygyna üns beriň. Ol sözüniň üstüne şulary goşdy: «Hudaý

bagyň ortasyndaky agajyň miwesinden iýmelem dälsiňiz, oňa degmelem dälsiňiz, ýogsam ölersiňiz diýdi». Hudaý olara degmek hakda bir sözem aýtmady. Ine, Rebden däl-de, başga birinden aýanlyk alanyňyzda bolup biläýjek başga bir mysal.

Haçanda Hudaý Sözi Öz Ruhy arkaly aýan edeninde, ol durmuşymyzyň bir bölegine öwrülýär. Bu biz kitap okanymyzda, taglymatda terbiýelenenimizde ýa-da Mukaddes Kitaby ýekelikde okanymyzda ýa-da Mukaddes Ruh bilen gatnaşykda bolanymyzda bolup biler. Adam üçin Hudaýyň tabşyryklary töweregindäki zatlar ýaly hakykydy; onuň barlygynyň bir bölegidi. Munuň tersine, biz Hudaýyň buýruklaryny eşidenimizde, ýöne Mukaddes Ruh arkaly bu bize aýan bolmasa, ol durmuşymyzyň bir bölegini emele getirmeýär. Biziň üçin olar diňe kanun, «günäniň [boýun bolmazlygyň] güýji – bu kanundyr» (1 Korintoslylar 15:56).

Öň aýdyşym ýaly, men Adam ata Hudaýyň buýrugyny How enä ýetirendigine ynanýaryn. How enäniň özi, hatda Hudaýdan bu hakda soramaga-da synanyşan däldir. Ol Adam atanyň sözlerini «bolşy ýaly» kabul etdi. Onuň üçin bu aýanlyk arkaly gazanylan bilim däldi – bu başga bir adamyň üsti bilen berlen bilimdi, ony aldaw hüjüminden has goragsyz edýärdi. Şonuň üçin ýylan Adam atany däl-de, How enäni hüjüm etmek üçin saýlady.

Diňe aýanlyk arkaly alnan bilim, biziň aldawdan iň beýik goragçymyz bolup durýar. Köpler Mukaddes Ýazgylaryň bilimlerini, görkezmelerini ýa-da gadaganlyklaryny diňe gulak bilen kabul edýändikleri üçin bikanunlyga ýesir düşýärler. Nireden gelendiklerine garamazdan - ene-atalardan, wagyzçylardan ýa-da wideolardan, kitaplardan – tapawudy ýok, her bir mesele boýunça ilki bilen Hudaýyň islegini gözlemeli. Bu bize aldawdan gorajak düşünje berýär. Ýogsam bu diňe kanunyň harpy bolar, ýöne durmuş bolmaz.

Adamlar bir bölümi ýa-da aýady takyk gaýtalap bilerler, ýöne Mukaddes Ýazgynyň getirýän durmuş demini ýitirýärler. Olar

seminarda ýa-da konferensiýada ýaňyja alan täze taglymatlaryny höwes bilen paýlaşýarlar, ýöne özleriniň höwes bilen paýlaşan zatlaryna laýyk ýaşap bilmeýärler. Bu olaryň durmuşynyň bir bölegi bolup durmaýar. Olar boş galan we Hudaýdan ýaşaýyş getirip bilmeýän sözleri aýdýarlar. Şeýle waka ýüze çykanda, olar aňsatlyk bilen synaga düşüp, Hudaýyň aýdanlaryna nämedir bir zat goşýarlar ýa-da aýyrýarlar. Hudaýyň ýollaryna düşünmeýändikleri üçin aňsatlyk bilen aldanýarlar.

Men bu jümläni birnäçe gezek eşitdim: «Bilýärsiňmi, dogan, pul – bu ähli bela-beteriň körügidir!» Emma Hudaý başga zat diýdi. Ine, Onuň sözleri: «Pul *höwesi* ähli bela-beteriň körügidir» (1 Timoteos 6:10, kursiw awtoryňky).

Pul ähli bela-beteriň körügi bolan bolsa, onda biz Isada hem kemçilik tapardyk, sebäbi Onuň Öz hazynadary we pul torbasy bardy! Günleriň birinde bir aýal tutuş bir ýylky aýlygyna durýan ýakymly ysly tütetgili gaby döwdi we onuň bilen Isany ýaglady. Puly gowy görýän Ýudas bolup geçen wakalara gaharlandy. Ony Rebbiň Özi günäkärledi we aýalyň hereketini makullady (Ýohanna 12:3-7).

Ýok, pul däl-de, pula bolan söýgi ähli bela-beteriň körügidir. Bu pula sagdyn däl isleg bilen garamakdan we pula garaşlylyk isleginden ybarat. Pula kanuny taýdan çemeleşmek, pula ýaramaz garaýyş döredýär, ýöne bu Hudaýyň isleýşi ýaly däl. Reb bize pul teşneliginden we oňa garaşlylykdan duýduryş berýär. Açgöz adamlar öz maliýe serişdelerini Hudaýy razy etmek üçin ulanyp bilmeýärler. Bu diňe Sözüň olaryň ýüreklerinde aýanlyk däldigini tassyklaýar. Olar diňe başgalaryň beren bilimi boýunça Onuň Sözi barada bilmeklerini kabul etdiler we şeýdip aldaw üçin esasy dalaşgärler boldular.

Şeýlelikde, biz aýanlyk arkaly nädip bilim gazanyp bileris? Rebbiň huzurynda kiçigöwünlilik bilen ýöremek we Hudaýdan gorkmak arkaly we ýürekde Hudaýyň ýanýan söýgüsi arkaly. Hudaý şeýle diýdi:

> Ine, Men kimi çagyraryn: Ýöne Men kiçigöwünlä, ruhy synyga, sözüme titreýäne nazar salaryn (Işaýa 66:2).

> Sözünden titrän adam, zyýanyna garamazdan, derrew Oňa boýun bolar. Şeýle adamda Hudaýdan hakyky gorky bardyr. Mukaddes Ýazgy bu barada açyk aýdýar: «Reb Öz niýetini Ondan gorkýanlara aýan eýleýär, Ol olara Öz ähtini bildirýär» (Zebur 24:14).

Indi biz Süleýmanyň ömrüniň ahyrynda aýdan sözlerine has gowy düşünip bileris: «Netije şudur: Hudaýdan gork we Onuň tabşyryklaryny sakla, çünki bu ynsanyň esasy borjudyr» (Wagyz 12:13). Hudaý Özünden gorkýanlara syrlaryny ýa-da ýollaryny açýar. Ýohanna şeýle diýdi:

> Bu zatlary sizi *azdyrjak bolýan adamlardan* habardar bolmagyňyz üçin ýazdym. Emma Mesihiň size beren Mukaddes Ruhy özüňizde galýandyr, size öwretmegiň geregi ýok. Mukaddes Ruhuň size öwredýän her bir zady ýalan däl-de, hakykatdyr. Onuň size öwredişi ýaly, Mesih bilen ýaşamalysyňyz (1 Ýohanna 2:26, 27, kursiw awtoryňky).

Biz aýanlyk arkaly berlen Hudaýyň Sözüniň bizi aldawdan nädip saklaýandygyny görýäris. How ene özünde Hudaýyň aýan etmegi arkaly alan biliminiň ýoklugy sebäpli pitne turuzmagyň täsirine düşüp aldandy. Ol ýylanyň sözlerindäki hileleri we aldawlary tanap bilmedi.

## ÝYLAN MUNY NÄDIP BAŞARDY?

Geliň, öňe hereket edip, soraga jogap bereliň: ýylan aýaly nädip aldady? Onuň hileli hüjüm meýilnamasy nämeden ybaratdy? Bu soraglaryň jogaplaryny bilmek möhümdir. Oýlanyp görüň: ýylan ony nädip azdyrmagy başardy? Galyberse-de, How ene

aňrybaş gurşawda ýaşady. Häkimiýet başynda hiç kim muny basyp ýatyrmady. Kakasy, başlygy ýa-da gullukçysy bilen aragatnaşyk saklamakda kalbynda hiç hili ýakymsyz netije ýokdy. Arwah-jynlaryň basyşyndan azatdy, ol güllere bürenen bagda ýaşaýardy. Ol diňe Hudaýyň merhemetini we üpjünçiligini bilýärdi. Ol bu ýerde gezip, Onuň huzurynda gatnaşykdan lezzet aldy. Eýsem, ýylan ony nädip aldap bildi?

Hudaýyň buýrugyny ýadyňyzdan çykarmaň: «Sen bagdaky islän agaçlaryň miwesinden arkaýyn [*erkin*] iýip bilersiň. Ýöne ýagşyny-ýamany saýgaryş daragtynyň miwesinden iýmegin, çünki şondan iýen günüň sen hökman ölersiň» (Gelip çykyş 2:16-17).

Hudaýyň merhemeti: «Siz [*erkin*] iýip bilersiňiz ... » diýip berdi we şol bir wagtyň özünde-de Onuň ygtyýarlygy çäklendirme goýdy: «Ýöne ýagşyny-ýamany saýgaryş daragtynyň miwesinden iýmeli däl». Hudaý Adam ata bilen How enäniň bir agaçdan başga islendik agaçdan iýmäge erkindigini nygtady.

Hudaýyň tebigaty ähli zady söýmekden we bermekden ybarat. Ol Özüni söýjek we Oňa boýun boljak dostlary isleýärdi. Oňa saýlamaga hukugy bolmadyk robot gerek däldi. Öz keşbinde we meňzeşliginde, erkin islegi bilen döredilen çagalaryň bolmagyny isledi. Agajyň elýeterliligini çäklendirmek bilen, olary ölümden gorady. Bu olaryň islegine gatnaşmagy göz öňünde tutýardy.

Olar Hudaýa ynanyp, Oňa tabyn bolýardylarmy? Buýruk bolmasa, başga saýlaw hem bolmazdy.

Ýylanyň sözlerine üns beriň: Hudaýymyz Reb tarapyndan ýaradylan haýwanlarynyň arasynda iň mekiri ýylandy. Ýylan aýaldan: «Dogrudanam, Hudaý size bagdaky agaçlaryň hiç birinden iýmäň diýdimi?» diýip sorady (Gelip çykyş 3:1). Bu häzirki zaman dilimizde şuňa meňzeş bir zat ýaly eşidiler: «Men Hudaýyň size hiç bir agaçdan iýmäň diýendigini eşitdim. Bu hakykatmy?»

Ýylan hüjümini Hudaýyň emrini üýtgetmek bilen başlady. Munuň

manysyny üýtgedip, Adam atanyň we How enäniň pikirlerinde Hudaýyň niýetlerini sorag astyna aldy. Ol How enäni ahyrsoňunda Hudaýyň rehimine we dogruçyllygyna şübhelenmäge alyp barjak pikirlenme ýoluna alyp gitmek isledi. Bu başa baransoň, ol ony aňsatlyk bilen Rebbiň ygtyýarlygyna garşy öwürdi.

Ýylan Hudaýyň sahylygyny äsgermän, Onuň ýeke-täk gadaganlygyny görkezdi. Onuň olardan gowy zat gizleýändigine yşarat etdi. Ýylan bir sorag bilen Adam ata we How enä öz howpsuzlygy üçin berlen ýeke-täk buýrugy ýoýdy we muny gowy bir zada adalatsyz gadaganlyk hökmünde hödürledi. Onuň äheňinde bir degişme bar: «Diýmek, Hudaý saňa hiç agaçdan iýmezligi buýurdymy?» Tutuş bagyň içine girip bilendiklerine garamazdan, ýylan How enäniň ünsüni diňe iýmek gadagan edilen agaja çekdi. Ol tebigaty boýunça «beriji» bolsa-da, ol Hudaýy «alyjy» diýip, ony pikir etmäge mejbur etdi.

Ýylan Rebbi adalatsyz görkezmek bilen, Onuň ygtyýarlygyna hüjüm edip biler. Şeýtan akmak däl; ol Hudaýyň ygtyýarynyň düýbüne hüjüm etmegi saýlady: «Onuň tagtynyň düýbi — dogrulyk hem-de adyllyk» (Zebur 96:2). Onuň tagty Onuň ygtyýarlygynyň nyşanydyr. Şeýtan aldaw arkaly Hudaýyň dogruçyl häsiýetini ýoýup bilýän bolsa, ýaradylyşynyň öňünde Onuň ygtyýarynyň düýbi şübheli bolar.

Ýylanyň soragyna jogap beren aýal ony düzedýär: Aýal ýylana şeýle jogap berdi: «Bagdaky agaçlaryň miwelerinden iýmäge biziň ygtyýarymyz bar. Ýöne Hudaý bize jennediň ortasyndaky agajyň miwesinden iýmelem dälsiňiz, oňa degmelem dälsiňiz, ýogsam ölersiňiz diýdi» (Gelip çykyş kitaby 3:2, 3).

Belki, ol bu buýrugyň arkasynda nämäniň durandygynyň sebäbi bilen gyzyklandy. Ol Hudaýyň ýagşylygy hakda gyzyklanyp başlady. Onuň pikirini okap bilersiňizmi? «*Asla erbet görünmeýär ... Näme üçin bu agaçdan iýip bilmeýändigimizi bilemok. Bu näme*

*zyýan berip biler? Bu biziň üçin erbet zatmy?*» Hudaýyň niýetlerine şübhelenip, How ene Hudaýyň ygtyýaryny sorag astyna aldy.

Ýylan pursatdan peýdalanyp, Rebbiň häsiýetiniň abraýyny, hakykatyny we bitewiligini pese gaçyrdy we Onuň sözüne garşy göni hüjüm etdi: «Ýok, ýok! Ölmersiňiz. Şol agajyň miwesinden dadan günüňiz, Hudaý siziň gözüňiziň açyljakdygyny we edil Hudaý kimin boljakdygyňyzy hem-de ýagşyny-ýamany saýgarjakdygyňyzy bilýär». (Gelip çykyş kitaby 3:4, 5).

Aldawyň ussady bolan ýylan onuň Hudaýa wepalylygynyň esasyny ýok etjek boldy. Ol Hudaýa aç-açan garşy çykyp, ony ölmejekdigine ynandyryp başlady. Iblis munuň sebäplerini öňe sürdi: «Ölümiň ýerine Hudaý ýaly bolarsyňyz. Ýagşy bilen ýamany saýgaryp bilersiňiz, sebäbi akyllanarsyňyz. Indi siz hemme zady araçylaryň üsti bilen eşitmeli bolmarsyňyz ýa-da nädogry buýruklary ýerine ýetirmeli bolmaz».

## GÜNÄ GELDI – GULÇULYGAM GELDI

How ene tolgundy we aljyrady. Ol geň galyp: «*Näme üçin Hudaý maňa bu miwelerden iýmegi gadagan edýär?*» diýdi. Miwelerini has gowy öwrenmek üçin, ol agaja indi täze gözler bilen seretdi. Miwe düýbünden erbet ýa-da howply däl, hatda olara seretmek gaty ýakymly diýen netijä geldi. Ol: «*Şübhesiz olardan iýip bolýar we bu bizi hakykatdanam akylly eder*» – diýen netijä geldi.

Şeýle netijeler ony kör etdi. Bir agaja ünsi jemläp, ol bol merhemeti ýatdan çykardy. Ol: «*Bu agaç bize nämedir bir gowy zat getirýär, ýöne Hudaý ony bizden gizledi. Onuň ähli miweleri biziňki bolup biler. Näme üçin Ol biziň bilen beýle etdi? Eger Ol bizi bu agaja girmegimize rugsat bermese, bizden Ol başga ýene näme gizledikä?*»

Eger siz Hudaýyň häsiýetine, bitewiligine we rehim-şepagatyna şübhelenýän bolsaňyz we özüňiziň bikanunlygyňyza ynanýan bolsaňyz, Onuň ygtyýaryna boýun bolmaga esas ýok. How enäniň

bilkastlaýynlygy Atanyň islegini bir gyra çekdi. Ol miwäni ýolup, onuň eline berdi – hiç zat bolmady. Belki, ýylan dogry aýdandyr. Soň bolsa ony dadyp gördi we dadyp görmek üçin adamsyna-da berdi.

Bu agaçdan iýenlerinden soň, birdenkä olaryň gözleri açyldy we üstlerinden utanç we gorky basýandygyny duýdylar. Olar özleriniň ýalaňaçdyklaryny gördüler we boýun egmezlik bilen ölüm ruhy geldi. Beden mundan beýläk höküm sürjek güýçli gözegçä öwrüldi. Hudaýyň sözüne şübhelenip, aldaw ýolundan ýöräp, gozgalaň hojaýynyna gapy açdylar, ol bolsa olaryň kölegeli hökümdary boldy. Mukaddes Ýazgy: «Eýsem siz özüňizi kimiň tabynlygyna tabşyrsaňyz, şonuň-da guluna öwrülýändigiňizi bilmeýäňizmi näme? Siz nämäniň guly: ölüme eltýän [Hudaýyň ygtyýarlygyna tabyn bolmaýan] günäniň *gulumy* ýa-da dogrulyga eltýän tabynlygyň guly?» diýip tassyklaýar (Rimliler 6:16). Garaňkylygyň Hökümdary diňe bir Adam atanyň we How enäniň durmuşyna girmän, eýsem bu dünýä kanuny taýdan giripdi. Resul Pawlus bu hakda şeýle ýazypdyr: «Bir ynsan, ýagny Adam ata zerarly günä dünýä aralaşdy, günä bolsa ölümiň gelmegine sebäp boldy. Ynsanlaryň ählisi günäli bolany üçin, ölüm olaryň üstünden höküm sürüp başlady» (Rimliler 5:12).

Olaryň turzan gozgalaňyndan ozal gahar, ýigrenç, bagyşlamazlyk, dawa-jenjel, gybat, ýok etmek, aldaw, gaýgy-gussa, talaňçylyk ýokdy. Şeýle hem jynsy azgynçylyklar, neşekeşlik, spirtli içgiler, adam öldürmek ýa-da ogurlyk ýokdy. Aýallara ýa-da çagalara zulum edilmeýärdi. Kesel, ölüm, garyplyk – beýle düşünjeler ýokdy. Adam tebigy betbagtçylyklary, bela-beterleri ýa-da epidemiýalary hiç wagt görmedi. Haýwanat dünýäsi doly sazlaşykda ýaşady. Ýeriň atmosferasy parahatlykda we asudalykda boldy, sebäbi ähli ýaradylyşa Hudaý höküm sürdi.

Boýun egmezlik adamyň özüni alyp barşyna täsir eden we tutuş adamzada ýaýran elhenç gylyk-häsiýet meselelerini getirdi. Olaryň sanawy ösýär we nesilden-nesle has ýigrenji bolup barýar. Adam

ata we How ene Hudaýa boýun egmediler we olaryň hereketi zalymlygyň gizlin güýjüniň başlangyjy boldy. Bu güýçden dörän aldaw sebäpli, adam Gökdäki goldawyny we goragyny ýitirdi. Şeýtanyň ýykylmagyny gaýtalaýan gozgalaň, onuň güýjüne we weýran bolmagyna giň gapy açdy. Ol Hudaýa tabyn bolman, gaýtam edil Beýik Hudaý ýaly bolmak üçin ýüz göterim pursatdan peýdalandy. Ol Hudaýyň ýaradanlaryny boýun egdirip, öz tagtyna çykdy (Işaýa 14:12-14).

## ÝAZGY ÖŇKÜSI ÝALY ÜÝTGEMÄN GALÝAR

Şeýtanyň taktikasy şondan bäri az üýtgedi. Ol henizem Hudaýyň häsiýetini ýoýup, bizi Onuň ygtyýarlygyna garşy çykarmak isleýär. Muny Ýakubyň hatynda aýdyň görýäris: «Eziz doganlar, aldanmaň! Her bir oňat we kämil peşgeş ýokardan, gökdäki yşyklaryň Atasyndan gelýändir. Ol hiç haçan üýtgeýän däldir, Onda üýtgemekligiň ýokundysy hem ýokdur» (1:16, 17).

Bu setirleriň awtory, biz, mesihileriň How enäniň garşy durup bilmedik kanunsyzlygynyň gizlin güýjüne boýun egmezligimizi üpjün etmek isledi. Ol resul Pawlus ýaly, biziň özümizi goramalydygyny duýdurdy. Biz onuň sözlerine aýratyn üns bermelidiris we ýüregimizde ornaşdyrmalydyrys; Hudaýyň isleginiň daşyndaky hakykat hiç hili gowulygy öz içine almaýar. Onuň gowy we ýakymly bolup görünmegi mümkin, ýöne ol ýerde Hudaýyň islegi bolmasa, ýalňyşmaň, ol ýerde biziň üçin peýdasy ýok.

Ýakup muny birnäçe gezek gaýtalady: eger sen Hudaýyň üpjünçiliginiň daşynda gowy zadyň bardygyna ynanýan bolsaň, How enäniň aldanyşy ýaly aldanarsyň. Ara alyp maslahatlaşan zatlarymyz hakda ünsli pikirleniň. Bir zadyň nähili gowy görünýändigi ýa-da nähili gowy duýulmagy möhüm däl; ol sizi näçe baý, abadan we paýhasly edip bilse-de, Hudaýdan bolmasa, ahyrsoňy ol sizi uly hasrata, gam-gussa we ahyrsoňy ölüme alyp barar. Hudaýyň

üpjünçiligi we goragy aldaw bilen bes ediler. Gowy we kämil sowgatlaryň hemmesi Hudaýdan gelýär; Ol biziň Çeşmämizdir. Bu hakykaty kabul ediň we ýüregiňize ýerleşdiriň, şonda sizi özüne çekiji teklipler azdyrmaz. Eger How ene muny eden bolsady, bir sekuntlyk hem Hudaýa şübhelenmezdi. Ol öz isleglериniň ýerine ýetirilmegini Hudaýyň üpjünçiliginden daşarda gözledi.

Nädogry esaslardan ugur almak bilen, näçe adamlar öýlenýär we durmuşa çykýar! Mümkin, Hudaý olara ene-atalary ýa-da ruhy çopanlary arkaly duýduryş berendir ýa-da olaryň ýüreklerine gönümel gepländir, ýöne bu duýduryşlardan olar öz pikirlerini saýladylar. Belki, olar ýalňyzdy we olara aragatnaşyk ýetmezçilik edýärdi. Belki-de, olaryň saýlan oglany ýa-da saýlan gyzy daşky keşbi boýunça özüne çekiji görnüşe eýedir ýa-da olary zerur kömekçi hasaplandyrlar. Olaryň köpüsi Hudaýyň islegine däl-de, öz islegine boýun bolmaklygy saýladylar we köplenç uly hasrat çekdiler.

Elbetde, Hudaý bize erbet kararlarymyzyň netijelerinden dyndarmagy başarýar. Dawudyň Batşeba bilen durmuş gurmakdaky günäsi bagyşlandy we soňra olaryň Süleýman atly bir ogly boldy. Muňa garamazdan, Dawut boýun egmezligi sebäpli barybir köp görgiler görmeli boldy: onuň öýünden gylyç hiç haçan çykmady. Ol heniz örän ýaş we diýseň güýçli üç ogluny ýitirdi. Haçanda biz tabynlygy saýlanymyzda, munda has gowy bolýar.

Şonuň üçin adamlar köplenç Hudaýyň ýerleşdiren ýerinden – işden, ýygnakdan, şäherden gidýärler, sebäbi olar öz üstlerinden goýlan ýolbaşçylar bilen ylalaşmaýarlar. Belki, olaryň durmuşy durgunlyk ýagdaýynda we häzirki wagtda nirede bolsa, geljegi ýok ýaly görünýändir. Tizara amatly pursat döreýär we Mukaddes Ruhdan tassyklama bolmasa-da, olar ýerlerini terk edýärler. Köplenç olaryň gitmegi, Hudaýyň çagyran mukaddesligi bilen ylalaşmagy aňladýar. Bu adamlar şeýle pikir edýärler: «*Men bu deşikde uzak boldum; bir zat etmek gerek».* Netijede, olar özlerine gowy görünýän maksatlaryna ýetmek bilen, Hudaýyň islegine garşy

çykýan derejä ýetýärler. Käwagt hatda özleri üçin baýlyk gazanmagy başarýarlar, ýöne şol bir wagtyň özünde ýürekleri Reb bilen ýakyn we hyjuwly gatnaşykdan daşlaşýar.

Ençeme adamlar Hudaýyň islegine boýun egmeýärler! Olar ýakymly we peýdaly hasaplaýan zatlaryna eýerýärler. Hudaýyň Sözüniň daşynda üstünlik gazanmagyň ýollaryny tapýarlar. Bu maksatlara ýetmegi dowam etdirýärler we lezzet, bagt edinýärler we tolgundyryjy pursatlary başdan geçirýärler - ýöne bularyň hemmesi wagtlaýyn. Hudaýyň «ýok» diýýän ýerinde olar «gowulyk» tapýarlar. Olar Hudaýyň özlerinden ajaýyp bir zady saklaýandyr öýdüp gorkýarlar! Olar Hudaý özleriniň zerurlyklaryna düşünmeýändir ýa-da isleglerine üns bermeýändir öýdüp pikir edýärler. Doga-dileglere öz wagtynda jogap berilmese, olar Hudaýy ygtybarsyz hasaplaýarlar. Olar şeýle pikir edýärler: «Näme üçin garaşmaly? Men edil şu wagt ýakymly we peýdaly bir zat aljak!»

## ISA HAKDA PIKIR ET

Isa hakda pikir et. Ol kyrk günläp çölde suwsyz, iýmitsiz we birahatlykda boldy. Açlyga çydar ýaly bolmansoň, Onuň garny agyrydan gysyp başlady. Eger Ol iň ýakyn wagtda iýmit iýmese ýa-da iň bolmanda bir owurt suw içmese, Ol öler. Ýöne haýsy birinji boldy – üpjünçilik ýa-da synag?

Şol pursatda, şeýtan öz soraglary bilen Oňa ýüzlendi: «Eger Sen Hudaýyň Ogly bolsaň, onda şu daşlaryň çörege öwrülmegini buýur» (Matta 4:3). Duşman Hudaýyň ýaňy-ýakynda aýdyň aýdanlaryny ýene sorag astyna aldy. Iordan derýasynyň kenarynda, Ata Hudaý Isany Öz Ogly diýip aç-açan yglan etdi. Şeýtan ýene-de Hudaýyň häsiýetini ýoýmaga synanyşdy: «Eger Sen Hudaýyň Ogly bolsaň, näme üçin Ol Seni açlyk çekmek üçin bu ýere getirdi? Näme üçin Ol seni üpjün etmeýär? Belki, Özüňe ideg etmegiň wagty gelendir. Tizara iýmit iýmeseň Sen ölersiň, ýa-da bu giç bolar we Sende

elhenç keseller dörär. Öz ygtyýarlygyňy Özüňe hyzmat etmek üçin ulan. Bu daşlary çörege öwür».

Isa oňa garşy çykdy we Hudaýyň üpjünçiligine garaşdy. Ol duşmanyň aňynda Hudaýyň häsiýetini bozmagyna ýol berip bilmedi. Ol Atanyň Özüniň ähli zerurlyklaryny üpjün etjekdigini bilýärdi. Şol pursatda näçe kyn bolsa-da, Ol Hudaýyň ygtyýaryna tabyn boldy.

Ol ähli zady Öz eline alyp, synaga garşy durandan soň, «iblis Isany taşlap gitdi. Perişdeler gelip, Isa hyzmat etdiler» (Matta 4:11). Näme üçin? Ýewreýlere hatyň ýazyjysy Mesih hakda şeýle diýdi: «Mesih bu dünýäde ýaşan wagtynda gözýaş döküp, Özüni ölümden halas etmegi başarýan Hudaýa doga-dilegler hem ýalbaryşlar bilen perýat etdi. Ol Hudaýdan heder edendigi üçin, Onuň haýyşy hasyl boldy. Ol Ogul hem bolsa, görgi görüp, tabyn bolmaklygy öwrendi» (Ýewreýler 5:7, 8).

Onuň Hudaýdan gorkýandygy üçin Hudaý Ony eşitdi. Isa Atanyň ýagşylygyna hiç wagt şübhelenmedi. Hiç kimiň görmedik uly synaglaryna we ajy hasratlaryna Onuň duçar bolandygyna garamazdan, agyr synaglary başdan geçirse-de, Ol tabynlygy saýlady.

Adam atadan we How eneden tapawutlylykda Isa Atasyna tabyn bolup, Oňa doly boýun boldy. Bu duşmanyň Onuň durmuşyna bolan ähli çemeleşmelerini petikledi. Ol muňa şaýatlyk etdi: «Maňa indi siziň bilen gepleşere köp wagt galmady, sebäbi bu dünýäniň hökümdary şeýtan gelýär. Onuň Men babatda hiç hili ygtyýary ýokdur. Emma dünýä Meniň Atany söýýändigimi, Atanyň Özüme näme buýran bolsa, şony berjaý edýändigimi bilmelidir» (Ýohanna 14:30, 31).

Adam atadan tapawutlylykda, Isa soňky Adam, Atasyna kämillik bilen boýun egdi we şeýtanyň Onda hiç hili paýynyň ýokdugyna Ol güwä geçmäge haklydy. Hut şonuň üçin hem, bize: «Men Hudaýa sygynyp ýaşaýaryn» diýýän adam Isa Mesihiň ýaşaýşy ýaly ýaşamalydyr diýip ýalbarýarlar (1 Ýohanna 2:6). Ol biziň göreldämiz we Öňdebaryjymyz. Biziň üçin bahany tölän Oldur we

Ol biziň ýolumyzy ýagtyltdy. Indi birinji Adamyň we onuň günäsiniň ýolundan ýöremeli däl, ýöne biz soňky Adamyň tabynlyk ýolundan ýöremäge çagyrylandyrys we bize ygtyýarlyk berlendir.

Mukaddes Ýazgy uly höwes bilen şeýle yglan edýär:

> Bizi şeýle köp şaýatlaryň gurşaýandygy üçin, päsgelçilik döredýän her hili ýüki we boýnumyzdan ýapyşan günäleri taşlalyň-da, öňümizde duran ýaryşda sabyrlylyk bilen ylgalyň. Geliň, gözümizi imanymyzyň gözbaşy we kämilleşdirijisi Isa dikeliň. Ol geljekdäki şatlyga gowuşmak üçin, masgaraçylygy hiç saýyp, haçdaky ölüme döz geldi we Hudaýyň tagtynyň sagynda oturdy. Siz aryp, ruhdan düşmez ýaly, Isa hakda pikir ediň. Ol günäliler tarapyndan köp ezýet çekip, hemmesine çydady (Ýewreýler 12:1-3).

Bu hemmesinden netije çykarýar. Birinji Adamyň eden günäsinden sapak alyň we soňky Adamyň tabynlygyna yhlas bilen eýeriň.

Indiki bapda biz boýun bolmazlygyň netijelerine serederis. Olar hemişe derrew aýdyň bolmaýar, ýöne olar gutulgysyzdyr. Boýun bolmazlyk siziň üçin äşgär bolan badyna, ony hiç wagt durmuşyňyzda kabul etjek bolmaň.

5-NJI BAP

# BOÝUN BOLMAZLYGYŇ NETIJELERI (1-NJI BÖLÜM)

*Iman we boýun bolmak aýrylmazdyr,*
*sebäbi boýun bolmak – bu hakyky imanyň*
*subutnamasydyr.*

Boýun bolmazlygy derrew tanap bolmasa-da, köp erbet netijelere sebäp bolýar, ýöne topraga ekilen tohumlar ýaly, olar elbetde ýüze çykýar. Kalbymyzyň duşmany bu bilimleri bizden gizlemäge synanyşýar, ol biziň boýun bolmaklyga ýeňil seretmegimize we şeýlelik bilen onuň azdyryjy usullarynyň aňsat pidasy bolmagymyza umyt edýär.

Käbir adamlar özleriniň boýun egmezliklerinden gelýän ähli netijeleriň, ahyrsoňunda özleriniň ýeten üstünlikleri bilen öwezini doly hakyky ödeýäris diýip pikir edýärler. Men şeýle ýalan we ölüm howply pikiriň näderejede giň ýaýrandygyna haýran galýaryn. Bu bikanunlygyň gizlin güýjüniň syrydyr. Indiki üç bap siziň ýüregiňiziň hiç haçan boýun bolmazlyga yrylmazlyk kararyňyzy güýçlendirer diýip, çyn ýürekden umyt edýärin we dileg edýärin.

# ADAM ATANYŇ OGULLARY

Adam atanyň ilkinji ogly Kabyldan başlalyň. Kabyl ekerançylyk bilen meşgullandy. Adam atanyň ikinji ogly Habyl çopandy. Mukaddes Ýazgyda birnäçe wagtdan soň Kabylyň topragyň miwesinden Rebbe sadaka getirendigi we Habyl hem öz sürüsiniň ilkinji doglanlarynyň semizlerinden Rebbe sadaka getirendigi aýdylýar. Soňra biz şuny görýäris: «Reb Habyly we onuň sadakasyny kabul etdi. Emma Reb Kabyly we onuň sadakasyny kabul etmedi» (Gelip çykyş 4:4, 5).

Ýeri gelende aýtsak, bu aýat ýygnaklarymyzda köplenç duş gelýän umumy ynamy ret edýär: «Hudaý seni bolşuň ýaly kabul eder». Bu dogry däl. Elbetde, *eger biz toba etsek,* Hudaý bizi kabul eder! Emma bu tassyklamany Hanany we Sapfira üçin ulanmaga synanyşyň. Bu ýerde bir zat gabat gelmeýär, sebäbi olar öldiler (Resullaryň işleri 5:1-11-e seret).

Hudaý Kabylyň sadakasyny kabul etmedi; mundan başga-da, Ol Kabylyň özüni hem kabul etmedi! Onuň Kabyly kabul etmändigi, geljekki ykbalynyň baky ret ediljekdigini aňlatmaýar, ýöne bizi şertsiz kabul edýän Hudaý hakda häzirki zaman taglymatymyz henizem nädogry bolup çykýar. Aslynda bu howply, sebäbi Hudaýdan gorkmagy biziň ýüregimizden gysyp çykarýar. Rebden gorkmak bizi goraýar we günäden gaçmaga iterýär (Müsürden çykyş 20:20). Hanany we Sapfira ölenden soň, Mukaddes Kitapda «tutuş ýygnagy uly gorky gurşap aldy» diýilýär (Resullaryň işleri 5:11). Boýun egmezlik indi tötänlik däldi!

Men Adam atanyň iki oglunyň hekaýasyny has düşnükli etmek üçin biraz döwrebaplaşdyrmak isleýärin. Onuň ogullary hemmeleriň Rebbe bil baglaýan öýünde ulaldylar. Ikisi-de öz içindäki durmuşyny alamatlandyrýan Hudaýa sowgat getirdiler. Mukaddes Kitap bize bedenimizi diri gurbanlyk hökmünde hödürlemegi aýdýar (Rimliler 12:1). Hudaýa gurban bermek – bu biziň Oňa hyzmat

etmegimizdir. Şonuň üçin biz Habyl Hudaýa hyzmat etdi, emma onuň dogany Kabyl hyzmat etmedi diýip aýtmaýarys. Kabyl ýygnaga gitmezlik üçin dürli sport oýunlaryna, striptiz klublaryna ýa-da barlara aýlanmady. Kabyly Hudaý hakda hiç zat bilmek islemeýän adam bilen garyşdyrmaň. Bularyň ikisini-de Hudaý bilen janly aragatnaşykda bolan imanlylar diýip atlandyryp bolar.

Ikisi-de köp işlediler we Rebbe sadaka getirdiler. Kabylyň Habyldan has köp işländigini çaklamak bolar. Men oba hojalygy we maldarçylyk pudagynda ökde hünärmen däl, ýöne maldarçylygyň aňsat iş däldigini bilýärin, ýöne ekerançylyk hem köp zähmet talap edýär. Mallary ösdürip ýetişdireniňizde, irden we günortan borçlaryňyzy ýerine ýetirmeli, günüň iň yssy wagtynda bolsa, kölegede dynç alyp, sowuk bir zat içip bilersiňiz.

Ekerançylyk has köp zähmet talap edýän iş. Hudaý tarapyndan näletlenen Kabylyň sadakasy toprakdan gara derini döküp gazanylandy (Gelip çykyş kitaby 3:17-19). Kabyl topragy daşlardan, çöp-çalamlardan we hapalardan arassalady. Soň bolsa ony sürüp, ösdürip ýetişdirdi. Ekin ekdi, suwardy, dökünledi we nahallary gorady. Ol ýalkanyşa eýe bolmak üçin gaty köp tagalla etmeli boldy.

## NÄME ÜÇIN HUDAÝ KABYLY KABUL ETMEDI?

Soňra biz bu soragy bermeli: «Näme üçin Hudaý Kabylyň sowgadyny, ony gazanmak üçin has köp zähmet siňdirmelidigini bilse-de, kabul etmedi?» Jogabyny biz onuň ene-atasyndan tapyp bileris. Hudaýyň bagda ýaradan zatlarynyň hemmesiniň örtügi bardy. Haýwanlaryň derisi, balyklaryň teňňesi, guşlaryň perleri bardy. Polýar aýysyny hiç ýerde jinside görmersiňiz, oňa goşmaça örtük gerek däl.

Adam ata we How ene hem kadadan çykma däldiler. Olarda fiziki örtük ýa-da eşik ýokdy, ýöne olara şöhrat «jygasy» geýdirildi (Zebur 8:6). Bu ýerde *jyga geýdirilen* diýen söz «gurşalan» manysyny

berýär. Olar onuň bilen örtüldi. Hudaýýň olara beren şöhraty hemme zady öz içine alýardy we bedenleriniň ýalaňaçlygyny olaryň gözlerinde gizledi. Mukaddes Ýazgy: «Adam-da, onuň aýaly-da ýalaňaçdylar, olar heniz utanmany bilmeýärdiler» diýýär (Gelip çykyş 2:25). Olaryň durmuşynda utanmaklyk ýokdy, üstesine-de olaryň durmuşy bütinleý Rebbiň huzurynda geçýärdi. Olarda geýim hakda pikir hatda ýüze çykmady, sebäbi olara onuň zerurlygy ýokdy.

Adam ata we How ene Hudaýa boýun egmedik pursatynda hemme zat üýtgedi. Ondan öň olaryň durmuşynda ruhy taýdan ýaşamaklyk agdyklyk edýärdi, indi ten esasy orny eýeledi. Olar agajyň miwesinden iýenlerinden soň, Mukaddes Kitapda ýazylan ilkinji sözler şular boldy: «Olaryň gözleri açyldy we özleriniň ýalaňaçdyklaryny bildiler» (Gelip çykyş 3:7). Bu ýerde esasy sözler «*olar bildiler*» bolup durýar. Olar öň özlerinde bolmadyk bilimi gazandylar.

Ýagşylygy we ýamanlygy bilmek ýörelgesi, seniň dogry bilen nädogryny tapawutlandyryp ýaşamagyňdan ybarat. Günä gazanylmazdan öň olaryň hereketleri nämäniň ýagşydygyny we nämäniň ýamandygyny ýa-da nämäniň dogrydygyny we nämäniň nädogrydygyny tanamak bilen däl-de, eýsem Hudaýy tanamak bilen ýerine ýetirildi. Olara ynamdan we söýgüden dörän boýun bolmak itergi berdi. Dogry bilen ýalňyş olaryň aňynda däl-de, eýsem Hudaýyň elindedi.

> Ol Gaýadyr, işleri kämildir, bütin ýollary hakdyr. Wadasynda durýan Hudaýdyr. Dogry hem adyldyr. (Kanun taglymaty 32:4).

Adam ata we How ene Oňa doly düşünmek bilen Hudaýyň huzurynda ýaşadylar. Ýagşyny-ýamany saýgaryş daragtynyň miwesini iýenlerinden soň, olar Hudaýyň daşynda bolan ýagşylyk we ýamanlyk hakda bilim çeşmesini tapdylar. Muny pikirlenmek ýörelgesi diýip atlandyryp bolar. Olara indi Rebbiň goragy gerek däldi; olar öz içindäki ýagşyny we ýamany duýmak ukybyna eýe

bolupdylar. Şonuň üçin Hudaýyň ilkinji soran zady: «Muny saňa kim aýtdy?» (Gelip çykyş 3:11).

Hudaý sorag berende, hiç hili maglumat aljak bolmaýar. Ol sizi gepleşmäge çagyrýar. Reb Adam atanyň we How enäniň agajyň miwesinden iýendiklerini we özleriniň paýhasyna bil baglap gepleýändiklerini eýýäm bilýärdi. Olar tabyn bolmaklygy garşy çykmaklyk bilen çalyşdylar. Aslynda Ol: «Şeýlelikde, siz indi Menden başga ýagşyny we ýamany saýgaryş çeşmesini tapdyňyz. Siz ýagşyny-ýamany saýgaryş daragtynyň miwesinden iýen bolsaňyz gerek» diýdi.

Bitabynlyk edenlerinden soň, olar derrew ýalaňaçlygyny injir ýapraklary ýa-da ýeriň miweleri bilen ýapdylar. Hatda özlerini ýapanlaryndan soňam ýalaňaçdyklaryny duýdular we gizlendiler. Soňra Hudaý: «Ýalaňaçdygyňy saňa kim aýtdy?» diýip sorady. (Gelip çykyş 3:11). Täze dogry we ýalňyş duýgusy sebäpli, olar öz gözlerinde dogry zady etmäge synanyşdylar, şonda-da ýalaňaçlyk duýgusy olary terk etmedi. Täze örtük Hudaýyňky ýaly däldi. Hudaý Adam atany we How enäni ýeriň miwelerinden taýýarlanan egin-eşik bilen däl-de, bigünä haýwany öldürip, olaryň derileri arkaly örtmek bilen ýalaňaçlygyň örtügini görkezdi. Bu Rebbiň kararydy.

Adam ata we How ene şu wagta çenli Hudaýyň näme gözleýändigini bilmeýärdiler, ýöne Kabyl bilen Habylyň eýýäm şeýle bilimi bardy. Ene-atalary olara Hudaýa dogry sadaka bermegi öwretdiler. Şonuň üçin Kabyl ýeriň miwelerini sadaka getirende, beýle sadaka ýene nädogry boldy. Ol öz bilşiçe, Hudaýa hyzmat etdi! Ol dogany Habyl ýaly çagalaryň boýun bolmagynyň arassalygyna tarap däl-de, dogry we nädogry baradaky ten pikirlerine esaslanyp dolandyrylýan nälete tarap çekildi.

## SEN OLARYŇ ÜSTÜNDEN HÖKÜMDARLYK SÜR

Mukaddes Ýazgy şeýle diýýär: «Habyl iman arkaly Hudaýa Kabyldan has gowy sadaka hödürledi. Hudaý Habylyň sadakasyndan

hoşal bolup, ony imany arkaly dogruçyl adam saýdy. Habyl ölen hem bolsa, iman arkaly häzirem gepleýär» (Ýewreýler 11:4). Täze Ähtiň awtory iman bilen tabynlygyň arasynda deňlik belgini goýdy. Indiki bapda biz hakyky imanyň boýun bolmaklyk bilen deňdigini göreris, sözümizi has ulaldyp aýtmasak – ol oňa has köp esaslanýandyr. Hakyky iman dogry we ýalňyş duýgusyndan däl-de, boýun bolmakdan gelýär.

Kabyl öz tagallalarynyň we sadakasynyň Hudaýa ýaramandygyna göz ýetiren badyna, «Kabylyň muňa gaty gahary gelip[1], ýüzüni sallady» (Gelip çykyş 4:5). Bu dindar adamyň hakykat bilen ýüzbe-ýüz bolanda, nusgawy reaksiýasydyr. Ol gaharlanyp başlaýar. Muny biz Mukaddes Ýazgylaryň hemmesinde tassyklaýarys. Bu gahar namys bilen güýçlenýär we namys bolsa Hudaýyň islegini ýa-da Onuň ýollaryny ret edýär we öz islegini saýlaýar.

Hudaý Öz merhemeti bilen Kabylyň gözüni açmaga synanyşdy: «Näme üçin gaharlanýaň? Näme ýüzüňi sallaýarsyň? Eger sen dogry iş etseň, kabul edilmezmiň näme?» (Gelip çykyş 4:6, 7). Hudaýa ýagşylyk etmek – Oňa boýun bolmakdyr. Ol sadaka bermekden has köp boýun bolmaklygy isleýär. Öz halkyna aýdymlaryndan we gurallaryndan ýüz öwürmegi we sadaka bermegi bes etmegi buýurdy. Näme üçin? «Sebäbi Men çagyranymda, hiç kim jogap bermedi, geplänimde, diňlemediler» (Işaýa 66:4). Olar sadaka berdiler, ýöne Oňa gulak asmadylar ýa-da Onuň buýruklaryny ýerine ýetirmediler. Ybadat etmegiň iň ýokary görnüşi – boýun bolmakdyr.

Muny bilmek bilen, biz Gelip çykyş kitabynda (4:5) «*ýagşylyk etmek*» sözüni aýadyň manysyny üýtgetmän «*Maňa boýun bol*» sözleri bilen çalşyp bileris. Soňra bu aýat şeýle eşidilýär: «Kabyl, näme üçin gaharlanýarsyň? Gerek däl. Düşün: eger sen doganyň ýaly Maňa boýun bolsaň, Habyl ýaly seni we sadakaňy kabul ederin».

Reb duýduryş berdi: «Eger sen nädogry iş etseň, günä bosagada

---

1 Iňlis dilindäki Mukaddes Kitapda (NIV) bu söz gaharlandy diýen manyda ulanylýar. — *Terjimeçiniň belligi*

peýläp ýatandyr; günäniň seniň üstüňden höküm süresi geler. Ýöne sen günäniň üstünden agalyk etmelisiň!» (Gelip çykyş 4:7). Iki jikme-jiklige üns beriň. Birinjisi: günäniň (boýun bolmazlygyň) islegi bar. Bikanunlygyň atasy şeýtan – boýun egmezligiň arkasynda durýan güýçdir. Bir gün bu güýç Adam ata sebäpli biziň durmuşymyza girmäge mümkinçilik aldy. Onuň bir maksady bardy – hemme zady we hemme kişini dolandyrmak. Muny atmosfera köp mukdarda radioaktiw gaz çykaran mekir alym bilen deňeşdirip bolar. Indi bolsa alymyň özi köp kilometrlikde daşda bolsa-da, hemme ýere aralaşýar. Ol güýçli öldüriji kuwwatlygy çykardy. Diňe ýörite gorag eşiklerini geýýänler howpsuz bolup bilýärler. Mukaddes Ýazgy aýdyň aýdýar: «Biz özümiziň Hudaýdandygymyzy, bütin dünýäniň bolsa şeýtanyň golastyndadygyny bilýäris» (1 Ýohanna 5:19).

Günä etmek islegini bütindünýä agyrlyk kanuny bilen deňeşdirip bolar. Ol hemme ýerde bar we hemme zada täsir edýän hemişelik güýç. Binanyň üçeginden aşak gaçsaňyz, bu kanuny özüňiz başdan geçirersiňiz we ýere gaçarsyňyz. Çaknyşyk gaty agyryly bolýar. Siziň ýykylmak islemezligiňiz ýa-da dartyş güýjüniň bardygyny asla bilmezligiňiz ýa-da oňa ynanmazlygyňyz mümkin, muňa garamazdan, siz barybir anyk ýere gaçýarsyňyz.

Alymlar başga bir kanuny - aerodinamikanyň kanunyny tapdylar. Dartyş güýjüni käbir şertleri we ýörelgeleri berjaý edip ýeňip bolýandygyny anykladylar. Bu ýörelgelere esaslanyp, oýlap tapyjylar uçar ýasadylar. Siz uçarda uçanyňyzda, ählumumy agyrlyk güýjüniň hereketini duýmaýarsyňyz, sebäbi uçary ýere çekýän dartyş güýji, uçaryň ganatlarynyň göteriji güýji bilen deňagramlaşdyrylýar. Mukaddes Ýazgy bize: «Sebäbi ýaşaýyş berýän Mukaddes Ruh meni Isa Mesih arkaly günäniň we ölümiň ygtyýaryndan azat etdi» diýýär (Rimliler 8:2). Bu ajaýyp habar!

Men köplenç uçarlarda uçmaly bolýaryn. Diňe geçen ýyl men bütin dünýäde Hoş Habary wagyz etmek üçin howada

takmynan iki ýüz müň kilometr ýol geçmeli boldum. Uçara münenimde, aerodinamikanyň kanuny meni agyrlyk kanunyndan azat edýändigine begenýärin. Şeýle-de bolsa, uçarman birden hereketlendirijileri öçürmek kararyna gelse ýa-da birden ganatlary gaçsa, uçar agyrlyk güýjüniň doly güýjüni başdan geçirer we betbagtçylyk gutulgysyzdyr. Mundan beýläk biz agyrlyk güýjüniň kanunynyň artykmaçlygyndan lezzet alyp bilmeris, ýöne şunuň ýaly üstünlikli ýeňen zadymyzyň güýji astynda durarys.

Mundan başga-da, Mukaddes Ýazgy şol bir pikiri dowam etdirýär: «Şoňa görä-de, eý, doganlar, biz indi ynsan höwesleriniň talaplaryna görä ýaşamaga borçly däldiris. Eger siz ynsan höwesleriniň talaplaryna görä ýaşasaňyz, ölersiňiz» (Rimliler 8:12, 13). Ýaşaýyş Ruhunyň kanuny bizi günäniň kanunyndan azat etse-de, bu günä kanuny üýtgemän galýar. Biziň goragymyz ýa-da oňa agalyk etmegimiz, hakyky imandan we boýun bolmakdan gelýär.

Ýaşaýyş Ruhunyň kanunynyň başga bir ady bar – «iman kanuny» (Rimliler 3:27). Biz iman kanunynyň günäniň kanunyndan ýokarydygyny bilýäris. Hakyky iman degişli tabynlyk işleri etmek hökmünde suratlandyrylýar (Ýakup 2:19-23). Iman we boýun bolmak aýrylmazdyr, sebäbi boýun bolmak hakyky imanyň subutnamasydyr.

Habyl imana ýa-da Rebbe boýun bolmak arkaly günäniň we ölümiň kanunlaryndan ýokarydy. Hudaý Kabyla ýüzlenmek bilen, şeýle duýduryş berdi: «Seni günäli isleg dolandyrýar (dartyş güýjüniň ähli zada täsir edişi ýaly); eger sen Maňa boýun bolsaň, olaryň üstünden höküm sürersiň (edil götermek kanuny dartyş güýjüni ýeňip geçişi ýaly)». Günäni boýun bolmak arkaly ýeňip bolýar.

## AÇYK YGTYÝAR

Hudaýyň Kabyla aýdan ikinji zady: «Eger sen nädogry iş etseň, günä gapynyň bosagasynda peýläp ýatandyr» (Gelip çykyş 4:7).

Onuň *gapy* sözüni ulanandygyna üns beriň. Her bir adamyň durmuşynda belli bir göçme gapy bar; bu hakda bilseňizem, bilmeseňizem, ol bar. Gapy durmuşyňyza girmegi alamatlandyrýar. Bu ýagdaýda ol günäniň we iblisiň güýji üçin elýeterlidir. Hudaý ilkibaşdan günäniň we iblisiň täsiri üçin ony *näme* açýandygyny we *näme* ýapýandygyny bize aýdýar. Diňlemezlik ony açýar we şoňa görä-de boýun bolmak ony berk ýapýar.

Kabyl bilen näme boldy? Ol öz pähim-paýhasynda we pikirlenişinde berk durdy. Göriplik onuň ýüregine girdi, onuň yzy bilen öýke-kine girdi. Soň ýigrenç geldi. Adam öldürmek meýilnamasy dünýä indi we birneme wagt geçenden soň, Kabyl doganyny öldürdi. Ol duşmançylyk ýoluny tutdy we Hudaýdan gorkusyny ýitirdi. Ol öz dogany baradaky Hudaýyň soragyna batyrgaý jogap berdi: «Habarym ýok, men näme doganymyň sakçysymy?» (Gelip çykyş 4:9). Ol doganynyň nirededigini anyk bilse-de, Hudaýa ýalan sözledi.

Düşünjeli we akylly-başly islendik adam, Habylyň nirededigini Hudaýyň bilýändigine düşünýär. Ýöne öz netijelerine ýüz tutup, durmuşyna boýun bolmazlyga ýol beren her bir adam bilen näme bolýar: ol ruhy hakykat bilen gatnaşygy ýitirýär. Ol Hudaýyň keşbini özüniň çäkli derejesine düşürmäge synanyşýar we özüni Hudaý ýaly akylly, käte Ondanam akylly hasaplaýar. Munuň ýaly adamy sagdyn pikirli diýip bolmaz. Lýusifer munuň ilkinji mysalydyr; bikanunçylykdan dörän deliller, ony Hudaýy agdarmaga ukyplydygyna ynandyrdy. Bu nähili samsyklyk! Şeýle-de bolsa, ol özi bilen köpleri özüne çekmegi başardy (Işaýa 14:12-17).

Eger siz Kabyl bilen Habylyň dosty bolan bolsaňyz we bütin wakadan bihabar bolsaňyz, bulam-bujarlyga duçar bolardyňyz. Hudaýa yhlas bilen hyzmat edip başlan adam nädip beýle zalym ganhor bolup biler? Bu nädip bolup biler? Ol boýun bolmazlygy tutanýerlilik bilen dowam etdirip, günäniň kanuny üçin kalbynyň

gapysyny açdy. Siz «Oňa barmagyňyzy beriň, ol eliňizi çapar» diýen atalar sözüni bilýärsiňizmi? Onda boýun egmezlik kanuny takyk beýan edilýär. Durmuşyňyzy oňa azajyk açsaňyz, bu bentdäki çat açmaklyga meňzeýär. Ahyrynda suw möwç urup, çeşmeden agýar.

Men on sekiz ýyla golaý doly gün işlemek mertebesine eýe boldum. Ýyllaryň dowamynda bu kanunyň işleýşine birnäçe gezek şaýat boldum. Adamlaryň Hudaý üçin aýdyň joşmaga başlandyklaryny gördüm. Olar ybadathanalarynda işjeň bolup, Isa hemişe şaýatlyk edýärdiler. Olar Kabyla meňzeýärler, ol hem yhlas bilen başlapdy. Ýöne wagtyň geçmegi bilen olarda gizlenen öz islegiň ýüze çykan ýagdaýlary peýda boldy. Bu hamala edil Kabylyň wakasyndaky ýaly, Hudaýyň gönüden-göni ygtyýary ýa-da berlen ygtyýarlyk arkaly bolup geçdi. Her niçigem bolsa, bu elmydama häkimiýete bolan garaýyş bilen baglanyşyklydy.

Men bu adamlaryň häkimiýete boýun bolmakdan ýüz öwürendiklerine we muňa erjellik edýändiklerine syn etdim. Munda bikanunçylygyň diňe olaryň janyny doly ele almagyna garaşmak galypdy. Bu adam öldürmek ýaly beýan edilip bilinmez, ýöne bir zat anyk: haýsy görnüşde bolsa-da, hökman özüni görkezer. Belki, bu açgözlükde, ýigrençde, gaharda, bagyşlamazlykda, dawa-jenjelde, gybatda, jynsy günälerde ýa-da köp dürli gulçulygyň görnüşlerinde ýüze çykyp, teni eýelär. Öýke-kine we ýoldan çykma ýagdaýynda bu adamlar özlerini Hudaý bilen dogry gatnaşykda hasaplaýarlar, şol wagty beýlekiler ýaly iň soňky derejä ýetýärler ýa-da Hudaý bilen düýbünden aragatnaşygy ýitirýärler.

Kabylyň taryhyna meňzeş ýagdaýlarda adamlar Rebbiň gönüden-göni ygtyýaryna garşy çyksalar, Onuň keşbini, ygtyýaryny we güýjüni has amatly derejä düşürýärler we şeýlelik bilen barha geleňsiz bolýarlar. Olar Ony özleriniň Rebbi hökmünde ykrar edýärler, ýöne hakykatda «özleriniň» keşbinde we meňzeşliginde döredilen Isa hyzmat edýärler. Özleri aňmazdan, olar ýüreklerinde

öz pikirlerini we niýetlerini Hudaýyň tagtyndan we ygtyýaryndan ýokary galdyrdylar. Başga sözler bilen aýdanymyzda, olar ýüreklerinde hökümdarlyk edýän aldawdan kör boldular we hakyky ýagdaýlaryny görmeýärler.

Eger siz Kabyla ýaşlygynda, heniz duýgur ýüregi bolup, Hudaýa gulluk edýärkä: «Bir gün seniň doganyňy öldürjek günüň geler» diýen bolsaňyz, ol geň galardy we derrew şeýle jogap bererdi: «Bu mümkin däl. Men muny hiç haçan etmerin!» Şeýle-de bolsa, soňrak ol özüni bikanunçylyk üçin açdy we ozal pikir edip bolmajak zadyny etdi.

Ybadathana giden we gitmedik adamlaryň ählisi bir gün Rebbiň huzurynda durmaly bolarlar we günäleri üçin höküm edilerler. Ýöne olaryň durmuşyny yzarlasaň, olaryň soňunyň şeýle boljakdygyny hiç wagt göz öňüne getirip bilmersiň. Häzirem olar özlerini günä edýänler hökmünde hasaplamaýarlar, kyýamat güni hakykat aýan bolanda, olar haýran galarlar: «*Rebbiň ýollaryna boýun bolmakdan nädip men şeýle daşa azaşyp bildim?*» Jogap gaty gynandyryjy: olar söýmediler we Onuň penasynyň astynda galmagyň zerurlygy baradaky hakykaty kabul etmek islemediler.

Aldanan adamlar üçin bir umyt bar: Hudaýyň merhemeti olaryň gözlerini açyp biler, Onuň hakykatynyň nury aldawyň garaňky perdesini ýok edip biler. Meniň ýüregimiň sesi we bu kitabyň maksady – adamlary bikanunlygyň aldaw güýjünden goramak we onuň duzagyna düşenlere hakykat nuruny eçilmek we şeýlelik bilen olary azat etmek. Men bu habary bütin dünýäde wagyz edýärin we zaldaky näçe adamyň nädip boýun egmändiklerini soranymda, jogap meni haýran galdyrmaýar, adatça ýarysyndan gowragy şeýle jogap berýär. Köp adamlar: «Hakykat ýüregimi ýagtylandyrýança, men gozgalaň turuzýandyryn öýdemokdym» – diýip boýun alýarlar.

Men bu kitaby özümiň hiç haçan aldanmadyk ýa-da bikanunlygyň gizlin güýjüniň täsiri astyna düşmedik adam hökmünde ýazmaýandygymy boýun alýaryn. Ýok, men onuň

elhenç gysyşlaryna duş geldim, ýöne Hudaý Öz rehimdarlygy bilen ýüregimiň ýalňyşlyklaryny we ýollaryny açdy. Men özümiň başdan geçirenlerimi we özümi azat edip bilendigimi paýlaşýaryn. Onuň rehim-şepagaty we aladasy üçin gymmatly Rebbimize örän minnetdar!

Hudaý rehimdarlyk bilen boýun egmedik ýerlerimize gözümizi açmaga synanyşýar, ýöne Kabylyň bolşy ýaly, özümizi kiçeldýänçäk hakykaty görmeris. Indiki bapda, azatlygymyzda kiçigöwünliligiň diýseň möhüm rol oýnaýandygyny we şol bir wagtyň özünde tekepbirligiň nähili pajygaly netijelere getirjekdigini göreris.

6-NJY BAP

# BOÝUN BOLMAZLYGYŇ NETIJELERI (2-NJI BÖLÜM)

*Bölekleýin tabyn bolmak Rebbiň nazarynda asla tabyn bolmak däldir.*

Tabynlyk bilen oýun edip başlaýan adama näme bolýandygynyň aýdyň mysaly, Ysraýylyň ilkinji patyşasy Şawuldyr. Onuň taryhy pajygaly we biziň üçin, mesihiler üçin köp öwrediji sapaklary öz içine alýar. Biz Rebbiň oňa aýdan käýinç sözlerinde, düşünmegiň açarlaryny taparys. Onuň durmuşyna göz aýlamak, Hudaýyň ygtyýarlygyna doly däl boýun bolmagyň ruhy netijeleri barada has aýdyň düşünje berer. Eger biz islesek, bu düşünje bizi güýçlendirer we Şawulyň şowsuzlyklary bolsa, duýduryş bolup hyzmat eder. Biz Mukaddes Kitapda şuny görýäris: «Mukaddes Ýazgylarda ýazylanlaryň bary bize taglym öwretmek üçin ýazylandyr» (Rimliler 15:4), şeýle hem: «Bularyň bary başgalara sapak bolsun diýip, ata-babalarymyzyň başyndan indi. Bu zamanyň ahyrky günlerinde ýaşaýanlara, ýagny bize duýduryş hökmünde ýazyldy» (1 Korintoslylar 10:11).

# BÖLEKLEÝIN TABYN BOLMAK

Wakany Ysraýylyň esasy pygamberi Şamuweliň Rebbiň agzyndan eşiden buýrugy bilen Şawulyň ýanyna giden wagtyndan başlalyň. Ol Şawula aşakdaky görkezmeleri takyk ýerine ýetirmelidigini duýdurdy: «Indi, bar, amalekleri gyr, olaryň ähli emlägini bütinleý ýok et. Olary diri galdyrma. Aýal-erkeginiň, çaga-çugasynyň, mal-garadyr dowarlarynyň, düýedir eşekleriniň baryny gyr» (1 Şamuwel kitaby 15:3). Buýruk düşnükli we örän takykdy. Amalegiň eýeçiligindäki hiç zat, adam bolsun, mal bolsun, diri galmaly däldi. Dem alýan janly-jandarlaryň hemmesini ýok etmeli boldy.

Şawulyň näme jogap berendigine serediň. Ol: «Men muny etmeýärin. Bu gaty rehimsizlik!» diýdi. Biz köplenç gozgalaň düşünjesini diňe görünýän tarapa – aç-açan boýun bolmazlyga syrykdyrýarys. Şeýle-de bolsa, biz munuň hakykatdan örän daşdygyny ýakyn wagtda göreris. Ýok, Şawul ilki razy bolmady we soň pikirini üýtgetmedi. Biziň köpümiz bu boýun egmezlik bilen tanyşdyrys. Ýok, Şawul bu buýruga äsgermezlik etmedi we ony ýatdan çykarmady. Köp adamlar beýle hereketi boýun bolmak diýip atlandyryp bolmajakdygyny boýun alýarlar, ýöne muny gowy niýet bilen aklarlar. Has dogrusy, biziň köpümiz bu ýagdaýlaryň dürli boýun egmezlik görnüşlerini görkezýändigi bilen ylalaşarys, ýöne, geliň, ýene-de Şawula seredeliň.

Ol derrew goşun ýygnap, Amalege garşy hüjüm etmek üçin taýýarlandy. Hemme zat gowy görünýärdi. Ol çozuş edip, ähli erkeklere, aýallara, çagalara we bäbeklere hüjüm edip, olary öldürdi. On müňlerçe adam Şawulyň we onuň goşunynyň gylyjyndan gyryldy.

Şawul Amalek patyşanyň janyny halas etdi. Näme üçin? Belki, ol şol döwrüň däbine eýeren bolsa gerek. Bir halky ýeňip, olaryň ýolbaşçysyny diri tutsaň, ol seniň guluň bolýar, bu üýtgeşik söweş oljasy bolýar.

Şawul müňlerçe haýwany ýok etdi, ýöne goýunlaryň, öküzleriň we semiz guzularyň iň gowusyny halas etdi we gymmatly zatlaryň hemmesini halas etdi we Hudaýa ýakma gurbanlyklaryny hödürlemekleri we şeýlelik bilen «Mukaddes Ýazgylara laýyklykda» hereket etmegi üçin, olary halkyna berdi. Indi Şawulyň hereketlerine halkyň nähili jogap görkezendigini göz öňüne getiriň. Olar Ýehowa ýok edilmeli haýwanlary gurban edýärkäler: «*Bizde nähili takwa patyşa bar, ol hemişe Rebbi birinji ýerde goýýar*» diýip pikir etdiler .

Muňa garamazdan, Hudaý bularyň hemmesini başgaça görýär. Munuň tersine, Ol tukatlanyp, Şamuwele: «Şawuly patyşa edendigime ökünýärin, çünki ol Menden ýüz öwürdi, buýruklarymy ýerine ýetirmedi» diýdi (1 Şamuwel kitaby 15:11). Şawul on müňlerçe adamy ýok etdi, ýöne biriniň janyny halas etdi. Özüne berlen tabşyrygy 99,9 göterim ýerine ýetirdi. Biziň köpümiz onuň harby kampaniýasynda doly tabynlygy görerdik, ýöne Hudaý onda boýun bolmazlygy gördi. Ol Öz pygamberiniň agzy bilen Şawulyň özüni alyp barşyny gozgalaň diýip atlandyrdy. Şeýlelik bilen, biz bölekleýin boýun bolmagyň Hudaýyň nazarynda boýun bolmak däldigini görýäris. Hatda 99 göterim tabynlyk hem boýun bolmak däl, üstesine-de, bu gozgalaň hasaplanýar.

Biz bu teswiri näçe gezek eşidýäris: «Näme üçin sen meniň eden zatlarymyň hemmesine seretmeýärsiň? Bar ünsüňi diňe meniň etmedik ownuk zatlarymda jemleýärsiň!» Şawulyň hem muny aýdyp biljegi gaty ähtimal. Bu deliller adam logikasyna ters gelmese-de, Hudaýyň logikasyna ters gelýär!

Şamuwel Şawul bilen görüşmäge gitdi we ol pygambere joşgun bilen salam berdi: «Reb saňa ýar bolsun! Men Rebbiň emrini berjaý etdim» diýdi (1 Şamuwel 15:13). Onuň sesinde şatlyk we ynam bardy. Men Şawulyň muny çyn ýürekden aýdandygyna ynanýaryn. Ol özüne berlen tabşyrygy ýerine ýetirendigine hakykatdan ynanýardy, şonda-da Hudaý onuň özüniň gozgalaň edýändigini aýtdy.

Hudaýýň öten agşam aýdanlary bilen Şawulyň çyn ýürekden ynananlarynyň arasyndaky şeýle uly pikir tapawudyny biz nädip düşündirip bileris? Jogaby şu sözlerde tapyp bileris: «Hudaýýň sözüni ýöne bir diňläp goýman, eýsem, onda aýdylanlary ýerine ýetiriň, ýogsam siz özüňizi aldaýansyňyz» (Ýakup 1:22). Adam Hudaýýň Sözüne boýun egmedik pursatynda, onuň ýüregi görmäge päsgel berýän perde bilen örtülendir. Bu azmaklyk bolýar. Şawul öz delillerinde ýalňyşdy. Aslynda ol ýalňyşýandygyna garamazdan, dogry zady edýändigine ynanýardy. Onuň ynanjy, delilleriniň, adatça adamyň logikasyna ters gelmeýändigine garamazdan, Hudaýýň tebigatyna garşy geldi.

Bu ýagdaý patyşanyň durmuşynda ilkinji gezek däldi. Ondan öň Şamuwel ony boýun bolmandygy üçin paş edipdi (1 Şamuwel 13:1-13-e seret). Mukaddes Kitapda agzalmaýan başga ýagdaýlar hem bolup biler. Şawul eýýäm özünde boýun egmezlik nusgasyny ösdüripdi, haçanda şeýle bolanda hakykaty ýalňyşdan tapawutlandyrmak has kynlaşýar.

## ALDAW PERDESI

Siz täzeden doglanyňyzdan soň ilkinji gezek günä edeniňiz ýadyňyzdamy? Bu meniň ýadyma düşýär. Ýüregime pyçak urlan ýaly boldy. Biz Hudaýýň çagalary hökmünde bu duýgy bilen tanyş bolmalydyrys. Bu Mukaddes Ruhuň ýüregimizdäki ynamydyr. Ýöne biz hakyky toba etmekden ýüz öwrüp, öz hereketlerimizi aklanymyzda näme bolup geçýär? Iki zat bolup geçýär. Ilki bilen, özümizi şol bir boýun egmezlik hereketiniň gaýtalanyp biljek ýagdaýyna salýarys. Ikinjiden: ýüregimiz aldaw perdesi bilen örtülendir we şeýlelik bilen günä düşünmek duýgusy azalýar we onuň ýerini garşy çykmalarymyz tutýar.

Indiki gezek şuňa meňzeş hereket edenimizde, perde ýumşadýandygy üçin, käýinç pyçagynyň öňki ýitiligini duýmaýarys;

tersine, ýumşak rahatsyzlyga sebäp bolýan kiçi nägileligi duýýarys. Biz ýene-de özümizi aklaýarys, ýürek özüni hakykat çagyryşlaryndan goraýan täze perde bilen örtülendir. Indiki gezek günä edenimizde, wyždanymyzda azajyk «gysyş» duýulýar. Biz ýene-de özümizi aklasak, ýüregimize täze perde tutular. Biz ýene-de günä edenimizde, perde şeýle bir galyň we güýçli bolýar welin, indi hiç hili ýazgarylmaýarys – diňe aklanýarys. Aldaw hakykaty bizden gizledi, wyždanymyz bolsa, gurady.

Bu etapda adam islendik takwalykdan düýbünden daşlaşyp biler ýa-da adaty bolşy ýaly takwalygyň keşbini saklap biler, ýöne ýagşy-ýamany bilmek näleti astynda dini durmuşda ýaşap biler. Onuň dogry we nädogry duýgusy indi onuň ýüregine Mukaddes Ruhdan alnan Hudaýyň janly Sözünden däl-de, başga çeşmeden gelýär. Ol ýüreginiň aldawly görkezmelerine görä ýaşaýar. Çünki ýazylan Kanun ölüme höküm edýär (2 Korintoslylar 3:6) ýa-da jemgyýetiň dogry ýa-da nädogry hasaplaýan haty bolup biler. Her niçigem bolsa, ol diri Hudaý bilen aragatnaşykdan çykýar. Indi beýle adama ýetmegiň ýeke-täk ýoly, Reb tarapyndan iberilen pygamberdir.

## ÜÇ ETAPLY PROSES

Adamy boýun egmezlikden saklamak üçin, Reb ony belli bir prosesden geçirýär. Ilki bilen onuň wyždanyny paş etmek arkaly adama ýetmäge synanyşýar. Ýöne ol şonda-da boýun egmezligini dowam etdirýän bolsa, bu aldaw perdesi ony Hudaýyň ýüregi we görkezmeleri bilen aragatnaşyk saklamagyna päsgel berýändigini aňladýar. Bu ýagdaýda Reb Şawul bilen Şamuweliň bolşy ýaly, pygamberligi başga bir adamyň üsti bilen berýär. Pygamberlik gullugynyň asyl maksady adamlaryň gözlerini Hudaýyň ýollaryna açmakdyr. Reb islendik adamy pygamberlik wezipesine iberip biler. Adamda pygamberiň gullugynyň bolmagy hökman däldir; habary ruhy çopanyň, ene-atanyň, başlygyň, çaganyň ýa-da dostuň üsti

bilen ýetirip bolýar. Ýakup şeýle ýazypdyr: «Doganlarym, şuny ýatda saklaň: eger araňyzdan biri hakykat ýolundan azaşsa we başga biri ony ýene ýola salsa, günäkäri dogry ýola salan adam bir jany ölümden halas edip, köp günäleriniň üstüni örtýändir» (Ýakup 5:19, 20). Habaryň günä eden mesihilere gönükdirilendigine üns beriň. Şeýle hem «köp günäleriniň» diýen sözlere üns beriň. Hakykatdan daşlaşmak ýa-da azaşmak, boýun egmezligiň gaýtalanmalaryndan ýüze çykýar.

Eger biz özümize iberilen pygamberleri diňlemesek, onda Hudaý bize höküm arkaly ýetmäge synanyşar. Pawlus: «Biz ilki özümizi *synap gören* bolsadyk, onda *hököme uçramazdyk*» diýip ýazýar (1 Korintoslylar 11:31, kursiw awtor tarapyndan goşuldy). Esasy *höküm* diýen söz bu aýatda iki gezek ulanylýar. Grek dilinde bu iki dürli söz. Birinji ýagdaýda – «eger özümize *baha beren bolsak*» - *diacrino* sözi ulanylýar, bu «ähmiýetli derejeden aýrylmagy» aňladýar. (Bu içimizden zaýalanan zady gymmatly zatlardan aýyrmak üçin içimizden seredenimizde ýüze çykýar.) Bu boýun egmezlige toba etmek we ökünmek arkaly amala aşyrylýar. Ikinji ýagdaýda – «şonda olar *höküm edilmezdi*» – *krino* sözi «jeza bermek ýa-da ýazgarmak» manysynda ulanylýar. Pawlus sözüni şeýle dowam etdirýär: «Reb bizi terbiýelemek üçin höküm edýändir. Ol muny biziň dünýä bilen birlikde höküm edilmezligimiz üçin edýär» (32-nji aýat). Bu dünýä bilen jezalandyrylmazlygymyz üçin Hudaý bizi boýun egmezlikden aýyrmaga synanyşýar (Matta 7:20-23; Luka 12:45-48)

Öz-özünden şeýle sorag ýüze çykýar: Pygamberlik duýduryşyny äsgermezlik edenlerinde ýa-da ret edenlerinde, Hudaý öz halkyna nähili höküm çykarýar ýa-da jezalandyrýar? Jogap, adatça kynçylyklar, keseller we beýleki betbagtlyklar görnüşinde gelýär. Mezmurçy şeýle yglan edýär:

Ejir çekmezden öň men azaşypdym, emma indi Seniň sözüňi berjaý edýärin ... Ýa Reb, bilýärin: adyldyr Seniň hökümleriň, wepalylygyň sebäpli maňa ejir çekdirdiň (Zebur 118:67, 75).

Pawlusyň başga bir terjimesindäki sözlerine seretsek, hemme zat aýdyň bolýar: «Ine, şu sebäpden araňyzda ejizler we syrkawlar köp, ölenleriňiz hem az däldir. Biz ilki özümizi synap gören bolsadyk, onda höküme uçramazdyk» (1 Korintoslylar 11:30, 31)[2].

## JANLY MYSAL

Men Hudaýyň ilkinji iki düzediş usulyny kabul etmedikleri üçin, Hudaýyň hökümine duçar bolan adamlaryň durmuşyndaky ençeme wakalara eýýäm şaýat boldum. Munuň ajaýyp mysaly 1990-njy ýyllaryň başynda, Tehasdaky ýaşlar lagerinde wagyz edenimde bolup geçdi. Gulluk hepdesi ruhy söweş bilen başlandy – köp ýaşlar durmuşynda ýol beren günäleri sebäpli Rebbe bolan duýgurlygyny ýitirdiler. Her gullukda birnäçe oglanlar we gyzlar gelip, günälerine toba etdiler, olaryň köpüsi jyns gatnaşyklary bilen baglanyşyklydy we olar Isanyň Gany bilen täsin usulda arassalandy. Men hepdäniň bütin dowamynda şeýle güýçli toba tolkunyny görüp, soňky gullukda Hudaýyň güýjüniň partlamagyna garaşdym.

Gulluk başlanda, munuň meniň garaşyşym ýaly bolmajakdygyna düşündim. Men täzeden ýazgarmagyň we toba çagyrmagyň zerurdygyny ýene bir gezek duýdum. Wagyz etmegiň wagty gelende, mikrofony alyp, doga-dileg edip başladym. Mukaddes Ruh maňa: «*Bu zalda henizem pitneçi adam bar. Oňa öňe çykmak üçin ýene bir mümkinçilik ber*» diýdi. (Men öňki gullukda gozgalaň hakda wagyz edipdim). Men çagyryş etdim we birnäçe adam öňe geldi, ýöne ýüregimde bu adamyň ýokdugyny bilýärdim. Mukaddes Ruha duýgur bolan ýigitler we gyzlar öňe çykdylar, belki, olar başga käbir meseleleri çözmek islediler.

2 Iňlis dilinden sözme-söz terjime, NLT Mukaddes Kitap. - *Terjimeçiniň belligi*.

Mukaddes Ruh ýüregime ýene gürledi: «*Bu adama aýt, eger şu gün ol Maňa jogap bermese, onuň durmuşy höküm ediler*». Men ýüregimde eşiden zatlarymy diňleýjilere doly ýetirdim, ýene-de birnäçe ýaşlar öňe çykdylar, ýöne men olaryň arasynda onuň ýokdugyny duýdum.

Mukaddes Ruh ýene maňa: «*Bu adama aýt, eger ol Maňa jogap bermese, oňa nähili hökümiň garaşýandygyny ýetir*» diýdi. Ol bu sözleri jikme-jik içimde ýazdy: «*Bu adama, eger şu gün Meniň çagyryşyma jogap bermese, üç hepdäniň içinde awtoulag heläkçiligine uçrajakdygyny ýa-da çaknyşjakdygyny aýt*».

Titremek we gorkmak bilen men Onuň sözlerini berk gaýtaladym. Ýene birnäçe adam öňe çykdy, ýöne ýene-de olaryň arasynda onuň ýokdugyna ynanýardym. Reb maňa gulluk etmäge we öňe çykanlar üçin doga etmäge rugsat berdi. Ondan soň, garaşyşym ýaly bizde güýçli gulluk boldy. Köp ýaşlar Rebden aýanlyk aldylar, käbirleri gulluga çagyryş aldylar. Käbirleri şypa aldylar we özleriniň durmuşy üçin ugur aldylar. Bu gulluk biziň hemmämiziň uzak wagtlap, belki hemişelik ýadymyzda galar.

Birnäçe aý geçdi we bir gün ýaşlar ruhy çopany bilen telefonda gürleşýärdim. Ol maňa ýaşlar lageri barada hasabat berdi. Ine, onuň aýdan zady: «Jon, biziň ýaşlar toparymyzda kollejden bir talyp gyz bardy, ol bize beýlekilerden has köp kynçylyk çekdirdi. Ol boýun bolmak islemedi we ençeme kynçylyk getirdi. Men onuň Mukaddes Ruhuň soňky gullukda aýdan adamydygyna ýüregimiň töründe ynanýaryn. Men onuň jogap bermändigi üçin muňa gaty gynandym» diýdi. (Men bu gyz hakda hiç zat bilmeýärdim.)

Ol sözüni dowam etdirdi: «Bu gullukdan üç hepde geçenden soň, ol seniň aýdan awtoulag heläkçiligiňe uçrady. Ulag biraz uruldy». Men titräp başladym. Men onuň bilen näme bolandygyny bilesim geldi. Men Hudaýyň Ruhy arkaly gürleýändigime ynanýardym, ýöne bu adamyň bu betbagtçylyk ýüze çykmazdan ozal Onuň çagyryşyna gulak asjakdygyna umyt etdim.

Ol sözüni dowam etdirdi: «Hudaý onuň janyny diri galdyrdy! Onuň ýagdaýy agyrdy, ýöne şypa aldy. Indi ol düýbünden başga adam. Onuň durmuşy düýpgöter üýtgedi!» Meniň egnimden agyr daş aýrylan ýaly boldy, men onuň üçin begendim. Dawudyň sözlerini ýene bir gezek diňläň: «Ejir çekmezden öň men azaşypdym, emma indi Seniň sözüňi berjaý edýärin».

Indi maňa bir zat aýtmaga rugsat ediň: Bu zatlary bize ýükleýän Hudaý däl. Ol bizden gorag elini belli bir wagtlap aýyrýar we duşmanyň bize boýun bolmakdan gorajak zarbasyna ýol açýar. Mezmurçy şeýle jar edýär:

> Başymyzy ynsanlaryň aýak astyna saldyň; biz otdan geçdik, suwlardan geçdik, ahyrsoňy Sen bizi giň ýere çykardyň (Zebur 65:12).

Başga bir terjime: «Sen bizi bolçulygyň amala aşmagyna getirdiň»[3] diýýär. Ulag heläkçiligi bu gyzy pikirlenmäge mejbur etdi. Ol keselhanada toba edip, bolçulygyň çägine göçdi. Bu Hudaýyň ilkinji düzediş usuly däldi, ýöne birinjisi işlemänsoň, bu işledi. Ähli betbagtçylyklaryň beýle bagtly gutarmaýandygy gynandyrýar. Başga bir waka meniň kelläme gelýär. Gozgalaňa düşen bir ýigide meniň tanaýan gullugymyň üsti bilen duýduryş berildi. Ol diňlemedi we gysga wagtyň içinde şuňa meňzeş awtoulag heläkçiligine uçrady we şol ýerde öldi. Men başga-da köp mysallar getirip bilerdim – toba eden we ýalkanyşa eýe bolan adamlar, ahyrky netijesi bolsa, Şawul patyşanyň taryhyna meňzeýärler.

## TABYN BOLMAKLYK GURBANLYKLARYŇ GARŞYSYNA

Indi bolsa Şawula gaýdyp geleliň. Şamuwel patyşanyň aldawa düşendigini gördi we hakyky pygamber hökmünde derrew meseläniň merkezine geçdi. Ol: «Onda bu goýunlaryň mälemesidir

3 New King James wersiýasy. – *Terjimeçiniň belligi.*

öküzleriň molamasy näme?» diýip sorady. Şawul dessine oňa: «Adamlar bulary amaleklerden getirdiler. Halk semiz goýunlardyr öküzleri seniň Hudaýyň Rebbe gurbanlyk bermek üçin diri goýdular, galanlaryny bütinleý ýok edip taşladyk» diýip jogap berdi (1 Şamuwel 15:14, 15).

Şawul hakykat bilen ýüzbe-ýüz bolanda, ähli aýyplary halka ýükledi. Onuň sözleri: «Men boýun egmek isledim, ýöne adamlar meni mejbur etdiler diýen ýaly eşidildi. Toba etmedik ýüregi bolan adam boýun egmese, günäni başgalaryň üstüne atýar we şeýlelik bilen hereketleri üçin jogapkärçilikden gaça durmagy umyt edýär.

Adam Hudaýy we How enäni günäkärledi. How ene ýylany günäkärledi. Adam dogry aýtdy: Hudaý oňa bir aýal berdi, aýal oňa bu miwäni berdi. Emma hiç kim ony iýmäge mejbur etmedi. Ol öz erki bilen ondan dadyp gördi. Hawa, How ene aldandy, ýöne şonda-da Hudaýa boýun bolmazlyk karary ondan geldi.

Şawula halk däl-de, ol halka ýolbaşçylyk etdi. Ol diňe bir öz boýun egmezligi üçin däl, eýsem halkyň boýun egmezligi üçinem jogapkärdi. Ol halkyň üstünden hökümdar goýuldy we oňa olara ýolbaşçylyk etmek we öwretmek ygtyýary berildi. Ýolbaşçylar, üns bilen diňläň: jogapkärçiligiňizdäki adamlaryň durmuşyna ýol beren boýun egmezligiňiz üçin siz hasabat berersiňiz.

Ysraýylyň lideri we Şamuweliň halypasy Eliý ogullarynyň Hudaýyň buýruklaryny ýerine ýetirmeýändigini bilýärdi, ýöne olara çäre görmedi. Olara diňe ugruna «şarpyk çalan» boldy, ýöne özüne berlen güýji ulanmady we olaryň öňüni almady. Şonuň üçin Hudaý: «Onuň neslini ebedilik jezalandyrjakdygymy Men oňa aýdypdym. Çünki ol ogullarynyň Maňa dil ýetirendiklerini bilip hem, olary bu işden saklamady» diýdi (1 Şamuwel kitaby 3:13). Diňe onuň ogullary däl, Eliýiň özi-de ýazgaryldy.

Şawul goýunlaryň we öküzleriň Rebbe gurban berilmegi üçin olaryň halas edilendigini aýdyp, özüniň boýun egmezligini aklady.

Emma ol boýun egmezlik bilen Hudaýa ýaraýan gurban berip, Oňa hyzmat edip biljekdigini pikir eden bolsa, onda ol öz-özüni aldady. Bu gozgalaňyň inçe we aldawly görnüşidir.

Isa muny aýtdy: «Kim Meniň yzyma eýermek isleýän bolsa, özüni inkär etsin-de, haçyny alyp, yzyma düşsün» (Matta 16:24). Käbirleri haç alyp, görgülere, ýagny pidaly durmuşyna ünsi jemleýärler. Şeýle-de bolsa, Isanyň sözleri bilen aýdylanda, haç diňe ünsi jemlemeli zat däldir. Özüňizi doly inkär edip, Hudaýyň niýetini ýa-da islegini ýerine ýetirip bilmersiňiz! Aslynda, siz özüňizi pida etmegiň ýoluny saýlap bilersiňiz, ýöne şonda-da Hudaýa garşy gozgalaňda galyp bilersiňiz!

Isanyň aýdýan esasy zady *boýun bolmakdyr.* Tabyn bolmagyň ýeke-täk ýoly – bu haçyňy ýanyňda götermekdir. Sebäbi biz meýilnamalarymyz we isleglerimiz üçin ölmesek, ahyrynda biz Hudaýyň islegi bilen adamlaryň isleglериниň arasynda durarys. Durmuşymyzy Hudaýa tabşyrmasak, Onuň ýoluna ters gelýän isleglerimizi amala aşyrmagyň başga ýoluny taparys we Şawulyň edişi ýaly, özümizi aklamak üçin Mukaddes Ýazgylary ulanarys. Biz öz-özümizden: «Tabyn bolmazlyk Hudaýa hyzmat etmegiň bir bölegimi?» diýip soramaly. Eger şeýle bolan bolsa, onda «Mukaddes Ýazgylara görä» edýän dini işlerimiziň ýa-da berýän gurbanlyklarymyzyň şöhratyny şeýtan alardy, sebäbi ol gozgalaňyň atasy we hökümdarydyr.

Pygamber Şawulyň delillerini ret etdi:

> Soňra Şamuwel Şawula: «Besdir! Men saňa Rebbiň öten agşamky maňa diýen zadyny aýdyp berjek» diýdi. Şawul oňa: «Aýt» diýdi. Şamuwel oňa şeýle diýdi: «Özüňi ähmiýetsiz kiçi saýsaň-da, sen ysraýyl tirelериниň kethudasy dälmi eýsem? Reb seni Ysraýylyň üstünden şalyk sürmäge saýlady. Reb seni ýola salyp: «Bar, şol günälileri — amalekleri gyryp, bütinleý ýok edýänçäň, olara garşy uruş» diýipdi. Näme

> üçin sen Rebbiň sözüne gulak asmadyň? Näme üçin sen olja kowalaşyp, Rebbiň ýigrenýän işlerini etdiň?» (1 Şamuwel 15:16-19).

Şamuwel: «Özüňi ähmiýetsiz kiçi saýsaň-da, sen ysraýyl tireleriniň kethudasy dälmi eýsem? Reb seni Ysraýylyň üstünden şalyk sürmäge saýlamadymy?» diýdi. Başga sözler bilen aýdylanda: «Şawul, sen ilkinji gezek patyşa saýlananyňda kiçigöwünli, gulak asýan we mylaýymdyň» diýmekdir. Bu söhbetdeşlikden ençeme ýyl öň, Şamuwel ilkinji gezek Şawula özüniň patyşa boljakdygyny aýdanda, Şawul ynamsyzlyk bilen şeýle jogap berdi: «Men Ysraýylyň iň kiçi tiresi bolan benýamin tiresinden ahyryn, meniň maşgalamam tirämizde göze görünýän maşgala däl-ä. Näme üçin sen maňa beýle zatlary aýdýaň?» (1 Şamuwel 9:21). Şawul özüni patyşa hökmünde görmedi. Hudaýyň näme üçin özi ýaly ähmiýetsiz adamy saýlajakdygyna düşünmän, ol aljyrady.

Soňra Reb ony bütin Ysraýylyň öňüne çykarmak kararyna gelende, her bir tirä bije atmaly boldy. Bije benýamin tiresine, ol ýerden Şawulyň maşgalasyna, soň bolsa Şawula degişli boldy. Olardan Kişiň ogly Şawulyň bijesi çykdy, ýöne olar ony idäp tapyp bilmediler. Olar: «Ol heniz bu ýere gelenokmy?» diýip, Rebden soradylar. Reb: «Ol, ine, ýüküň aňyrsynda gizlendi» diýip jogap berdi. (1 Şamuwel 10:21, 22).

Hudaýyň halkyna hökümdarlyk etmek pikiri Şawuly aljyraňňylyga saldy. Ol öz gözünde kiçijik adamdy. Şamuwel muny ýatlatdy-da: «Ine, Reb seni ýola salyp: «Bar, olary ýok et» diýdi. Näme üçin indi sen özüňi Rebden beýik hasaplaýarsyň? Seniň paýhasyň haçan Hudaýyň hikmetinden ýokary boldy? Eýsem sen Onuň ornuny eýelediňmi? Näme üçin sen Hudaýyň ýok ýerinde dogry we ýalňyş zady gözleýärsiň? Şol kiçigöwünli we mylaýym adama näme boldy?»

Biziň aramyzda Hudaýdan has köp bilýän barmy? Elbetde ýok! Emma biz boýun egmesek, Hudaýa we başgalara aýtmak isleýän

zadymyz şudur. Özüňizi şöhrat tagtynda oturanlardan has akylly hasaplamak akmaklykdyr. Ol diňe bir älem-jahany ýaradan däl, eýsem özünde saklaýan, barmaklary bilen asmana ýyldyzlary ýerleşdiren Ýaradyjydyr. Şeýle-de bolsa, Onuň maslahatyna ähmiýet bermän, adamyň paýhasyny Onuň paýhasyndan has ýokary galdyrýarys!

## GOZGALAŇ WE JADYGÖÝLIK

Şamuwel Şawula çiňerilip seredip, özüniň pygamberlik çagyryşynyň batyrgaýlygy bilen şeýle diýdi:

> Çünki boýun egmeklik gurbanlykdan, Gulak asmaklyk goçuň ýagyndan has belentdir. Çünki topalaň palçylyga *barabar* günädir. Tekepbirlik şere we butparazçylyga *barabardyr* (1 Şamuwel 15:22, 23).

Şamuwel gozgalaňy we jadygöýligi birleşdirdi: «Sebäbi gozgalaň jadygöýlik *ýaly* günädir». Bu aýatlaryň «*birmeňzeş*» we «*meňzeş*» sözleriniň kursiw bilen bellenendigine üns beriň . Adatça Mukaddes Kitapda asyl tekstde ýok sözler aýratyn bellenilip görkezilýär. Olar soňra düşnükli bolmak üçin terjimeçiler tarapyndan goşuldy. Has takyk terjimede diňe *bar* sözüni ulanmak has ýerlikli bolardy.

Bu tekst: «Çünki boýun egmezlik jadygöýlikdir» diýen ýaly eşidilýär. Bu Mukaddes Ýazgynyň mazmunyny aýdyňlaşdyrýar. Gozgalaňy jadygöýlik bilen deňeşdirmek bir zat, ýöne munuň jadygöýlikdigini aýtmak düýbünden başga zat. Hakyky mesihiniň hiç wagt bilkastlaýyn jadygöýlik bilen meşgullanmajakdygy äşgärdir. Emma gozgalaňyň azdyrylmagy sebäpli näçe imanly bilmän, onuň täsirine düşýär?

*Jadygöý* sözi köplenç gara geýnen jadygöýiň keşbi bilen baglanyşyklydyr. Ol dürli hili jadygöýlik edýär, sübsäniň üstünde uçýar ýa-da hrustal topy ulanyp geljegi çaklaýar, hemişe otagynda

bir zatlar lykyrdap gaýnap durýar we ol muny otda gaýnadýar. Ýa-da, belki, biz has döwrebap bir zady suratlandyrarys, mysal üçin, adamlary jadylaýan we näletleýän adam. Geliň, bu şekilleriň ikisini-de bir gapdala goýalyň we haýsy görnüşde ulanylýan bolsa-da, jadygöýligiň ýüregine seredeliň.

Ýewreýçe jadygöýlik sözi *kesem* sözi bilen aňladylýar. Ol *öňünden çaklama*, *jadygöýlik* we *gözbagçylyk* ýaly düşünjeleri öz içine alýar. Şeýle-de bolsa, hünärmenler bu sözleriň okkult bilen baglanyşykly manysynyň takyk däldigini öňe sürýärler, ol bu sözüň köpugurly terjimesini düşündirýär[4]. Möhüm zat, jadygöýligiň haýsy görnüşi kabul edýändigi ýa-da haýsy usullary ulanýandygy däl-de, eýsem onuň haýsy netijäni ýa-da maksady yzarlaýandygydyr.

Jadygöýlik arwah-jynly sebitleriň birini açýar. Onuň maksady – köplenç ruhy dünýäde bolup geçýän zatlara doly düşünmezlik bilen, dürli serişdeler arkaly hadysalara, ýagdaýlara ýa-da adamlara *gözegçilik etmekdir.* Zarba giň bolup biler: ýagdaýa doly düşünmezlikden doly aň ýetirmeklige çenli garaňkylygyň nähili güýçleri hereket edýär. Aslynda jadygöýlik bilmezlikden ýa-da meselä doly düşünmek bilen amala aşyrylyp bilner. Onuň maksady gözegçilik, ýöne arwah-jyn güýçleriniň gatyşmagy sebäpli beýle adam hökmany suratda gözegçilik edijiden dolandyrylýan birine öwrülýär.

## TABYN BOLMAZLYK ARKALY GULÇYLYK

Men öňki ýaş ruhy çopan hökmünde, jadygöýlige birnäçe gezek duş gelmek mümkinçiligim boldy. Ýerli mekdeplerde dürli derejedäki spiritizm (ölenler bilen her hili daşky ýollar bilen gepleşip bolýar diýen hyýaly düşünjeler) bilen meşgullanýan ýaşlar köpdi. Meniň bilen işleýän ýaşlar ýolbaşçylary jadygöýlik ýa-da şeýtançylyk bilen meşgullanýan synpdaşlary bilen wagtal-wagtal dawalaşýandyklaryny habar berdiler.

---

4 Köne Äht ylahyýet kitaby, 3-nji tom, 805-nji sahypa.

Meniň duçar bolan okkultizmiň iň gyzykly ýörelgelerinden biri şulardan ybarat: öz ýygnagyna bir adamy (jadygöýlik bilen meşgullanýan adamlar toparyny) çekmek bilen, olaryň ýolbaşçylary ony neşe serişdesini çekmäge, içmäge, nikadan daşary jyns gatnaşyklaryna gatnaşmaga, ogurlamaga we jenaýat etmäge, Hudaýyň kanunlaryna we adamzadyň ahlak kadalaryna ters gelýän beýleki hereketler etmäge çagyrýarlar. Hudaý maňa: «Gozgalaň jadygöýlikdir» diýýänçä, men munuň sebäbine düşünmedim.

Olara şeýle öwredýärler: sen näçe köp pitne etseň, şonça-da güýç gazanarsyň, şeýdip, olar güýç gözleýärler. Bu hakykat, sebäbi gozgalaň jadygöýlikdir. Olar näçe köp gozgalaň etseler, şonça-da şeýtan güýçleriniň täsir edip, özleriniň durmuşyna gözegçilik etmäge rugsat berýärler. Olar Hudaý we onuň ygtyýarly häkimiýetleri tarapyndan döredilen tertibe we kanunlara garşy çykmak bilen, bilgeşleýin arwah-jyn dünýäsine kanuny ygtyýar berýärler.

Bu pikirler jadygöýleriň şeýtan Injili diýýänlerinde öz beýanyny tapdy. Birnäçe ýyl mundan ozal, gullukdan soň, aýalym ikimiz myhmanhanamyzda teleýaýlymlary açýardyk we biz tötänleýin şeýtançylyga we jadygöýlige bagyşlanan teleýaýlyma duşduk. Adatça akylly hereket etmek bilen, telewizory öçürmekçi boldum, sebäbi men ruhy söweş hakda bilmeli zatlarymyzyň hemmesiniň Hudaýyň Ruhundan gelmelidigine ynanýaryn. Şeýle-de bolsa, bir minutlap saklanmagyň zerurdygyny duýdum. Ol ýerde şeýtan Injili diýýänleri barada pikir alyşýan käbir tomaşa çykyşlary görkezýärdiler, žurnalist bolsa: «Islän zadyňy et» diýen birinji buýruk hakda aýtdy.

Bu meniň ünsümi çekdi. Mukaddes Ýazgydan parçalar derrew kelläme gelip başlady. Mezmurçy şeýle diýdi:

Ine, gelýärin; kitapda men barada ýazylgy. Eý, Hudaýym, islegiňi berjaý etmekden lezzet alýaryn; Seniň kanunyň hem meniň kalbymda (Zebur 39:8, 9).

Isa Özi hakda: «Men Öz-Özümden hiç zat edip bilmeýärin;

Atamdan näme eşitsem, şonuň ýaly höküm çykarýaryn» diýdi (Ýohanna 5:30). Birnäçe ýyllap öwrenenimden soň, men Hudaýýň diňe Özüne boýun bolup ýaşaýanlara goldaw berýändigini öwrendim. Munuň tersiniň-de hakykatdygyna gözüm ýetdi: garaňkylyk ruhlary gozgalaňda ýaşaýanlara goldaw berýär. «Islän zadyňy et» buýrugy – bu Hudaýýň Sözüniň tersine bolup, ol Hudaýýň gozgalaň baradaky sözlerine örän laýyk gelýär.

Ömrüni şeýtana hyzmat etmek üçin bagyş edenler bu ýörelgä düşünýärler, beýlekiler bolsa aldanýarlar. Düşünjesizler ýalňyşmak bilen azatlyk üçin bikanunlygy kabul edýärler. Emma gozgalaňda erkinlik ýok. Täze Äht hakykatda nämeleriň bolup geçýändigini aç-açan suratlandyrýar: gozgalaňçylar tersine gul bolýarlar. Petrus olaryň öz ýalňyşlyklaryny şeýle suratlandyrdy: «Özleri azgynlygyň guly bolubam [boýun bolmazlygy goldaýan ýolbaşçylar], olara erkinligi wada berýärler, sebäbi adam nämeden ýeňilse, onuň guly bolýandyr» (2 Petrus 2:19).

Hakykat äşgärdir. Ol ýerde erkinlik ýok, diňe iblisiň basyşy we täsiri üçin kalbyňa ýol açýan zynjyrlar we gözegçilik bar. Pawlus ünsümizi bu ugurda birnäçe gezek jemleýär: «Eýsem siz özüňizi kimiň tabynlygyna tabşyrsaňyz, şonuň-da guluna öwrülýändigiňizi bilmeýäňizmi näme? Siz nämäniň guly: ölüme eltýän günäniň *gulumy* ýa-da dogrulyga eltýän tabynlygyň guly?» (Rimliler 6:16).

Isa hem bu ýörelgäniň ähmiýetine ünsi çekdi: «Men size dogrusyny aýdýaryn, günä edýän kişi günäniň guludyr» (Ýohanna 8:34). Kabylyň Rebbe gurban bermegi saýlamazlygy ýadyňyzdamy? Ondan soň, Hudaý oňa saýlamagynyň ykbalyny kesgitlejekdigini aýdyň aýtdy. Kabyl Hudaýýň islegini kabul edip, günäniň (jadygöýligiň) gapysyny kakyp biler ýa-da gozgalaňda galyp biler we Hudaýýň goragy we güýji bolmazdan, gul bolmak isleýän günäniň labrynda bükülip biler.

Hudaýýň Özi Kabyla duýduryş berşi ýaly, Şamuwel hem Şawula

duýduryş berdi. Gozgalaň Şawulyň kalbyna gözegçilik ediji ruh üçin gapy açdy we özüni dogry ruhda bolan bolsa, hiç haçan rugsat bermejek derejede alyp barmagyna sebäp boldy. Şawul hiç haçan toba etmedi we Mukaddes Kitapda 1 Şamuwel 16:14-de aýdylyşy ýaly, ol öz ýalňyşlygyny edeninden birnäçe wagt geçensoň, durmuşyna erbet ruhuň gelip, ony gynandygy aýdylýar. Şol pursatdan başlap, erbet ruh onuň durmuşyna kanuny girip bilýärdi. Şawul üçin rahatlyk ýokdy, sebäbi ol hiç wagt toba etmedi. Ol ilkibaşdaky ýaly däl-de, düýbünden başga adam boldy.

Indi şol yhlasly ýaş ýigit ýokdy, ol başda atasynyň we Şamuwel pygamberiň şahsyýetiniň ygtyýarlygyna boýun bolýardy, şeýle hem Hudaýyň islegini hormatlaýardy. Onuň ýerine indi ähli zatlary, öň gaty köp hormat goýan zatlarynyň hemmesini äsgermezlik edip bozan bir adam bardy. Eger onuň ýaşlyk döwründe kimdir biri Şawula: «Şawul, bir gün sen gahar bilen segsen bäş sany bigünä ruhanyny, olaryň aýallaryny we çagalaryny öldürersiň» diýse, ol sizi däli hasaplap kowup goýbererdi. «Bu mümkin däl! Elbetde, men beýle etmerin!» - diýip jogap bererdi. Emma gynandyryjy hakykat, ol muny her niçigem bolsa etdi! (1 Şamuwel 22).

Erbet ruh Şawulyň gabanjaňlyk, gahar, ýigrenç, dawa, adam öldürmek we aldaw durmuşyna sebäp boldy. Ol öz boýun egmezligine toba etmedi, olaryň hemmesiniň özüne gözegçilik etmegine ýol berdi. Hudaýyň iň wepaly gullarynyň biri bolan Dawudy, hut ony öldürmek maksady bilen yzarlady. Ol Dawudy dönük hasaplaýardy, aslynda Dawut çyn ýürekden Rebbi gözleýärdi. Arwah-jynlaryň gözegçiliginiň täsiri astynda, Şawul aldawyň galyň bulutlary bilen örtülen hakykatyň gysga wagtlyk öwüşginini gördi. Hakykat ýalana öwrüldi, ýalan bolsa, hakykata öwrüldi.

Men şeýle wakalara näçe gezek şaýat boldum! Diňe beýleki adamlaryň durmuşynda däl, eýsem öz durmuşymda-da şaýat boldum. Men durmuşymdaky boýun egmezlige mejbur bolan

wagtlaryma seredýärin we ýalanda ýaşanym üçin aglamak isleýärin. Şol günler men ruhy ýolbaşçylarymy kanunçylykda we ýalňyşlyklarda galan adamlar hökmünde görýärdim we mesihi dostlarymy şahsy duşmanym hasaplaýardym. Men diňe eýýäm dörän boýun egmezlik alawyna ýangyç goşmak üçin beýleki gozgalaňçylara goşuldym. Biz özümizi Rebbe has ýakyn hasaplaýardyk we özümiziň Hudaýyň hyzmatkärleriniň «täze nesli» bolandygymyza ynanýardyk. Maňa şeýle rehimli bolany üçin, men Hudaýa şükür edýärin! Duzaga düşmeziňiz ýaly we meniň ýaly aldanmazlygyňyz üçin, goý, siziň ruhy gözleriňiz hemişe açyk bolsun.

7-NJI BAP

# JADYLANANLAR

*Hudaýýň Sözüniň nury aldawy paş edýär we adamlaryň ýüreginiň pikirlerini we niýetlerini kesgitleýär.*

Gozgalaň – bu jadygöýlikdir. Kanunsyzlygyň bu gizlin ýörelgesiniň täsiriniň netijeleri, häzirki jemgyýetimizde-de, ýygnaklarymyzda-da, ilkinji garaýyşda beýle aç-açan bolmasa-da, aýdyň görünýär. Bu bapda men jadygöýligiň gozgalaňçy mesihilere edýän täsiri barada jikme-jik durup geçerin. Biz Köne we Täze Ähtlerden, häzirki durmuşdan mysallar ulanarys, şeýle hem olary boýun egmezlikden gelýän gözegçiligiň täsirini öwrenmek üçin ulanarys.

## NÄLETLEMEK GADAGAN EDILDI

Ilki bilen Ysraýyla ýüzleneliň. Ybraýymyň nesilleri çölde aýlanyp ýörkäler, Mowap düzlüginde düşelge gurupdylar. Munuň öňüsyrasynda olar Başan patyşasyna hüjüm edip, ony ýeňipdiler we öz çäklerinden geçmäge synanyşan amorlary eýýäm ýok edipdiler.

Ysraýyl Mowap düzlüginde düşelge guranda, Ballak patyşa we onuň adamlary, mowaplylar we Midýan ýaşululary alada galdylar. Halk gorkudan ýaňa titreýärdi. Reb Ysraýyla wada berdi: «Men Öz haýbatymy siziň öňüňizden ugradaryn. Siziň garşyňyza çykan her bir

halky aljyraňňylyga salyp, ähli duşmanlaryňyzy ýeňse berip gaçar ýaly ederin» (Müsürden çykyş 23:27). Ysraýylyň özüne garşy çykýan halklary basyp alandygyny we iň güýçli millet – Müsüri-de tas ýok edendigini hemmeler bilýärdi. Ballak patyşa Bilgam pygamberden kömek sorap, ilçiler iberdi. Bilgam ruhy takyklygy we düşünjesi bilen tanalýardy. Patyşa Bilgamyň weliliklериniň hasyl bolýandygyny bilýärdi. Eger ol halka ak pata beren bolsa, halk ýalkanandy; näletlän bolsa, näletlenendi. Ballakdan iki topar ilçini kabul eden Bilgam, onuň emeldarlary bilen patyşanyň ýanyna gitmäge we Ysraýyl ogullaryna nälet okamaga razy boldy. Patyşanyň sowgatlary we oňa görkezilen hormat ony şeýle ädim ätmäge yrdy.

Ertesi gün olar Bagal daglaryna çykdylar, Bilgam ysraýyl halkyna seretdi. Ol patyşadan ýedi gurbanlyk sypasyny gurmagy we olaryň hersinde gurbanlyk bermegi buýurdy. Soňra ol Ysraýyly näletlemek üçin agzyny açdy, ýöne muňa derek gaýtam ak pata berdi.

Elbetde, patyşa örän närazy boldy! Ol: «Sen meni nädäýdiň? Duşmanlaryma nälet okasyn diýip, seni ýörite şu ýere getirtdim. Sen bolsa olara hiç zat etmän, gaýtam, olary ýalkaýarsyň!» diýdi. (Çölde 23:11).

Soňra Ballak Bilgamyň öz haýyşyny ýerine ýetirmegini umyt edip, has ýokary derejä geçmegi teklip etdi. Belki, has ýokary ýerden näletleri dökmek üçin has köp energiýa bolar. Ýene-de ýedi gurbanlyk sypasyny gurup, goşmaça gurbanlyk berdiler. Emma Bilgam jadygöýlik näletini aýtjak bolanda, Ysraýyla ýene ak pata berdi.

Bu gaýtalanyp dowam etdi. Bilgam her gezek nälet aýtjak bolanda, bereket aýtmaga mejbur boldy. Bilgamyň ikinji pygamberliginde biz bu indiki güýçli jümläni görýäris: «Ýakuba hiç bir doga-jady täsir etmez, Ysraýylyň garşysyna täleý garanyň peýdasy ýokdur»[5] (Çölde 23:23).

5 Iňlis dilindäki terjimesinde (NIV Mukaddes Kitapda) göni manyda bu aýat şeýle okalýar: «Ýakuba garşy jadygöýlik ýok, Ysraýyla garşy jady ýok». – Terjimeçiniň belligi.

Bilgam olara Hudaýyň halkyna garşy ne jadynyň, ne-de palçylygyň işleýändigini habar berdi! Nähili ajaýyp we güýçli sözler! Has döwrebap manyda bu aýat: «Hudaýyň halkyna garşy işlejek jadygöýlik ýok, ýygnagyna garşy täsir etjek jady ýok!» diýmegi aňladýar (Çölde 23:23, awtoryň sözleri).

Bu wada bizi ruhlandyrmalydyr. Jadygöýler we gözbagçylar gygyryp, gaharlanyp, şemlerini ýakyp bilerler. Erbet gözlerini, jadylaryny we näletlerini aýtsynlar, ýöne bu Hudaýyň çagasyna zyýan ýetirmez. Diri Hudaýyň Ýygnagy bilen bäsleşmek mümkin däl. Süleýmanyň pähimleri kitaby (26:2) bu hakykaty tassyklaýar: «Serçäniň eýläk-beýläk uçuşy ýaly, garlawajyň uçup gidişi kimin, sebäpsiz näletem täsir etmez».

## NÄLET YZYNA GAÝDYP GELÝÄR

Men ýaş ruhy çopan bolan ýyllaryma ýene bir gezek ser salmak isleýärin. Öz mekdebinde meşhur jadygöý bolan bir gyz Isany kabul etdi. Ejesi ony şeýtana bagyşlanda, ol henizem ýatgydady. Ol indi mesihidi, bir gezek ol meniň kömekçim bilen öňki durmuşyny ara alyp maslahatlaşdy. Onuň aýdan sözleriniň käbiri aýratynam onuň ünsüni özüne çekdi. Ol: «Biz mesihileri näletläp bilmeýäris» diýdi.

Kömekçi «Näme üçin?» diýip sorady. Ol: «Sebäbi şeýle etsek, olar biziň garşymyza öwrülýärler» diýip jogap berdi. Kömekçi geň galdy.

Görşüňiz ýaly, onuň sözleri Bilgamyň aýdanlaryna laýyk gelýär. Ol ilkinji pygamberliginde şu soragy berdi: «Hudaýyň näletlemedigini men nädip näletläýin? Rebbiň gargamadygyna men nähili gargaýyn?» (Çölde 23:8). Bilgam Ysraýyl ogullaryna nälet eden bolsa, bu onuň öz başyna gaýdyp gelerdi. Dawut muny şeýle diýdi:

> Meni gizle erbetleriň dilleşmesinden hem-de betkärleriň *gozgalaňyndan*. Olar dillerini gylyç kimin ýiteldýär; bigünäni bukudan atmakçy bolup, ajy sözlerini peýkam kimin çeneýär;

> duýman durka ony atyp, asla gorkmaýar (Zebur 63:3-5, kursiw awtoryňky).

Nälet gozgalaňçylar (jadygöýlik bilen meşgullanýanlar) tarapyndan yglan ediler, ýöne bu dogruçyllara täsir etmez. Näletleri gargaýanlara näme bolýandygyny görüň:

> Emma Hudaý olara peýkamyn atar, olar duýdansyz ýaralanar. Öz dilleri olaryň başyna ýeter, olary görenleriň bary hopugyp gaçar (Zebur 63:8, 9.)

> Olar öz sözlerinde büdrärler. Olaryň başgalara zyýan bermek üçin ulanýan sözleri hem özlerine gaýdyp geler. Muny düşündirmek üçin Dawut aç-açan bir şekil ulandy: «Olar öňümde çukur gazdylar — ýöne özleri oňa düşdüler» (Zebur 56:7).

## TABYN BOLMAZLYGA ÇEKILENLER

Bilgam ysraýyllary näletlemegiň mümkin däldigini bilýärdi. Eger ol muny hakykatdan islese-de, üstünlik gazanyp bilmezdi. Musa bu wakany jikme-jik suratlandyrdy: «Sebäbi siz Müsürden çykyp gaýdanyňyzda, olar ýolda sizi duz-çörek we suw bilen garşy almadylar. Olar sizi näletlemek üçin, Mesopotamiýada Petor galasyndan bolan Begoryň ogly Bilgamy hakyna tutdular. Emma Hudaýyňyz Reb Bilgamy diňlemekden ýüz öwrüpdi. Ol sizi söýensoň, şol näleti alkyşa öwrüpdi» (Kanun taglymaty 23:4, 5).

Bu size-de we maňa-da degişlidir.

Munuň üçin gahar-gazaba dolan Ballak patyşa şeýle gygyrdy: «Men seni duşmanlaryma nälet okatmak üçin çagyrypdym, sen bolsaň, eýýäm üç gezek olara ak pata berdiň. Indi bu ýerden güm bol-da, öýüňe git! Men seni oňat sylaglajakdym, emma Reb saňa hiç bir sylagy rowa görmedi» (Çölde 24:10, 11).

Patyşa ölüm howply duşmanyny üstünlikli näletländigi üçin Bilgama uly pul sylagyny we hormat goýmagy meýilleşdirýärdi. Emma aslynda patyşa: «Sylagyňy ýatdan çykaryp bilersiň. Elbetde, Hudaý seniň ony almagyňy islemeýär. Ýok bol, meniň gözümden!» diýdi.

Bilgam kyn ýagdaýy başdan geçirdi – ol bu sylagy hakykatdanam isleýärdi. Onuň ol ýere gitmeginiň sebäbi şudy, indi bolsa ondam mahrum bolup bilerdi. Şeýle ýitgileriň öňüni almak üçin, ol Ballak bilen başga bir hüjüm meýilnamasyny paýlaşdy. Ol ysraýyllary näletläp bilmejekdigine düşünse-de, nädip olaryň öz-özlerini nälete duçar edip biljekdigini bilýärdi.

Gozgalaň bilen jadygöýligiň arasyndaky ruhy baglanyşygy bilýän Bilgam, patyşa Ysraýyl düşelgesine aralaşmak üçin mowaplylary ibermegi maslahat berdi. Olar özleri bilen but alyp, Ysraýyl halkyny jyns günälerine we Hudaýyň kanunlaryna garşy baş götermäge mejbur etmeli boldular. Ol gozgalaňyň olary jadygöýlik näletine düşürjekdigini bilýärdi.

Biz munuň amala aşandygyny bilýäris, sebäbi Musa bilen Isa ikisi-de patyşa bu maslahat bilen ýüzlendiler. Musa muny tassyklady: «Bu aýallar *Bilgamyň maslahaty bilen* Pegorda ysraýyllara Rebbe garşy dönüklik etdirdiler. Şonuň üçinem, Rebbiň halkynyň arasyna gyrgynçylyk aralaşdy» (Çölde 31:16, kursiw awtoryňky). Birnäçe asyr geçenden soň, Isa Bilgamyň «ysraýyl halkyny günäniň toruna salmagyň ýoluny *Ballaga öwretdi.* Şeýdip, ysraýyl halky buta berlen gurbanlygy iýip, zyna etdi» diýip aýtdy (Aýanlyk 2:14, kursiw awtoryňky).

Bu barada Mukaddes Ýazgyda gürrüň berilýär. Bilgamyň weliliklerinden soňra biz dessine şulary okaýarys: «Ysraýyllar Şitimde ýaşaýarkalar, mowaply aýallar [we Midýanlylar] bilen zyna etmäge başladylar. Ol aýallar ysraýyllary öz hudaýlaryna hödür eden gurbanlyklaryna çagyrýardylar. Ysraýyllar olaryň gurbanlyklaryndan iýip, olaryň hudaýlaryna sežde edýärdiler. Şeýdip, ysraýyllar

Bagalpegor butuna özlerini bagyş etdiler. Ysraýyllaryň garşysyna Rebbiň gahary geldi» (Çölde 25:1-3). Netijede Ysraýylda agyr gyrgynçylyk epidemiýasy ýüze çykdy.

Boýun bolmazlyk näletlenip bilinmeýän bu halky gyrgynçylygyň gargyşy astynda goýdy: «Emma gyrgynçylykdan eýýäm ýigrimi dört müň ysraýylly ölüpdi» (Çölde 25:9). Ýigrimi dört müň! Bu betbagtçylygyň gerimini göz öňüne getirip bilersiňizmi? Häzirki wagtda uçar heläkçiligi ýa-da tupan birnäçe ýüz adamyň ölmegine sebäp bolsa, bütin dünýäde habar berilýär. Ýöne bu ýerde ýüzlerçe däl, ýigrimi dört müň adam hakda aýdýarys! Bu Ysraýylyň çöl syýahatynda iň uly ýitgisi boldy we adam gozgalaňy sebäpli ýüze çykdy.

Çürt-kesik boýun egmezlik gyrgynçylygyň düýp görnüşine gapy açdy. Olaryň gozgalaňy aç-açan boldy. Bir utançsyz ysraýylly, hatda olar Hudaýa doga-dileg edýärkäler, ol Musanyň we bütin Ysraýyl jemagatynyň gözüniň alnynda aç-açan, midýanly aýal bilen aýşy-eşret sürdi (Çölde 25:6).

Gyrgynçylygy näme saklady? Belki-de, siziň pikir edşiňiz ýaly – çürt-kesik boýun bolmakdyr!

> Muny gören Elgazaryň ogly, ruhany Harunyň agtygy Pinehas halkyň arasyndan çykyp, eline naýza aldy. Ol ysraýyllynyň yzyndan çadyra girip, naýzany birbada olaryň ikisiniň hem — ysraýyllynyň hem, midýanly aýalyň hem garnyndan sokdy. Şol bada ysraýyl halkynyň arasyna iberilen gyrgynçylyk togtadyldy (Çölde 25:7, 8).

Bu pikiri ýene bir gezek bellemäge maňa rugsat ediň: Hudaý gyrgynçylygyň we keselleriň awtory däldir. Ysraýyl ogullary Onuň ygtyýaryna garşy çykdylar we ony bilkastlaýyn äsgermezlik etdiler, şonuň üçin hem Hudaýyň gorag örtügi aýryldy we duşmana hüjüm etmek üçin kanuny rugsat berildi. Bu gozgalaňyň we jadygöýligiň – arwah-jynlaryň gözegçilik ruhlaryna kanuny taýdan ygtyýar berýän şol we

şol bir hadysadygyny ýene bir gezek subut edýär. Ysraýyl jadygöýleriň näletinden gutuldy, ýöne boýun egmezlik sebäpli uly ýitgi çekdi.

## SENI KIM NÄLETE DUÇAR ETDI?

Biz Köne Ähtde gozgalaňyň jadygöýligiň subutnamasydygyny eýýäm gördük. Şuňa meňzeş başga-da köp mysallary tapyp bilersiňiz. Indi Täze Ähte ýüzleneliň. Resul Pawlus Galatýadaky ýygnaklara örän ýiti hat ýazdy. Bu Galatýanyň tutuş ilatyna däl-de, eýsem hut olaryň ýygnaklaryna gönükdirildi. Pawlusyň sözlerini üns bilen okaň: «Eý, akmak galatýalylar! Siziň gözüňizi kim baglady?» [*jadylady* - grek dilinde] (Galatýalylar 3:1).

Bolýar, dur! Pawlus ýygnaklara olaryň jadygöý näletiniň astyndadyklaryny aýtdy! Siz: «Ýöne men Hudaýyň halkyna garşy hiç hili jadygöýlik ýa-da göz baglamaklyk täsir edip bilmez diýip pikir etdim» diýersiňiz. Bu dogry. Hiç bir nälet tabyn adamlara gönükdirilip bilinmez. Ýöne ýadyňyzdan çykarmaň, gozgalaň ýa-da boýun egmezlik adamy jadygöýligiň güýjüne salýar.

Kömekçimiň häzir azatlyk alan öňki jadygöý bilen eden söhbetdeşligini ýada salalyň. Mesihileri hiç hili näletläp bolmajakdygyny aýdanyndan onuň hoşaldygyny görüp, ol gyz derrew: «Emma, ruhy çopan, biz ýygnagyň mylaýym [boýun egmedik] imanlylaryna täsir edip bileris» - diýdi. Muny tassyklamak üçin Pawlusyň: «Hakykata boýun bolmazlyk üçin kim sizi jadylady?» diýenini diňläň. (Galatýalylar 3:1).

Jadygöýlik ilkinji nobatda, jadygöýleriň aýdan näletleri däl-de, Hudaýyň Sözüne boýun bolmazlyk bilen baglanyşyklydyr. Näme üçin? Sebäbi gozgalaň we jadygöýlik bir zat! Aslynda, Galatýadaky ýygnak boýun egmezlik sebäpli jadygöýlik näletine sezewar boldy.

Has öňe gitmezden ozal biz bu hakykaty açyk görkezmeli. Biz Hudaýyň özümize aýan eden zatlaryna boýun egmedik wagtymyz däl-de, Hudaýyň bize aýan eden zatlaryna boýun bolmasak,

jadygöýligiň güýjüne düşýäris. Bu Pawlusyň sözlerini mundan beýläk okanymyzda aýdyň bolýar: «Men *size* Hoş Habary wagyz edenimde, haça çüýlenen Isa Mesihi *hut öz* gözüňiz bilen görýän ýalydyňyz ahyryn!» (Galatýalylar 3:1).

Bu aýratyn mysal ähli umumy düzgüni açýar. Pawlusyň wagyz etmegi arkaly Hudaý gutulyşy ýygnaklara merhemet bilen aýan etdi. Emma birneme wagt geçensoň, Mukaddes Ruhuň ozal aç-açan aýan eden zatlaryna boýun bolmazlyga sebäp bolan öz pikirlerini we keseki däplerini ösdürdiler. Halas bolmagyň kanunyň işini dowam etdirmek arkaly gelýändigine ynanyp başladylar. Şeýle-de bolsa, esasy üns berjek ähli umumy şertimiz bar: *her gezek Hudaýyň bize aýan eden zatlaryna boýun egmesek, biz jadygöýlik näletiniň täsiri astynda durarys.* Näme üçin? Sebäbi gozgalaň jadygöýlikdir.

Muny ýygnaklarda, maşgalalarda we aýratyn şahsyýetlerde gördüm. Bir sebäbe görä hemişe boýun egmän ýaşaýan köp dindar bilen tanyşdym. Olaryň köpüsi, hatda onuň çynlakaý netijelerindenem habary ýok, sebäbi boýun bolmagyň roluny görkezýän bir taraply merhemet taglymaty bilen kör bolýarlar. Durmuşynda bir howply döwür beýlekisine ýol açýar. Olaryň elmydama ýeňip bilmeýän käbir meseleleri ýa-da günäleri bar. Olary bir duzakdan beýlekisine zyňýarlar. Soňky her bir ýagdaýda hemme zat erbetleşýär. Bu meseleler üçin ol wagtyny, güýjüni we serişdelerini sarp edýär. Bu ýagdaýlarda arwah-jynlaryň basyşy we täsiri ýüze çykarylýar. Tabyn bolmazlyk olary ejiz ýagdaýa düşürdi.

Men olaryň nikalarynyň ejir çekýändigine, iň erbet ýagdaýda hatda olaryň aýrylyşýandygyna-da syn etdim. Käbirleri gullukda beýgelmeýärler ýa-da gaýtam işini ýitirýärler. Başga birileri ogrylaryň, maliýe krizisiniň we dürli pajygaly ýagdaýlaryň pidasy bolýarlar. Olar göwnüçökgün bolup, günäni öz üstüne aljak birini gözleýärler. Köplenç olar ene-atalary, ruhy çopan, başlyk, ýanýoldaşy ýa-da çagalary, hökümet ýa-da öz pikirleri bilen ylalaşmaýan başga biriniň beren erbet terbiýesini mysal getirýärler.

Aslynda biri-birini iýmitlendirýän iki jenaýatçy bar. Birinjisi – azmaklyk. Hudaýyň Sözüne gulak asmadyk adamlaryň ýüregini garaňkylyk gurşap aldy. Ikinji jenaýatçy – bu adamyň boýun egmezliginden peýdalanyp, islän wagty oňa hüjüm edýän ruhlary dolandyrmagyň mekir duzagydyr. Pawlus gozgalaňçylar bilen gatnaşygy bolan imanlylara şeýle diýdi: «Rebbiň hyzmatçysy ... özüne garşy çykýan adamlara hem ýumşaklyk bilen öwüt-ündew bermelidir. Belki, Hudaý bu adamlaryň hem toba gelmegine bir ýol açar. Olar-da hakykaty bilip, akylyna aýlanarlar, iblisiň duzagyndan gutularlar» (2 Timoteos 2:24-26). Mesele şundan ybarat, ýagny aldawyň ýesirleri, öz günälerinden gizlenmek üçin, başgalary günäkärleýärler we bu olara nämeden halas bolmalydygyny görmäge mümkinçilik bermeýär.

Onuň Sözleri üçin Hudaýa öwgi aýdyň. Onuň nury aldawyň üstüni açýar we adam ýüreginiň pikirlerini we niýetlerini paş edýär. Gynansagam, özleriniň boýun egmezligi sebäpli ejir çekenleriň köpüsi ýalňyşlyklaryndan sapak almakdan ýüz öwürýärler. Olar sapak almagyň ýerine başgalary günäkärläp, boýun egmezlik çölünde ýöremegi dowam etdirýärler.

## «SENDE REHIM-ŞEPAGAT ÝOK»

Bir adamyň ahyrsoňy öz ýalňyşlygyndan öwrenen bir ýagdaýy meniň ýadymda. Maňa ýygnaklardan we Injil mekdeplerinden ybarat halkara gullukda birnäçe wagtlap hyzmat etmek miýesser etdi. Men bu gullugy haladym we oňa ýokary baha berdim, bu meniň durmuşyma uly täsir etdi. Bir gün onuň ýolbaşçysy maňa jaň etdi we şu aşakdakylary aýtdy: «Jon, men gullugymdaky ähli ýakyn dostlaryma jaň edýärin we olara beýleki çeşmeleriň üsti bilen ýetmez ýaly, basym näme boljakdygyny habar berýärin. Men aýalym bilen aýrylyşýandygymy aýtmaly. Biz on sekiz ýyl bäri durmuş gurup, bile ýaşap gelýäris, indi biz durmuşda öz

pikirlerimizde we dünýägaraýşymyzda ters tarapa giden ýaly. Biz är-aýal hökmünde bilelikde işlemeýäris we her birimiz düýbünden başga zatlary halaýarys. Ençeme ýyllap ýagdaýy gowulaşdyrmaga synanyşdyk, ýöne ýagdaý hasam erbetleşdi».

Men gulagyma ynanyp bilmedim. Diňe pikir edýän zadym: «*Ýok, muny etme*» boldy. Men bu jübüti we olaryň gullugyny gowy görýärdim. Men gaty geň galdym welin, gürläp bilmedim.

Men dymdym, ol sözüni dowam etdirdi: «Indi, Jon, men Isany juda gowy görýändigimi bilýärsiň, meniňki nädogry bolsa, Ol muny maňa görkezer». Bu gullukçy ýene birnäçe minutlap öz ýagdaýy barada gürledi we soň trubka asyldy. Men bir söz hem aýtmadym, sebäbi henizem onuň sözlerini täzeden pikirlenýärdim.

Günüň dowamynda eşiden zatlarymdan saplanyp bilmedim. Men bu sözleri gaýta-gaýta kellämde pyrlaýardym. Bu pikir kellämde aýlanýar: «Bularyň hemmesi erbet düýş ýaly». Aladaly pikirlerden ýüklenip, Mukaddes Ruhuň maňa bu adama jaň edip, hakykaty aýtmagymy aýdýandygyny duýdum.

Ertesi gün irden men onuň nomerine jaň etdim. Men bu soragy daň atýança goýdum, şonuň üçin meniň jogabym indi garşy çykmagyň gyssagly reaksiýasy ýaly däl-de, Mukaddes Ruhuň beren jogabydy. Bu gullukçy meniň sesimi tanap: «Salam Jon, ýagdaýlaryňyz nähili?» diýip sorady.

Men söze başladym: «Men seniň bilen aýrylyşmak barada ýene bir gezek gürleşmek isleýärin. Aýtsana, aýalyň saňa biwepalyk etdimi?» Ol: «Elbetde, ýok!» diýip jogap berdi. Soňra bolsa, men: «Seniň edýän işiň nädogry. Isa aýrylyşmagyň ýeke-täk sebäbiniň zyna günäsi bolup biljekdigini aýdyň aýdýar (Matta 5:32) we Malakynyň kitaby Hudaýyň aýrylyşmagy ýigrenýändigini aýdýar, sebäbi ol biziň eşiklerimizi zulum bilen örtýär (2:16)[6]. Düýn sen

6 Iňlis dilindäki (NIV Mukaddes Kitapdan) sinodal terjimeden tapawutlylykda Malakynyň kitabynda (2:16) *Hudaý aýrylyşmagy ýigrenýär* diýlip ýazylan. Bu sözler rus terjimesinde ýok. – Terjimeçiniň belligi.

maňa Isany söýýändigiňi we nädogry işler edýän bolsaň, Ol saňa muny görkezjekdigini aýtdyň. Ýöne näme üçin Ol Öz Sözünde bu barada pikirini aýdyň beýan edenden soň, saňa ýene bir zady görkezmeli? Sen nädip Hudaýyň kararyna bilgeşleýin ters gidip bilýärsiň? Eger sen şeýle etseň, nädip ýygnagyň ýa-da Injil mekdebiniň öňünde durup, mukaddeslikde gezmelidigini ýa-da günälere ýa-da arwah-jynlara garşy durmalydygyny aýdyp bilersiň? Sen özüňi we gullugyňy kynçylyklara we aldawlara tarap açýarsyň».

Gullukçy birdenkä meniň sözümi kesdi-de: «Jon Biwer, sen meniň ýagdaýymda bolup görmediň we sende hiç hili rehim-şepagat ýok!» diýdi.

Şondan soň ol trubkany goýdy. Ýarym sagatdan soň ofisimden şol ýygnakdaky gullugymyň ýatyrylandygy barada habar aldym. (Men ýene üç aýdan onuň ýygnagynda wagyz etmekçi bolýardym.) Men aýalyma: «Men onuň şeýle etjekdigini bilýärdim, ýöne beýle basym bolar öýdemokdym» - diýdim. Olar bilen aragatnaşygyň hemmesi kesildi, soň başga bir gullukçy geçip barýarka, şol ýygnakda bolup, meniň adymyň betnam edilendigini habar berdi. Men: «*Meniň bar etjek bolan zadym – ýöne bir hakyky dost bolmakdy*» diýip pikirlenmegimi dowam etdirdim.

## HÖKÜMIŇ AÝAGA GALMAGY

Meniň bagtyma, ýedi aýdan soň, şol gullukçy maňa jaň etdi: «Jon, men seniň bilen aç-açan gürleşmeli. Men trubkany asyp, seniň bizdäki çykyşlaryňy ýatyranymdan soň näme bolandygyny bilýärsiňmi? Şeýdip, bir aýdan soň meniň böwreklerim işlemedi we meniň diri galmagym üçin 50/50 mümkinçilik bardy, ikinji dializden soň men özüme geldim we öz-özüme: «Men aýrylyşmak bilen näme gazanýaryn?» diýdim. Men elhenç ýalňyşlyk goýberýändigime düşündim, böwrek keseli maňa duýduryş boldy.

Men aýalyma jaň etdim we onuň öňünde toba etdim. Şondan

soň tutuş ýygnagyň we Injil mekdebiniň öňünde durup, köpçüligiň öňünde toba etdim. Mekdep okuwçylaryna: «Men Jon Biweriň saparyny ýatyrdym, sebäbi ol maňa aýrylyşmak üçin ýüz tutmak bilen meniň ýalňyşýandygymy aýtdy. Men oňa jaň edip, yzyna gaýdyp gelmegini haýyş ederin» diýdim. Jon, sen yzyňa gaýdyp gelip bilersiňmi?».

- «Elbetde» – diýip, men jogap berdim. Men onuň üçin diýseň begendim we şondan soň oňa köp hormat goýdum. Onuň sagalmagy garaşylýandan has çalt bolandygyny hem sözümiziň üstüne goşmak gerek: bir ýyldan soň oňa täze böwrek oturtdylar, implantasiýa edilen organ hiç hili kynçylyksyz ajaýyp kök urdy. Bu gullukçy ýekeje gullugy hem sypdyrmady. Onuň sagalmagyndaky ösüşler lukmanlary haýran galdyrdy. Mundan başga-da, toba bilen onuň durmuşyna has uly ruhy ygtyýarlyk we güýç geldi. Ýyllar geçdi, indi bu adam öňküsinden has täsirli lider, iň meşhur wagyzçy boldy, onuň maşgalasy bolsa, örän bagtlydy. Her gezek bu jübüt bilen duşuşanymda, olaryň birek-birege bolan söýgüsi şeýle bir äşgärdi welin, muny duşuňdan geçirmek mümkin däldi. Siz olaryň bir wagtlar aýrylyşmak howpynda bolandygyny hiç wagt çaklamarsyňyz.

## ÜÇ ÝARYM AÝLAP KESEL

Men bu gullukçyny ýazgaryp bilmedim, sebäbi bu wakadan birnäçe ýyl ozal şuňa meňzeş bir zady özüm başdan geçiripdim. Munuň meniň nikam bilen hiç hili baglanyşygy ýokdy, ýöne bu gullukdaky boýun egmezlik bilen baglanyşyklydy. Biz ýaňy bir «Jon Biwer gullugyny» açan wagtymyzda, Reb bize anyk buýruk berdi: Eger biz Rebbiň islegini bilmesek, haýsydyr bir gowy görünýän gulluga girişmäge synanyşmaň.

Birnäçe ýyl geçdi we bize gullugymyzy giňeltmek üçin ajaýyp mümkinçilik berildi. Ýöne Hudaý maňa-da, aýalyma-da «ýok» diýýärdi. Biz bu teklibi kabul etmeli däldik. Şeýle-de bolsa, bize

täze mümkinçilikler hödürlän adam ýüz öwürmedi we bu meni begendirdi. Men diňläp başladym. Tizara Hudaýyň ýüregime salan sözüni ret etmek üçin logika ulanyp başladym. Özümi bulaşdyrdym, pikirlerim kellämi bulaşdyrdy. Aýalym muny etmezlige ynandyrjak boldy, ýöne tiz wagtdan meni başgaça ynandyryp bolmajakdygyna düşündi. Ahyrynda teklibi kabul etdim.

Halas bolanymdan bäri, men saglyk babatda ýalkanandym, ýagny men hiç hili kesellemedim (Hudaýa şükür). Men seýrek keselleýärin we bu ýagdaý ýüze çyksa, adatça, kesel bir-iki günüň içinde ýok bolýardy. Isa haçdaky günäleriň bagyşlanmagy bilen birlikde bize ylahy saglygy hem berdi (Işaýa 53:4, 5; Zebur 103:2, 3). Ýöne soňky teklibi kabul eden günüm, men kesel boldum we başymdan inýän näsazlyklardan gutulyp bilmedim.

Bularyň hemmesi dümewden başlandy. On ýyldan soň ilkinji gezek meniň ýüregim bulandy. Kesel bilen birnäçe günläp göreşenimden soň, wirusa ýolukdym. Toý ýubileýimizi bellemek üçin aýalym ikimiz şäherden çykdyk, şol gün meniň gyzgynym 38°C-e ýetdi we bu biziň dynç alyşymyzy gynandyrdy. Hepdäniň ahyrynda gyzzyrmadan we ysytmadan ýaňa yraň atyp wagyz etdim. Indiki hepde gyzzyrma dowam etdi we men kesel ýagdaýymda Kanadadaky gulluga gatnaşdym. Men ýokary gyzzyrma ýagdaýymda wagyz etdim, her gezek otagyma gaýdyp gelenimde, titräp, düşegiň üstünde ýykylyp, indiki gulluga çenli ýatdym. Meniň güýç-gurbatym gutardy.

Üç hepdeläp gyzzyrma peselmedi. Biz näme bolýandygyna düşünip bilmedik; munuň ýaly kesele garşy öň hiç wagt göreşmeli bolmandym. Men Hudaýyň Sözüni boýun alyp, doga etdim we göreşdim, ýöne ondan dynyp bilmedim. Men lukmanyň ýanyna bardym, ol maňa güýçli antibiotik berdi. Tizara sagaldym.

Ýöne bejergini gutaranymdan bir hepde geçenden soň, ähli güýjüňi sorup alýan, elhenç dümewe sataşdym. Maňa seretmek gaty gynançlydy: bokurdak agyry, pagta bilen doldurylan ýaly

duýulýan kelle agyry we başga-da köp ýakymsyz alamatlar bardy. Gullugy giňeltmegi ýüregime düwenimden bäri, bu birnäçe hepdeläp dowam edýärdi.

Dümewden saplananymdan soň, daşary ýurda syýahat edenimde diwardan ýykylyp, dyzymy ýaraladym. Ýaralanma şeýle bir agyrylydy welin, birnäçe hepde ilki kolýaskada oturmaly boldum, soňam seýiklenen aýagymy süýräp aýlanmaly boldum. Soňra men ýene wirusa duçar boldum. Temperatura 39 dereje ýokarlandy, ýene hiç zat ony peseldip bilmedi. Ýene-de lukmana görünmeli we dermanlar bilen bejermeli boldum. Indi men başga bir kesele ýolukman, hatda bir hepde hem ýaşap bilmeýän ýaly boldum. Bularyň hemmesi üç ýarym aý dowam etdi.

Her dürli keseller bilen göreşip otyrkam, aýalym bir günem syrkawlamady. Fiziki kynçylyklardan başga-da köp meseleler ýüze çykdy. Göreşmek mümkin däl ýaly görünýän bir garşydaş bilen söweşdim, sebäbi ol menden has güýçlidi. Meniň bilgeşleýin boýun egmezligim meni nälet astynda goýdy!

## HAKYKY TOBA ETMEK ARKALY BASYM GUTULMAK

Dört aý geçdi we men günämi boýun aldym. Şeýle-de bolsa, men özüme ýüklenen wezipeleri ýerine ýetirmeli boldum we adatdan daşary gatyşma bolmasa, hiç haçan çykalga tapylmaz ýaly köp ýagdaý ýüze çykdy. Bir gün aýalym ikimiz biri-birimiziň elimizden tutdyk, men toba etdim we Hudaýyň rehim-şepagatyny soradym, Ol bizi duzaga öwrülen bu uzak möhletli borçnamadan çykardy.

Birnäçe aýdan aýalym ikimiz bolup geçen zatlar hakda gürleşdik we ähli kynçylyklarymyň boýun egmezlik sebäpli ýüze çykandygy barada karara geldik. Men toba eden badyma, saglyk ýagdaýymyň maňa gaýdyp gelendigini gördük. Bize kynçylyk döreden beýleki meseleler hem aradan aýryldy.

Şol döwürde Ýakubyň sözleri maňa aç-açan aýan boldy. Olary

köplenç sitata hökmünde ulandym: «Iblise garşylyk görkeziň, şonda ol sizden gaçar» (Ýakup 4:7). Geçmişde men özümi hüjüm astynda duýanymda, Hudaýyň Sözi bilen ýaraglanan garaňkylyga höwes bilen garşy çykýardym we elmydama netijeleri görýärdim. Emma soň hemme zat başgaça boldy. Bir gün bu aýady ýene bir gezek okanymda, Ýakubyň aýdanlarynyň ýarysyny getirýändigime düşündim: «Şonuň üçin Hudaýa tabyn boluň! Iblise garşylyk görkeziň, şonda ol sizden gaçar» (4:7).

Biz Hudaýyň ygtyýaryna boýun bolmak we tabyn bolmak arkaly şeýtana garşy durýarys. Ýüzüňiz gögerýänçä Mukaddes Kitaby sitata edip bilersiňiz, ýöne boýun egmeseňiz, hiç hili netije görmersiňiz.

## WAJYP ANYKLAÝYŞ

Bir zada düşünmegiňizi haýyş edýäris: eger bir adam kynçylyklara, kesellere, meselelere duçar bolsa, bu onuň ähli günäsiniň – boýun egmezlikdigini aňlatmaýar. Köp adamlar tabynlykda ýaşap ejir çekýärler. Mysal üçin, Dawut hut şeýle adamdy. Onda gozgalaň turuzmakda nam-nyşan ýokdy. Ol öz Hökümdarynyň gaharyny getirmek üçin hiç zat etmedi. Emma şonda-da barybir ol gowaklarda, çöllerde we ýabany ýerlerde ýaşamaga mejbur boldy. Ol öýi we watany bolmadyk adamdy. Köp ýyllap yzygiderli hemme zatdan mahrum gedaý ýaly ýaşady. Käbir adamlar ähli görgüleriniň sebäbini boýun egmezlik diýip pikir edip, ony ýazgardylar, ýöne duýgur ruhy bolan adamlar onda Hudaýyň elini gördüler, ýagny Hudaýyň onda täze bir patyşanyň häsiýetini döredendigini gördüler we onuň durmuşynda Hudaýyň merhemetini duýdular. Bu onuň görkezen paýhasyndan görnüp durdy.

Tabynlykda ýaşan, ýöne ejir çeken adamlaryň başga-da köp mysallary bar. Isa, Ýusup, Hanna, Danyýel, Ýermeýa we Eýýup – ine, olardan diňe käbirileri. Tabyn adam bilen jadygöýligiň näleti astynda ýaşaýan adamyň kynçylyklarynyň arasyndaky tapawut,

birinjide ruhy ösüşi başdan geçirýärler. Şeýle adamlar kellelerini diwara urmaýarlar; daglara aýlanmaýarlar, hakykatdanam hiç ýere gitmeýärler.

Kabyl bilen başgaça boldy. Onuň boýun egmezligi uly görgülere sebäp boldy. Ol özüni kiçeldip, toba etmek islemedi, bu bolsa ömrüniň ahyryna nälet boldy. Ol ömrüniň galan ýyllaryny ykmanda ýaly gaçgaklykda ýaşady. Onuň maksatsyz we umytsyz ýoldan çykmalary – geljek nesiller üçin sapak we duýduryşdyr.

Men bu bölümi şu duýduryş bilen tamamlamakçy: soňky iki bapdan hakykatlary ýüze çykarmaň we beýlekileriň üstünden höküm çykarmak üçin ulanmaň. Olaryň kynçylyklary, Hudaýyň şöhratyna ýetjek synaglar bolup biler. Bu babyň maksady – bu size Hudaýyň ygtyýaryna boýun bolmazlygyň çynlakaýlygyna düşünmegiňize kömek etmekdir. Eger siz gozgalaň edýän bolsaňyz, özüňize baha bermek we durmuş ýoluna dolanmak üçin bu hakykatlary ulanyň.

3-NJI BÖLÜM

# HUDAÝ TARAPYNDAN GOÝLAN HÄKIMIÝETLER

8-NJI BAP

# HUDAÝ KIMIŇ DOLANDYRÝANDYGYNY BILÝÄRMIKÄ?

*Biz Hudaýa boýun bolmagy öwrensek, Hudaýyň başga birine berlen ygtyýarlygyny tanamakda kynçylyk çekmeris.*

Biz Rebbiň gönüden-göni ygtyýaryna boýun bolmagyň möhümdigine eýýäm düşündik. Indi Hudaý tarapyndan bellenen häkimiýetlere boýun bolmagyň ähmiýetini ara alyp maslahatlaşalyň. Giriş hökmünde, geliň, ikinji bapda eýýäm gözden geçiren Mukaddes Ýazgylardan alnan bir bölüme geçeliň:

> Her bir ynsan öz üstünden höküm sürýän häkimiýete tabyn bolsun, sebäbi Hudaý tarapyndan bolmadyk häkimiýet ýokdur. Höküm sürýän häkimiýetler Hudaý tarapyndan bellenendir. Şoňa görä, häkimiýete garşy çykýan her kes Hudaýa garşy çykyp, jeza duçar bolar. (Rimliler 13:1, 2).

## ÝOKARY HÄKIMIÝETLER

Birinjiden, ýokary häkimiýetler kimler? Bu ýerde Pawlus döwlet tarapyndan dolandyrylýan raýat häkimiýeti barada gürleýär. Şeýle-de bolsa, bu görkezme diňe bir dolandyryjy ýolbaşçy topar däl, eýsem ygtyýarlylygyň beýleki ugurlaryna-da degişlidir; we bu aýatlarda okaýan zatlarymyz islendik derejedäki häkimiýetlere degişlidir.

Täze Äht ygtyýarlylygyň dört ugry barada aýdýar: raýat, ruhany, maşgala we jemgyýetçilik. Jemgyýetçilik iş berijileri, mugallymlary we iş dolandyryjylary öz içine alýar. Täze Äht her sebit üçin anyk görkezmeler berýär, ýöne köplenç bu görkezmeler hökümetiň ähli ugurlaryna degişlidir.

Bu aýatlaryň ilkinji sözlerine, «her bir ynsan» diýen sözlere üns beriň. Kadadan çykmalar ýok, şonuň üçin muny kelläňize möhürläň. Bu teklip däl, buýruk. Reb duýduryş bermeýär we maslahat bermeýär.

Soň bolsa, biz şuny okaýarys: «Her bir ynsan öz üstünden höküm sürýän häkimiýete *tabyn bolsun*». Grek dilinde «tabyn bolmak» sözi harby manyly sözlerde ulanylýan *hupotasso* termini bilen aňladylýar, bu «lideriň ýolbaşçylygynda harby tertipde goşun düzmek» manysyny berýär. Raýat pudagynda bu «meýletin boýun egmek, jogapkärçiligi kabul etmek we kynçylygy başdan geçirmek» manysyny berýärdi (Taýeriň grek dilindäki sözlügi). Ýönekeý söz bilen aýdylanda, bu ýerde ulanylyşy ýaly, bu söz häkimiýetlere meýletin boýun bolmaga we soragsyz boýun bolmaga çagyrýar.

Her bir adam häkimiýetlere boýun bolmalydyr, çünki Reb ähli ýokary ygtyýarlylary belledi. Ähli güýç Hudaýdan gelýär. Kadadan çykmalar ýok. Aslynda, bu aýatda ulanylýan söz – bu grek sözi *tasso* bolup, ol «bellemek, goýmak we karar bermek» manysyny aňladýar. Onuň hiç hili ýagdaýda tötänleýin baglanyşygy ýok, ýagny gönüden-göni öňde goýlan maksat hakda gürleşýäris. Hudaý ähli häkimiýetleri Özi belländigi sebäpli, olara hormat goýmadyk ýa-da boýun egmedik wagtymyz, biz olaryň arkasynda Duranyň Özüne

boýun bolmaýarys. Muny bilsek-bilmesek-de, Hudaý tarapyndan kesgitlenen tertibe we ygtyýara garşy durýarys. Rebbiň beren ygtyýaryna garşy çykanymyzda, biz Hudaýyň Özüne garşy çykýarys!

Mesihiler hökmünde häkimiýetler bilen iş salyşanymyzda, biz şahsyýetden we tutýan ornundan daşda durmalydyrys. Biz häkimiýetlere boýun bolýarys, sebäbi olara berlen ygtyýar Hudaýdan gelýär. Bu adamy biziň halamagymyz ýa-da halamazlygymyz, onuň bu orna mynasypdygy ýa-da ýokdugy möhüm däl, biziň garaýşymyzda, biz oňa hormat goýýarys. Iman edenler köplenç Rebbe boýun bolýandyklaryny aýdýarlar, ýöne ygtyýarlylyga boýun bolmaýarlar. Bu adamlar aldawda ýaşaýarlar!

Eger biz Hudaýa boýun bolmagy öwrensek, başga bir adamda ylahy ygtyýary tanamakda kynçylyk çekmeris. Siz kime tabyn boljakdygyňyzy saýlamaly bolanyňyzda, şunuň ýaly ýagdaýlar ýüze çykýarmy: Hudaýyň gönüden-göni ygtyýarymy ýa-da berlen ygtyýarlykmy? Şübhesiz! Emma bu imanlylaryň köpüsiniň göz öňüne getirişi ýaly däl. Diňe bir kadadan çykma bar, biz muny indiki baplaryň birinde jikme-jik ara alyp maslahatlaşarys. Mesele köp mesihiler boýun bolmagy – kadadan çykmadygyna ynanýarlar, ýöne şahsy saýlaw azatlygy hemmeler üçin düzgün bolup durýar. Şeýle netijelere eýermek bizi heläkçilige eltip biler. Munuň netijeleri, öňki baplarda görşümiz ýaly agyr bolup biler. Bu diňe bir Hudaýyň ýazgarylmagy bilen çäklenmän, iblisiň güýçlerine kanuny taýdan ygtyýarlyk berilýär. Eger biz Hudaýa boýun bolmak we ýalkanmak islesek, biziň berlen ygtyýara boýun bolmakdan başga alajymyz ýokdur.

## ZALYM HÖKÜMDARLAR HUDAÝDANMYKA?

Şeýlelikde, Mukaddes Kitap bize ähli häkimiýetleriň Hudaý tarapyndan bellenendigini we olara hormat goýmalydygymyzy aýdýar. Bu köplenç adamlaryň aňynda päsgelçiligiň döreýän ýeri. Iň ýaýran jedel şuňa meňzeýär: «Ýöne erbet we zalym hökümdarlar

bar. Olaryň Hudaý tarapyndan bellenendigini nädip aýdyp bolar?» Bu soraga jogap bermek üçin, Gitleriň we Staliniň kategoriýasyndan – geçen asyryň iň adamkärçiliksiz we zalym hökümdary hökmünde ykrar edilen diktatorlaryň iň erbet mysallaryny ýada salalyň. Meniň pikirimçe, bu kategoriýanyň wekillerinden has zalym we ýaman adamlary tapyp bolmaz. Dogrumy?

Indi Müsüriň hökümdary faraon hakda gürleşeliň. Elbetde, ol bu kategoriýa girýär. Onuň dolandyran döwründe ysraýyl halky güýçli basyş astyndady. Faraon adamlary gul etdi we ýok etdi, fiziki we akyl taýdan ezdi, bu ýeterlik däl ýaly, ol müňlerçe adamlary sowukganlylyk bilen öldürdi. Ol adam bolsun ýa-da Hudaýyň Özi bolsun, hemmelere ulumsylyk we tekepbirlik bilen garady. Faraonyň güýji nireden gelýär? Onuň ygtyýaryndaky Hudaýyň halkyna näme boldy? Bu tötänlikmi?

Mukaddes Ýazgylara görä, Hudaý faraona Musanyň üsti bilen: «Men seni diri saklap ýörün»[7] diýdi (Müsürden çykyş 9:16). Pawlus muny Rimlilerde tassyklady (9:17). Bu iki salgylanmadan bu hakykatyň takykdygyny we düşündirilmeginde hiç hili ýalňyşlygyň ýokdugyny aýdyp bileris: bu iki adamyň güwäligi bilen tassyklanýar (Ýohanna 8:17-ä seret). Faraony ygtyýarlyk derejesine ýokary galdyran we tassyklan şeýtan däl-de, Hudaýdygyna şübhe ýok. Başgaça aýdylanda, Ybraýymyň nesilleriniň üstünden faraona ygtyýarlygy Hudaý berdi. Bu «ähli häkimiýetler Hudaý tarapyndan bellendi» diýen pikire doly laýyk gelýär.

Indi bu rehimsiz hökümdarlaryň häkimiýeti dolandyryşyna nähili gelendiklerini göreliň. Hudaý Ybraýyma ýetmiş bäş ýaşyndaka görnüp, Özüne tabyn bolsa, ondan beýik milletiň dörejekdigini aýtdy. Ybraýym Rebbe tabyn boldy we onuň boýun bolmagy Hudaýa şeýle bir ýakymlydy welin, nesilleri oňa «imanyň atasy»

7 Iňlis dilindäki (NIV, King James) terjimede şeýle ýazylan: «Men seni beýgeltdim». – *Terjimeçiniň belligi*

diýdiler (Rimliler 4:11, 12). Ybraýymyň gulak asmagyna jogap edip, Hudaý onuň bilen äht baglaşdy we şeýle diýdi: «Sen şuny bilip goýgun: seniň nesliň ýat toprakda gelmişek hem gul bolup *ýaşar* we şol ýeriň halky olary dört ýüz ýyllap *ezer*» (Gelip çykyş 15:13).

Hawa, muny kabul etmek aňsat däl! Dört ogluň kakasy hökmünde çagalarym, agtyklarym we çowluklarym üçin şeýle mirasy eşidip begenmezdim. Men bu pygamberligi öwrediji ýa-da köşeşdiriji diýip atlandyrmazdym. Oýlanyp görüň: Men täze müňýyllygyň birinji asyrynda ýaşaýaryn we nesillerime bolan bu garaýyş 2400-nji ýyla çenli dowam eder! Synaga garşy durmak we şeýle pikir etmek kyn bolmaz: «*Eýsem bu näme, meniň Hudaýa boýun bolanym üçin maňa berlen wadamy we bereketmi?*» Has gyzyklysy, bu pygamberlik Yshak entek göwrede emele gelmezdenem öň aýdylýar.

## BELKI, MESELE OLARYŇ ERBET HÄSIÝETINDEDIR?

Käbir adamlar: «Hudaý Ybraýyma bu barada öňünden aýdypdy, sebäbi nesilleriniň boýun egmejekdiklerini we erbet hereketleri üçin faraonyň sütemine sezewar ediljekdigini bilýärdi, ýöne Hudaý olar üçin muny asla islemedi!» Geliň, birnäçe gözleg geçireliň we bu delilleriň dogrudygyny anyklalyň.

Jogap bermek üçin ilki bilen ysraýyllaryň faraonyň gol astyndadygyny anyklamaly. Ybraýymyň ogly Yshak, gulak asmakda we mukaddeslikde ýaşaýan Hudaýdan gorkýan adamdy. Onuň we aýaly Rebekanyň iki ogly bardy: ulusy Ysaw we kiçisi Ýakup, olar dürli tarapdan dürli adamlardy. Hatda olar entek dünýä inmänkä, Hudaý: «Men Ýakuby saýladym, emma Ysawy ret etdim» diýip Öz pikirini aýan etdi (Rimliler 9:13).

Ýakubyň durmuşy gaty bir dogry başlamasa-da, soň Peniýelde Hudaý bilen duşuşdy, bu duşuşyk onuň durmuşyny üýtgetdi (Gelip çykyş kitaby 32-nji baba seret). Duşuşyk onuň durmuşynda Hudaýyň

ýalkanyş ähtini kesgitledi we onuň ady Ysraýyla üýtgedildi, ýagny «Hudaýyň şazadasy» boldy. Şondan soň onuň durmuşynda Hudaýa wepalylyk peýda boldy. Ol maşgalasyna butparazlykdan gaça durmagy we Rebbiň huzurynda arassa bolmagy buýurdy. Netijede, maşgalasy töwerekdäki şäherlerden geçip barýarka, milletleriň üstüne Hudaýyň gorkusy indi (Gelip çykyş kitaby 35-nji baba seret).

Ysraýyl on iki ogluň atasydy. Olaryň on birinjisi Ýusupdy, ony kakasynyň aýratyn halaýandygy sebäpli ol uly doganlary tarapyndan ýigrenilýärdi. Hudaý Ýusuba iki düýş berdi, oňa beýik hökümdar boljakdygy we doganlarynyň oňa hyzmat etjekdigi hakda welilik berildi. Düýşler doganlary şeýle bir gynandyrdy welin, Ýusupdan dynmak üçin, olar dildüwşük gurap, ony Müsür gulçulygyna satdylar.

Ýöne hatda Müsürde-de doly ýalňyzlyk we lapykeçlik döwründe Ýusup Rebbe wepaly bolup galdy. Faraonyň tanymal köşkleriniň birine on ýyl hyzmat edeninden soň, hojaýynynyň aýalynyň abraýyny bozmakda oňa aýyplama ýöňkeldi. Ol türmede oturdy we ol ýerde iki ýyldan gowrak wagtyny geçirdi, ýöne imanynda berk galdy. Soňra Reb Ýusuby türmede oturan faraonyň iki hyzmatkäri üçin düýş ýorujy hökmünde ulandy. Olaryň biri jezalandyryldy, beýlekisi boşadyldy; emma wagt geçdi we boşadylan adam faraonyň huzurynda özi barada söz aýtmagyny haýyş eden Ýusuby ýada salmady. Muňa garamazdan, Ýusup Hudaýa wepaly bolup galdy.

Günleriň birinde faraon düýşünde biynjalyk bolanda, azat edilen hyzmatkär oňa Ýusup hakda gürrüň berdi. Derrew ony çagyrdylar, türmeden çykardylar we faraonyň düýşüni düşündirmegi buýurdylar. Düşündirişinde ol ýedi ýyl dowam etjek aýylganç açlygyň ýakynlaşýandygyny duýdurdy. Hudaý Ýusuba bol ýyllarda faraona galla ýygnamagy maslahat berdi. Bu faraony şeýle bir haýran galdyrdy welin, derrew Ýusuby döwletdäki ikinji möhüm wezipä göterdi, ýagny diňe özi ondan ýokarydy.

Onuň kakasy Ysraýyl öýünde galyp, ogluna näme bolandygyny

bilmeýärdi: Hudaý muny oňa aýan etmedi. Bu wakalaryň hemmesi ýakyn wagtda Ybraýymyň ähli nesillerini Müsüre alyp barjak köpri bolar. Uly açlygyň üçünji ýylynda Ysraýyl ogullaryny Müsüre däne satyn almaga iberdi. Onsuz olar ölerdiler. Müsür azyk alyp bolýan ýeke-täk ýerdi, sebäbi diňe şol ýerde Rebbiň hikmeti bilen açlyga taýynlyk gördüler. Ýusubyň üsti bilen Hudaý Müsür halkyny baýlaşdyrdy. Ol bu ýurdy ähli halklaryň arasynda iň güýçli we täsirli etmäge taýýarlady, bu hem belli bir maksat bilen edildi.

Ysraýylyň ogullary Müsüre gelenlerinde, olary Ýusubyň ýanyna getirdiler, ýöne olar ony tanamadylar. Bu geň galarlyk däl. Kim tagtda guly göz öňüne getirip biler? Ýusup, tersine, olary derrew tanady. Belki-de, olaryň gelmegine garaşandyr, ýöne muny gizlin saklandyr. Mugt däne bilen olara ak pata berdi, ýöne olary ýene yzyna gaýtarmaga mejbur etmek üçin doganlarynyň birini tussag etmek meýilnamasyny düzdi. Haçanda azyklary gutaransoň, olar gaýdyp geldiler; indi Ysraýylyň ogullarynyň hemmesi geldi. Olaryň hemmesi ýygnananlarynda, Ýusup olara özüni aýan etdi.

Ýusubyň doganlary ony tanap, gaty gorkdular. Ýusubyň muňa şeýle bir doly ygtyýarlygy bardy welin, dönükligi üçin olar bilen doly haklaşyp bilerdi, tersine, ol olary köşeşdirdi:

> Men siziň Müsüre satan doganyňyz Ýusupdyryn. Siz meni bu ýere satandygyňyz üçin gam çekip, puşman etmäň, çünki *Hudaý* adamlaryň janyny gorap saklamak üçin *meni* siziň öňüňizden Müsüre *iberdi.* Çünki ýer ýüzünde iki ýyldan bäri açlyk dowam edýär. Ýene-de bäş ýyllap ekin-tikinde, hasyl-da bolmaz. Ýer ýüzünde siziň nesilleriňizi aman galdyrmak we sizi beýik gutulyş bilen halas etmek üçin Hudaý meni siziň öňüňizden iberdi. *Şoňa görä-de, meni bu ýere siz däl-de, Hudaý iberdi* (Gelip çykyş kitaby 45:4-8).

Şeýle jogapdan soň, siz geň galyp bilersiňiz: «*Onuň*

*hakykatdanam pikirleri şeýle üýtgär ýaly, ol Müsürde gaty köp wagt geçirdimi?*» Belki, ol agyry, dönüklik we ýalňyzlyk ýyllaryny ýatdan çykarandyr. Galyberse-de, söýýän Hudaý nädip ony beýle hasratlara duçar edip biler? Ysraýylyň iň wepaly we gulak asýan ogluna, ol bigünä bolsa-da, on iki ýyldan gowrak türmede gulçulyk we ýalňyzlyk çydamlylygyna Ol nädip rugsat berip biler? Ýusup Hudaýyň muňa diňe bir rugsat bermän, eýsem bularyň hemmesini Onuň öňden meýilleşdirendigine hakykatdanam ynanyp bilermi?

Iki şaýadyň agzyndan çykan sözler bir hakykatyň dogrudygyny subut edýärmi? Mezmurçynyň köp ýyllardan soň näme ýazandygyny göreliň:

> Şonda Reb ýurda açlyk düşürdi,Onuň ähli azygyny weýran eýledi. Öňlerinden bir adamy ýollady: Ýusup gul edilip satyldy. Onuň aýaklaryna zynjyr uruldy, boýny demir halka salyndy. Rebbiň aýdanlary berjaý bolýança, Onuň sözi Ýusuby synap barlady (Zebur 104:16-19).

Ine, saňa gerek bolsa! Ýusup özi hakda aldanmady! Geliň, bu bölüme has içgin seredeliň. Birinjiden, bu açlygy meýilleşdiren iblis ýa-da ýagdaý däl-de, Hudaýdy. Ikinjiden, Ýusubyň aýdyşy ýaly, Hudaý ony öz maşgalasynyň öňünden iberdi. Haçanda «Hudaý tarapyndan iberilen» diýen jümle aýdylanda, başga biriniň däl-de, muny hut Onuň edendigini aňladýar. Ýusup ret edilmedi, ol Hudaýyň Ruhy arkaly gepledi. Üçünjiden, Ýusup üçin bu görgüleriň hemmesi synag ýa-da arassalanmak prosesi boldy. Ahyrsoňy, ony zynjyrladylar we türmä saldylar, şol döwürdäki türmeler häzirki düzediş edaralarymyzdan has elhençdi. Şeýle-de bolsa, Ýusup iň takwa ogul boldy! Bu ýagşy adamlara heläkçilik ýa-da iblisiň meýilnamasy bolmazdan häkimiýetler tarapyndan zuluma çydap biljekdiklerini aňladýarmy? Şeýle ýagdaýlaryň hakykatdanam Hudaý tarapyndan meýilleşdirilip bilinjekdigini aýtmak isläňizokmy?

## BEÝIK GUTULYŞMY?

Bu möhüm soraglara jogap bermek üçin biz gözleglerimizi dowam etdireris. Ýusubyň sözlerine ýene bir gezek üns beriň. Onuň Hudaýyň ylhamynyň ýolbaşçylygynda gürländigini ýadyňyzdan çykarmaň: «Ýer ýüzünde siziň nesilleriňizi aman galdyrmak we sizi beýik gutulyş bilen halas etmek üçin Hudaý meni siziň öňüňizden iberdi. Şoňa görä-de, meni bu ýere siz däl-de, Hudaý iberdi» (Gelip çykyş 45:7, 8).

Beýik gutulyş! Şeýlelik bilen, ýekeje minut garaşyň, Ybraýymyň nesilleri faraonyň hökümdarlygyna boýun egmändikleri üçin däl-de, eýsem Hudaýyň meýilnamasy sebäpli geldiler. Bularyň hemmesini tamamlamak üçin Hudaý Ýusubyň ölüminden gysga wagtyň içinde Ysraýyla zalym boljak başga bir faraonyň geljekdigini öňünden bilýärdi (Müsürden çykyş 1:8-14). Birnäçe ýyl mundan öň Reb Ybraýyma öz nesilleriniň dört ýüz ýyllap ejir çekjekdigini aýtdy. Oňa Hudaýyň beýik gutulyşy diýilýär?! Şeýle sütemlere sezewar bolanda, uly halas ediş hakda nädip gürleşip bolar?

Käbirleri: «Näme üçin Hudaý Müsüriň deregine Ybraýymyň nesillerine ýedi ýyllyk açlyk döwründe iýmit berjek paýhas bermedi? Şonda Ýusup bu görgülerden gaça durardy» diýip soramaklary mümkin. Munuň sebäbi düşnüklidir: Hudaý olaryň faraonyň gol astyna düşmegini isledi. Ol muny meýilleşdirdi. Siz şeýle diýip bilersiňiz: «Emma faraon, zalymlygy sebäpli gadymy döwürleriň Gitleri diýlip atlandyrylyp bilner. Ol müňlerçe ýewreýi öldürdi we Hudaýyň halkyna uly görgi görkezdi». Hawa, bu hakykat, ýöne Hudaýyň ilkinji nobatda biziň bu dünýäniň rahatlyklarynda we lezzetlerinde ýaşamagymyzy gyzyklandyrmaýandygyny ýadymyzdan çykarmaly däldiris, Onuň ilkinji ileri tutýan zady – halas etmekdir!

Hudaýyň faraona aýdan paýhasly sözlerini diňläň: «Emma Men size Öz güýjümi görkezip, adymy tutuş dünýä jar etmek maksady bilen sizi diri saklap ýörün» (Müsürden çykyş 9:16).

Ondan öň Ybraýym, Yshak, Ýakup we olaryň nesilleri Rebbi bilýärdiler, ýöne dünýäniň galan bölekleri Ybraýymyň, Yshagyň we Ýakubyň Hudaýy hakda hiç zat bilmeýärdiler. Şonuň üçin Musa faraonyň ýanyna gelip, Rebbiň adyndan Ysraýyly goýbermegini buýranda, ol şeýle jogap berdi: «Kimmiş Ol Reb, Onuň sözüne gulak asyp, men ysraýyllary goýberer ýaly? Men Rebbi bilmeýärin, ysraýyllaryň gitmegine ýol berjek däl» (Müsürden çykyş 5:2). Hudaýy hiç kim, faraon-da, tutuş Müsür-de tanamaýardy. Emma Reb Öz halkyny halas etmek üçin alamatlar görkezende, hemme zat üýtgedi.

Birnäçe betbagtçylykdan soň käbir müsürliler Hudaýyň sözüni diňlediler. Olaryň doly jezasy berilmezden ozal: «Faraonyň emeldarlarynyň arasynda Rebbiň sözünden gorkýanlary meýdandaky gullaryny we mallaryny derrew içeri ýygnadylar» (Müsürden çykyş 9:20). Tizara olar faraondan: «Halky goýber, goý, gidip, Hudaýy Rebbe ybadat etsin» diýip sorap başladylar (Müsürden çykyş 10:7). Müsüriň akyldarlary-da öz patyşasyna: «Bu Hudaýyň işi» diýdiler (8:19).

Indi olaryň Reb hakda birneme bilim alandyklary äşgär boldy: «Müsür topragynda, faraonyň emeldarlarynyň we halkynyň öňünde Musa beýik adam bolupdy» (Müsürden çykyş 11:3). Olar Hudaýyň adamyna çuňňur hormat goýýardylar, sebäbi Rebbiň kimdigini bilýärdiler.

Soňra biz Ybraýymyň nesilleriniň müsürlilerden talap eden zatlaryny alandyklaryny okaýarys: kümüş, altyn şaý-sepler we egin-eşikler (Müsürden çykyş 12:35, 36). Hatda faraon hem ahyrsoňy: «Rebbiňki dogry, meniň we halkymyň edýäni nädogry» diýdi (Müsürden çykyş 9:27). Ahyrsoňy, bütin Müsür diri Hudaýyň kimdigini bildi.

## BÜTIN ÝER ÝÜZI BILDI

Diňe Müsür däl, eýsem bütin ýer ýüzi Rebbi hakyky we diri Hudaý hökmünde tanady. Onuň bütin ýer ýüzündäki iň güýçli döwleti

kiçeldenden soň, bu bilimiň hereketleriniň gönüden-göni netijesi boldy. Hudaý Ýusubyň üsti bilen halka paýhas berdi, bu bolsa Ysraýyl gullary tarapyndan olaryň agdarylmagy üçin güýç boldy. Şeýle ýeňliş, gullaryň garyp we gowşak döwlete, hatda ýönekeý bir ýurda zarba uranyndan, bütin dünýäniň ünsüne has çynlakaý täsir etdi. Hudaýyň hereketleri bütin dünýäni şeýle bir geň galdyrdy welin, ýyllar geçenden soň hem, Ysraýyl çölde gezip ýörkä, butparaz halklar henizem Ondan gorkýardylar we Ysraýylyň öňünde titreýärdiler.

Munuň netijeleri indiki nesillerde hem aýdyň göründi. Musanyň mirasdüşeri Nun ogly Ýeşuwa Ýerihodaky güýçli halka iki sany içaly iberdi. Ahlaksyz Rahap atly aýal olary garşy aldy we olara şeýle diýdi:

> Rebbiň bu ýurdy size berendigini men bilýärin. Bizi gorky gurşap aldy we *bu ýeriň ähli ilaty* siz sebäpli dowla düşdi. Müsürden çykanyňyzda, Rebbiň [Hudaýyň] siziň öňüňizde Gyzyl deňziň suwuny guradandygyny biz eşitdik... Bulary eşidenimizde, ýüregimiz bükgüldedi, sizden gorkymyz sebäpli bizde ysgyn-mydar galmady. *Siziň Hudaýyňyz Reb gökde hem, ýerde hem Hudaýdyr* (Ýeşuwa 2:9-11 kursiw awtoryňky).

Ol Rebbiň Hudaýdygyny, ýer ýüzündäki «ähli ýaşaýjylaryň» Ondan gorkandygyny aýtdy. Rebbiň ady bütin ýer ýüzüne mälimdi!

Bu bilim diňe bir Onuň şöhraty üçin däl, eýsem gutulyş üçinem zerurdyr. Günäden saplanmagyň ilkinji miweleri nätanyş adamdan we tutuş maşgalasyndan loly aýal halas edilende ýüze çykdy. Has möhümi-de, ol Dawut patyşanyň enesi boldy we Isa Mesihiň nesil şejeresine girdi. Reb faraony kiçeldip, bütin ýer ýüzünde Öz adyny yglan etmedik bolanda, bu beýle bolmazdy.

Ysraýyllar Müsürden gidenlerinden ýüzlerçe ýyl geçensoňam, halklaryň arasynda Hudaýdan gorkýandygyny görkezýän subutnamalar galdy. Ysraýylyň ruhanysy we kazysy Eliý döwründe Hudaýyň ady Onuň faraona eden işleri bilen baglanyşykly ýene-de ýatlanyldy.

Ysraýyl piliştliler bilen söweşdi we söweşiň birinji gününde olar agyr ýitgi çekdiler. Ertesi gün ysraýyllar Rebbiň Äht sandygyny düşelgä getirip, onuň daşyna üýşüp jebisleşdiler. Şonda «ähli ysraýyllar şeýle bir gygyryşdylar welin, olaryň gykylygyndan ýaňa hatda ýer sarsdy» (1 Şamuwel kitaby 4:5). Piliştliler bu sesi eşidip, munuň manysyny sorap başladylar. Soňra olar Rebbiň sandygynyň Ysraýyl düşelgesine getirilendigine düşündiler. Olaryň reaksiýasyna serediň:

> Piliştliler gorkup, şeýle diýdiler: «Olaryň düşelgesine hudaýlar [ýewreýçe - *elohim*] gelipdir. Dat biziň günümize! Bu öň görlüp-eşidilen zat däl ahyryn. Dat biziň günümize! Bu kuwwatly hudaýlaryň [*elohim*] elinden kim bizi halas edip biler? Her hili bela-beterler bilen bular çölde müsürlilere göz görkezen hudaýlar [*elohim*] ahyryn» (1 Şamuwel kitaby 4:7, 8).

Bu ýerde Hudaýy aňlatmak üçin ýewreý sözi *elohim* ulanylýar. Köne Ähtde biziň gulluk edýän Rebbimiz hakda aýdylanda, bu söz takmynan iki müň gezek diýen ýaly duş gelýär. Diňe Gelip çykyş kitabyň birinji babynda bu otuz iki gezek ulanyldy we bu biziň Hudaýymyzy we Ýaradanymyzy aňladýardy. Bu wakalardan birnäçe asyr geçenden soň, hatda piliştlilerem Ondan gorkup titrediler. Oňa gulluk etmeseler-de, olar hakyky, diri Hudaýyň kimdigini bilýärdiler.

## HUDAÝYŇ PAÝHASYNYŇ ÇUŇLYGY

Zalym faraon häkimiýetiň başyna gelende, bu duýdansyz Hudaýyň üstüne gelendigini aňlatmaýar: «Hudaý tarapyndan bolmadyk häkimiýet ýokdur. Hököm sürýän häkimiýetler Hudaý tarapyndan bellenendir» (Rimliler 13:1). Hemişe kanuny ygtyýary bolan her bir lider, gowy bolsun ýa-da erbet bolsun, Hudaý tarapyndan bellenilýär. Elmydama tötänleýin rol bilen däl-de, ýörite Ol tarapyndan öňünden kesgitlenýär.

Indi siz şeýle sorap bilersiňiz: eýsem Stalin ýa-da Gitler ýaly

liderlerden näme gowy zat çykar? Bu soraga jogap bermek üçin Resul Pawlusdan sitata getirýärin:

> Şeýlelikde, Hudaý islänine rehim-şepagat edýär, isläniniň ýüregini gataldýar... Hudaýyň baýlygy, danalygy we bilimi ummasyzdyr! Onuň hökümlerini kim düşündirip biler? Onuň ýollaryna kim akyl ýetirip biler? Rebbe kim akyl ýetirdi? Kim Oňa maslahat berip bildi? (Rimliler 9:18; 11:33, 34).

Hudaý biziň düşünjämizden ýokary zatlary etmäge ukyply. Käwagt Onuň edýän zadyny düşündirişsiz kabul etmeli bolýarys, sebäbi Ol muny bize biraz soňrak aýan eder.

Ýene-de Pawlus Onuň paýhasyny şeýle suratlandyrýar: «Eý, sen, adam, Hudaýa gep gaýtarar ýaly, sen kimmişiň? Heý-de ýasalan zat özüni ýasandan: “Näme üçin meni beýle ýasadyň?” diýip sorap bilermi?» (Rimliler 9:20). Onuň sözlerini diňläň: «Sen kimmişiň?» Başgaça aýdanymyzda, Ony sorag eder ýaly biz kimmişik?

Hudaý bize bir mysal bermek we Öz paýhasyna we rehim-şepagatyna ynanmagy öwretmek üçin faraonyň tagta çykmagynyň aňyrsynda nämeleriň bardygyny görkezdi. Şeýle-de bolsa, Ol muny her bir liderde bize hemişe aýan etmeýär. Ol biziň Onuň paýhasyna we rehimine ynanmagymyzy isleýär.

Hudaý Öz paýhasynda hiç wagt maksatsyz görgülere ýol bermez. Hatda biz ony belli bir pursatda görmesek-de, Ol muny halas etmek maksady bilen ulanyp biler. Emma bakylyk hemme zady öz ýerinde goýýar. Öz rehimdarlygynda Hudaý görgüleriň baky ykbalymyza zyýanly bolmagyna asla ýol bermez. Siz: «Emma bu zalym hökümdarlar halka örän köp kynçylyk getirdi» diýip jedel edip bilersiňiz. Bu hakykat, ýöne bu diňe fiziki barlykda şeýledir, Hudaý ruhy ýagdaýy fiziki taýdan has ýokary hasaplaýar; Habylyň ölümi biderek ýalydy, ýöne ol biderek bolmady, sebäbi onuň gany şu güne çenli gepleýär (Ýewreýler 11:4). Zalym hökümdarlar zorluk

döwründe we ondan ozal we ondan soňky yzarlamalar wagtynda müňlerçe mesihini öldürdiler, ýöne muňa garamazdan olaryň gany biderek dökülmedi. Olaryň gany henizem gepleýär.

Pespällik, boýun bolmak we doga-dileg etmek arkaly biziň ýolbaşçylara täsir etmek mümkinçiligimiz bar. Hudaýyň halky özlerini kiçeldip, doga-dileg edip, erbet ýollardan ýüz öwürende, Hudaý muny eşidýär we ýurda şypa berýär. Ysraýyl serdarlary kitabynda görkezilen takwa hökümdarlaryň bellenilmegi munuň gowy mysalydyr. Täze Äht şeýle jar edýär: «Şoňa görä, eý, Timoteos, ilki bilen şulary ündeýärin: hemmeler üçin doga-dileg ediň, olar üçin Hudaýa ýalbaryň, Oňa minnetdarlyk bildiriň. Parahat we gep-gürrüňsiz, her zatda Hudaýyň ýörelgesine eýerip, edepli ýaşap bilerimiz ýaly, patyşalar we ygtyýarlylaryň ählisi üçin doga-dileg ediň. Bu haýyrlydyr, Halasgärimiz Hudaýyň halaýanydyr» (1 Timoteos 2:1-3)

Biziň dileglerimiz bar bolan ýolbaşçylyga täsir edýär we bu täsir ýolbaşçylaryň bellenilmegine we saýlanmagyna-da täsir edip biler. Şeýle-de bolsa, bu ýerde kadadan çykmalar hem bolup biler. Irki ýygnagyň resullary we mukaddesleri köplenç olary yzarlaýan gödek we zalym hökümdarlara duçar boldular. Olar günäler ýa-da doga-dilegler sebäpli ejir çekmediler; üstesine-de, bu hökümdarlar Hudaýyň azat ediş meýilnamasynda bellenen rol oýnadylar.

## HIROD AGRIP I

Şeýle hökümdaryň biri Hirod Agrip I. Hirodlar diýlip Isanyň dünýä inmezinden ozal, Onuň gullugy döwründe we Ol direlenden soň Palestinada birnäçe rim hökümdarlaryna berlen atdy. Hirod Agrip b.e.öň 37-nji ýylda, Isa Mesih täzeden direlenden soň  häkimiýete geldi. Ol ýiti akyly we mekirligi sebäpli häkimiýete geçdi. Ol öňden görüjilik ukybyna eýe bolup, ygtyýarlyk basgançaklaryny ýokarlandyrmak üçin islendik serişdäni ulandy. Rim imperatory

Kaligulanyň öldürilmeginden soň ilkinji möhüm syýasy ädimini etdi – ol Klawdiýiň tagta çykmagyna kömek etdi. Ol Agribiň akylly syýasatyna ýokary baha berdi we onuň wezipesine Ýahudanyň we Samariýanyň territoriýalaryny eýeçilik etmegi goşdy. Ol atasy Beýik Hirodyňky ýaly uly bir patyşalygyň hökümdary boldy.

Häkimiýet döwründe Hirod Agrip I ýahudylyk bilen mesihilik sektasynyň arasyndaky göreşde tarap tutmaga mejbur boldy. Ol ikirjiňlenmän, mesihileri zalym yzarlaýjy roluny aldy. Resullaryň işleri kitabynda biz şuny okaýarys: «Şol wagtlar Hirod patyşa [Agrip I] ýygnagyň käbir agzalaryny yzarlap, olara sütem etmäge başlady. Ol Ýohannanyň dogany Ýakuby gylyç bilen öldürtdi. Ol munuň ýahudylaryň göwnünden turandygyny görüp, soňra Petrusy-da tussag etdi» (12:1-3). Hökümdar imanlylara ýowuz çemeleşýärdi, sebäbi bu onuň syýasy maksatlaryna ýetiripdi we ony ýewreýleriň arasynda meşhur edipdi. Ol Isanyň iň ýakyn şägirtlerinden biri bolan Ýakuby öldürdi, soň bolsa Petrusy hem öldürmek isledi.

Biz şeýle soragy bermeli: «Agribiň güýç ygtyýarlygy kimden gelýär?» Ähli syýasy hilelerine garamazdan, Hudaý rugsat bermese, ol häkimiýete gelmezdi.

Agribiň elinden ejir çeken Petrus imanlylara: «Hudaýdan gorkuň, patyşany sylaň» diýdi (1 Pet. 2:17). Näme?! Ýakuby öldüren patyşany hormatlaň? Näme üçin Hudaý Özüniň köp çagasynyň ýaşaýan ýurdunda beýle zalym hökümdaryň höküm sürmegine rugsat berip, soňra bolsa «Patyşany sylaň» diýýär? Soragymyzyň jogabynyň bir bölegini Mukaddes Ýazgylardan tapyp bilersiňiz: «Şeýlelikde, Petrus zyndanda saklanýardy, emma ýygnak onuň üçin Hudaýa yhlas bilen doga edýärdi» (Resullaryň işleri 12:5). Netijede, Hudaý gudrat bilen Petrusy türmeden boşatdy we mesihileriň doga-dileg edýän howpsuz ýerine eltdi. Eger iman edenler patyşany sylamasalar, Rebbiň beren ygtyýarlyk baradaky buýrugyna garşy çyksalar, olar Hudaýyň gudratlaryny görmezdiler.

Agribiň Petrusy öldürmek baradaky meýilnamasy ýygnagyň dogalary we tabynlygy sebäpli puja çykdy. Bu waka imanlylary ep-esli güýçlendirdi. Faraonyň bolşy ýaly, indi Hudaý hem azat ediji güýjüni görkezdi. Munuň iň uly subutnamasyny Mukaddes Ýazgylardan tapyp bilersiňiz: «Hudaýyň Hoş Habary bolsa barha ýaýbaňlanyp, imanlylaryň sany günsaýyn artýardy» (Resullaryň işleri 12:24). Mukaddesleriň üznüksiz dogalary we häkimiýete boýun bolmagy wakalaryň gidişine has güýçli täsir edipdir. Soňra bolsa, bellenen günde Hirod Agrip I-iň belent ýerde halkyň öňünde oturyp, olar bilen gürleşendigini görýäris: «Halk hem: “*bu* ses ynsan sesi däl-de, bir Hudaýyň sesidir!” diýip gygyryşdy. Şobada Rebbiň bir perişdesi Hirodesi jezalandyrdy, sebäbi ol Hudaýy şöhratlandyrmandy. Şeýdip, onuň endam-jany gurtlap öldi» (Resullaryň işleri 12:22, 23).

Höküm ýerine ýetdi, ýöne bu Onuň halkynyň däl-de, Rebbiň gylyjydy. Basym biz hökümdarlara diňe Hudaýyň höküm edip biljekdigini öwreneris. Bize häkimiýet başynda oturanlar üçin Hudaýa doga etmek, hormatlamak we olara boýun bolmak tabşyrygy berildi. Eger höküm etmeklik ýagdaýy ýüze çyksa, Hudaý muny diňe Özüne orun bermelidigimizi aýdýar.

Bu bapda ýazylanlar – hakykat, ýagny siziň ýygnagyňyzyň taglymatyna we dünýägaraýşyna ters bolsa-da dogrydyr. Hudaýyň paýhasyny açyk ýürek bilen kabul edeliň. Ýadyňyzda saklaň – Ol bize garşy däl-de, biziň üçin göreşýär.

9-NJY BAP

# PATYŞANY HORMATLAŇ

*Biz häkimiýetdäki adamlary hormatlamagy, sylamagy – olara uly sarpa bilen garamagy we tabyn bolmagy, şeýle hem öz borçlarymyzy ýerine ýetirmegi öwrenmelidiris.*

Soňky bapda gysgaça agzalan resul Petrusyň güýçli çagyryşy, esasanam biziň döwrümizde has ünsli bolmagy talap edýär. Belli bir aýada göz aýlamazdan ozal, onuň ulanylan mazmunyna seredeliň: «Eziz dostlar, janyňyza garşy söweşýän günäli höweslerden gaça duruň diýip ýalbarýaryn. Çünki siz bu dünýäde keseki hem gelmişeksiňiz. Imansyzlaryň arasynda hiç hili müýnsüz ýaşaň. Şonda olar sizi nädogry iş etmekde aýyplasalar-da, dogry işleriňizi görüp, Hudaýyň geljek güni Ony şöhratlandyrarlar» (1 Pet. 2:11, 12). Biz häkimiýete boýun bolmagyň onuň bu barada aýdýan ajaýyp durmuşydygyny bildik. Bu ýerde agzalan söweş, gozgalaňçylaryň ygtyýarlyga boýun bolmazlyk we boýun bolmak isleginiň arasyndaky söweşdir. Şeýle-de bolsa, biz köplenç başgaça pikir edýäris we soýuzdaşlarymyz üçin boýun bolmazlyk, duşman üçin bolsa, boýun bolmak islegini kabul edýäris. Bu pikir hakykatdan has daşdadyr.

Petrusyň aýdanlaryny ýatdan çykarmaly däldiris: hatda biz boýun bolup ýaşasak-da, bize «zalymlar» hökmünde töhmet atyp bilerler. Käbir adamlaryň: «Munuň näme peýdasy bar? Men boýun egýärin, ýöne şonda-da etmedik bir zadym meni günäkärleýär» diýip garşy çykýandyklaryny ençeme gezek eşitdim. Olar Rebbe boýun bolmaklarynyň we sylaglarynyň Ondan gelýändigini ýatdan çykardylar. Mukaddes Ýazgy muny gaty gowy düşündirýär:

> Eý, gullar [işgärler, ýygnak agzalary, raýatlar we ş.m.], ýerdäki hojaýynyňyzyň [iş berijiler, ýygnak ýolbaşçylary, raýat häkimiýetleri we ş.m.] sözüne edil Mesihiň sözüne gulak asýan ýaly, gorky we titreme bilen çyn ýürekden gulak asyň. Muny diňe olaryň öňünde merhemet gazanmak üçin däl-de, eýsem Mesihiň guly hökmünde Hudaýyň yradasyny ak ýürekden ýerine ýetirmek üçin ediň. Adamlara däl-de, Rebbe hyzmat edýän kimin tüýs ýürekden hyzmat ediň. Çünki isle gul bolsun, isle azat, her kimiň öz eden ýagşylygynyň öwezini Rebden aljakdygyny siz bilýänsiňiz (Efesliler 6:5-8).

Geliň, ýene bir gezek Petrusyň sözlerine ýüzleneliň: «Siz her bir ynsan häkimiýetine Rebbiň haky üçin tabyn boluň. Ýurduň başy bolan patyşa bolsun ýa-da onuň bellän emeldarlary bolsun, tapawudy ýok, olara tabyn boluň» (1 Petrus 2:13, 14). Mukaddes Ruh bize Petrusyň üsti bilen, şeýle hem Pawlusyň üsti bilen ähli häkimiýetlere kadadan çykmasyz boýun egmegimizi nesihat berýär. Onuň aýdýan patyşasynyň mesihileri rehimsizlik bilen yzarlaýan zalym hökümdardygyny ýadyňyzdan çykarmaň. Resul Pawlus ýaly, Petrus hem Hudaýyň özüne däl-de, adama berlen Hudaýyň ygtyýaryny tanamaga çagyrdy. Ol Hudaýyň patyşanyň üstündäki ygtyýarlygyna düşünmedik bolsa, hiç haçan adama, Hirod Agrip I-e boýun bolmazdy. Eger sen Hudaýyň ygtyýarlygy bilen öňden tanyş däl bolsaň, berlen ygtyýarlyga boýun bolmak kyn bolar. Biz

näçe köp boýun bolmaga synanyşsak, hakyky ygtyýarlygy görmedik wagtymyz muny etmek bize hasam kynlaşýar.

Petrus bu barada bize duýduryş berdi, sebäbi boýun bolmazlyk hakykatdanam Mesihe garşy ýa-da mesihiçilige garşy ruhuň işini hasam artdyrýardy, sebäbi bu güýç «Bu adam hudaý diýip atlandyrylýan ýa sežde edilýän zatlaryň baryna garşy çykyp, özüni olardan ýokary tutar» (2 Salonikliler 2:4), bu hakyky, diri Hudaýyň ýollaryny, usullaryny we buýruklaryny öz içine alýar. Biz imanlylar hökmünde bikanunçylyk işine kömek edýändigimizi ýa-da päsgel berýändigimizi soramalydyrys. Kömek edýän bolsak, onda asla Hudaýyň däl-de, şeýtanyň (gozgalaň) ýörelgelerine görä hereket edýäris.

Petrus sözüni dowam etdirýär: «Hemmelere hormat goýuň. Imanly doganlaryňyzy söýüň, Hudaýdan gorkuň, patyşany sylaň» (1 Petrus 2:17). Ol diňe bir häkimiýete boýun bolmak bilen çäklenmän, oňa hormat goýmagy maslahat berýär. Grek dilinde «hormat» sözi *timao* işligi bilen aňladylýar, bu «hormatlamak, sylamak, sarpa goýmak» manysyny berýär. Bu Isanyň: «Men Atamy hormatlaýaryn» diýende ulanan sözüdir (Ýohanna 8:49). Websteriň sözlügi (1828-nji ýyldaky neşir) hormat sözüni şeýle kesgitleýär: «hormatlamak, sylamak, sarpa goýmak we boýun bolmak bilen garamak. Şeýle hem öz borçlaryňy ýerine ýetirmek». Men ýene bir gezek gaýtalaýaryn: Petrusyň aýdan patyşasy imanlylary yzarlady! Ol mesihileri oňa hormat goýmaga çagyrmady, ýöne oňa Hudaý tarapyndan berlen ygtyýar hökmünde hormat goýmagy öwretdi.

## ÝAKYMSYZ SÖHBETDEŞLIK

Ýakynda ýurduň günortasyndaky uly şäherdäki meşhur mesihi radio ýaýlymynda menden interwýu bermegimi haýyş etdiler. Biz meniň kitaplarymyň biri hakda gürleşýärdik. On minutdan soň bizi mahabat üçin kesdiler. Men studiýada oturyp, bildirişleri diňleýärdim, şol wagty meniň mikrofonymyň sesi öçürilendi.

Birden meniň ünsüm howa maglumatyna gönükdirildi: bir adam müňlerçe tomaşaçylara şeýle bir aýazyň demirgazyk ştatyň birine düşendigini, ştat häkiminiň dodaklarynyň doňandygyny aýtdy. Ol häkimiň adyny tutdy we ol barada düşündiriş berdi: häkimiň dodaklary şeýle bir doňdy welin, ol indi agzyny açyp, öňküsi ýaly samsyk zat aýdyp bilmedi.

Men geň galdym, gulagyma ynanamokdym. Kellämde şeýle pikirler döräp başlady: «*Eýsem bu mesihi radiosy dälmi? Bolup bilmez!*» Soňra: «*Bu mesihi radiosy bolsa, bu çaklamanyň başga bir çeşmeden ýazylan bolmagy ähtimal*» diýip pikir etdim. Arakesmeden soň, eşidenlerimden henizem saplanyp bilmedim.

Eýýäm efirde alyp baryjy maňa nähilidir bir sorag berdi, men her bir işimizde Hudaýyň ýüreginiň bolmagynyň möhümdigi hakda sözler bilen jogap berdim. Bu wagt arakesmede eşidenlerimi kellämden çykaryp bilmedim. «Ýogsa-da, birnäçe minut ozal arakesmede meniň eşidenlerim munuň gowy mysaly» - diýdim. Soň bolsa: «Bu mesihi radiosymy?» diýip soradym. Ol: «Hawa» diýip jogap berdi.

«Onda, belki, meniň eşidenlerim dünýewi çeşmeden alnan bolmagy mümkin, sebäbi birnäçe minut öň gürlän adamyň sözlerinde Hudaýyň ýüregi ýokdy».

Ol: «Sen näme hakda gürleýärsiň?» diýip sorady. Men: «Häkimiň doňan dodaklary barada aýdylan sözler hakda» diýip jogap berdim. Alyp baryjynyň sesi gaharlandy: «Bu mendim».

Men: «Mukaddes Ýazgy biziň Hudaýdan gorkmalydygymyzy we patyşany ýa-da ygtyýarlylary hormatlamalydygymyzy aýdýar» -diýdim.

Onuň sesi has berkedi: «Hawa, ýöne bu degişme». Men dessine şeýle sözleri goşdum: «Ýöne Hudaýyň bize hormat goýmagy buýran adamyň gymmaty bilen däl. Resul Petrus: «Öz halkyňyň ýolbaşçysyny näletleme» diýdi» (Resullaryň işleri 23:5).

Ol söhbetdeşligi meýilleşdirilenden has ir tamamlady we: «Ine, biziň Jon bilen hemme zatda garaýşymyz deň gelmeýär» diýdi.

Men özümi gaty oňaýsyz duýdum. Eýsem bu häkime hormat goýmagyň we sylamagyň alamaty boldumy? Men alyp baryjynyň gürrüňini eden adamynyň hemişe hormata mynasyp işleri etmän, häkim bolup hyzmat edendigini boýun alýaryn, ýöne mesihiler hökmünde biz onuň ygtyýarlygyna hormat goýmalydyrys. Bu hormatsyz degişme näçe imanly mesihä täsir etdi? Onda biziň jemgyýetiň köp agzalaryna hormatymyzy ýitirendigimiz geň zatmy?

Bu irki yzarlamalara duçar bolan irki ýygnagyň imanlylarynyň hereketlerinden daşdady. Olar häkimiýete hormat goýýardylar. Özümizi nädogry alyp barsak we gürlesek, onda özümiz häzirki günümizde artýan kanunsyzlygyň güýjüni güýçlendireris. Ýöne Mukaddes Kitap bize şeýle diýýär: «Bikanunlyk eýýäm assyrynlyk bilen hereket etse-de, bikanun adamyň peýda bolmagy *bökdelýär*» (2 Salonikliler 2:7). Beýle özüňi alyp barmaklyk Mukaddes Ruhuň çäklendiriji güýjüne garşy çykyş edýär. Bu şeýtanyň ýörelgesidir!

## REBDEN GORKMAKLYK HORMATY DÖREDÝÄR

Geliň, Petrusyň: «Hudaýdan gorkuň, patyşany sylaň» diýen sözlerine gaýdyp geleliň. Hudaýdan gorkýanlar – bu adamlar durmuşynda Rebbiň şöhratyny hemme zatdan beýgeldýärler. Olar Onuň ähli sarp ediji güýjüne duş geldiler we onuň bilen bir boldular. Olar Onuň gadyryny bilýän zadynyň gadyryny bilýärler we Onuň ýigrenýän zadyny ýigrenýärler. Hudaýdan gorkmak we ähli ygtyýarlylara hormat goýmak olaryň durmuşynda berk ornaşan, sebäbi Hudaý Öz ygtyýarlygyny berýär.

Rebden gorkmak ruhunyň ýoklugy, haçanda biz ygtyýarlylara hormat goýmadyk wagtymyzda ýüze çykýar. Işaýa pygamberiň Mesih hakda aýdan sözlerini ýada salyň:

> Rebbiň Ruhy: danalyk hem paýhas, maslahat hem güýç-gudrat, Rebbi bilmek hem *Ondan gorkmak ruhy Onuň üstünde bolar. Ol Rebden gorkmakdan lezzet alar*, görşüne

görä höküm çykarmaz Ol, eşidişine görä karar çykarmaz (Işaýa 11:2, 3, kursiw awtoryňky).

Isa Rebden gorkmakdan doludy. Bu Oňa gören ýa-da eşiden zatlaryna esaslanyp başgalara baha bermezlige mümkinçilik berdi. Şol radio ýaýlymyň alyp baryjysy, öz miweleriniň üsti bilen özüne berlen ygtyýarlykdan Hudaýdan gorkmaýandygyny görkezdi. Häkimiň özüni alyp barşy haýsydyr bir derejede mynasyp däldigi sebäpli, bu adam oňa diňe gören we eşiden zatlaryna esaslanyp baha berdi. Eger diňe şular ýaly ýörelgelere esaslanmaly bolsa, belki, alyp baryjy «nyşana» uran bolsa gerek. Emma Rebden gorkup hemme zada seretse, ilki bilen häkimiň şahsyýetinde özüne berlen ygtyýarlygy görerdi. Hökümet edarasyna töhmet atmak takwa amal hasaplanmaz.

Çokundyryjy Ýahýa bir hökümdaryň, Hirodyň nädogry hereketleri bilen ýüzbe-ýüz bolmaly boldy, ýöne onuň patyşa bolan garaýşy radio ýaýlymynyň alyp baryjysyndan tapawutlydy. Ilki bilen Ýahýa Hiroda: «Seniň öz doganyňyň aýalyna öýlenmegiň dogry däl» diýdi (Matta 14:4). Ol günä hakda gönüden-göni gürledi we bu günäni eden adam hakda kemsidiji gürlemedi. Ikinjiden, Hirod bilen Hudaýyň pygamberi hökmünde ygtyýarlyk wezipesinden peýdalanyp gürledi. Iň soňunda, Çokundyryjy Ýahýa patyşanyň adyna kemsidiji degişmelere ýol bermedi.

Mukaddes Kitapda takwa adamyň häkimiýet başyndaky adamlara gülýän ýekeje mysaly bar. Biz Ylýas pygamber hakda aýdýarys (1 Patyşalar 18:27). Ol Bagalyň ýalan pygamberlerini we olaryň gulluk eden hudaýlaryny ýaňsa aldy. Bu adamlaryň güýji bardy, ýöne bu hakyky däldi – bu galpdy. Olar ysraýyl halkyndan köp adamy garaňkylygyň güýjüne alyp gitdiler. Olaryň ygtyýary Hudaý tarapyndan kesgitlenmedi. Olar hormata we tabynlyga mynasyp däldiler.

Okkult guramalaryna ýolbaşçylyk edýän adamlara boýun egmeli däl bolsa-da, muňa çynlakaý seredip bolmaz, sebäbi hatda «Baş perişde Mikaýyl Musanyň jesedi barada iblis bilen çekeleşende,

iblise garşy sögmäge milt etmedi. Gaýtam, diňe: “seni Rebbiň Özi ýazgarsyn!” diýdi. Emma bu düýş görýän adamlar [ýygnakdaky gozgalaňçylar] düşünmeýän zatlaryna sögýärler» (Ýahuda 9,10). Ylýas Bagalyň pygamberlerini ýaňsa alanda, Hudaýyň Ruhy onuň üstünde boldy. Garaňkylykdan bolsa-da, haýsydyr bir ygtyýarlygyň görnüşini masgaralap gülsek, gaty akylsyz hereket edýäris.

Hudaýyň bellän hakyky ygtyýaryna gaýdyp gelmek bilen, men olara Hudaýdan gorkmak bilen doldurylan gözler bilen görmeseňiz, häkimiýete hormat goýmagyň we oňa boýun bolmagyň kyndygyny belläsim gelýär. Mukaddes Ýazgynyň aýdanlaryny diňläň: «Aýratynda haram höweslerine kowalaşyp, Onuň hökmürowanlygyny äsgermeýänleri-de näme etjegini Reb bilýändir. Beýle adamlar batyrsyraýarlar, tekepbirlenýärler we gökdäki güýçlere dil ýetirmekden gorkmaýarlar» (2 Petrus 2:10). Petrus we Ýahuda imanlylar hakda gürlediler (Ýahuda 12; 2 Petrus 2:13-15). Bu hakykat bize düýpli täsir etmeli.

Kitabyň başynda men käbirleri üçin munuň mazmunyny kabul etmegiň kyn boljakdygyny duýdurdym, sebäbi köplenç biz Hudaýyň Patyşalygyny demokratik pikirlenmäniň linzasynda görýäris. Şonuň üçin bize aňymyzyň ruhunda täzelenmeklik nesihaty berilýär (Efesliler 4:23-e seret). Radio gepleşigini alyp baryjynyň işi üýtgeşik bolan bolsa, men muny aýtmazdym, ýöne beýle pikir häzirki wagtda ýygnakda giňden ýaýrandyr. Men Bil Klintonyň prezidentlik eden döwründe bu netijä geldim.

## MINUS AÝYRMAK MINUS – PLÝUS BOLMAÝAR

1992-nji ýylda Klinton prezident saýlananda, Hudaý maňa bir zat aýan edýänçä, üç günläp ruhdan düşdüm. Ol maňa Özüniň habary bolmazdan hiç kimiň häkimiýete gelmeýändigini we «ruluň başynda» duranlaryň hemmesiniň Onuň Özi tarapyndan bellenilýändigini aç-açan görkezdi. Bu maňa aýan bolansoň, men ilki bilen şahsy

durmuşyna däl-de, adamyň ygtyýarlygyna seredip başladym. Muny edenimde, bu lidere ýüregimde ösýän hakyky söýgüni we onuň durmuşyna erkinligiň girmegini we onuň hakykatda hereket edip başlamagyny güýçli isleýändigimi derrew tapdym.

Çokundyryjy Ýahýanyň Hirod hakda edil şu pikirine ynanýaryn. Ol Hirod bilen ýiti gepleşen hem bolsa, Ýahýanyň bu azgyn hökümdara Hudaýyň ýüregi bilen ýüzlenendigine şübhelenemok. Şonuň üçin hem Ýermeýa halk barada, olara berk sözler aýdan mahaly, aglapdy. Käbir adamlar kanunçylykdan gelip çykýan niýetlerden, ýigrenç bilen doly ýürekden çykyş edýärler, ýöne beýlekiler bolsa, Rebbiň duýgudaşlyk bilen ýanýan ýüreginden çykýan düzediş sözlerini aýdýarlar.

Özlerini dogry hasaplaýanlara esaslanyp, başgalary tankytlaýan adamlar Hudaýy gaharlandyrýarlar. Köp ýygnaklarda men prezidentimize bolan hormatsyz garaýyşlara birnäçe gezek şaýat boldum. Dowam etmezden ozal men derrew şuny aýtmak isleýärin, men hiç ýerde we hiç haçan Klintona ses bermedim we onuň özüni alyp barşy sebäpli bütin ýurtda belli bolan zatlar meni gynandyrýar.

1992-nji ýylda mende ýurduň köp ýerinde wagyz etmek mümkinçiligim boldy we köplenç mesihiler maňa aşa konserwatoryň gatnaşmagyndaky teleýaýlyma tomaşa edip görmegi maslahat berdiler. Ähtimal, onuň liberal liderlerimiz, esasanam Prezident we aýaly hakda diňlemeli köp zady bar öýdýän. Köp şäherlerde maňa onuň programmasyna tomaşa etmegi maslahat berdiler. Adatça maňa: «Sen ony diňlemeli. Waşingtonda bolup geçen wakalar baradaky teswirleri tüýs ýerine düşen» diýdiler. Olara ynanmak bilen men: *«Ol ýerde onuň näme diýýänini hökman görmeli»* diýip pikir etdim. Men telewizora kän seredemok, şonuň üçinem onuň gepleşigini görmändigime dokuz aý töweregi wagt boldy.

Bu Kaliforniýada boldy. Gullukdan soň men myhmanhana otagyna gaýdyp, telewizory açdym we ahyrsoňy bu adamy gördüm. Ol örän gülkünç görünýärdi, kostýumy göz öňüne getirip bolmajak

reňkli galstuk bilen bezelendi. Ol prezident Klinton hakda gürläp başlady. Men begendim: «*Ol hemmeleriň aýdýan meşhur adamy*». Men onuň näme diýjegine garaşyp, ekranyň öňünde oturdym.

Ol ýigrimi minutlap prezidenti ýaňsylady, ony düýbünden başga bir zat ýaly etdi. Onuň degişmeleri gaty gülkünçdi, sözlemleri paýhaslydy, ýöne şu wagt bokurdagymda birneme ýürek bulanma duýýardym. Men: «*Munuň nämesi erbet? Onuň aýdan zatlarynyň hemmesi dogry. Ol prezidentimiziň liberal pikirini suratlandyrmakda uly iş etdi*» diýip pikir etdim. Soň bolsa Hudaýa ýüzlendim: «Ýa Reb, näme üçin ýüregimde beýle ýakymsyz duýgy bar?»

Mukaddes Ruh derrew şeýle jogap berdi: «*Öz halkyňyň ýolbaşçysyny näletleme*» (Resullaryň işleri 23:5). Men Mukaddes Ýazgydan başga bir bölümi derrew ýada saldym: «*Şoňa görä, eý, Timoteos, ilki bilen şulary ündeýärin: hemmeler üçin doga-dileg ediň, olar üçin Hudaýa ýalbaryň, Oňa minnetdarlyk bildiriň. Parahat we gep-gürrüňsiz, her zatda Hudaýyň ýörelgesine eýerip, edepli ýaşap bilerimiz ýaly, patyşalar we ygtyýarlylaryň ählisi üçin doga-dileg ediň. Bu haýyrlydyr, Halasgärimiz Hudaýyň halaýanydyr*» (1 Timoteos 2:1-3). Üstümden bir tonna kerpiç gaýdan ýaly boldy. Hudaý bize hökümdarlara hormat goýmagy, doga-dileg etmegi, araçy bolmagy we şükür etmegi buýurdy. Şeýle hem, Ol bize olara garşy geplemegi gadagan etdi. Ol bize olary äsgermezlik etmegi, tankyt etmegi, olara garşy gozgalaň turuzmagy we olary degişmeler arkaly kemsitmegi hem gadagan etdi. Şol teswirçiniň köp tarapdan dogrydygyna garamazdan, iki ýalňyş zat bilelikde bir dogry zat bolup bilmez!

Men gaty gynandym, ýöne bu adamyň özüni alyp barşyna dälde, eýsem köp mesihileriň onuň ýaýlymlaryny şowhun bilen kabul edip alýandyklary üçin. Alyp baryjynyň özi barada aýdylanda bolsa, men oňa başgaça özüni alyp barşyny bilmeýän adam hökmünde seretdim. Bir zat maňa düşnükli däldi – mesihiler onuň habarlaryny nädip wagyz edip bilerler? «Patyşany hormatlamak» hakykatdanam

zerurmy? Hudaý, bize, mesihi imanlylara näme etmelidigimizi aýtdy: doga-dileg et, rehim-şepagat et we şükür et. Pawlus diňe bir zalymlyk bilen meşgullanýanlaryň däl-de, «başgalaryň hem şeýle etmegini oňlaýanlaryň» ölüme mynasypdygyny aýtdy (Rimliler 1:32).

## BIZ HAÝSY KANUNLAR BOÝUNÇA ÝAŞAÝARYS?

Men şol myhmanhana otagynda bolup geçen zatlar hakda ýurduň hemme ýerinde wagyz edip başladym. Köp adamlar yşygy görüp toba etdiler, beýlekiler maňa gaharlandylar. Olar öz delillerini öňe sürdüler we bu teswirçiniň hökümet tarapyndan bize berlen dogry durmuş we söz azatlygynyň tarapdarydygyny aýtdylar. Bu hakykat; ýöne şonda-da beýle hereketlerden daşary buýruklarymyz bar. Biz Hudaýyň Patyşalygynyň kanunlaryna görä däl-de, demokratik ülňüler boýunça ýaşaýarysmy? Alkogol içgiler biziň ýurdumyzda kanuny bolany üçin, mesihilerem içmelimi?

Bizde beýik kanun bar. Täze äht eýýämindäki ilkinji mesihiler barada bir imansyz rimli şeýle ýazypdyr: «Olar ömürlerini ýerdäki günler bilen geçirýärler, ýöne olar Gökleriň raýatlarydyr. Olar ýazylan kanunlara boýun bolýarlar, ýöne şol bir wagtyň özünde, öz durmuşlary bilen şol kanunlardan ýokary galýarlar» (*Diognetusa ýazylan hat*, 5-nji bap).

Näleti diňlemegiň peýdasy näme? Munuň miwesi näme? Şeýle programmalara tomaşa etmän we adam habaryny ýaýratman, hökümet ýolbaşçylarymyz üçin araçy bolmaga wagt sarp etsek, has täsirli bolmazmy? Hudaý bize boýun bolmak durmuşynyň miwesiniň «parahat we gep-gürrüňsiz, her zatda Hudaýyň ýörelgesine eýerip, edepli ýaşap» boljakdygyny aýtmadymy?

Men prezident Klinton bilen duşuşan we «bigünä çagalaryň öldürilmegini kanunlaşdyran islendik lideriň Hudaý tarapyndan höküm ediljekdigini we dowzahda ýakyljakdygyny» aýdan gullukçyny bilýärin. Bu adam Çokundyryjy Ýahýanyň Hirod bilen

edişi ýaly özüni alyp bardy. Ol prezidente dogruçyl gahar we dünýä inmedik çagalara we prezidentiň özüne bolan hakyky söýgi sebäpli ýüzlendi. Prezidentiň abraýyna hormat goýýan bu gullukçy hakykaty aýtdy; beýle adam häkimiýet başynda bir lideriň üstünden gülmäge hiç wagt ýol bermezdi. Teleýaýlym ýa-da radio alyp baryjylaryň häkimiýetleri masgaralaýandyklaryny diňlänimizde, biz Hudaýyň ýüregini ýitirýäris. Gulagymyzdaky nälet baky miwe bermeýär.

## HÄKIMIÝETI HORMATLAÝAN ÝÜREK

Biz özümizde häkimiýete hormat goýmagy özleşdirmelidiris, sebäbi biz Rebbiň goýan adamlaryna hormat goýýarys. Pawlus şeýle ýazýar:

> Ýagşy iş edýänler häkimiýet ýolbaşçylaryndan gorkmaýarlar. Olardan ýaman iş edýänler gorkýandyrlar. Häkimiýetden gorkman ýaşasyň gelýärmi? Ýagşy işleri et, şonda *häkimiýet* seni taryplar. Sebäbi häkimiýet ýolbaşçysy seniň ýagşylygyň üçin Hudaýyň hyzmatkäridir. Ýaman iş edýän bolsaň, häkimiýet ýolbaşçysyndan gork, sebäbi ol gylyjy ýöne ýere göterýän däldir. Ol *Hudaýyň hyzmatkäridir*, ýaman iş edeni jezalandyryp, Hudaýyň gazabyny onuň üstünden inderýändir. Şoňa görä, diňe *jeza duçar bolmak gorkusyndan däl*, eýsem ynsabyňyzy päk saklamak üçin häkimiýete tabyn bolmalydyr. Siz salgytlary hem şu sebäbe görä töleýänsiňiz. Sebäbi häkimiýet ýolbaşçylary öz borçlaryny berjaý etmek bilen, Hudaýa hyzmat edýändirler. Şoňa görä-de, her kese berilmelisini: salgyt bolsa — salgydy, gümrük bolsa — gümrügi, gorky bolsa — gorkyny, hormat bolsa — hormaty beriň (Rimliler 13:3-7, awtor tarapyndan bellendi).

Hudaý häkimiýet başyndakylary Özüniň hyzmatkärleri diýip atlandyrdy we olar hormata we sylaga mynasypdyrlar. Her gezek

polisiýa işgärini, ýangyn söndürijini, häkimi, şäher geňeşiniň agzasyny, gubernatory, kanun çykaryjy ştatyň agzasyny, kazyny, kongres agzasyny ýa-da hökümete degişli başga bir işgäri görenimde, bu sözler ýüregimde ýalpyldaýar. Şähere, okruga ýa-da milli bölüm binalaryna girenimde, içimde hemişe hormat duýgusynyň ýokarlanýandygyny duýýaryn. Ol ýerde Öz halkyna hyzmat etmek üçin işleýän Hudaýyň bendeleri bar.

Men birnäçe gezek tizligimi ýokarlandyrandygym üçin jerime aldym, her gezek jerime talonyny alanymda, poliseýe: «Jenap, men ýalňyşdym, men siziň işiňiz üçin we şäherimize hyzmat edýändigiňiz üçin sag bolsun aýdasym gelýär. Kanuny bozanym üçin meni bagyşlaň» diýýärin. Siz olaryň ýüzlerini bir görsediňiz. Bir ofiser ýöne bir üýtgedi, ilki ol berkdi, ýöne özüne hormat goýulýandygyny görüp ýumşady. Hatda ol jerime talonyny yzyna almak isleýän ýaly göründi, ýogsam men beýle etmekçi bolmadym.

Meniň bir dostum bar, ol şol ştatda, häkime «mesihi» radiosy tarapyndan hormatsyz baha berlen ştatda ruhy çopan bolup işleýär. Onuň beren şaýatlygyny diňläň. Ol öz şäheri üçin Hudaýa doga edip, ondaky ýagdaýy nädip üýtgetmelidigini Ondan sorady. Şol döwürde onuň ýygnagy az sanly imanlylardan ybaratdy. Hudaý onuň ýüregine şäheriň raýat häkimiýetlerine hormat goýmagy guýdy. Ol birnäçe dilegden soň näme etmelidigini bildi. Ol we ýygnak ýolbaşçylary şäheriň iň möhüm zerurlyklaryny kesgitläp başladylar. Şäher ýangyn söndürijilerine adamlary tüsse bilen doldurylan ýerlerden çykarmaga mümkinçilik berýän ýangyn söndürijilere ýörite maskalaryň gerekdigini öwrendiler, ýöne bu maskalar şol ýyl üçin ýerli býujetde ýokdy. Olaryň hersiniň bahasy takmynan ýigrimi bäş müň dollardy. Esasanam şeýle kiçijik ýygnak üçin bu köp pul bolýardy.

Ruhy çopan öz gören görnüşini ýygnagyň mesihileri bilen paýlaşdy we olar sadaka ýygnadylar, olaryň ýygnan mukdary bu meseläni çözmek üçin ýeterlikdi. Olaryň ýygnagy ýygnalan pullary şähere sowgat etdi. Ruhy çopan meniň bilen başdan geçirenlerini

paýlaşdy: «Jon, munuň şäher häkimligine nähili hyzmat edendigine haýran galarsyň. Olar şeýle kiçi ýygnagyň şeýle uly rehimdarlyk işini edendigine ynanyp bilmediler. Olar hökümetiň tükeniksiz talaplaryndan nägilelik bildirýän adamlara öwrenişipdiler, ýöne meýletin sadaka berip bilmeklik – bu diýseň ajaýyp!»

Şondan soň ýygnak güýçli depginde ösüşi başdan geçirdi. Täze ybadathana binasy gurlanda, onuň açylyşyna şäher bölüminiň köp işgärleri gatnaşdy, olaryň käbirleri henizem şol ýere gatnaýarlar. Bu ruhy çopanyň miwesini şol radio ýaýlymynyň miwesi bilen deňeşdiriň.

Köp mesihiler tölemeli salgytlaryndan nägile. Men ýygnaklarda salgyt tölemekden gaça durmagyň ýollaryny oýlap tapan adamlara gabat gelýärin. Olar muny özleriniň konstitusiýa hukugydygyny aýdýarlar. Men olar bilen jedel edýärin: «Hudaýyň size aýdýanlary, konstitusiýa hukugyňyzdan has möhümdir. Hudaý salgyt töle diýýär». Soňra men bu adamlara: «Sürüp barýan ýollaryňyz üçin kim töleýär? Polisiýa, ýangyn söndürijiler we kanun çykaryjylar sizi goramagy üçin olara kim töleýär?» diýip soraýaryn. Hasapçylar köp gezek maňa mesihileriň bu ýerden ýa ol ýerden hasaplary kesmäge synanyşyp kezzaplyk edýändiklerini we salgytdan gaçýandyklaryny aýdýarlar. Bu meniň ýüregimi paralaýar. Men öz hasapçylarymyza: «Hiç hili goşa hasap ýöredilmeli däl, men aldawçylyk etmek islemeýärin» diýdim. Salgyt tölemek – bu hökümete özüne laýyk zady bermäge mümkinçilikdir. Eger biz bermegi saýlasak, talanyp bilmeris! Biz, imanlylar, bu hakykata haçan düşüneris?

Eger ýygnak şeýle etse, biz milletimize we bütin dünýämize iň uly şaýatlyk ederis. Biz häkimiýetdäki adamlary hormatlamagy öwrenmelidiris: olary hormatlamagy, sylamagy, olara uly sarpa bilen garamagy we tabyn bolmagy, şeýle hem öz borçlarymyzy ýerine ýetirmegi öwrenmelidiris. Şeýle etmek bilen, Gökdäki Atamyzy hormatlaýarys. Patyşany hormatlanymyzda, biz Rebden gorkýandygymyzy görkezýäris.

## HÄKIMIÝETIŇ ÄHLI UGURLARY ÜÇIN BIRMEŇZEŞDIR

Meniň öňki bapda ýazyşym ýaly, patyşany hormatlamak buýrugy islendik raýat edarasyna gönüden-göni degişlidir. Bu görkezme ygtyýarlyk berlen beýleki ugurlara-da degişlidir. Aşakdaky aýatlarda hormat hakdaky sözlere üns beriň. Hudaý maşgala hakda: «Ene-ataňa hormat goý» diýdi (Efesliler 6:2). Ýene-de Ol: «Aýal ärine hormat goýmalydyr» diýdi (Efesliler 5:33; Täze Äht häzirki zaman terjimede). Raýat häkimiýeti barada: «Hudaýyň adyna we öwredýän taglymatymyza dil ýetmez ýaly, gulçulyk boýuntyrygy astyndakylaryň bary öz hojaýynlaryny hormata mynasyp saýsyn» (1 Timoteos 6:1). Ýygnakdaky ygtyýarlyklar barada biz şu indiki buýrugy alýarys: «Ýygnagy oňat dolandyrýan ýolbaşçylar, ylaýta-da wagyz edip, taglymaty öwretmekde zähmet çekýänler, iki esse hormata laýyk görülsin» (1 Timoteos 5:17).

Meniň ýaşlaryň ruhy çopany bolup işlän döwrümde ýaşlaryň öz ene-atalary barada sylaşyksyz jogap berýändiklerini birnäçe gezek gördüm. Olarda hormatyň yşaratam ýokdy, sarpany agzamasaňam bolýar. Eger ene-atalary şol ýagdaý bilen meşgullanmasalar, men derrew ýagdaýy üýtgetmäge synanyşardym. Eger olar beýle hereket bilen, ilkinji nobatda, özlerine zyýan ýetirýändiklerini bilsediler, muny durmuşynda beýle bolmagyna ýol bermezdiler. Hudaý şeýle diýýär: «Ata-enesini kemsiden adama nälet bolsun! Ähli halk: Omyn! diýsin» (Kanun taglymaty 27:16). Ene-atalaryna töhmet atýanlar, biziň öňki baplarda aýdyp geçen näletlerimize sezewar bolýarlar.

Başga bir tarapdan, ene-atasyna hormat goýýanlara Hudaý beýik ýalkanyşlary wada berýär: «Ene-ataňa hormat goý, şonda ýagşylyk görüp, ýer ýüzünde ömrüň uzak bolar» — bu Hudaýyň wada bilen beren ilkinji buýrugydyr (Efesliler 6:2, 3).

Hudaý ene-atasyna hormat goýýan çagalara iki sany anyk wada berýär. Birinjisi: Ol oňa abadançylyk berýär. Ene-atasyna hormat goýmaýan her bir adam, abadan durmuşa bil baglap bilmez, ol nälet

astyndadyr. (Men şahsy şaýatlygymy biraz soň paýlaşaryn.)

Ikinjisi: uzak ömür. Ene-atańy hormatlamagyň nähili artykmaçlyklary bar! Siz: «*Bolýar, bir minut garaşyň, ene-atasyna hormat goýýan, ýöne ýaş ölen çagalary tanaýaryn*» diýip, garşy çykyp bilersiňiz. Men Hudaýyň Sözüniň muny wada berlen ilkinji tabşyrykdygyny aýdýandygyny anyk bilýärin. Daş-töweregimizde görýänlerimize daýanmak arkaly biz Rebbiň wadalarynyň inkär edilmegine ýol berip bilmeris. Muňa düşüniň: Atamyz özüne degişli bolanlara gorkudan doly azatlygy wada berýär. Ine, Onuň sözleri: «Dogrulykda berkarar edilersiň, sütemden uzakda bolarsyň, hiç zatdan gorkmarsyň, howp-hatardan daş bolarsyň» (Işaýa 54:14). Emma gymmatly mesihiler gorky bilen ýaşaýarlar. Wadalar awtomatiki bolsa, näme üçin köp adamlar bu ugurda kynçylyk çekýär? Jogap şundan ybarat: wadalara doga-dileg arkaly ýetilýär we imanyň yhlasly göreşi arkaly gazanylýar.

Ybraýymyň ogly Yshak muňa gowy mysal bolup biler. Hudaý Ybraýyma Yshak hakda wada berdi: «Men onuň özi we tutuş nesli bilen ebedilik äht baglaşaryn» (Gelip çykyş 17:19). Nikadan soň Yshagyň ýekeje aýaly Rebekanyň önelgesizdigi ýüze çykarylsa-da, Hudaý wadasyny yglan etdi! Ýagdaýy hasam çylşyrymlaşdyran zat, Yshagyň aýalyny özi saýlamady, ýöne ony Mukaddes Ruh oňa görkezdi. «Diýmek, sen oňa Hudaý önelgesiz aýal saýlady diýýärsiňmi?» Hawa! Wada awtomatiki amala aşmaýardy, oňa ýetmek üçin tagallalar edilmelidi. Mukaddes Ýazgy şeýle diýýär: «Rebekadan perzent önmeýärdi. Yshak aýaly üçin Rebbe dileg etdi. Reb Yshagyň dilegini eşitdi we Rebeka göwreli boldy» (Gelip çykyş 25:21).

Yshak wada eýe bolmak üçin we Rebbe dileg etmek üçin göreşmeli boldy. Hudaýyň islegine görä doga etdi we muňa jogap aldy. Mukaddes Kitap bizi şeýle sözler bilen ruhlandyrýar: «Biz Hudaýa bil baglaýarys, sebäbi Onuň yradasyna görä näme dilesek, dilegimizi eşidýändigini bilýäris. Onuň ähli dileglerimizi eşidýändigini

bilýän bolsak, Ondan dilän zadymyzy aljakdygymyzy-da bilýändiris» (1 Ýohanna 5:14, 15). Hudaý Öz islegini ähtde açyk görkezdi. Eger biz Onuň beren wadasyna eýe bolsak, Onuň islegine görä doga-dileg edip biljekdigimizi bilýäris.

Ene-ataňy hormatlamak bilen, siz doga-dileg arkaly Onuň iki äht wadasyna esaslanyp, uzak, abadan we netijeli durmuşda ýaşap bilersiňiz. Imanyňyzy başgalaryň durmuşyna däl-de, Hudaýyň ähtine esaslandyryň.

Ähtimal, siz häzir ene-ataňyza hormat goýmandygyňyz üçin aladalanýansyňyz. Onda size toba etmek gerek. Doga-dileg edip, Hudaýa ýüz tutuň we ene-atalaryňyzdan hut özüňiz ötünç soraň. Olara hormat goýup başlaň we Onuň wadalarynyň durmuşyňyzda ýüze çykmagyna ynanyň.

Şol düzgün başlyklara, iş berijilere, mugallymlara we ş.m. hem degişlidir. Eger biz olara hormat goýsak, bu biziň üçin gowy bolar we Rebden sylag alarys. Pawlus işçilere şeýle nesihat etdi: «Näme etseňiz, ynsanlar üçin däl-de, Reb üçin edýän ýaly, çyn ýürekden ýerine ýetiriň. Munuň üçin Rebden miras sylagyny aljagyňyzy bilýänsiňiz. Siz Reb Mesihe gulluk edýänsiňiz. Kim ýamanlyk etse, öz eden ýamanlygynyň almytyny alar, *Reb* hiç kime tarapgöýlik edýän däldir» (Kolosiýalylar 3:23-25).

Indiki bapda biz ýygnakda Onuň hyzmatkärlerini kabul edenimizde we olara hormat goýanymyzda, bize nähili mümkinçilikleriň garaşýandygyna serederis. Şeýle hem, Hudaýyň bize iberenleriniň ygtyýarlygyny äsgermezlik edenimizde, biziň näme ýitirýändigimizi göreris.

10-NJY BAP

# IKI ESSE HORMAT

*Hudaý zerur zatlary bize düýbünden ýakymsyz görnüşde birnäçe gezek iberer.*

«Her kime öz bermelisini beriň» (Rimliler 13:7). Bu bapda, Hudaýyň ygtyýarlyga hormat goýmalydygymyzy aýtmagynyň esasy sebäpleriniň biriniň, ygtyýarlygyň özi üçin dälde, biziň öz bähbidimiz üçindigine göz ýetireris. Hudaýyň Sözüniň bu buýrugyny berjaý etmegiň ýalkanyş getirýändigi örän gyzykly. Muňa mysaly biz Şamuweliň birinji kitabyndan taparys.

## ÝALKANYŞA ÖWRÜLEN KEMSITME

Ysraýyl serdarlary tarapyndan dolandyrylýan günlerde çagasy bolmaýan bir aýal ýaşaýardy. Onuň ady Hanna bolup, ol özüne Peninna atly ikinji aýaly alan Elkana durmuşa çykypdy. Hanna bagtsyzdy, onuň bäsdeşi onuň önelgesizliginiň üstünden gülýärdi. Mümkin, birinji aýalynyň önelgesizligi sebäpli Elkana başga bir aýal alandyr. Hanna söýülýärdi we adamsynyň mähirini duýýardy, ýöne öý Peninnadan doludy. Her ýyl bu maşgala gurbanlyk bermek we Hudaýa ybadat etmek üçin Şilo galasyna gidýärdi, şonda Pennina

ony ynjydýardy we Hanna gözýaş dökdürýärdi. Adamsynyň köşeşdirme synanyşyklaryna garamazdan, Hanna muňa çydap bilmeýärdi.

Şilo galasyna bolan bu saparlaryň birinde ol çuňňur gynanç bilen ybadathana gelip, Rebbiň huzurynda aglady we Oňa: «Öz gyrnagyňy gözden salma-da, gaýtam, oňa bir ogul ber, men ony Saňa ömürlik nazyr edeýin» diýip kasam etdi (1 Şamuwel 1:11).

Ol dileg edip otyrka, Ysraýylyň baş ruhanysy we kazysy Eliý oňa syn edip otyrdy we «Hanna içinden dileg edensoň, onuň sesi eşidilmän, diňe dodaklary gymyldaýardy. Şoňa görä Eliý oňa serhoşdur öýtdi. Eliý oňa: Haçana çenli beýdip, entirekläp ýörjek? Bar, serhoşlykdan açylansoň gel diýdi» (1 Şamuwel 1:13-14).

Gör, nähili kemsitme! Eliý onuň derdini duýmady we ruhy taýdan kör bolup çykdy: ol onuň hasrat azabyny serhoşlygyň samramasy diýip hasaplady. Ol bäsdeşinden gaçyp, Rebden teselli tapmak üçin ybadathana gelipdi we döwletiň iň ýokary ruhy wekiliniň ýazgarylmagyna duçar boldy. Her ýyl Şiloda Hudaýa ybadat etmek üçin ol çagasyz, eli boş gelýärdi. Ýyldan-ýyla ol daş-töweregindäkileriň kese bakyşlaryna, arkasyndan pyşyrdaşmaklaryna we üstünden gülmeklerine sezewar bolýardy.

Uly gynançly pursatyňyzda ruhy çopanyňyz sizi etmedik günäňizde aýyplasa, nähili jogap bererdiňiz? Belki, siz: «*Şumy baş ruhy çopan? Eýsem, ol meniň agyz bekläp, Hudaýa dileg edip, aglaýandygymy bilmeýärmi? Näme üçin ol Mukaddes Ruha beýle biperwaý garaýar? Boldy, indi men bu ýere gaýdyp gelmek niýetim ýok!*» diýip pikir edersiňiz.

Şeýle pikirler aňsatlyk bilen gahar-gazabyň döremegine sebäp bolup bilerdi: «Sen özüňi Hudaýyň adamy diýip atlandyrýarsyň, emma adamdaky agyrylary tanap bilmeýärsiň! Sen, näme adamyň Hudaýa yhlas bilen doga edýändigini görmeýärsiňmi? Onda sen nädip ruhy çopan bolýarsyň? Bu nähili ýygnak bolýar? Men

doýdum! Gowusy, men özümiň ýagdaýymy duýýan we Hudaýdan nämäniň gelýändigine düşünýän ruhy çopanly başga bir ýygnagy tapaýyn!» Munuň ýaly reaksiýa ýygnaklarymyzda hemişe bolup geçýär – eger edil ruhy çopanyň gözüniň öňünde bolmasa-da, onuň arkasynda, ýygnak agzalarynyň arasynda bolup geçýär.

Emma Hannanyň gaty gaharlanan pursatynda beren jogabyna serediň: «Ýok, agam, men serhoş däl, men ýarym göwün bir biçäre. Meniň çakyr-şerapdan içen zadym ýok. Men diňe Rebbiň huzurynda içimi dökýän. Gyrnagyňa ýaramaz aýaldyr öýtme. Men ajy gam-gussadan we gaýgy-hasratdan ýaňa dileg edýärin» diýip jogap berdi (15-16-njy aýatlar). Ol hormat we sylag bilen jogap berdi. Hatda ruhanynyň hereketleri we ýagdaýa baha bermegi uly ýazgarylma mynasyp bolsa-da, ol onuň ygtyýarlyk wezipesine hormat goýdy we şonuň üçin oňa günä etmändigini sypaýylyk bilen ynandyrdy.

Aslynda, şol pursatda ten meýilli tebigatyny görkezen adam Eliýdi, we onuň ýazgarmagy özüne gaýdyp geldi. Hannanyň ünsi bolsa ruhanynyň özüni alyp barşyna däl-de, özüniň ýagdaýyna gönükdirilendi. Ol Rebden çyn ýürekden gorkýan aýaldy. Eger-de ýolbaşçy babatda bir zat nädogry bolsa, muny Hudaýyň Özi çözer. Şu gün bize edil şonuň ýaly boýun egmeklik we kiçigöwünlilik gerek.

Eliýiň Hanna bolan garaýşy üýtgedi:

Eliý oňa: «Bar, arkaýyn öýüňe gaýdyber, goý, Ysraýyl Hudaýy dilegiňi kabul etsin» diýdi. «Öz gyrnagyňa merhemet et!» diýip, Hanna öz ýoluna gitdi. Soňra ol naharlandy. Ol indi *gamgyn* däldi (17-18-nji aýatlar).

Ol ruhana hormat goýmagyny bes etmedi, ony Hudaýyň adamy hökmünde hormatlady, hatda ak pata hökmünde beren sözi üçin minnetdarlyk hem bildirdi.

Ondan soň şeýle boldy: «Ertesi irden turup, olar Rebbe sežde etdiler, soňra yzlaryna gaýtdylar we Ramadaky öz öýlerine dolanyp geldiler. Elkana öz aýaly Hanna ýanaşdy; Reb onuň dilegini kabul

etdi. Şeýlelikde, Hanna göwreli bolup, bir ogul dogurdy. Men muny Rebden diläp aldym *diýip*, ol oglunyň adyna Şamuwel dakdy» (1 Şamuwel 1:19, 20).

Hudaý berlen sözüň ýerine ýetmegi üçin we kasam edilen göwreliligiň amala aşmagy üçin ten isleglerine boýun egýän, duýgudaşlykdan mahrum ruhanyny ulandy. Önelgesiz ýatgy açylyp, garaňkylykdan täze ýaşaýyşa çykdy. Indiki ýyl Hanna eýýäm kiçijik Şamuweli gujagynda göterýärdi. Heniz göwrede galmazdan ozal Hudaýa bagyşlanan bu adam Ysraýyla galkynyş getirdi.

## KAZY KIM?

Öwrenmeli ajaýyp bir ýörelge bar: Hudaý Öz ygtyýarlygyny haýsydyr bir adama tabşyranynda, onuň şahsy durmuşynyň nähilidigine garamazdan, biz onuň şahsyýetinden has daşa seredip, ony Rebbiň habarçysy hökmünde hormatlasak, ondan sapak alyp bileris. Isa köpleriň Hanna ýaly erbet ýolbaşçylar tarapyndan halas ediljekdigini we şypa aljakdygyny aýan etdi. Ol: «Şol gün köpler Maňa: Ýa Reb, ýa Reb, biz Seniň adyň bilen pygamberlik etmedikmi? Seniň adyň bilen arwah-jynlary kowup, köp gudratlar görkezmedikmi? diýerler. Şonda Men olara: Eý, ýamanlyk edýänler, Men sizi asla tanamok, ýok boluň ýanymdan! diýip, açyk aýdaryn» (Matta 7:22, 23).

Bu aýady okanymyzda, biz köplenç «köpler» diýen söze üns berýäris. Bular Isanyň adyndan gudrat görkezenler, emma ret edilenler. Elbetde, bu çynlakaý we düýpli sözler, ýöne geliň onuň ters tarapyna seredeliň: köp adamlar bu kanuny saklamaýan adamlardan hakyky gullugy kabul etdiler. Bu, olaryň Hudaýy, edil Hannanyňky ýaly, öz içinden geçmeklerine ýol berendikleri üçin boldy. Isanyň gürrüňini eden adamlaryň Eliý ýaly, öýi Hudaý tarapyndan baky ýazgarylan adamlardy!

Bu kitaby günä eden gullukçylar üçin däl-de, kimdir biriniň

ygtyýaryndaky adamlar üçin ýazdym. Erbet ýolbaşçylaryň we takwa ýolbaşçylaryň bardygyny Mukaddes Ýazgy aýdyň görkezýär. Eger ygtyýar astyndaky adamlar höküm ýüküni öz üstlerine alsalar, olar bellenen häkimiýete boýun bolmakdan ýüz öwürýärler we özlerini ýolbaşçylaryndan ýokary kazy derejesine çykarýarlar. Olaryň ýürekleri, öz gezeginde, Hudaýyň özlerinden ýokarda goýanlaryndan hem ýokary galýar. Olar özlerini Hudaýyň tertibinden we maksatlaryndan ýokary galdyrýarlar. Aslynda, olar Oňa: «Näme üçindir Sen kazy wezipesini gowy ýerine ýetirmeýärsiň, gowusy men özüm ony synap göreýin» diýýärler.

Hanna Eliýiň abraýyny ykrar etdi we oňa hormat goýdy. Eliý ony ýazgardy we kemsitdi, ýöne şonda-da Hanna oňa hormat goýmagyny bes etmedi. Eger ol gören we eşiden zatlary bilen ýaşaýan bolsa, belki Eliýiň özüni alyp barşy onda şübhe dörederdi. Muňa garamazdan, ol adaty pikirlenmek bilen däl-de, eýsem Hudaýdan we Gökdäki ygtyýarlykdan gorkmak duýgusy tarapyndan ugrukdyryldy. Ol adalatly höküm çykarýan Hudaýa ynanýardy.

Hanna Isanyň soňraky aýdanlaryny bilýärdi: «Size dogrusyny aýdýaryn, Meniň iberen adamymy kabul eden Meni kabul edýändir, Meni kabul eden bolsa, Meni Ibereni kabul edýändir» (Ýohanna 13:20). Ýadyňyza salyň, Isa beýleki şägirtleri bilen birlikde gudrat görkezmek we jynlary kowmak güýji bilen üpjün edilen Ýudasy iberdi, ýogsam Ol Ýudasyň ahyrsoňy bitakwa bolup çykjakdygyny bilýärdi: «Siz Onkileri Özüm saýlap almadymmy? Muňa garamazdan, araňyzdan biri iblisdir» (Ýohanna 6:70). Isa Ýudasyň günäsi äşgär bolmanka, Rebden gorkýan ruhlary aýyl-saýyl etmeklik arkaly bilýärdi. Ýudas gudratlar görkezip, jynlaryň Isanyň ady agzalanda boýun bolandyklaryna begenip gaýdyp geldi (Mark 6:7-13; Luka 10:17). Adamlar Ýudasyň elini goýmagy arkaly gullugy kabul etdilermi? Gullugyň gaznasyndan ogurlanan hut şol elleriň üsti bilenmi? Şübhesiz!

## HAÇAN GITMELI BOLAR

Indi bir möhüm zat: eger-de ýygnakda bir ýolbaşçynyň açyk günäde ýaşaýandygy ýüze çykarylsa, biz onuň ajy guýusyndan içmegi dowam etdirip bilmeris. Mukaddes Ýazgy bize beýle adamlardan daşlaşmalydygymyzy aýdyň aýdýar. Eger-de ýolbaşçy zyna, gomoseksualizm, talamak, ogurlyk, bidüzgünçilik günäsinde ýa-da size ýa bolmasa ýygnaga mälim bolan başga bir günäde ýaşaýan bolsa we oňa toba etmek islemeýän bolsa, onuň gullugyndan çykyň. Mukaddes Ýazga görä, biz hatda onuň bilen nahar iýmeli hem däldiris. (1 Korintoslylar 5:9-11). Eliýiň hekaýasynda Hannanyň Eliýiň we onuň ogullarynyň erbetlikleri hakynda bilýändigi ýa-da bilmeýändigi belli däl. Ýudasyň üsti bilen şypa we gutulyş alan adamlar, onuň ogrudygyny we ähtimal dönükdigini bilmedik bolsalar gerek.

Ybadathana ýolbaşçylary barada Pawlus şeýle diýdi: «Käbir adamlaryň günäleri göz-görtele bolup, olar kyýamat gününden öň äşgärdir. Käbirleriniň günäsi bolsa wagtyň geçmegi bilen *äşgär bolýar*» (1 Timoteos 5:24).

Gysgaça jemläliň: eger bir ýolbaşçy günäde ýaşaýan bolsa, ýöne Hudaýyň oňa beren hökümi entek mälim däl bolsa, irugiç bu durmuşda ýa-da geljekde bu bolup geçer. Size bardygyna ynanmaýan zadyňyza baha bermek ýa-da hemme kişiniň gözüniň alnynda ony paş etmek hökman däl. Köp adamlar şübheleriň täsiri astynda hereket edip başlaýarlar we bolup geçýän zatlara baha bermekde köplenç ýalňyşýarlar we şeýlelik bilen özleri we ýanyndakylary üçin çynlakaý kynçylyk döredýärler. Olaryň agyzlaryndan beýlekileri esassyz sebäpde şübhe döredýän zatlar hakynda sözler çykýar. Olar öz garaýyşlaryny göýä özlerinde ruhlary tanamak peşgeşiniň bardygy bilen aklaýarlar. Olar beýlekileriň seçilip alnan ýolbaşçylardan gulluk almaklaryna päsgel berýärler, şonuň üçin hem köpler Hudaýyň bermek isleýän zadyny ýitirýärler.

Şonuň üçin Reb şeýle öwredýär: «Iki ýa üç şaýat bolmasa, ýygnagyň ýolbaşçysy hakdaky aýyplamany kabul etme» (1 Timoteos 5:19).

Şaýat – bir ýerde çala bir zat eşiden däl-de, hut öz gözi bilen gören hökmünde gürläp bilýän adamdyr.

Ähli zat öz wagtynda Hudaýyň hökümine tabyn bolar we eger Ol bir ýolbaşçynyň toba etmedik günäsini paş etmegiň wagty geldi diýip hasaplasa, siz bu barada anyk bilersiňiz. Siziň bu ýolbaşçynyň ygtyýarynyň astyndan çykmaly pursatyňyz geler. Pawlus şeýle diýdi: «Günäli çykanlary bolsa köpçüligiň öňünde paş et. Goý, bu beýlekilere hem sapak bolsun» (1 Timoteos 5:20). Ine, meniň size duýduryşym: olaryň günälerine gatnaşmaň we eger olar toba etmeseler, onda olaryň ygtyýarlygyndan çykyň.

Men bir wagt aç-açan günä eden ýolbaşçynyň astynda gulluk etdim. Haçanda bu waka bolup geçeninde, men eýýäm ol ýerde ýokdum, sebäbi biz meniň ýaşlar ruhy çopany bolup işlejek başga bir ştata göçüpdik. Biziň gidenimizden takmynan iki ýyl soň, ol ýygnak geňeşiniň öňünde çykyş edip, aýaly bilen aýrylyşýandygyny we indi onuň bilen ýaşamak islemeýändigini aýtdy. Birneme wagt geçensoň, ol başga bir aýala öýlenmek islegini paýlaşdy. Onuň aýaly zyna etmändi, ol ýöne bir başga bir aýal isläpdi.

Şonda müňlerçe adam onuň ýygnagyny terk etdi. Olar dogry etdiler. Ol ýerde galanlar bolsa howply ýola ädim ätdiler, sebäbi bu ýolbaşçy özüne we täze aýalyna laýyk gelýän täze ýoýulan taglymaty wagyz edip başlady. Bu ruhy çopanyň garşysyna bir zat aýtmakdan ýüz öwürendikleri üçin terk eden we bol durmuş gazanan köp adamy bilýärin; oňa hüjüm edenler bolsa, netijede ondan ejir çekdiler.

Dawut özüňi alyp barşyň nusgasy bolup hyzmat edýär. Jynlar tarapyndan gynalan patyşa ony özünden kowsa-da, ol ölýänçä Şawuly hormatlapdy. Dawut Şawulyň Rebbiň seçip alan guludygyna düşündi. Şu güne çenli, men şol ters ýolbaşçy hakynda hormat bilen

gürlemäge synanyşýaryn, ýöne onuň saýlawynyň netijeleri hakynda pikir etmegim meni gynandyrýar. Men oňa hormat goýsam-da, onuň sapaklaryny ýa-da gullugyny dogry ýa-da ygtybarly hasaplap bilemok.

Ýokarda beýan edilen wakalardan ozal men onuň gullugyndan köp zat öwrenipdim. Soň bolsa, onuň durmuşyndaky şol günäniň, entek men onuň ýolbaşçylygynda we terbiýeçiliginde wagtymda başlandygyny bildim. Käbir faktlar muňa şaýatlyk edýärdi, ýöne henizem hiç kim bu barada hiç zady takyk bilmeýärdi. Haçanda dawa ýüze çykanynda, Hudaý bu adama eden tankytlarym üçin meni ýazgardy (bu barada men indiki bapda gürrüň bererin). Belki, şonda-da, hemme zada garamazdan, Hudaý oňa ýetjek bolandyr. Şol pursat bu meniň işim däldi. Hudaý meni onuň ygtyýaryna beripdi we onuň meni öwretmäge mynasypdygyny ýa-da däldigini kesgitlemek meniň işim däldi. Hannanyň Eliýden alşy ýaly, şol wagt köp adamlar bu adamdan gulluk aldylar.

## RUHY YGTYÝARLYGYŇ TERTIBI BAR

Geliň, Isanyň aýdanlaryna gaýdyp geleliň we oňa Eliý ýaly adamyň gözleri bilen däl-de, takwa ýolbaşçynyň gözleri bilen seredeliň. Geliň, Mattanyň Hoş Habaryndaky onuň aýdan sözlerini okalyň:

> Sizi kabul eden Meni kabul eder, Meni kabul eden hem Meni Ibereni kabul eder. Kim birini pygamberdigi üçin kabul etse, pygamberiň sylagyny alar. Bir dogry adamy dogrulygy üçin kabul eden dogry adamyň sylagyny alar. Kim Meniň şägirdimiň hormaty üçin, bu pes saýylýanlaryň birine diňe bir käse sowuk suw berse-de, size dogrusyny aýdýaryn, ol asla sylagsyz galmaz. (Matta 10:40-42).

Bu ýerde Ol iki zady bize ýetirmek isledi. Birinjisi we iň möhümi: Atadan gelýän ygtyýarlyk akymy bar. Ol Isany iberen we Oňa ähli ygtyýary beren. Isanyň Özi şeýle diýdi: «Gökde we ýerde ähli

ygtyýarlyk Maňa berildi» (Matta 28:18). Isa ýygnagyň başlygydyr we ähli bar bolan gozgalaňlary Onuň aýagyna goýup, Patyşalygyny Atasyna dikeltjek gün geler (1 Korintoslylar 15:24-26).

Bu ygtyýarlyk iýerarhiýasynda indiki pygamber bar. Pygamberler ilkibaşda Mukaddes Kitapda Hudaýyň isleginiň görkezijileri hökmünde suratlandyrylýarlar (Müsürden çykyş 4:16; 7:1). Olar Mukaddes Ruhuň direlişden soň ýygnaga beren bäş gullugynyň bir bölegidir (Efesliler 4:8-13). Olar ýygnagyň wekilleri. Gulluk peşgeşini alanymyzda, paýlanan ygtyýarlylygyň bu gurluşy arkaly Hudaýyň bize beren zatlaryny kabul edýäris.

Soňra Isa dogruçyl adam hakynda aýdýar we ol ýere çagajyklary goşmagy ýatdan çykarmaýar. Men iň kiçi imanlylara-da ýagşylyk etmek bilen, ýalkanyş alan imansyzlary gördüm. Bu adamlar Rebbe gulluk etmeseler-de, olaryň Hojaýynyna hormat goýdular. Mukaddesleri kabul etmek we olara ak pata bermek bilen, biz ahyrsoňunda Atanyň Özüni kabul edýäris we ak pata berýäris. Şägirtler, şol sanda çagalar hem, Atanyň islegini beýan edýän Isanyň ýolbaşçylygynda ýygnak ygtyýarlygynyň bäş şahasyna tabyn bolýarlar. Şonuň üçin halas edilmedikler Mesihdäki çagalaryň ak patasyny alýarlar, çünki Gögüň Patyşalygyndaky iň kiçijikler hem ýitirilenlerden has uly ruhy güýje eýedir. Isanyň sözlerinden biz berkidilen ruhy ygtyýarlykda nähilidir bir iýerarhiýanyň bardygyna düşünýäris.

## RUHY YGTYÝARLYGY KABUL ETMEKDEN GELÝÄN SYLAG

Bu aýatlarda aýdylýan zatlardan ikinji tapyp biljek zadymyz, bu gullukçylaryň Hudaýyň habarçylary hökmünde kabul edilmegi we onuň üçin berilýän sylagdyr. Isanyň gullugy onuň aýdyň mysaly bolup durýar.

Bir şäheriň ýaşaýjylary Mesihiň geljekdigi baradaky hakykaty wagyz etseler-de, Mukaddes Ýazgydan Onuň gelmeli wagtynyň

gelendigini bilseler-de, Isadan hiç zat almadylar. Isa olara: «Pygamberiň diňe öz dogduk ýurdunda, garyndaşlarynyň arasynda we öýünde gadyry ýokdur diýdi. Ol birnäçe hassanyň başyna elini goýup*, olary* sagaltmakdan başga ol ýerde hiç bir mugjyza görkezip bilmedi» *(*Mark 6:4, 5, awtoryň belligi).

Haçanda biz adamyň ygtyýarlyk wezipesine hormat goýanymyzda, ony Hudaýyň habarçysy hökmünde kabul edýäris. Reb Musanyň üsti bilen halka şeýle ýüzlendi: «Men olar üçin öz halkynyň arasyndan seniň ýaly pygamber çykararyn» (Kanun taglymaty 18:18). Emma olar Isany Atadan iberilen ýa-da Mesih hökmünde hormatlamadylar.

Näme üçin olar Ony kabul etmediler? Sebäbi Isa olaryň garaşyşlary ýaly gelmedi. Olaryň aňynda Mesih birneme başgaça bolmalydy. Işaýa pygamberiň kitabynda olar şeýle okapdylar:

> Biziň üçin bir çaga doguldy, bir ogul berildi bize, hökümdarlyk onuň gerşinde bolar; ... Hökümdarlygy dynuwsyz öser, parahatçylygy tükeniksiz bolar. Dawudyň tagtyndan baky berkarar eder öz patyşalygyny (9:6, 7).

Şeýdip, olar rimlileriň süteminden halas edip, Iýerusalimde Öz patyşalygyny gurjak ýeňiji patyşanyň gelmegine garaşýardylar. Ýöne onuň ýerine Ol balykçylar we salgyt ýygnaýjylar bilen gurşalan agaç ussasynyň ogly hökmünde geldi. Olar biri-birine: «Ýok, biz Mesihiň beýle peýda bolmagyny islemeýäris!» diýdiler.

Mukaddes Ýazgynyň Isanyň haýsydyr bir gudrat görkezip «bilmeýändigini» aýdýandygyna üns bereliň. Bu ýerde «Ol etmedi» diýip ýazylmadyk, eger şeýle bolsa, onda ol Onuň islegi bilen baglanyşykly bolardy. Ýöne «başaryp bilmedi» diýlip ýazylan, bu bolsa Onuň güýjüniň çäklidigini aňladýar. Bu barada pikirleniň. Hudaýyň Ruhy bilen çäksiz doldurylan Hudaýyň Ogly, güýç tarapdan çäklendirilendi! Näme üçin? Bu ýerde jogap iki taraplaýyn: Isa bu

adamlaryň Oňa garaşýan görnüşinde gelmedi, şonuň üçin hem olar Ony kabul etmediler we hormatlamadylar, olar Onuň bilen gaty erkin özlerini alyp bardylar. Olaryň sözlerini diňläň:

> Sabat güni Isa sinagogada halka öwretmäge başlady. Onuň aýdýan zatlaryny eşiden köp adamlar haýran galyp: *Bu Adam munça zady nireden öwrendikä? Oňa beýle danalygy kim berdikä? Ol nädip beýle mugjyzalary görkezmegi başarýarka? Ol Merýemiň neçjar ogly dälmi? Ýogsa-da Ol Ýakup, Ýose, Ýahuda we Simun dagyň dogany dälmi näme? Onuň uýalary-da biziň aramyzda ýaşaýarlar ahyry!* diýşip, Isanyň bolşundan nägile boldular. Onsoň Isa olara: Pygamberiň diňe öz dogduk ýurdunda, garyndaşlarynyň arasynda we öýünde gadyry ýokdur diýdi (Mark 6:2-4, kursiw awtoryňky).

Hormatsyz pygamber nirede? Köplenç – maşgalasy we dostlarynyň gurşawynda. Dawut öz maşgalasyna pata bermek üçin geleninde, ol hem edil şeýle garaýşa sezewar boldy. Onuň ýeňşi köçelerde bellenildi, emma öz öýünde ol äsgerilmedi. Munuň üçin Mikal Hudaýyň özüne taýýarlan ýalkanyşyny ýitirdi, sebäbi Dawudyň öýüne pata bermäge güýji bardy. Diýmek, Isanyň ýakynlaryna pata bermek üçin güýji gör nähili köp bolmaly! Emma Onuň pata bermek üçin çäksiz güýji bar bolsa-da, Ol olar üçin hiç zat edip bilmedi (2 Şamuwel 6).

Diňe ýürekleri Hudaýa aç, kiçigöwünli we öwrenmäge taýyn adamlar Isada Rebbiň elini görüp, Ondan gudrat alyp bildiler. Ol Onuň halkyny Hudaýy hakykatdanam gözleýänlere hem-de takwa görnüşe eýe bolan, ýöne ýüreklerindäki boýnuýogynlyk zerarly kör bolanlara bölýän gylyçdy. Şimgon olara ak pata berip, enesi Merýeme: «Bu çaga Hudaý tarapyndan berlen alamat bolup, ynsanlar oňa garşy çykarlar. Ol sebäpli Ysraýylda köp adamlar heläk bolar, köp adamlar bolsa ýalkanar. Şonda ençeme ýürekleriň

syrly pikirleri aýan bolar. Seniň kalbyňa hem hasrat ýiti gylyç kimin sanjylar» diýdi (Luka 2:34, 35).

Ýohannanyň Hoş Habarynda (1:11, 12) adamlaryň bu iki kategoriýasy suratlandyrylýar: «Ol Özüniňkilere geldi, emma olar Ony kabul etmedi. Ol Özüni kabul edip, adyna iman edenleriň hemmesine Hudaýyň perzentleri bolmak hukugyny berdi». Bu hemmämiz üçin esasy hakykat. Hudaý bize zerur zatlary bize düýbünden ýakymsyz görnüşde birden kän gezek iberer. Bu peşgeş hem ýüregimiziň hakyky ýagdaýyny açar we Onuň ygtyýaryna boýun bolýandygymyzy ýa-da garşydygymyzy görkezer. Isa şeýle diýdi: «Siz ne Meni tanaýarsyňyz, ne-de Meniň Atamy. Meni tanaýan bolsadyňyz, Meniň Atamy-da tanardyňyz» (Ýohanna 8:19). Atany tanaýanlar, Onuň Iberýäniniň ygtyýarlygyny-da ykrar edýärler! Ony düşündirmegiň, subut etmegiň we öwretmegiň zerurlygy ýok.

Bu bir gullukçynyň, Afrika gidip, körleriň gözlerini, kerleriň gulaklaryny açyp, ysmazlary bejerip bilendigini, emma öýüne geleninden soňra onuň diňe birnäçe adamyň kelle agyrylaryny we başga-da birnäçe ownuk keselleri bejerendigini görendigini düşündirýär. Men şeýle mysallaryň köpüsini berip bilerin. Afrikada bir gullukçyny, onuň daşky keşbine garamazdan, Hudaýyň habarçysy hökmünde kabul edýärler, şonuň üçin biziň gadyrly afrikaly doganlarymyz we uýalarymyz Onuň güýji we barlygy bilen ak pata alýarlar. Amerikada bolsa, eger gullukçynyň daşky görnüşi kesgitlenen standartlara laýyk gelmeýän bolsa, oňa bolan hormat ýitýär. Bu kanun proporsional ýagdaýda işleýär: Hudaý tarapyndan iberilen bir gullukçyny kabul ediş we hormatlaýyş derejäňize görä, bu adamyň üsti bilen Hudaýdan şonça-da köp zat kabul edersiňiz. Hormatsyzlyk ekseňiz, şony hem orarsyňyz. Oňa uly hormat bilen çemeleşseňiz, hormat hem size gaýdyp geler.

# MENIŇ DOSTUM BOLARSYŇMY?

Ýaşlar ruhy çopany bolan wagtymda, Tim atly on bäş ýaşly ýigit bilen gyzykly duşuşygy başdan geçirdim. Gulluga girmezimden ozal Tim öňki ýaş ruhy çopanyň toparyna gatnaşýan ekeni. Şol toparda dürli gyzyklanma toparlary, daga gezelençler we sport bilen meşgullanmak öň hatarda goýlupdyr. Ýaşlar dürli we deň derejede howply ahlak meselelerinden ejir çekýärdiler: boýun egmezlik, ýetginjekleriň göwreliligi we ş.m. Birnäçe wagtdan soň, uly ruhy çopan ýaşlaryň ruhy çopanyny gullukdan aýyrmaga mejbur bolupdyr, we men onuň ýerini aldym. Öňki ýaş ruhy çopan ybadathanany taşlap, birnäçe kilometr uzaklykda öz ybadathanasyny açdy we onuň öňki toparyna gatnaşan ýaşlaryň käbiri şol ybadathana gatnap başladylar. Tim bolsa onuň bilen gitmedikleriň birisidi.

Ýaşlaryň köpüsi galan hem bolsa, men bu topar üçin täze binýat gurmaly boldum. Reb maňa ilkinji alty aýy diňe wagyz, doga-dileg we ybadat bilen geçirmegi buýurdy. Şol aýlarda hiç hili jemgyýetçilik işini meýilleşdirmedim. Elbetde, men hemmeleriň halamaýan «görnüşi» bolandygym barada aýtmak hem gerek däl. Netijede, toparyň içinden Rebbiň gylyjy geçdi. Käbirleri gitdi, käbirleri bilesigelijilikden ýaňa saklandy, ýöne höwes bilen jogap berenler hem bardy we olaryň köpüsi häzir hem gullukda.

Täze gullugymy başlanymdan birnäçe aý geçipdi, ine, bir gün agşam gullugyndan soň Tim meniň ýanyma geldi we biz gürleşip başladyk. Ol ak ýürekden sorady: «Çopan Jon, sen meniň dostum bolarsyňmy? Öňki ruhy çopan bilen biz gowy dostduk». Men onuň ruhy çopany baradaky pikirine laýyk gelmeýärdim.

Onuň soragyna ýüzleý garamaly däldi. Dogry jogap bermek üçin men öz içime seretdim. Jogap tiz wagtdan sorag görnüşinde geldi: «Tim, Isa şeýle diýdi: “Kim birini pygamberdigi üçin kabul etse, pygamberiň sylagyny alar” (Matta 10:41). Indi bu ýaşlar ruhy

çopanyna-da degişlidir. Eger sen ruhy çopany çopan hökmünde kabul etseň, onda ruhy çopanyň sylagyny alarsyň» diýdim.

Men dowam etdim: «Tim, seniň dostlaryň köp, şeýlemi?» Ol: «Hawa» diýip jogap berdi.

«Ýöne seniň diňe bir ýaş ruhy çopanyň bar, şeýlemi?» Ol: «Hawa» diýip jogap berdi.

Men: «Sen näme isleýärsiň: dostuňyň sylagynymy ýa-da ruhy çopanyňyň sylagyny? Meni nähili kabul etseň, Hudaýdan şeýle sylagy hem alarsyň» diýdim.

Ol göýä ýagtylandyrylan ýaly boldy. Men onuň gözlerine seredip, onuň ylham alandygyny gördüm. Ol derrew jogap berdi: «Men çopanyň sylagyny isleýärin. Men siziň nämäni göz öňünde tutandygyňyza düşündim». Şol pursatdan başlap, onuň özi we bütin durmuşy üýtgäp başlady. Birnäçe ýyldan soň ol başga şähere göçdi, ýöne her gezek ol ýerden geçenimde biz duşuşýarys.

## ŞAHSY TEJRIBEDEN

Men bu mowzuga tutuş bir kitap bagyşlap bilerdim. Adamlaryň Hudaýyň gullaryna hormat goýmaýandyklary üçin Ondan hiç zat almaýandygyny görmek ýüregimi agyrdýar. Men öz gullugymda bu meselä ençeme gezek duş geldim: iň kyn adamlar, Hudaýyň gullukçylaryny äsgermezlik edýänlerdir. Muny esasanam Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň ybadathanalarynda we mesihi mekdeplerinde gördüm. Olaryň işdäsini eýýäm gullukçylaryň dowamly menýusyndan ýaňa doýurdylar we men olar üçin ullakan sanawdaky ýönekeý bir indiki tagam.

Mümkin, harby gullukçylara wagyz etmek iň aňsadydyr, sebäbi olar ygtyýarlygyň manysyna beýlekilerden has gowy düşünýärler. Olaryň yzyndan, tussag edilenler we ösýän ýurtlaryň ilaty gelýär, sebäbi olaryň ikisi-de hemişe umytsyzlyk we açlyk ýagdaýynda ýaşaýarlar. Hudaý Ezekiýele şeýle diýdi:

> Men seni düşnüksiz gepleýän we dili kyn millete däl-de, ysraýyl halkynyň arasyna iberýärin... Olara ibersedim, olar seni hökman diňlärdiler. Emma ysraýyl halky seni diňlemek islemez, olar hatda Meni-de diňlemek islemeýärler; çünki bütin ysraýyl halky keçjal we doňýürekdir (Ezekiýel 3:5-7).

Ysraýyl üçin Ezekiýel ýene bir indiki pygamberdi we halkyň eşitmek isleýän zatlaryny wagyz edýänlerden has berk we gönümel bolandygy üçin ol kabul edilmedi.

Bir gün Hudaý maňa meni bulaşdyran sözler bilen ýüzlendi: «*Men seni kabul edilmejek ýerleriňe ibererin*».

Men: «Bir minut garaşyň. Sen meni eýýäm öňünden bilseňem, kabul edilmejek ýerlerime ibermek isleýärsiňmi. Onda näme üçin?» diýip soradym.

Reb şeýle jogap berdi: «*Şonda olar Meniň olara mümkinçilik bermändigimi aýdyp bilmezler*».

Men şeýle bir ýerlere barardym we şol ýerlerde bolanymda: «*Näme üçin meni asla çagyrdylar? Olar meni bu ýerde islemeýän ýaly özlerini alyp barýarlar*» diýip sorag bererdim. Ýöne howa menziliniň binasyndan çykan minudymdan başlap, tä uçara münen iň soňky minudyma çenli, gullukdan ozal we soň maňa uly şatlyk, hoşniýetlilik we hormat bilen garalan başga ýerler hem bardy. Myhmanhananyň otagynda hemişe maňa miwe we ýeňil garbanmalardan doldurylan owadan sebet garaşýardy we maňa hemişe şol bir sorag berilerdi: «Başga gerek zadyňyz barmy?», meniň jogaplarym bolsa döwülen plastinka ýaly: «Hemme zat gowy. Hemme zat gowy» bolupdy. Yzyma seredip, hut şu ýerlerden aýry-aýry imanlylaryň we tutuş ýygnaklaryň durmuşynda iň uly şaýatlyklaryň gelendigini görýärin. Ilkibaşda beýle garşylanmany ýa-da sahnada çykyş edýändigimi yglan edenlerinde gaty uly el çarpyşmalary kabul etmeklik meniň üçin oňaýsyz bolupdy. Men:

«*Meniň sizden tapawutly ýerim ýok. Muny etmäň*» diýip pikir edýärdim. Emma tiz wagtdan men bularyň hemmesiniň meniň üçin däldigine düşündim.

Ädimme-ädim boýunça Hudaý maňa şuny aýan etdi: «*Olara seniň üçin däl-de, öz peýdalary üçin seni hormatlamaklaryna ýol ber*». Haçanda olaryň meni däl-de, eýsem durmuşymda Hudaýyň beren sowgadyny hormatlaýandyklaryna göz ýetirenimde özümi ýeňil duýdum. Olaryň oňyn garaýyşlary, Isanyň olara Öz galyby hökmünde meniň üstüm bilen bermek isleýän zatlaryny almaklary üçin ýüreklerini açypdy. Gopbamsylygyň ýerine, içimde barha ösýän kiçigöwünlilik we boýun egmek duýgusyny duýdum. Men onuň sebäbiniň meniň ukybymda däl-de, Onuň meni saýlandygyndadygyny bilýärdim. Hemme salamlaşyklardan soň, men derrew olaryň nazaryny Rebbe gönükdirip, Oňa hormat bildirýärdim we Oňa baglylygymy aýdýardym. Meni hormatlaýanlar meniň gullugymy hem aňsatlyk bilen kabul edýärdiler; ony etmedik beýlekilere bolsa ýetmek gaty kyndy.

## IKI ESSE HORMAT

Pawlus şeýle öwretdi: «Ýygnagy oňat dolandyrýan ýolbaşçylar, ylaýta-da wagyz edip, taglymaty öwretmekde zähmet çekýänler, iki esse hormata laýyk görülsin» (1 Timoteos 5:17). Iki esse hormat siziň bu adamlara dünýewi häkimiýetlere garanyňda iki esse köp hormat goýýandygyňyzy aňladýar.

Bu aýady has giňişleýin göz öňünde tutsak, onda bu ýere gullukçylaryň maliýe üpjünçiligi hem girýär. Ol sözüni dowam etdirdi: «Işgär öz hakyna mynasypdyr» (18-nji aýat). Mukaddes Kitabyň giňişleýin terjimesi muny has aýdyň görkezýär: «Wezipelerini gowy ýerine ýetirýän ýaşulular, esasanam wagyz etmekde we öwretmekde wepalylyk bilen hyzmat edenler, iki esse hormata [we maddy goldawa] mynasypdyrlar. Çünki Mukaddes

Ýazgyda şeýle aýdylýar... Işgär öz işlän hakyna mynasypdyr» (1 Timoteos 5:17, 18).[8]

Bu ýörelge eldegrilmesizdir. Eger-de ybadathananyň agzalary ruhy çopanlary we olara hyzmat edýän ýolbaşçylar barada alada etseler, onda telekeçiler we başgalar bereketli we abadan bolarlar. Olar Gökleriň ykdysadyýetiniň ýörelgelerini ulanýarlar. Ýöne olar gysganç bolsalar... Men şeýle adamlara duş gelýärin, olar ýa ogurlykdan, ýetmezçilikden ýa-da dünýä ykdysadyýetiniň ýaramaz şertlerinden zeýrenýärler.

Käbir adamlaryň, esasanam Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň gullukçylarynyň bu hakykatdan hyýanatçylykly peýdalanýandyklaryna düşünýärin. Gullukçylaryň pul we beýleki maddy zatlar hakynda yzygiderli gürleýändiklerini görmek gynandyryjy. Olar hakykaty bilýärler, ýöne gullukçynyň ýüregini ýitirip, hakyna tutulanyň ýoluna düşýärler. Fariseýler şeýle ýaşapdyrlar. Olaryň zorluklary sebäpli köpler Hudaýyň başda meýilleşdiren ygtyýaryna hormat goýmak ýörelgelerinden daşlaşdylar. Bu bolsa öz gezeginde olaryň goragyndaky adamlara zyýan berýär, sebäbi olara hakykaty dogry öwretmek gerek.

Wagyz edýän syýahatymyň ilkinji ýylynda men muňa duş geldim. Bir gezek men ýüz adamdan köp bolmadyk kiçijik ýygnakda boldum. Duşuşyklar gowy geçýärdi, ol ýerdäki adamlar gaty ajaýypdy. Ruhy çopan we aýaly bilen gürleşenimden soň, men olaryň maliýe ýagdaýlary gaty gowy däl diýen netijä geldim. Onuň aýaly uçarbelet bolup işleýärdi we ybadathana isleýşi ýaly hyzmat edip bilmeýärdi. Ol işini taşlap, ýygnakdan aýlyk almak islemedi, çünki şeýle etse, onuň pikiriçe bu juda artykmaç boljakdy. Onuň sebäbiniň nireden gelýändigine düşündim. Ondan öň ruhy çopan ikimiz biraz öň belläp geçen ybadathanamyzda işläpdik. Şol ybadathananyň ruhy çopany maliýe we sadaka bermek barada diýseň kän wagyz edipdi. Şonuň

8 Iňlis dilinden terjime (Mukaddes Kitabyň giňişleýin terjimesi). – *Terjimeçiniň belligi.*

üçin biziň ikimizem bu ýagdaýdan ägä bolduk, şol bir zady etmek islemedik we şübhesiz onuň beýleki tarapyndan çykdyk. Ýöne Hudaý maňa çendenaşa ýagdaýlaryň gowulyk getirmeýändigini öwredipdi. Bize maliýe tarapdan hakyky deňagramlylyk gerekdi.

Duşuşyklarymyz ýekşenbe güni irden başlandy we çarşenbe güni agşam tamamlanmalydy. Ilkinji üçüsi gowy geçdi, ýöne bir zat ýygnagy saklaýan ýalydy. Sişenbe güni Reb meniň bu adam bilen gatnaşygymyň we onuň ybadathanasynyň maliýe ýagdaýynyň üstünde işledi. Men bu ýerde edilip bilinjek ýene-de başga bir zadyň bardygy baradaky duýgudan dynyp bilmedim.

Duşuşykdan ozal ruhy çopan maňa şol gün agşam gullugynyň berjek sadakalaryny kabul etmegimi isleýändigini aýtdy. Ine, onuň maňa aýdan jikme-jik sözleri: «Men size sadaka ýygnamak azatlygyny berýärin».

Men begendim. Bir gün mundan öň Onuň maňa aýdanlaryny ýerine ýetirmek üçin Hudaýyň bu gapyny maňa açandygyna düşündim. Şol gün agşam men şol wagt üstünde işleýän kitabym hakynda wagyz etdim. 1 Timoteosdan bir aýat okadym we ýygnananlara özleriniň ruhy çopanyna we aýalyna maliýe meselesinde ideg etmeýändiklerini aýtdym. Men ruhy çopanyň aýalynyň maşgalasyny eklemek üçin her üç-dört günden bir gezek uçup gitmeli däldigini ýygnaga düşündirdim. Men ruhy çopanyň maňa erkinlik berendigini aýtdym. Men gullugym üçin haýyr-sahawaty özüme alman, ony ruhy çopana we aýalyna bermek kararyna geldim. Adamlar ruhy çopana ak pata bermek mümkinçiligine uly höwes bilen jogap berdiler. Şol gün agşam olaryň ybadathanasyndaky sadaka adatdakysyndan üç esse köp boldy! Ruhy çopanyň aýaly haýran galyp aglady, onuň özi bolsa haýran galyp, doňup durdy.

Ondan soň bolup geçen üstünliklere haýran galarsyňyz. Ertesi gün bir jübüt on müň dollarlyk çek aldy; beýlekisi gapyda bir

ýarym müň çek bar bolan bukja tapdy. Bu diňe başlangyjy. Indiki ýekşenbe ýygnagynda ruhy çopanyň hatda wagyz etmäge-de het edip bilmedik ajaýyp şaýatlyklary ýüze çykdy. Duşuşygyň hemmesi, soňky bir hepdäniň dowamynda Hudaýyň işlerinde ýa-da şahsy durmuşlarynda maliýe ýagdaýy bilen eden zatlaryna şaýatlyk edýän adamlara bagyşlandy. Soňra ruhy çopan maňa bu meýilleşdirilmedik gullugyň ýazdyrylan lentasyny iberdi.

Soňky iki ýylda bu ýygnak şeýle bir ulaldy. Ol täze bina edinip, bäş ýüz adama ýetdi. Ondan öň olaryň sany ýüze golaý üýtgäp durýardy. Bu we başga-da köp sanly mysallar, Hudaýyň biziň aramyzda işleýänlere hormat goýmagymyzy isleýändigini öwretdi.

Men ösüp barýan käbir ýurtlara aýlanypdym we käwagt ýerli ybadathanalaryň meni nähili garşylaýşyny görüp, gözüme ýaş aýlanýardy. Pul nukdaýnazaryndan bu Amerikanyň standartlary boýunça hiç zat ýaly bolup görüner, sebäbi maňa biperwaý garaýan käbir amerikan ýygnaklarynda men has uly sadaka alýardym. Meni haýran galdyran zat, bu minnetdar adamlaryň ähli sowgatlarynyň arkasynda duran söýgüdi. Olaryň garaýşy dul aýalyň özüni alyp barşyndan tapawutly däldi. Isa şol aýalyň getiren sadakasynyň mukdary az bolsa-da, hemme kişiden köp zat berendigini aýtdy. Öz peşgeşi bilen ol Hudaýy hormatlady. Bu gymmatly mukaddesler Hudaý tarapyndan iberilen bendelere hormat goýýarlar we gadryny bilýärler. Goý, bu siziň hem ýüregiňize aralaşsyn. Hudaýyň meýdançasynda araňyzda işleýän adamlara hormat goýmaga çalşyň.

## ÝOLBAŞÇYLAR TARAPYNDAN BELLENENLER

Isanyň sözlerine ýene bir gezek göz aýlalyň: «Size dogrusyny aýdýaryn, Meniň iberen adamymy kabul eden Meni kabul edýändir» (Ýohanna 13:20). Mattanyň Hoş Habarynda Isa hakykatdanam iýerarhiýa zynjyryny suratlandyrýar: Ata Isany iberdi, Isa bäş ugurda gullukçy iberdi. Eger biz Onuň habarçylaryny kabul etsek, onda Ony

kabul edýäris we Ony kabul edip, Atany kabul edýäris.

Emma zynjyr bu gullukçylar bilen gutarman, gullukçy hökmünde gullukçylar tarapyndan bellenenler bilen dowam edýär. Günorta ştatlaryň birinde wagyz edenimde agzymdan çykan zady hiç haçan ýatdan çykarmaryn. Ybadathananyň gowy ruhy çopany bardy, ol töweregindäkileri gorap, gowy ygtyýarlykda gezýärdi we olar hem öz gezeginde oňa hormat goýýardylar. Şeýle-de bolsa, bu hormat onuň kärdeşlerine degişli däldi. Men käbir adamlaryň ol ruhanynyň bellän guramaçy, kätip we egindeş çopanlary ýaly adamlaryna nädip hormat goýmaýandyklaryna göz ýetirdim.

Şol ýygnakda meniň pygamberlik gullugym boldy. Haçanda men şeýle görnüşde wagyz edenimde, käwagt sözleri men diňe dodaklarymdan çykandan soň eşidýärin. Men bir gullukçyny görkezip, berk aýtdym: «Siziň bu adama bolan garaýşyňyz, ruhy çopana bolan garaýşyňyzdyr. Ruhy çopana nähili garasaňyz, Isa Mesihe hem şeýle  jogap berýänsiňiz».

Siz käbir ýygnak agzalarynyň gözlerini görsediňiz! Ylham çyrasy gelip, olaryň gatnaşyklaryny ýüze çykardy. Bu ybadathana dogry taglymata eýerýärdi we adamlar düzedişi hyjuw bilen kabul etdiler. Öz sözlerim meniň özüme-de hyzmat etdi. Islendik ybadathanada gulluk edenimde ýa-da özümiň dogduk ybadathanama baranymda, ruhy çopan tarapyndan bellenenlere, şol sanda guramaçylara, ofis işgärlerine, kätiplere, egindeş çopanlara we awtoulag duralgasynyň işgärlerine hormat bilen garaýaryn. Çünki olary ruhy çopan belledi, ol hem öz gezeginde Ata tarapyndan bellenen Isa tarapyndan bellenildi. Bularyň hemmesini men Hudaýyň töweregimizdäki adamlara edýän güýjüni görmegimiz üçin aýtdym.

Mukaddes Kitapdan ajaýyp mysal hökmünde Siriýanyň goşun serkerdesi Nagamanyň hekaýasy hyzmat edip biler. Ol heýwere keselinden ejir çekip, gutulmaga umydy ýokdy. Onuň ýewreý gyrnaklaryndan biri Ysraýylda Reb Hudaýyň güýji bilen ony bejerip

biljek bir pygamberiň bardygyny aýtdy.

Siriýanyň patyşasy Nagamana Ysraýyl patyşasynyň ýanyna gitmäge rugsat berdi we ol patyşa hem ony Elýaşanyň öýüne ugratdy. Şeýdip, Nagaman atlary we söweş arabalary bilen gelip, Elýaşanyň öýüniň işiginde durdy. Elýaşa onuň ýanyna bir habarçy ýollap: «Git-de, Iordan derýasynyň suwuna ýedi gezek ýuwun, şonda sen keseliňden saplanyp tämizlenersiň» diýdi (2 Patyşalyk 5:9, 10).

Muny eşiden Nagaman gaharlandy we şeýle diýdi: «Ol meniň üçin hökman daşary çykyp, ýanymda durup, öz Hudaýy Rebbe dileg edip, elini ýokançly deri keselli ýeriň üstüne goýup, ony bejerer öýtdüm» (11-nji aýat).

Onuň ýalňyş umytlary, Hudaýyň oňa bermek isleýän zadyndan tas ýüz öwürmegine sebäp bolupdy. Eger Elýaşa ony garşylamaga çykan bolsa, onda ol ony begenç bilen kabul ederdi, ýöne hyzmatkäri ýa-da hakyna tutulan işçini kabul etmezdi, sebäbi Nagaman möhüm adamdy. Elýaşanyň bu daranyşy ony kemsitdi. Ýöne serkerdebaşy hökmünde ol özüne berlen ygtyýarlygyň manysyna düşünmelidi. Emma bagtyna, Elýaşanyň hyzmatkäri ony ynandyrmagy başardy we ol gidip Iordan derýasyna ýedi gezek çümdi we doly gutuldy. Ähli zat, Hudaýyň ygtyýary berlen adama hyzmat etmek üçin bellenen hyzmatkäriň aýdyşy ýaly bolup geçdi.

Käbir ybadathanalaryň ruhy çopany gidensoň, ýygnaga gatnaşyjylaryň sanynyň azalýandygyny eşitmek meni gynandyrýar. Bu adamlar hakyky güýje düşünmeýändiklerini görkezýärler. Ýüregi dogry adamlar kömekçi ruhy çopandan ýa-da gelýän wagyzçydan ýalkanyş alyp bilerler, sebäbi olaryň her biri ruhy çopan hökmünde bellenilendir. Ruhy çopan Isanyň ýerinde dur. Eger biz Patyşalygyň ygtyýaryna düşünsek, onda munuň şahsyýetleriň arasyndaky bäsdeşlik däl-de, eýsem adama ynanylan we gönüden-göni Isa barýan ygtyýarlykdygyna düşüneris.

Iman edenler hökmünde biz raýat häkimiýetlerine, iş berijilere,

mugallymlara we ygtyýarlyk wezipesine bellenen ähli adamlara hormat goýmalydyrys. Çagalar ene-atalaryna hormat goýmaly, aýallar ärlerine hormat goýmaly. Şeýle etmek bilen, biz wada laýyklykdaky sylagy alarys. We ahyrsoňunda, gulluga gatnaşýanlara, esasanam Hudaýyň Sözüni wagyz etmek üçin zähmet çekýänlere iki esse hormat goýarys.

## 11-NJI BAP

# TABYNLYK WE PESPÄLLIK

*Biz tabyn bolup bileris, ýöne şol bir wagtda*
*pespäl däl hem bolup bileris.*

Pespällik käwagt imanlylaryň arasynda ýüze çykýan köp düşünişmezlige sebäp bolýar. Indiki üç bapda biz çylşyrymly meseleleriň üstünde durup geçeris. Soňky on ýyllap başga biriniň ygtyýarynda bolmak hakynda öwreden wagtymda, men aşakdaky ýaly soraglara birnäçe gezek duş geldim:

Tabyn bolmak şertsiz bir zatmy?

Men ýolbaşçymyň kararlary bilen ylalaşmasam näme etmeli?

Ýolbaşçy erbet karar berse näme etmeli?

Ýolbaşçy maňa nädogry bir zat et diýse näme etmeli?

Serhet nirede?

Bular ygtyýarlyga ynam bilen boýun bolmak üçin jogap berilmeli ajaýyp soraglar. Ilki bilen, geliň, Ýewreýlere ýazylan hata seredeliň:

> Ýolbaşçylaryňyzyň sözüne gulak asyň, olara tabyn boluň. Olar siziň janyňyz üçin Hudaýa hasabat bererler. Olaryň sözüne gulak asyň, sebäbi olar size gözegçilik edýändirler. Goý, olar borçlaryny şatlyk bilen ýerine ýetirsinler, gaýgy-

hasrat çekmesinler, ýogsam, munuň size peýdasy degmez (Ýewreýler 13:17).

Hatyň ýazyjysy bize iki zady etmelidigimizi aýdyň görkezýär: üstümizdäki adamlara boýun bolmagy; we olara tabyn bolmagy. Bular iki dürli görkezmeler we hut şu ýerde köp adam bulaşýar. Biz boýun bolup bileris, ýöne tabyn bolman bileris. Ony has düşnükli etmek üçin durmuşymdan bir mysaly paýlaşaýyn.

## BIZ MUNDAN BEÝLÄK IÝMIT ALMAÝARYS

Öňki bapda belläp geçişim ýaly, inžener bolup biraz wagt işlänimden soň, ýurduň günortasyndaky uly ybadathanada hyzmat edip başladym we dört ýarym ýyl ruhy çopanyň şahsy kömekçisi bolup işledim. Bu meniň üçin şägirt bolmaklygyň ajaýyp pozisiýasydy we men köplenç birinji ýylymda Hudaýyň Patyşalygy üçin bu wezipäni ýerine ýetirmegime Onuň rugsat berýändigi hakyndaky ýekeje pikirden döreýän duýgulardan ýaňa dolup-daşýardym. «*Muny etmäge maňa rugsat berendigi üçin men Oňa bergili*» diýip pikir edenim ýadymda. Ýöne bu «bal aýy» bir ýyldan köp dowam etmedi, we men soň sönüp başladym. Ilkibaşda bu juda ujypsyz ýagdaýda bolup geçdi, emma soň bu proses çaltlaşdy.

Çopana näçe ýakynlaşdygymça, men şonça-da onda kemçilikleri gördüm. Täzelik we tolgunma duýgusy indi mende döremeýärdi. Şaýat bolan zatlarym hakynda oýlanmagyň kyn döwri maňa gelip ýetipdi. Tizara bu agyr ýagdaýa öwrüldi. Töweregimdäkileriň näme edýändigi, meseleleriň nähili çözülýändigi we haýsy kararlaryň kabul edilýändigi bilen men gitdigiçe has köp ylalaşyp başladym.

Gödek sözler eşidilip başlandy we meniň pikirimçe, olaryň ynanmaýanlaryň arasynda eşidenlerimden tapawudy ýokdy. Eger meniň ýokarda agzap geçenlerim hakyna tutulan işgärler bolsa, onda ýakyn wagtda olaryň işden kowuljakdyklaryna ýa-da işlerini

terk etjekdiklerine ynanýardym. Bu diňe wagt meselesidi. Köp ýerler süýji gürleýän aldawçylar diýip hasaplaýan adamlarym tarapyndan eýelenendi. Täze işe alnanlaryň köpüsi maňa dolandyryş gurluşyna we beýleki möhüm wezipelere aldaw ýoly bilen giren adamlar ýaly bolup görünýärdi. Meniň ruhy çopanym, göýä takwa adamlar bilen gatnaşygyndan, şolar bilen bolan gatnaşygyny has gowy görýän ýalydy. Ol olaryň ýuwan gülkünç sözlerine gülýärdi we şatlanýardy we şol bir wagtyň özünde-de ak ýürekli imanlylaryň arasynda özüni biperwaý we pikirlenmesiz alyp barýardy. Onuň özüni alyp barşy meni bulaşdyrýardy we tiz wagtdan men ony tankytlap başladym.

Ünsümi jemlän başga gapma-garşylyklar hem bardy. Bularyň hemmesi bütin Amerikanyň görýän halkara gullugynda bolup geçýärdi. Gullugyň mehanizminiň kadaly işlemegi üçin ähli gulluk maksatnamalary adam güýjüni we puluny köp sarp etmegi talap edýärdi. Ofis işgärleriniň sany 250-den gowrakdy we biziň iň döwrebap enjamlarymyz bardy. Biz dowam edýän programmalar we geljekki taslamalar üçin goşmaça serişdeleri tapmaga kömek etmek üçin maslahatçylary çagyrardyk. Men olaryň ýerleşdirilmegine jogapkärdim we gündelik dürli meseleleri çözýärdim. Olaryň arasynda bolanymda, men köplenç olaryň ruhy çopan bilen duşuşyklaryny ara alyp maslahatlaşýandyklaryny eşitdim. Kellämde şeýle soraglar ýüze çykýardy: «*Bu uly biznesmi ýa-da gullukmy?*» Näçe köp eşitdigimçe, şonça-da köp şeýle pikir edýärdim: «*Bu azmak. Bu ýigitler asla adamlar hakynda alada edýärlermi ýa-da olar diňe pul üçin şu ýerdemi? Näme üçin ruhy çopan özüni beýle adamlar bilen gurşap alýar?*»

Meniň ýanymda mundan närazy dostlarym bardy. Men bir maşgala jübütiň öýünde eden agşamlyk naharym ýadymda. Biz gullukdan indi hiç zat almaýandygymyz hakynda gürleşdik. Meniň: «Soňky alty aýyň dowamynda münberden wagyz edilen zatdan men hiç zat almadym» diýenim ýadymda. Şol wagt dymyp oturan

aýalymdan başga hemmeler ol sözlerim bilen razylaşypdylar.

Men «Indi iýmit almaýarys» diýen jümläni birnäçe gezek eşidipdim. Biz bu gullukdaky wagtymyzyň soňy ýetip gelýär diýen netijä geldik. Biz özümizde bolup geçýän zatlaryň ruhy tebigatynyň bardygyny duýduk we Hudaýyň bizi beýleki gulluklara taýýarlaýandygyna ynandyk. Ýakyn wagtda öz işlerimizi taşlap, gullukda ösjekdigimize bolan ynam bizde höküm sürýärdi.

## MESELE MENDEDI

Birnäçe günden soň, doga-dileg edip otyrkam, Hudaý Öz rehimdarlygy bilen maňa hälki är-aýalyň öýünde ara alyp maslahatlaşan meselämizi ýatlatdy. «Indi iýmit almaýarys» jümlesi, ruhy çopanyň wagzyny diňläp oturan mahalym hem kellämde aýlanyp, gulagymda ýaňlanyp durdy. Men entäk «ruhy açlygym» hakynda oýlanyp otyrkam, Mukaddes Ruh maňa berk aýtdy: «*Mesele ruhy çopanyňda däl, eýsem seniň özüňde!*»

Eşidenlerime ynanman, men haýran galdym, öz-özümden soradym: «Hudaý maňa muny aýdyp bilermi?» Geçmişde, şuňa meňzeş düzedişleri başdan geçirenimde, men ikirjiňlenip, eşidýänlerimiň dogrulygyna şübhelenerdim. Kellämde Hudaýa bir sorag bardy: «*Dogry ýere ýüzlenýändigiňe Sen ynanýarsyňmy?*» (Ruhda kämillige ýetdigimizçe, şeýle soragy biz has seýrek berip başlamaly, sebäbi biz *hakykatdanam näçeräk* bilýändigimize düşünip başlaýarys.)

Men gaty ses bilen: «Näme üçin mesele mende?» diýip soradym.

Hudaý şeýle jogap berdi: «*Sen az iýmit alýandygyňy aýtmagyňy dowam etdirýärsiň. Işaýa pygamberiň kitabynda şeýle ýazylan: Eger sözlerimi göwünjeňlik bilen diňleseňiz, ýurduň näz-nygmatyny iýersiňiz. Boýun gaçyryp, baş göteräýseňiz welin, sizi gylyç ýalmar» (1:19, 20).*

Bu aýat maňa gowy tanyşdy. Mende başga bir pikir ýüze çykdy:

«Ýöne men hemme zatda boýun boldum ahyryn». Ýöne Mukaddes Ruh sözüni dowam etdirdi: «Sen gullugyňda aýdylýan zatlaryň hemmesini ýerine ýetirýärsiň, ýöne Men: *“Eger boýun bolsaň, ýurduň näz-nygmatyny iýersiň” diýmedim; Men: “Eger isleseňiz we boýun bolsaňyz... “ diýdim, isleg bolsa seniň garaýşyň bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Seniň garaýşyň bolsa asla gowy däl!*»

Soň bolsa, Ol maňa mekdep günlerimde, meniň täzeden dogulmazymdan ozal, çarşenbe gijelerinde efire berilýän meşhur programma tomaşa etmegi halandygymy ýatlatdy. Ertesi irden, penşenbe güni bolsa, bize zibil maşyny gelerdi. Onuň gaty ir gelýändigi sebäpli, zibili bir gün agşam öň taşlamalydy we bu jogapkärçilik maňa ýüklenendi. Maňa bolsa her gezek bu programmany görüp otyrkam, onuň iň gyzykly pursatyna ýetenimde, ejem mydama otaga girip, şol bir soragy berýän ýaly görünýärdi:

«Oglum, sen zibili dökdüňmi?» Men hem: «Ýok, entek» diýip jogap bererdim.

Şonda ol: «Men seniň häziriň özünde turup, ony çykarmagyňy isleýärin» diýerdi.

Menem: «Bolýar, eje, ýerine ýetirerin» diýip jogap berýärdim. We zibil gaby çykarýardym. Eger kimdir biri daşyndan meniň alyp barşymy synlan bolsa, onda ol meniň göreldeli oguldygymy we hemme zatda ene-atama boýun bolýandygymy aýdardy. Aslynda, meniň içim dynuwsyz gürleýärdi: «Men muňa ynanyp bilemok: ol hemişe meniň gowy görýän tomaşam gidip durka bu işi etmegimi aýdýar. Näme üçin programma gutarýança on minutjyk garaşyp bilmeýärkä?» Mukaddes Ruh maňa: «*Sen boýun bolduň, ýöne seniň islegiň ýokdy. Seniň ejeňe bolan garaýşyň nädogrydy. Bu ýygnakda iýmit (Patyşalygymyň bereketlerini iýmek) almazlygyňyň sebäbi, seniň özüňe aýdylanlary ýerine ýetirseňem, içiňde islegiňiň ýoklugydyr!*»

Men ruhy çopan bilen gatnaşygymyň meni Hudaýdan alyp bilmejek ýerime alyp barandygyna we onuň howply ýerdigine düşündim.

Ýewreýlerdäki (13:17) aýat şu sözler bilen tamamlanýar: «munuň size peýdasy degmez».

Meniň gözlerim açyldy. Men derrew toba etdim. Ertesi ýekşenbe güni men şol bir ybadathana bardym, şol bir oturgyçda oturdym we şol bir ruhy çopanyň şol bir stilde wagyz edişini diňledim. Emma şol gün irden hemme zat başgaça boldy. Gökler açykdy we men ruhy çopanyň wagzy arkaly Hudaýyň maňa beren ylhamyna haýran galdym. Men Hudaýyň meniň üstümden goýan ygtyýarlygyna düşünmändigim sebäpli, öňki alty aýyň dowamynda ýitiren zatlarymy görüp, tas gözýaş döküp aglapdym.

Haçanda biz ygtyýarlyk berlen ygtyýarlyga boýun bolmasak, biz Hudaýyň ygtyýarlygyna garşy çykýarys, çünki ýerli hökümdarlar Ol tarapyndan bellenilendir! Hudaý biziň üstümizde goýan adamlarynyň gatnaşmagynda bize taýýarlaýan baýramçylyk saçagyndan erkin lezzet alyp, iýip bilmegimizi isleýär.

Boýun bolmaklyk biziň ygtyýarlyga bolan garaýşymyza görä jogap hökmünde edýän *hereketlerimiz* bilen baglanyşyklydyr. Tabynlyk bolsa ygtyýarlyga bolan *garaýşymyzdyr.* Hut şu ýerde köp adamlar ýalňyşýarlar. Hudaý biziň daşky hereketlerimize seredişi ýaly ýüregimiziň gizlin garaýyşlaryna hem seredýändir. Haçanda Dawut tagtyny ogly Süleýmana tabşyranynda, ol şu sözleri aýtdy: «Süleýman, oglum, sen bolsa ataňyň Hudaýyny tana, *Oňa ak ýürekden höwes bilen gulluk et.* Çünki Reb her bir kalby synaýandyr hem ähli *niýet-hyýallary* bilýändir» (1 Ýyl ýazgylary 28:9, kursiw awtoryňky).

## BOÝUN BOLMAKLYGYŇ ÝOKLUGYNDAKY TABYN GARAÝYŞ

Geliň, ýene bir gezek Ýewreýlere hatyň awtorynyň şu sözlerine seredip geçeliň: «Ýolbaşçylaryňyzyň sözüne gulak asyň, olara tabyn boluň» (13:17). Mundan öň men nädip boýun bolup biljekdigimizi, ýöne şol bir wagtda tabyn bolmazlygymyzy suratlandyrdym.

Ýöne öz garaýşymyzda tabyn bolup, şol bir wagtda-da boýun egmeýän başga bir ýagdaýymyz bardyr. Isanyň iki ogul baradaky tymsaly oňa gowy mysaldyr, biz eýýäm üçünji bapda ony ara alyp maslahatlaşypdyk. Bir ogly aňsatlyk bilen: «Hawa, jenap, men gidip üzümçiligiňizde işlärin» diýip jogap berdi. Emma ol boýun egmedi. Isa bu ýigidiň aň taýdan razylaşsa-da, kakasynyň islegini ýerine ýetirmändigini aç-açan aýtdy.

Bu ýagdaý köplenç biziň ýygnaklarymyzda hem bolup geçýär. Biziň uly niýetlerimiz bar, biz baş atýarys, ýylgyrýarys we ýolbaşçylarymyz bilen ylalaşýarys: «Muny ederin!» Soň bolsa hiç zat etmeýäris, sebäbi bu biziň üçin gaty möhüm däl. Men ony adatça *mylakatly gozgalaň* diýip atlandyrýaryn. Aldanmaň: mylakatly gozgalaň edil açyk gozgalaň ýaly ölümlidir. Ne onuň, ne-de beýlekisiniň, ikisiniň-de Hudaýyň Patyşalygynda hormaty ýokdur.

Ony Isanyň Aýanlyk kitabynda ýygnaklara aýdan berk we käýinç sözi hem tassyklaýar. Ol her ýygnak bilen şeýle salamlaşdy: «Men seniň ähli edenleriňi bilýärin» (Aýanlyk 2:3). Ybadathanalaryň gowy niýetleri bardy, biri hatda özüni *diri* diýip hem atlandyrdy, ýöne Isa olaryň işlerinde tabyn bolmandygy sebäpli olaryň *ölüdigini* aýtdy. Ýadyňyzda saklaň, Onuň «her kime eden işine görä gaýtarjak Biridigini» unutmaň (Rimliler 2:6). Ýagşy niýetler Hudaýyň höküminiň öňünde durup bilmez, emma diňe tabynlykdaky mynasyp işler bilen tassyklanan hakyky iman durar.

## SERHET NIREDE?

Ýene-de Hudaýyň buýrugy şeýle diýýär: «Ýolbaşçylaryňyzyň sözüne gulak asyň, olara tabyn boluň». Öň hem aýdyşym ýaly, adamlar menden köplenç çyn ýürekden şuny soraýarlar: «Serhet nirede? Hudaý bize näme diýilse-de, biziň häkimiýete boýun bolmagymyza garaşýarmy? Maňa günä etmek tabşyrylsa näme etmeli?» Mukaddes Kitap häkimiýete şertsiz tabyn bolmagy

öwredýär, ýöne ol şertsiz boýun egmegi öwretmeýär. Tabynlygyň bir garaýyşdygyny, boýun bolmagyň bolsa siziň buýrugy ýerine ýetirişiňizdigini ýadyňyzdan çykarmaň.

Diňe ýeke-täk bir ýagdaýda, we men muny aýratyn belläp geçmek isleýärin, diňe *bir* ýagdaýda häkimiýete boýun bolmazlyk hukugymyz bar – haçanda bize Hudaýyň Sözüne ters gelýän bir zat etmek aýdylanda. Başga sözler bilen aýdylanda, diňe ýolbaşçylar bize günä etmegi buýranlarynda, biz boýun egmekden azat bolýarys. Ýöne hatda şol ýagdaýda-da biz kiçigöwünli we tabyn bolujy garaýşy saklamalydyrys. Babylyň patyşasy Nebukadnesar zalym adamdy we Ysraýyl halkyndan köp adamy gyrdy. Muňa garamazdan, Hudaý ony Öz guly diýip atlandyrdy (Ýermeýa 25:9; 27:5-7) we adama ygtyýarlyk berýäniň diňe Özüdigini ýene bir gezek tassyklady. Bu patyşa Ysraýylyň galan bölegini Babylyň ýesirligine alyp gitdi. Ýesir alnanlaryň arasynda Danyýel, Şadrak, Meýşak we Abednego dagy hem bardy.

Patyşa ähli adamlaryň altyn buta çokunmalydygy we her gezek saz gurallarynyň sesleri eşidilende ony şöhratlandyrmalydygy barada buýruk çykardy. Bu karara boýun egmedik ýagdaýynda kanuny bozan adam diriligine gyzgyn peje taşlanýardy. Bu ýigitler bolsa peçiň odundan has köp Hudaýdan gorkýardylar, şonuň üçin hem buýruga boýun egmediler. Bu Hudaýyň Musa beren we Töwratda ýazylan ikinji buýrugyna ters geljekdi. Olar Rebbiň islegine boýun bolup, adamyň islegine boýun egmediler.

Birneme wagt geçensoň, olaryň boýun egmedikleri baradaky habar patyşa ýetdi. Onuň muňa gahary geldi we Şadragyň, Meýşagyň we Abednegonyň düşündiriş bermekleri üçin derrew getirilmegini buýurdy. Ine, olaryň beren jogaby: «Bu ýagdaýda özümizi senden goramagyň geregi ýok. Eý, patyşahym, bizi ýanyp duran küreden halas edip bilýän Hudaý — bu biziň gulluk edýän Hudaýymyzdyr, Ol bizi seniň eliňden halas eder. Ýöne Ol bizi halas etmese-de, eý, patyşahym, şuny bilip goýgun: biz seniň hudaýlaryňa gulluk etmeris,

seniň diken altyn heýkeliňe sežde etmeris» (Danyýel 3:16-18).

Olar Hudaýyň emrine boýun bolup, berk durdular, ýöne muňa garamazdan patyşa hormat bilen jogap berdiler[9]. Oňa «Siziň Alyhezretleriňiz» sözleri bilen ýüzlendiler. Oňa: «Haý, jellat, seniň aýdanlaryňy asla ýerine ýetirmeris!» diýmediler. Şeýle hormatsyzlyk bilen ýüzlenmek, olar tarapyndan edilen gozgalaň bolardy. Onuň buýruklaryna boýun bolmazlyk zerur bolan ýagdaýynda-da biz häkimiýete tabyn bolmalydyrys.

Muny Petrusyň aýallara aýdan sözlerinden tapýarys: «Edil şunuň ýaly, eý, aýallar, siz hem öz äriňize tabyn boluň. Eger äriňiz Hudaýyň sözüne ynanmaýan bolsa, ol aýalynyň ar-namysly, Hudaýdan gorkup ýaşaýan päk durmuşyny görüp, hiç bir aýdyp-diýmezden imana geler» (1 Petrus 3:1, 2) Aýallar ärlerine tabyn bolmalydyr (Titus 2:5), boýun egmek bilen adamsyna hormat goýmalydyr. Petrus ýene-de özüňi alyp barşyň we tabyn bolmagyň arasynda parallel geçirýär. Olar arassa we Hudaýdan gorkýan ýaşaýyş bilen ugurdaş bolýarlar. Aýallara imansyz bolsa-da, äriniň ygtyýarly ornuna hormat goýmaklyk tabşyrylýar. Ondan günä etmäge mejbur edilse-de, şertsiz boýun egmek soralmaýar, ýöne adamsynyň ygtyýaryna şertsiz tabyn bolmaga we oňa hormat goýmaga çagyrylýar.

Mysal hökmünde biz bir imanly aýalyň telefona jogap beren mahaly, jaň eden bilen gürleşmek islemeýän adamsynyň oňa: «Öýde däldigimi aýt» diýýän bir ýagdaýyny alyp bileris.

Ondan ýerlikli jogap şu bolar: «Mähribanym, men ýalan sözlemekçi däl. Isleseň, seniň gelip bilmejekdigiňi aýdaýyn?» Şeýlelik bilen, ol onuň ygtyýarlygyna hormat goýýar, ýöne onuň ýalan sözlemek islegini ýerine ýetirmeýär. Petrus sözüni şeýle dowam etdi:

9 Awtoryň getiren Mukaddes Kitabyň (NLT) terjimesinde ýigitler patyşa: «Siziň Alyhezretleriňiz» sözleri bilen ýüzlenýärler. Terjimäniň beýleki iňlis dilindäki wersiýalarynda (KJV , NIV) (rus dilindäki terjimesinden tapawutlylykda, bu beýle aç-açan däl) bu aýatlar gürleýjiniň patyşa hormat goýýandygyny görkezýär: olar oňa «Eý, Patyşa» sözleri bilen ýüzlenýärler. – *Terjimeçiniň belligi.*

> Tersine, kalbyňyzdaky ýuwaş hem ýumşak ruh siziň solmaýan *içki gözelligiňiz* bolsun. Bu Hudaýýň nazarynda has gymmatlydyr. Öňki wagtlarda Hudaýa umyt baglap, ýüreklerini päk saklan aýallar hem özlerini şeýle bezeýärdiler, olar ärine tabyndylar. Mysal üçin, Sara Ybraýyma tabyn bolup, ony hojaýynym diýip atlandyrdy. Eger siz hem ýagşylyk edip, hiç bir howpdan gorkmasaňyz, Saranyň gyzlary bolarsyňyz (1 Petrus 3:3-6).

Saranyň hormatly garaýşy, Ybraýymy hojaýyny hökmünde hormatlap, oňa boýun bolanynda äşgär boldy. «*Hojaýyn*» sözi onuň tabyn bolujy garaýşyny görkezýärdi we boýun egmekligi bolsa onuň gorkudan basylmandygyny görkezýärdi. Gorky erbet mugallym. Gorky üstüňden gülüp biler: «Men ärime ýa-da başga bir ygtyýarlyga boýun bolmakda Hudaýa bil baglap bilmerin. Men özümi goramaly!» Geliň, bize boýun bolmagy buýranyň käbir ygtyýarlyga açgöz adam däl-de, hut Hudaýdygyny ýatdan çykarmalyň. Oňa boýun bolanymyzda, Onuň goragy biziňki bolýar.

## TABŞYRYGYŇ ÝOÝULMAGY

Käbir aýallaryň şertsiz tabyn bolmak tabşyrygyny görkezme hökmünde alyp, ony soragsyz boýun egmek üçin hem ulanandyklary baradaky wakalary eşitmek gynandyryjy. Men käbir mesihi ärleriň jynsy höwesleri gazanmak üçin aýallaryndan özleri bilen bihaýa «ulular» üçin wideolary görmegi talap edýändiklerini, aýallarynyň bolsa Mukaddes Ýazgylarda muňa garşy hiç hili goragyň ýokdugy barada pikir edip, oňa boýun bolýandyklaryny eşitdim. Men aýallarynyň özleri üçin ýalan sözlemegini talap edýän käbir ärler hakynda we olaryňam şeýle edendikleri barada eşitdim. Men aýallaryna ybadathana ýygnaklaryna gatnaşmagy gadagan eden ärler hakynda eşitdim we olaryň aýallary hem olaryň talaplaryny ýerine ýetirdiler. Munuň ýaly zatlara boýun bolup bolmaz, sebäbi

olar Mukaddes Ýazgynyň tabşyryklaryny bozýarlar.

Ýene dowam edeliň. Men ärleriň çagalaryny ýa-da aýallaryny ýenjip, aýallarynyň bolsa olary ýapan ýagdaýlaryny bilýärin. Çagalarynyň jyns taýdan zorluga salnandygy, ýöne aýallarynyň hiç zat etmedik ýagdaýlary hem boldy. Bu Hudaýyň ygtyýarlyk berýän islendik şertleriniň bozulmagydyr we şeýle ýagdaýlarda aýallar Hudaýyň hiç bir ýagdaýda gyrada durup, hiç zat etmeklerini islemeýändigine düşünmelidirler. Eger äriniň özüni alyp barşy başgalaryň janyna howp salýan bolsa, aýal özüni we çagalaryny ondan daşlaşdyrmaly we äriniň doly toba edendigine gözi ýetýänçä gaýdyp gelmeli däldir.

Hatda söweşiji we güýçli adam Dawut hem Şawul naýza zyňýarka köşgüň içinde aýlanmaýardy. Ol ony taşlap, çölde ýaşapdy, ýöne Şawulyň ygtyýarlygyna bolan hormatyny hiç wagt ýitirmändi. Dawut Şawulyň hakyky toba gelmegine ýa-da Hudaýyň adalatly hökümine garaşyp, huzuryndan gaçsa-da, onuň ygtyýaryna garşy çykmady.

## HUDAÝ GÜNÄ ETMEGI BUÝURÝANLARA BOÝUN EGMEÝÄNLERI ÝALKAÝAR

Häkimiýetleriň boýun egmedik halatlary bar. Faraon ýewreý göbegenelerine ýewreý aýallaryndan doglan erkek bäbekleri öldürmegi buýurdy. Soň bolsa Mukaddes Kitapda şeýle ýazylan: «Emma bu göbegeneler Hudaýdan gorkýan aýallar eken, olar Müsür patyşasynyň buýruşy ýaly etmän, gaýtam, erkek doglan çagalary-da diri galdyrypdyrlar» (Müsürden çykyş 1:17). Olaryň hereketlerinden Hudaý şeýle bir hoşaldy welin, Mukaddes Ýazgy şeýle belläp geçýär: «Göbegeneleriň Hudaýdan gorkýandygy sebäpli, Hudaý olara-da uly maşgala berdi» (21-nji aýat). Günä etmek buýrugyna boýun egmedikleri üçin Reb olary sylaglady.

Ýokary mejlis Isanyň şägirtlerine şeýle buýurdy: «Onsoň olary çagyryp, Isanyň ady bilen geplemezligi we wagyz etmezligi

buýurdylar. Emma Petrus bilen Ýohanna olara: “Hudaýýň sözlerine däl-de, siziňkä gulak asmak Hudaýýň nazarynda dogrumydyr? Özüňiz netije çykaryň! Biz-ä görüp-eşidenlerimizi aýtman durup bilmeris” diýip jogap berdiler» (Resullaryň işleri 4:18-20). Eýsem, Isa olara: «Bütin dünýä aýlanyň-da, Hoş Habary hemme adamlara wagyz ediň» diýende, olar şol ýolbaşçylara nädip boýun bolup bilerler? (Mark 16:15) Olar beýdip bilmediler! Ýokary mejlis şägirtlere Isanyň buýrugyna garşy hereket etmegi buýurdy, şonuň üçin hem olar sypaýyçylyk bilen ýüz öwürdiler. Mukaddes Ýazgyda bu karardan soň nämeleriň bolup geçendigine serediň: «Resullar beýik gudrat bilen Reb Isanyň direlendigine şaýatlyk edýärdiler. Hudaý olaryň hemmesine beýik merhemet eçildi» (Resullaryň işleri 4:33). Olardaky Hudaýa bolan gorky uly ýalkanyş we güýç getirdi.

Muňa garamazdan, şägirtleriň hormat goýujy garaýyşlaryny ýa-da tabynlygyny Pawlusyň şol ýokary mejlise beren jogabynda görýäris. Haçanda ony ol ýere getirenlerinde, onuň özüni gorap aýdan ilkinji sözleri şu boldy: «Eý, doganlar! Men şu güne çenli Hudaýýň öňünde arassa wyždan bilen ýaşadym» (Resullaryň işleri 23:1). Baş ruhany Hanany bu sözleri eşidip, Pawlusyň ýanynda duranlara onuň agzyna urmagy buýurdy. Şonda Pawlus şeýle jogap berdi: «Seni Hudaý urar, eý, ýüzi aklanan diwar!» Soňra biz şulary okaýarys: Pawlusyň ýanynda duranlar ondan: «Sen näme üçin Hudaýýň baş ruhanysyna dil ýetirýärsiň?» diýip soradylar. Pawlus: «Doganlar, onuň baş ruhanydygyny bilmändirin. Ýogsam Mukaddes Ýazgylarda hem: «Öz halkyňyň ýolbaşçysyny näletleme» diýip ýazylan» diýdi (Resullaryň işleri 23:4, 5).

Hananynyň häkimiýet wekilidigini eşidip, Pawlus öz garaýşy we sözleri üçin toba etdi. Şägirtler Mukaddes Ýazgylara ters gelýän buýruklary ýerine ýetirmediler, ýöne olar tabyn bolmak garaýşyny sakladylar, sebäbi olar bilýärdiler: «Höküm sürýän häkimiýetler Hudaý tarapyndan bellenendir».

## DANYÝELIŇ ÝOKARY KANUNA BOÝUN EGMEK KARARY

Danyýeliň döwründe kimdir biri patyşadan başga hudaýa ýada adama ýüzlenmäge het edip bilse, derrew arslanlaryň çukuryna taşlanjakdygy barada karar çykaryldy. Gabanjaň we zalym hökümdarlar Danyýeli ýok etmek üçin bu kanuny çykardylar we Darýuş patyşany oňa gol çekmäge yrdylar. Danyýel beýle kanuna boýun bolmak pikirine hatda ýol hem bermedi. Ol Hudaýa boýun bolmagy saýlady. Ol mezmurçynyň sözlerine görä hereket etdi: «Agşam, ertir, günorta çagy men ýalbaryp, nala çekýärin, Ol eşidýär meniň sesimi» (Zebur 54:18).

Danyýeliň näme edenine serediň: «Permana gol çekilenini bilenden soň, Danyýel öýüne gaýtdy. Onuň ýokarky otagynyň penjireleri Iýerusalime tarap bakýardy. Danyýel öňki edişi ýaly, dyzyna çöküp, günde üç gezek öz Hudaýyna dileg edýärdi we Onuň öňünde şükür edýärdi» (Danyýel 6:10).

Danyýeliň boýun egmezligini derrew patyşa habar berdiler we ol hem Danyýeli ýolbarslaryň çukuryna zyňmaga mejbur boldy. Emma Danyýeliň tabyn bolujy garaýşy adalatsyzlygyň öňündede üýtgewsiz galdy. Hudaý ony boşatdy we bütin gije rahat uklap bilmegi üçin aç ýolbarslaryň agzyny ýapdy. Patyşa bolup geçen wakany görüp, dildüwşenleri çukura taşlady we gaharly ýolbarslar olary ýuwutdy.

## HEMIŞE OŇYN NETIJE BOLANOK

Hudaý bu mukaddesleri ölümden halas etdi, ýöne bu hemişe beýle bolup geçmeýär. Ýewreýler ýazylan hatda biz şuny okaýarys:

> Käbirleri bolsa direlişden soň has oňat ýaşaýşa gowuşmak üçin, azat bolmakdan ýüz öwrüp, jebir-süteme döz geldiler. Başga birileri kemsidilmelere sezewar edilip gamçylandylar,

> zynjyrlar bilen baglanyp, zyndana taşlandylar. Olaryň käbirini daşladylar, bedenlerini kesip, ikä böldüler, gylyçdan geçirip öldürdiler. Käbiriler goýun we geçi derisini geýip, sergezdançylyk etdiler, mätäçlikde ýaşadylar, zulum astynda yzarlanyp, horluk çekdiler. Dünýä olara laýyk däldi. Olar çöllerde, daglarda entediler, gowaklarda, köweklerde gizlendiler (11:35-38).

Bu adamlar häkimiýetden gödek we adalatsyz çemeleşmäni öz başyndan geçirdiler.

Irki ýygnak mugallymy Tertullian (b.e. öňki 140-230-nji ýyllar) rim ýolbaşçylaryna we raýatlaryna yzarlamalaryň diňe mesihiligiň ýaýramagyna hyzmat edýändigini ýatladýardy. Ol şeýle ýazypdyr: «Bizi näçe köp kesseň, şonça-da köpelýäris. Mesihileriň gany – tohumdyr» (Apalogiýa, 50-nji bap).

Men yzarlanan imanlylaryň durmuşyny suratlandyran näbelli rimliniň sözlerini sitata getireýin:

> Olar öz ýurtlarynda ýaşaýarlar, ýöne diňe wagtlaýyn ýaşaýjylar hökmünde ýaşaýarlar. Olar bedende, ýöne ten boýunça ýaşamaýarlar. Barlyk günlerini ýer ýüzünde geçirýärler, ýöne ýaşaýan ýeri jennetdedir. Bellenen kanunlara boýun bolýarlar, ýöne durmuşynda kanunlardan ýokary. Olary ýigrenýänler hiç hili ýagdaýda duşmançylygyny aklap bilmeýärler (*Diognetusa ýazylan hat*, 5-nji bap).

Olar boýun egdiler we tabyn boldular, ýöne hormat goýup, tabyn bolujy özüňi alyp barmak bilen adaty boýun bolmakdan has aňry geçdiler. Ýene-de, Petrusyň öwütlerinde görşümiz ýaly, imanlylaryň nädogry hökümdarlara bolan gatnaşygy hökümdarlary bulaşdyrdy we olaryň käbiri Rebbe iman etdi.

# HIÇ HILI HÜŇÜRDISIZ

Mukaddes Ýazgynyň açyk *günä* diýip atlandyrýan zadyny mejbur ýerine ýetirmän, Hudaý biziň nähili ygtyýarlykdygyna – raýat, maşgala, ybadathana ýa-da jemgyýet ygtyýarlykdygyna – garamazdan, oňa tabyn bolmalydygymyzy we boýun egmelidigimizi aýdýar. «*Açyk*» sözüni aýratyn belläliň. Ýokarda seredilen ýagdaýlarda imanlylar Mesihi inkär etmek, adam öldürmek, beýleki hudaýlara ybadat etmek ýa-da Isanyň tabşyryklaryny aç-açan ret etmek buýruk berlende boýun egmediler. Olar hiç hili nägilelige ýa-da ýazgarma ýol bermediler.

Ine, ofis gullugyna gatnaşýan adamlardan eşiden nägileligimiň bir mysaly: «Ruhy çopan maňa iş gününde adamlara maslahat bermezligi ýa-da doga-dileg etmezligi tabşyrdy, ýöne bu Hudaýyň söýgüsi däl we söýgide gezmezlik günädir, şonuň üçin hem men muny etmegimi dowam etdirmeli bolýaryn». Bu ygtyýarlygyň astyndaky adamlaryň pikirlenmesi. Bu olaryň bolup geçýän zatlara garaýşy. Ruhy çopan olardan Hudaýyň Sözüni bozmagyny islemeýär, üstesine-de, olara doga üçin däl-de, kagyz resminamalary, maglumatlary gaýtadan işlemek ýa-da başga bir zähmet üçin tölenýär.

Aslynda bu adamlar boýun egmedikleri sebäpli ogurlyk edýärler. Eger olaryň ýüreginde beýlekiler üçin doga etmeklik hakykatdanam bar bolsa, onda olar ruhy çopanlaryndan iş wagtyndan daşary doga mätäç bolanlary görüp gaýtmak üçin rugsat almaly. Ýöne ruhy çopan bu pikir babatda şonda-da özüni oňaýsyz duýsa, diýmek ol işçileriň mätäçlere maslahat bermek üçin ýeterlik derejede taýýar däldigini duýýandyr. Eger ruhy çopan bu gulluk barada nädogry karar beren bolsa, onda munuň üçin Hudaýa ol jogap berer, ýöne bu onuň ygtyýaryndakylar üçin ýazgarmaga berlen duýduryş bolup bilmez. Men ýüzlerçe mysaldan birini getirdim, ýöne onuň manysy şol bir bolmagynda galýar: biziň diňe Mukaddes Ýazga aç-açan

gapma-garşylyk ýüze çykan halatynda häkimiýete boýun bolmazlyk hukugymyz bardyr.

Şeýle-de bolsa, siz: «Eger ýolbaşçym maňa razy däl zadymy et diýse näme etmeli? Ýa-da ýolbaşçym maňa aç-açan manysyz bir zat et diýse? Ýa-da doga-dilegde gören zatlarymyň tersine bir zat et diýse?» diýip soramagyňyz mümkin. Bu soraglara men indiki bapda jogap bererin we Mukaddes Ýazgylardan parçalar bilen gollanma hem getirerin.

12-NJI BAP

# EGER ÝOLBAŞÇY MAŇA ŞEÝLE DIÝSE NÄME

*Biziň ymtylýan zadymyz, ygtyýarlygyň aýan bolmagydyr, onuň özi bolsa Hudaý baradaky aýanlykdyr, çünki Ol we Onuň ygtyýary biri-biri bilen aýrylmazdyr.*

Biziň hemmämiz ýolbaşçylaryndan nägile bolan adamlara duşduk. Olar netijesiz amallardan ýa-da pähimsiz kararlardan we olaryň durmuşyna nähili ýaramaz täsir edýändiklerinden zeýrenýärler. Olar ýolbaşçylarynyň olara käbir zatlary wada berendiklerinden we entek ýerine ýetirmändiklerinden zeýrenýärler. Käwagt olar ters tertipde ösýän ýaly. Olar ruhy çopanynyň muny görmeýändigine ynanýarlar we indi onuň ygtyýarlygy Hudaýdan aýratyn diýip hasap edip başlaýarlar. Şeýle pikirlenmek, nägilelige ýol açýar, olar bolsa netijede boýun bolmazlyga getirýär. Wagt geçer we olar aldawa sezewar bolarlar we özleriniň ösmegi we goragy üçin Hudaý tarapyndan berlen ygtyýarlygy ýitirerler.

## SIZSIZ BIZE HAS GOWY BOLARDY!

Ysraýyl ogullary-da şeýle pikirde boldular. Olaryň Musanyň ýolbaşçylygyny netijesiz we hatda heläkçilikli hasaplan wagtlary hem boldy. Ýogsam, hemme zat beýle başlamandy. Haçanda Musa çöldäki durmuşyndan soň, wakalaryň jümmüşinde peýda bolanynda, ol faraonyň ýanyna gitmezden ozal, Ysraýylyň ýaşululary bilen duşuşypdy we Rebbiň olary azat etmek we «mes toprakly ýurda getirmek üçin» (Müsürden çykyş 3:8) Hudaýyň ony iberendigini gürrüň beripdi. Şeýle ajaýyp habary eşidip, olar oňa ynanypdylar we Hudaýa ybadat edipdiler. Olar şatlykdan doldular, çünki indi olary gulçulykdan çykarjak Hudaýyň wada beren ýolbaşçysy bardy.

Musa olar bilen duşuşandan soň, faraonyň ýanyna baryp, Rebbiň agzyna salan sözlerini jikme-jik aýtdy: «Ysraýyl Hudaýy Reb şeýle diýýär: “Meniň halkymy goýber”» (Müsürden çykyş 5:1).

Faraon şeýle jogap berdi: «“Kimmiş Ol Reb, Onuň sözüne gulak asyp, men ysraýyllary goýberer ýaly? Men Rebbi bilmeýärin, ysraýyllaryň gitmegine ýol berjek däl. Näme üçin siz bu halkyň elini işden sowadýarsyňyz?” We şol günüň özünde faraon olaryň kynçylyklaryny artdyrdy. Şol günüň özünde faraon gul hojaýynlaryna we ysraýyllaryň özleriniň baş gözegçilerine şeýle buýruk berdi: “Bu adamlaryň ünsi diňe işde bolar ýaly, has agyr işler bilen olaryň egninden basyň Olara has köp iş beriň. Goý, olar der saçsynlar!”» (2-9-njy aýatlar, bölekleýin aýdylan).

Olara indi saman berilmedi, ýöne her gün guýmaly kerpiçleriniň sany öňkisi bilen deňdi. Şeýlelik bilen, olar gündiz kerpiç ýasap, gijelerine saman gözlemeli boldular.

Şeýlelik bilen, adamlar saman ýygnamak üçin Müsüriň ähli ýerlerine dargadylar. Garawullar rehimsizdi. Gamçy bilen ýaraglanyp, olar gödeklik bilen buýruk bererdiler: «Her gün işiňizi samanyňyz bar wagtyndaky ýaly ediň!»

Faraonyň serkerdeleriniň bellän Ysraýyl ogullarynyň gözegçilerini bolsa şu sözler bilen ýençýärdiler: «Näme üçin düýn we şu gün siz öňki ýaly kerpiç öndürmeýärsiňiz?»

Şonda Ysraýyl serkerdeleri gelip, faraona naladylar: «Näme üçin siz gullaryňyza beýle daraýarsyňyz? Siziň gullaryňyza saman bermeýärler, emma bize kerpiç ýasa diýýärler. Bizi sebäpsiz ýere ýençýärler! Muňa bizden mümkin däl zady talap edýän garawullaryňyz günäkär».

Emma faraon şeýle jogap berdi: «Siz baryp ýatan bir işýakmaz. Şonuň üçin hem siz: "Bizi goýber, gidip, Rebbe sadaka bereli" diýýärsiňiz. Häzir bolsa gidiň-de işläň. Size saman berilmez, ýöne şonda-da kerpiji öňki mukdarda öndürersiňiz».

Faraonyň talaplaryny gowşatmandygyny görüp, Ysraýylyň ýaşululary çynlakaý kynçylyga sezewar bolandyklaryna düşündiler. Haçanda olar faraonyň ýanyndan çykanlarynda, özlerine garaşyp duran Musa we Haruna duşdular. Olar Musa bilen Haruna: «Faraon we onuň emeldarlary tarapyndan siz biziň başymyza bela getirdiňiz, bizi öldürer ýaly, olaryň eline gylyç berdiňiz. Munuň üçin Reb size göz görkezip, jezaňyzy berer» diýdiler (Müsürden çykyş 5:13-21, awtoryň gysgaça mazmuny).

Ysraýyllar indi Musanyň ýolbaşçylygyndan lapykeç boldular. Çünki onuň wagzy we ýolbaşçylygy olara diňe kynçylyklary we betbagtlyklary getiripdi. Olaryň Hudaýyň Oňa höküm çykarmak baradaky çagyryşlaryndan görnüşi ýaly, olar Musanyň ygtyýaryny Hudaýyň ygtyýaryndan aýryp başladylar.

Indi hemme zatda Musa günäkärdi. Eger ol olara degmedik bolsa, faraon olara beýle rehimsiz daramazdy. Olar tutuş wakalary dolandyrýanyň şeýtan ýa-da käbir ýolundan azaşan ýolbaşçy däl-de, eýsem hut Hudaýyň Özüdigine düşünmediler. Onuň baş meýilnamasyndan daşary hiç zat bolup bilmez. Hudaý Musa faraonyň ýanyna gitmegi buýurdy. Faraonyň ýüregini gatadan

şeýtan ýa-da Musa däl-de, Hudaýyň Özüdi! Ony biz birnäçe aýady okap bilip bileris: «Reb faraony ýene doňýürek etdi, ol ýurdundan ysraýyllary goýbermedi» (Müsürden çykyş 11:10; Müsürden çykyş 9:12; 10:1, 20, 27). Faraonyň ýüregi näçe gatylaşdygyça, şonça-da Ybraýymyň nesillerine ýaşamak kyn boldy.

Ajy sütemden soň ysraýyllar Müsürden boşadyldylar we giň çölde peýda boldular. Suwsuz we azalyp barýan azyk önümleri bilen olar şu soraglary berip başladylar: «*Musa bize erkinlik we abadançylyk wada bermedimi näme?* Süýt we bal akýan gowy we giň ýerleri wada bermedimi?». Hakykat hakykatdy: ýer hakykatdanam uludy, ýöne nämüçindir bolçulyk gowy däldi – hany wada berlen süýt we bal nirede?! Erkinlik we howpsuzlyk diýip ol şuny göz öňünde tutdymyka? Ony aslynda Hudaý iberdimikä?

Üç günlük mätäçlikden soň, Musa olary Mara diýilýän ýere getirdi we olar ol ýerden suw tapdylar. Olaryň: «*Bolýar, belki zatlar düzelip başlandyr»* diýip pikir eden bolmaklary mümkin. Ýöne gysga wagtyň içinde olar ol ýerdäki suwuň içerlik däldigini bildiler. Olar gözlerine ynanyp bilmediler we ýene-de ynamsyzlyk hüňürdisi ýüze çykdy. Olar öz aralarynda pyşyrdaşyp başladylar, Musadan nägileligini bildirdiler we oňa bolan tankytlary hasam ýitileşdi. Nägilelik rak öýjükleri ýaly ýuwaş-ýuwaşdan tutuş ilatyň içinde ýaýrap başlady. Belki, Musa olary gulçulykdan çykarmak üçin ýeterlik zatlary bilendir, ýöne indi olary başga ýurda nädip getirmelidigini bilýän däldir?

Adamlar Musa we Haruna şikaýat etdiler: «Biz Rebbiň elinden Müsürde ölen bolsak gowy bolardy. Biz ol ýerde etli gazanlar ataryp, doýýançak nahar iýerdik. Siz bolsa bu tutuş jemagaty açlykdan öldürmek üçin çöle getiripsiňiz» (Müsürden çykyş 16:3).

Boldy, olar bar zatdan doýdular. Musanyň ýolbaşçylyk ukyplary köp zat babatda ýaramly däldi. Eýsem, olar ol peýda bolmazyndan ozal gowy ýaşamaýardylarmy? Ol geleninden bäri, olaryň

gören zatlarynyň hemmesi onuň Müsürdäki wagyzlary sebäpli çydap bolmajak basyş we kynçylyklardy. Onuň soňy bolarmy ýa bolmazmy?! Olar başgasyna duşmak üçin öňki kynçylyklardan gaçdylar. Olaryň ýolbaşçysy süýt we bal akýan topragy wada berdi, emma onuň ýerine olar çölde gurak ýerleri, ýylanlary we içýanlary tapdylar. Belki, olaryň ýolbaşçysy dogry öwrümi sypdyrandyr ýa-da asla erbet bir zady meýilleşdirendir. Iň bärkisi, faraonyň döwründe olaryň iýmiti bardy, Musa bolsa, göräýmäge, olary açlykdan öldürmegi meýilleşdirýän ýaly. Gepiň tümmek ýeri, Müsürde has gowy bolupdy! Olaryň arz-şikaýatlary bir-birine: «Geliň, hökümdar belläliň we Müsüre gaýdaly» diýýän derejesine çenli ýetdi (Müsürden çykyş 14:14).

Emma Musanyň Hudaýyň bellän goragçysyndan eýýäm bizar bolanlara beren jogabyna serediň: «Sebäbi Reb siziň Oňa garşy edýän şikaýatlaryňyzy eşitdi. Biz kim? Siziň igençleriňiz bize däl-de, Rebbe garşydyr» (Müsürden çykyş 16:8).

Bu adamlar nägileliklerini Hudaýa däl-de, diňe Musa gönükdirilendir öýdüpdirler. Olar birini beýlekisinden üstünlikli aýyrdyk diýip karar beripdirler. Boýun bolmak ýörelgeleri bilen ýaşamagyň ýerine, olar öz pikirleri bilen hereket etdiler. Öz garaýyşlaryna we ýagdaýlaryna esaslanan çäkli pikirlenme bilen hereket edýän adamlar biperwaýlyk ýoluna düşýärler. Olar ygtyýarlygy ykrar edýän we oňa boýun bolýanlardan tapawutlylykda, özlerine niýetlenen işleri ýerine ýetirmezler, şonuň üçin hem özleri üçin taýýarlanan wadalary Kalep we Nun ogly Ýeşuwa ýaly adamlar ýerine ýetirerler.

## MEN TAPAWUTLANDYRYP BILÝÄN BOLSAM NÄME?...

Siz özüňizi ýolbaşçynyň kararlarynyň aç-açan we derrew netijelerine esaslanýan Ysraýyl ogullaryndan has akylly hasaplap bilersiňiz. Özüňizi Nun ogly Ýeşuwanyň göreldesi ýaly has ruhy

adam diýip pikir edip bilersiňiz. Kim bolmasa-da, siz Musanyň mamladygyna göz ýetirerdiňiz we hiç haçan Ysraýyl ogullary ýaly hereket etmezdiňiz; siz elmydama Nun ogly Ýeşuwanyň ýanynda bolardyňyz.

Bu mümkin, ýöne şonda-da şeýle çaklamalary edeniňizde seresap bolmaly. Fariseýler öz aýdanlarynda berk durdular: «Biz ata-babalarymyzyň döwründe ýaşan bolsak, pygamberleriň ganyny dökmekde olara şärik bolmazdyk» (Matta 23:30), ýöne Isa olarda ata-babalarynyňky ýaly ruhuň bardygyny aýtdy. Ähli wakalar öňüňizde oýnalyp, ähli kitaplar olara bagyşlananda, ýagşylygy ýamandan tapawutlandyrmak gaty aňsat. Nun ogly Ýeşuwany watandaşlaryndan tapawutlandyran zat, onuň ruhlary tapawutlandyryp bilmegi däl-de, eýsem onuň hakyky ygtyýarlygy tanap, oňa boýun egip bilmek ukybydy. Ondan dogry bilen ýalňyşy tapawutlandyryp bilmekligiň hakyky ukyby ýüze çykdy.

Men özlerinde şu ukyp bardyr öýdýän, ýöne boýnuýogyn ýürekleri bar bolanlaryň köpüsiniň göwnünden turmaýandygymy duýýaryn. Häzirem, bu kitaby ýazýan mahalym, men düýn «düşünmek ukyby» bar bolan awtordan hat aldym, ýöne bu ukyp «diňe razylaşýan ýerime çenli boýun bolaryn» garaýşy bilen garylandy. Şeýle pikir edýänler dogry ýolda durus diýip ýalňyşýarlar.

## ONY BIZIŇ ÜSTÜMIZDEN KIM GOÝDY?

Siz mümkin şeýle sorarsyňyz: «Ýolbaşçymyň erbet karar berýändigini görsem näme etmeli? Bize kynçylyklaryň garaşýandygyny bilip hem, men oňa boýun bolmalymy?» Hyzmat eden ýyllarymy ýatlasam, bu nägilelik duýgusynyň meniň içimi dolup-daşyp barýandygy ýadymda: «Olar erbet karar berýärler! Olar Hudaýy ýitirýärler! Olar ýaramaz täsiriň astyna düşdüler. Men muňa boýun bolup bilemok!» Köplenç meniň tabyn bolmadyk ýüregim boýun bolmazlygy saýlaýardy.

Men bir ýyllap administratiw ugurda ruhy çopanyň kömekçisi bolup işledim we şol döwürde köp kararlary şübhelenip akyl ýetirmäge ýetişdim. Men onuň buýruklaryny gullugyň ýolbaşçylaryna ýetmänkä, meniň stolumdan geçýärkä görýärdim. San-sajaksyz gezek men onuň buýruklaryny pähimsiz hasaplapdym we ýüregimde olara gaharlanypdym. Günleriň birinde Mukaddes Ruh maňa: «*Meniň saňa bir soragym bar» diýdi.*

Tejribe maňa haçanda Hudaý maňa bir sorag bereninde, Onuň meniň ýalan paýhasymy paş etjek bolýandygyny öwredipdi we men jogap berdim:

«Hawa, Reb?»

«Men kimi ruhy çopan edip belledim – senimi ýa-da ony?» Men jogap berdim: «Elbetde, ony».

Şonda Ol derrew şeýle diýdi: «*Dogry. Şonuň üçin hem men oňa saňa görkezmeli däl zatlarymy görkezerin we seniň onuň yzyna edil Meniň yzyma eýerişiň ýaly eýerjekdigiňi görmek maksady bilen onuň berýän kararlarynyň paýhaslylygyny senden birnäçe gezek daşda saklaryn».*

Diňe birnäçe aýdan soň, ruhy çopanyň kararlarynyň paýhasy başgalara mälim boldy. Men ony edil gündizki ýaly gördüm we delillerimi boýun bolmak ýörelgesinden ýokarda goýup, bulaşandygyma göz ýetirdim. We hut şolar ybadathanalarda, maşgalalarda we kärhanalarda bölünişiklere sebäp bolanlardy. Hudaý ýolbaşçylara bolan boýun bolmaklygymyzy diňe olaryň paýhaslaryny gören, olar bilen razylaşýan ýa-da bize aýdýan zatlaryndan kanagatlanýan wagtlarymyz bilen çäklendirmedi. Ol diňe: «Boýun boluň!» diýdi.

Soňra Reb meniň ýüregime şeýle diýdi: «*Jon, eger Men her bir imanly diňe doga-dilegden we Meniň bilen gatnaşykdan ähli maglumatlary, paýhaslary we görkezmeleri almaly diýip meýilleşdiren bolsam, onda Men ýygnakda hiç haçan ygtyýarlygy gurnap bilmezdim. Men ybadathanada ýolbaşçylary goýmagymyň*

*sebäbi, çagalarymyň diňe doga durmuşyndan ähli zerur zatlary alyp bilmezligidir. Olar ýolbaşçylarynyň üsti bilen hem Meniň sesimi tanamagy we eşitmegi öwrenmeli».*

Her bir ýolbaşçylyk karary barada Hudaýa ýüzlenmek ýa-da bolup geçen wakadan soň netijelerine baha bermek biziň jogapkärçiligimiz däldir. Ony şol adamy Bellän eder. Eger ysraýyllar Musanyň kararlaryny ara alyp maslahatlaşmak hukugyny alan bolsalar, onda, elbetde, olar uzaga gitmezdiler we, ähtimal, Müsüre gaýdyp barardylar.

Ýolbaşçylar-da, biz hem ahyrsoňunda hasap bereris. Ýolbaşçylar kararlary üçin jogapkärçilik çekerler we olary bizden has berk höküm ederler. Ine, şonuň üçin Isa duýduryş berdi: «Kime köp berlen bolsa, ondan has köp talap ediler. Kime köp zat ynanylan bolsa, ondan köp zat hem isleniler» (Luka 12:48). Ýakup hem şeýle diýdi: «Eý, doganlarym, hemmäňiz ýygnakda öwrediji bolmaň! Sebäbi biz öwredijileriň has berk hüküme duçar boljakdygymyzy bilýänsiňiz» (3:1).

Başga bir tarapdan, biz tabynlykda nähili ýaşandygymyz hakynda hasabat bereris, sebäbi ygtyýar Hudaýdan gelýär. Berlen ygtyýarlyga garşy çykmak, Hudaýyň ygtyýarlygyna garşy çykmak bilen deňdir. Ýolbaşçynyň dogry ýa-da ýalňyşdygyna garamazdan, biz onuň hereketleri barada gyssagly karar bermeli däldiris. Şeýle hem bolup geçen wakadan soň höküm çykarmaly däldiris. Bu biziň aladamyz däl-de Hudaýyňkydyr. Diňe Ol hemme zady bilýär we ýürekleri Öz isleýşi ýaly üýtgedip bilýär.

## ÝOLBAŞÇYNYŇ ÝÜREGI HUDAÝYŇ ELINDE

Ikinji bapda gürrüň beren wakamy ýada salalyň. Haçanda ruhy çopanym ybadathanada öý toparlarynyň ýatyryljakdygyny yglan edeninde, men diňe bir oňky nädogry diýip pikir etmän, eýsem onuň kararyň netijeleriniň maňa täsir etmegi üçin kimdir biriniň

täsirine düşendigini hem pikir etdim. Başlygym, ofis kätibi bilen baglanyşykly başga bir zat aýtmadyk zadym hem bardy. Ol maňa garşy antipatiýa duýgusyny duýýardy we meni ofisden çykarmak üçin hemme usullary synap görüpdi.

Onuň üçin ol meniň bilen uly ruhy çopanyň arasynda, her birimize biri-birimize garşy dürli negatiw zatlary aýdyp berip, aýralyk diwaryny gurupdy. Olaryň köpüsi aç-açan ýalandy. Mundan başga-da, ol ofisde maňa garşy töhmet atmaklyk kampaniýasyny gurnady. Işgärler ofisde işleýän aýalyma: «Näme üçin ol seniň adamyňyň adyny kagyzlaryna ýazmaýar?» diýýärdiler. Men onuň edýän işlerini bilýärdim, ýöne meniň ellerim daňyldy.

Haçanda uly ruhy çopan öý toparlaryny ýatyranynda, men onuň bu adam tarapyndan döredilen ýalan şübheler sebäpli maňa garşy edilen täze hüjümden başga zat däldigine düşündim. Men ýagdaýa dogry «baha berýändigime» ynanýardym. Özümi bigünä gurban ýaly duýdum, şonuň üçin hem mundan beýläk ruhy çopanyň ygtyýaryna boýun bolmak islemedim. Galyberse-de, azaşan we nädogry karar berýän adam oldy. Iň bolmanda, men şeýle pikir edýärdim. Eýsem, Hudaý nädip köp adamyň janyny halas edip biljek sekiz aýlyk zähmetini taşlap biler?! Hut şonuň üçin hem men ýolbaşçylar ýygnagynda ruhy çopan bilen ýigrimi minutlyk gapma-garşylygymda garadan gaýtmaz boldum. Men ol ýerden özümi dogry we adalatly duýup gaýtdym, emma diňe öýde Mukaddes Ruhuň käýemegine sezewar boldum. Şonda maňa özümiň adamyň ygtyýary bilen däl-de, eýsem Hudaýyň ygtyýary bilen iş salyşýandygym hakynda çuňňur ylham geldi.

Az salymdan, Reb meniň ýüregimde Mukaddes Ýazgydan bir ýerini ýakdy. Bu şuňa meňzeş beýleki ýagdaýlara aýdyňlyk getirdi we kynçylyklaryň arasynda ýol görkezdi:

> Patyşanyň ýüregi— Rebbiň elinde akar ýap ýalydyr, ony islän tarapyna öwürýändir (Süleýmanyň tymsallary 21:1).

Patyşa – siziň üstüňizden ygtyýarlyk ornunda goýlan adamdyr. Onuň takwa ýa-da zalym bolmagyna garamazdan, onuň ýüregi barybir Rebbiň elindedir. Bu aýatda «Gowy patyşanyň ýüregi Rebbiň elindedir» diýilmeýär. Oňa nähili täsir edilendigi möhüm däl; onuň ýüregi Rebbiň elinde galýar, şonuň üçin biz bu ýerde: «Tä patyşa erbet täsiriň astyna düşýänçä, ýüregi Reb tarapyndan dolandyrylýar diýen sözleri tapyp bilmeris».

## ONUŇ NÄDOGRY KARARDYGYNA YNAMLY BOLANYMYZDA NÄME?

Eger biz diňe çak etmän, eýsem ýolbaşçynyň nädogry karar berýändigini anyk bilsek näme etmeli? Ýolbaşçynyň ýalan maglumatlaryň täsirine düşendigi barada aýdyň subutnamalarymyz bar bolsa näme etmeli? Eýsem kömek üçin haýyşa ýer ýokmy? Eýsem ýolbaşçymyza kömek etmek üçin bir zatlar edip bilmerismi?

Elbetde, edip bilersiňiz.

Ester - munuň gowy mysalydyr. Ybraýymyň nesilleri parslaryň golastyna düşdi. Harby ýolbaşçy Haman olara garşy mekir meýilnama düzdi we pars şasy Artakserksi ähli ýewreýleri gyrmaly diýýän karara gol çekmäge mejbur etdi. Ony ýerine ýetirmeli gününi patyşanyň hut özi belledi.

Şa aýal Ester Ybraýymyň tohumyndandy, ýöne daýysy Mordekaýyň maslahaty bilen muny patyşadan gizledi. Emma aýgytly pursat geleninde, Mordekaý onuň ýanyna gelip, patyşanyň öňünde öz halkynyň goragynda durmagyny haýyş etdi. Ol munuň onuň üçin ölüm jezasyna deň bolup biljekdigine düşünýärdi. Ol hiç zat gazanman, hemme zadyny ýitirýärdi; ol syry hiç kime mälim bolmadyk şa aýalydy.

Ester halkyň goragynda durmak kararyna geldi. Üç gün agyz bekläninden soň, ol patyşanyň köşgüne geldi we Hudaý onuň ýüregini ýumşatdy. Ol ondan näme haýyş edýändigini sorady we ol

patyşadan onuň we Haman üçin berýän meýlisine gelmegini haýyş etdi. Ol razy boldy we harby ýolbaşçysy bilen onuň meýlisine geldi.

Şol gün agşam patyşa uklap bilmedi. Ol hyzmatkärlerine gündelik ýazgylaryň ýadygärlik kitabyny getirmegi buýurdy we olar patyşa ol ýazgylary okap başladylar. Ol ýahudaly Mordekaýyň onuň janyny nädip halas edendigini we munuň üçin hiç hili sylag almandygyny ýadyna saldy. Ony nädip sylaglamalydygyny bilmän, Hamana ýüz tutdy. Ol bolsa patyşa özüne sylag bermek isleýändir öýdüp pikir edip, «näbelli» adama sylag bermek soragyna görlüp-eşidilmedik sahylyk bilen çemeleşdi. Soňra patyşa Hamany gaty gynandyryp, onuň Mordekaýdygyny aýtdy. Hudaý eýýäm Esteriň baýram wagtynda aýtjak sözlerini kabul etmek üçin patyşanyň ýüregini taýýarlapdy.

Indiki baýramçylykda, patyşa bilen Haman Esteriň ýanyndakalar, patyşa ondan näme haýyşynyň bardygyny sorady.

> Eý, patyşahym, eger men seniň göwnüňden turan bolsam, eger patyşa oňlasa, meniň dilegim boýunça janym, islegim boýunça-da halkym berilsin. Çünki men we meniň halkym gyrlyp, bütinleý ýok edilmek üçin satyldyk. Eger biz diňe bir gul-gyrnak edilmek üçin satylan bolsadyk, onda men sesimi çykarmazdym, çünki gam-gussamyz bilen patyşany biynjalyk edip bolmaz (Ester 7:3, 4).

Bu hekaýa barada belläp geçmeli birnäçe zatlar bar. Ilki bilen patyşa aýylganç we gyssagly karary berdi, ýöne Ester ýüreginde kiçigöwünliligi saklap, oňa hormat bilen ýüzlenmegini dowam etdirdi. Ikinjiden, ol öz paýhasyny uly kiçigöwünlilik bilen paýlaşdy we özüniň gowulygyny däl-de, onuň gowulygyna ünsi çekdi. Ol haýyş bilen onuň ýanyna geldi, ýöne iň soňky karary bermek mümkinçiligini oňa goýdy. Ol: «Sen, samsyk är, ganhoryň öňünde gulagyňy açdyň. Eýsem şeýle buýruk bermek bilen näme ýitirip biljekdigiňe düşünmeýärsiňmi?» diýmedi. Ol diňe bir zada bil

baglady: Hudaý onuň ýüregini üýtgeder. Reb hem onuň niýetini üýtgetdi we patyşa mekir Hamany asmagy buýurdy. Şeýdip, ysraýyllar gyrgynçylykdan halas boldular.

Esteriň ýolbaşçysynyň ygtybarly faktlarynyň ýokdugy barada diňe bir çaklamalary däl-de, eýsem takyk subutnamalary bardy. Ol kiçigöwünlilik bilen onuň ýanyna gelip, meseläni patyşanyň özi karar berip biljek derejede hödürledi. Ol ony kemsitmedi, mejbur etmedi we dolandyrjak bolmady. Ol hojaýynynyň ýüregini ugrukdyrmak üçin diňe Mukaddes Ruhuň güýjüne bil baglady.

## ÝETERLIK DÄL FAKTLAR

Mukaddes Ýazgyda, bir ýolbaşçynyň diňe bir zalymlaryň täsiri astynda däl, eýsem ýeterlik bolmadyk faktlar bilen hem ýalňyş karar berip biljekdigini görýäris. Mysal hökmünde Dawut bilen Şawul patyşanyň arasyndaky gatnaşyklara serediň. Kyrk günläp piliştliler düşelgesinden äpet adam Hudaýyň goşunyny kemsitdi. Ol ysraýyllara iň güýçli söweşijisini özüne garşy goýmagy talap etdi we söweşiň netijesini ýekeje söweş bilen kesgitlejekdi. Dawut esgerleriň hemmesiniň gorkýandyklaryny we äpediň haýbatyna jogap berip bilmeýändiklerini gördi. Hudaý bolsa onuň ýüregine söweşmek kararyny saldy. Emma Şawul patyşa oňa seredip: «Ýok. Sen entäk ýetginjek, eger utulsaň, onda biz olara boýun bolmaly bolarys» diýdi (awtoryň sözleri).

Haçanda Dawut muny eşideninde, ol jedelleşip durmady-da, ýalbardy:

> Men guluň öz kakamyň goýunlaryny bakardym. Ýolbars ýa-da aýy gelip, sürüden bir guzyny alaýsa, men onuň yzyndan ýeterdim-de, ony öldürip, guzyny agzyndan alardym. Bardy-geldi ol maňa topulaýsa, sakgalyndan tutardym-da, ony urup öldürerdim. Guluň ýolbars-da, aýy-da öldürip gördi. Bu sünnetsiz piliştli hem şolaryň gününe düşer, çünki ol diri Hudaýyň goşunyna gyjalat berdi... Meni ýolbarsdyr aýynyň

penjesinden halas eden Reb şu piliştliniň elinden hem halas eder (1 Şamuwel 17:34-37).

Haçanda patyşa Dawut özi hakynda aýdyp bereninde, onuň sözleri hormatdan doludy. Ol patyşanyň bilip bilmejek zady hakynda gürleýärdi we şonuň üçin hem ilkinji kararyny berdi. Ondan soňra Dawut Hudaýyň ýolbaşçysynyň ýüregini üýtgetmek ukybyna bil baglady. Ol Hudaýyň onuň ýüregine goýan zatlarynyň hemmesiniň patyşanyň ýüregine geçjekdigine ynanýardy. Pespäl we boýun bolmak bilen, ol Hudaýyň hereket etmegine ýol berdi. Reb Şawulyň ýüregini açdy we ol: «Bar, Reb saňa ýar bolsun!» diýdi (1 Şamuwel 17:37).

## ÇYN ÝÜREKDEN ÝALBARMAK

Abygaýyl diýen aýal ýolbaşçy eýýäm karar bereninden soň nädip haýyş etmelidiginiň Mukaddes Kitapdaky mysaly bolup hyzmat edýär. Bu aýal Nabal atly zalym we ýaramaz baý bilen durmuş gurupdy. Şawul Dawudyň janyna howp salmagyny dowam etdirdi, Dawudyň goşunyna bolsa azyk gerekdi. Ol Nabaldan kömek sorap haýyş etdi; baýramçylyk wagty bolany üçin, ol bu adamda azygyň boljakdygyny bilýärdi. Ondan öň Dawut Nabalyň hyzmatkärlerini gorapdy we deregine hiç zat soramandy.

Nabal bolsa diňe bir Dawudyň haýyşyny ret etmän, eýsem ony kemsitdi hem. Onuň özüni alyp barşyny eşidip, Dawut gaharlandy we ondan ar almak üçin dört ýüz adam bilen ýola düşdi. Ol Nabalyda, halkyny-da ýok etjek boldy.

Hyzmatkärlerinden bu habary alan Abygaýyl howlukmaç çörek, şerap, et, däne, kişmiş we injir ýygnady. Soň bolsa adamsy we halky üçin haýyş etmek üçin Dawut bilen görüşmäge çykdy. Dawudy göreninde, ol eşeginden düşüp, Dawudyň öňünde ýüzin ýykyldy. Soň bolsa şeýle diýip ýalbardy:

Günäsi, goý, meniň boýnuma bolsun, agam. Özüň bilen

gepleşmäge gyrnagyňa ygtyýar et, onuň iki agyz sözüni diňle. Haýyş edýärin, agam, bu nejis Nabalyň sözlerini göwnüňe alma. Onuň özide ady ýalydyr. Onuň ady Nabal, özi-de akmak. Men keniziň agamyň, ýagny seniň iberen nökerleriňi görmändirin. Seni gan dökmekden we ar almakdan Rebbiň Özi saklapdyr. Indi, eý, agam, Rebden we seniň adyňdan ant içýärin, agam, saňa ýamanlyk etmek isleýän duşmanlaryň, goý, Nabal ýaly bolsun. Ine, şu sowgatlary gyrnagyň seniň ýigitleriňe bermek üçin agasyna getirdi. Öz gyrnagyňyň hyýanatçylygyny bagyşla. Rebbiň agamyň neslini abat etjegi şübhesizdir, sebäbi agam Reb üçin göreşýär. Ömürboýy senden ýamanlyk çykmaz. Eger kimdir biri agamy yzarlasa ýa-da janyna kast etse, onda janyňy Hudaýyňyz Rebbiň aman saklasyn, duşmanlaryňy bolsa sapandan daş atan kimin edip öldürsin. Sen agam barada aýdan ähli ýagşylyklaryny ýerine ýetirip, Reb seni Ysraýyla hökümdar bellände, onda sen nähak gan dökmek ýa-da özüňi goramak üçin hasrata sebäp bolmarsyň, ynsabyň-da saňa yza bermez. Reb özüňi ýalkanda, gyrnagyňy ýatlagyn (1 Şamuwel 25:24-31).

Bu aýalyň adamsy, tutuş öýi we Dawut üçin eden zatlarynyň hemmesini birme-bir sanap geçerin:

Ol Dawuda uly hormat bilen ýüzlenip, özüni guly diýip tanatdy.

Ol Dawuda we esgerlerine olaryň abadançylygy baradaky aladasyny görkezip, sahy sowgatlar getirdi.

Jogapkärçiligi doly öz üstüne alyp, ol öýi üçin rehim-şepagat sorady. Ol hakykatdanam ony öz «günäsi» diýip atlandyrdy.

Gorkudan ýaňa titräp, ol gan dökmegiň günädigini Dawuda görkezdi.

Ol Dawuda Hudaýyň ar alýandygyny we wadalaryny ýerine ýetirýändigini ýatlatdy.

Ol Dawutdan Ysraýylyň baştutany bolanynda, özüni ýada salmagyny haýyş etdi.

Siz: «Bu aýal adamsyna nähili hormat goýdy?» diýip sorarsyňyz.

Ol onuň janyny halas etdi. Onuň adamsy şol adamlara we Hudaýyň seçip saýlan adamyna garşy günä etdi. Eger ol adamsynyň bu hereketini aklap başlan bolsa, onda Dawuda ar almak üçin has köp sebäp bererdi. Ol eýýäm ýanyp duran oda ýangyç goşardy. Ýanýoldaşyňyzyň ölümi bilen gutarýan daşky hormatyň näme peýdasy bar?

Onuň adamsyna bolan hakyky hormatsyzlygy şuňa meňzeş bolardy: «Men bu ýerden gidýärin, ol bolsa, goý, galsyn, ol oňa mynasyp, sebäbi ol ony ödedi». Ýa-da, eger ol Dawudyň ýanyna gelip: «Serediň, meniň bu işe hiç hili dahylym ýok. Men size zerur zatlaryň hemmesini bererin. Haçanda men seresapsyz adamymyň eden zadyny eşidenimde, iýmit ýygnap, saňa we seniň adamlaryň ýanyna geldim, ýöne men seni saklamakçy däl, git we ony öldür, sebäbi ol biderek we kezzap. Ol oňa mynasyp». Bu hereketler onuň adamsyny masgara ederdi.

Başga biri üçin haýyş etmek, olaryň ýalňyşlyklaryna göz ýumýandygyňyzy aňlatmaýar; tersine, siz olary ykrar edýärsiňiz. Soňra siz onuň we kazynyň arasyna girip şeýle diýýärsiňiz: «Men onuň höküme mynasypdygyny bilýärin, ýöne men rehim-şepagat soraýaryn. Men ony öz üstüme alýaryn we onuň ýerinde durýaryn».

Abygaýyl hem hut şuny etdi. Dawut höküm çykarjak boldy, Abigaýyl bolsa rehim soramaga çykdy. Men onuň sözlerini gaýtalaýyn: «Guluňyň günäsini bagyşla».

Ol Dawudy ar alyş günäsinden goramak üçin şeýle gürledi. Hudaýyň Sözi şeýle buýurýar: «Öz halkyňdan öç alma, olaryň hiç biri babatda içiňde kitüw saklama» (Lewiler 19:18). Adamsyna derek durup, ol maşgalasyna rehimdarlyk, şeýle-de Dawut üçin dogrulyk isledi.

Abygaýyl goňşulary we joralary bilen şeýle gybat etmedi: «Bilýärsiňmi, men şeýle bir ýaramaz adama durmuşa çykdym. Ol meniň gören iň uly şowsuz adamym». Ol Dawuda adamsyna bolan ýigrenç, gahar, sulhuň almazlyk, hormatsyzlyk ýa-da ar almak

sebäpli ýüzlenmedi. Ol diňe onuň janyny halas etmek üçin gürledi. Onuň haýyşynyň nämä sebäp bolandygyna serediň:

> Dawut Abygaýyla şeýle diýdi: «Şu gün meni saňa duşuran Ysraýyl Hudaýy Rebbe alkyş bolsun! Paýhasyňa berekella, özüňe berekella. Bu gün gan dökmekden hem öç almakdan meniň ellerimi sen sakladyň! Dogrusyny aýtsam, size hasrat getirmekden meni saklan Ysraýyl Hudaýy Rebden ant içýärin, eger sen haýal etmän meniň ýanyma gelmedik bolsadyň, onda daň atýança Nabalyň ýekeje erkek göbeklisini goýman gyrjagym şübhesizdi». Soňra Dawut onuň getiren zatlaryny aldy-da: «Arkaýyn öýüňe gaýdyber; sözüň kabul boldy, haýyşyň bitdi» diýdi (1 Şamuwel 25:32-35).

Abygaýyl öýüne gaýdyp geleninde, adamsynyň özi üçin baýramçylyk gurnandygyny gördi. Ol adam özüne nämeler bolup biljekdigine hatda şübhelenmedi. Ol şol agşam oňa hiç zat aýtmazlyk kararyna geldi. Ertesi güni, ol irden nädip onuň janyny halas edendigini aýdyp berdi. We onuň ýüregi durdy-da, ol daş ýaly bolup gatap galdy. On günden soň Reb Nabaly öldürdi. Dawudyň ýa-da Abygaýylyň eli däl-de, hut Hudaýyň eli erbet adamdan ar aldy.

## ÄHLI YGTYÝARLYGY BOLAN BIRISI ÜÇIN

Musanyň Hudaýyň kararlaryna garşy çykmaga mejbur bolan ýagdaýlary hem boldy! Bu diňe bir gezek däldi. Geliň, onuň ilkinji şeýle ýagdaýyna seredeliň.

Ysraýyl altyn göläni ýasap we oňa ybadat edip, günä etdi. Hudaý olara şeýle bir gaharlandy welin, Musa olaryň hemmesini ýok etjekdigini we Musadan bir millet döretjekdigini aýtdy. Musanyň oňa aýdanlaryna gulak asyň:

> Emma Musa Hudaýy Rebbe ýalbaryp, şeýle diýdi: «Ýa Reb, näme üçin beýik güýjüň bilen we gudratly goluň bilen

> Müsür ýurdundan getiren bu halkyňa gahar edýäň? Näme üçin müsürliler: “Hudaý olary dagda öldürmek üçin we ýer ýüzünden süpürip taşlamak üçin erbet niýet bilen alyp gaýdypdyr” diýmeli? Gahar oduňy öçür, gaýtmyşym et. Öz halkyňyň üstünden bu bela-beteri inderme. Öz gullaryň Ybraýymy, Yshagy we Ysraýyly ýadyňa sal. Seniň Özüň olara: “Men siziň nesilleriňizi asman ýyldyzlary deý köpelderin we nesilleriňize söz beren bu ähli ýeri size berjek. Olar ony müdimilik miras alarlar” diýipdiň» (Müsürden çykyş 32:11-13).

Bu ýerde üns bermeli birnäçe zatlarymyz bar. Ilki bilen Musa gorky we titremek bilen boýun bolmak ruhunda gürledi. Ikinjiden, Musa Hudaýa yhlas bilen ýalbardy we ýakardy; ol hiç haçan talap etmedi. Üçünjiden, ol bularyň hemmesini Hudaýyň Özi üçin aýtdy, ýöne bu adamlar üçin däl. Musa aslynda: «Ýüzlerçe ýyllap gazanan abraýyňyz barada näme? Siziň adyňyz indi bütin dünýä belli, Siz bolsa başlan zadyňyzy gutarman, oňa zeper ýetirmek isleýärsiňiz» diýdi. Musa ony ilkinji nobatda Rebbiň hatyrasyna edendigi sebäpli, Onuň kararyna garşy çykmaga hukugy bardy. Ol özi hakynda alada etmek islegi bilen däl-de, töweregindäki adamlaryň aladasy arkaly hereket edýärdi.

Ýolbaşçydan bir zat soramazdan ozal biz öz-özümizden şuny soramaly: «Bu ilkinji nobatda kime gerek?» Musa hatda Hudaýa Ybraýyma beren wadasyny ýada salan mahaly hem, onuň maksady Hudaýyň bähbidinde jemlenendi. Ol Hudaýa Sözüniň ähmiýetini ýatlatdy. Ýüregi dogry bolany üçin Musanyň dogry maksatlary bardy. Ol Hudaýyň guludy, şonuň üçin hem özi we Ysraýyl ogullary hakynda pikir etmezden ozal, ol Onuň Özi hakynda pikir etdi. Ine, Hudaý nähili jogap berdi: «Şundan soň, Reb halkynyň üstünden bela-beter indermek pikirinden el çekdi» (Müsürden çykyş 32:14).

Hudaý Öz pikirini üýtgetdi! Men siziň ünsüňizi bir möhüm pursada çekmek isleýärin. Musa Hudaý bilen şeýle halda gürleşip bildi, sebäbi

ol ozal Hudaýa boýun bolmagyny birnäçe gezek subut edipdi. Bu ýörelgäniň häzirki wagtdaky täsiri barada aýdanymda, Lizanyň we meniň durmuşymda gulluk işgärleriniň arasynda köp ýyllap bilelikde işlemekde wepalylygyny subut eden şeýle adamlar bar diýip bilerin. Olaryň ýaňy biziň üçin işe başlan beýlekilere garanyňda bizden has köp zat soramak mümkinçilikleri bar. Ýolbaşçynyň işleri barada gürlemek hukugyny gazanmak zerur. Bu bolsa wepalylyk, dogruçyllyk we özüňi bagyşlamak arkaly gazanylýar. Ýolbaşçynyň işleri barada beýle şekilde hemmeler gürleşip bilmez.

Musanyň Hudaýyň bu karary barada beýleki adamlara aýtmandygy we bu karary diňe Hudaý bilen ara alyp maslahatlaşandygy ajaýyp bir hakykatdyr. Reb Ysraýyl ogullaryna hemişe Özi bilen razylaşmaýandyklary üçin we birek-birek bilen pyşyrdaşýandyklary üçin gaharlanýardy. Muňa nägilelik hem diýilýär we Hudaý muny ýigrenýär! Şeýle özüňi alyp barmaklyk gaty howply we ondan ähli usullar bilen gaça durmaly. Haçanda biz ýolbaşçymyzyň beren karary barada pyşyrdaşyp, nägilelik bildirenimizde, biz düşünişmezlik we gozgalaň döredýändiris. Onuň soňundan nähili hökümiň gelýändigini biz başga bir bapda göreris.

Men öz işgärlerim bilen doly ylalaşýaryn. Eger-de men karar beren mahalym, olar ýeterlik maglumat ýoklugy sebäpli ony ýalňyş hasaplasalar, onda olar gelip, maňa bu barada aýdyp bilýärler. Haçanda karar bermäge kömek edip biljek täze faktlar ýüze çykanynda, olar gaýdyp gelip maňa habar berýärler. Haçanda olar bir zat soranlarynda, onuň olaryň maňa näme aýtmak isleýändiklerini meniň aňsat görerim ýaly görnüşde düzülmegi we hödürlenmegi gaty möhümdir. Täze maglumatlary öwrenenimden soň, men kararlarymy bir däl, birnäçe gezek üýtgetdim. Şeýle-de bolsa, eger olar menden bir zat sorasalar we men hem pikirimi üýtgetmesem, onda biz şonda-da ylalaşykda hereket etmegimizi dowam edýäris. Eger bir zatda ýalňyşsam-da, biz agzybirligimizi

saklasak, Hudaý bizi barybir goraýar. Eger arassa pikirler bilen hereket edýän bolsak, Ol meni we meniň tabynlygymdakylaryň hemmesini goraýar. Dawut şeýle diýdi: «Kämillikdir dogrulyk meni gorasyn, çünki men Saňa intizardyryn» (Zebur 24:21).

## EGER BU HUDAÝÝŇ MAŇA GÖRKEZEN ZADYNA TERS GELÝÄN BOLSA NÄME?

Siziň başga soragyňyz hem ýüze çykyp biler: «Eger ýolbaşçy maňa doga-dilegimde gören zadyma ters gelýän bir zady aýtsa näme etmeli?» Gowy sorag we ony göz öňünde tutmaly. Bu soraga jogap bermek üçin, men ikinji bapda beren mysalyma gaýdyp geleýin. Oturyşma programmasyny düzmezden ozal, men yhlas bilen dogada Rebbi gözledim we munuň Onuň pikiridigine halysalla ynandym. Häzirki güne çenli hem men bu öý toparlaryny döretmegi maňa Onuň Özüniň aýdandygyna ynanýaryn, sebäbi bu bölümiň hemmesi meniň üçin Onuň meniň üstümde goýan ygtyýarlygyna boýun bolup biljekdigimi anyklamak üçin goýlan hakyky synag boldy.

Mukaddes Kitapda Hudaýyň Öz halkyny nädip synagdan geçirendigi barada köp mysallar bar. Haçanda Reb Ybraýyma Yshagy gurban bermegi buýranynda, Mukaddes Ýazgy «Hudaýyň Ybraýymy synandygyny» aýdýar (Gelip çykyş 22:1). Reb Yshagy öldürmegi meýilleşdirmedi, Ol Ybraýyma daga çykmaga, üç gün şol ýerde galmaga rugsat berdi we diňe elini pyçak tutup galdyranynda ony saklady. Hudaý Ybraýymyň ähli ädimlerinde üýtgewsiz wepalylygy we doly tabynlygy gördi. Ol şu gün bizde şol bir zady taparmy? Resul Pawlus Korintoslylara ýazan ilkinji hatynda Korintosdaky ýygnaga indiki hatynda pikirini üýtgeden käbir çärelerini görmegi buýurdy. Ýygnaga görkezmelerini üýtgedenden soň, ol ajaýyp bir söz aýtdy:

> Şoňa görä-de, men şol haty sizi synamak we her bir zatda tabyn bolup-bolmaýanlygyňyzy bilmek üçin ýazdym (2 Korintoslylar 2:9).

Pawlus olara diňe bir maksat bilen buýruk berdi: olaryň onuň ygtyýaryna tabyn boljakdyklaryny görmek üçin. Meniň köp ýyllap ruhy çopan bolup işlän gaty paýhasly dostum bar. Ol maňa işgärleriniň arasynda boýun egmezligi nädip tapandygyny aýtdy – ol olara manysyz bir buýruk beripdir. Ol maňa: «Jon, tiz wagtdan men gozgalaňçylaryň hüňürdilerini we nägileligini eşidip başladym. Men bu meseläni çözdüm, soň bolsa öňkä derek dürs buýruk berip başladym» diýdi.

Pawlus onuň talaplaryny ýerine ýetirmekde *hemme zatda* gulak asjakdyklaryny barlamak üçin korintoslylara buýruk berdi. Bu ýerde baş söz *hemme zat.* Onuň buýrugyny ýerine ýetirmek kyndy, onuň özi eýýäm belli bir maksady göterýär, ýagny eger olar özlerine tabşyrylan zady ýerine ýetirseler, onda başga işleri hem ýerine ýetirerler.

Hudaý Ybraýym bilen hem edil şonuň ýaly etdi. Ol onuň üçin iň kyn meseläni tapdy: Ybraýym özi üçin iň möhüm we eziz zadyny – ýigrimi bäş ýyl bäri garaşan wadasyny bermelidi. Bu Ybraýymyň özüniň gazanan zady däldi; bu – Hudaýyň oňa dogasynda beren wadasydy. Onuň üçin şol gurbanlyk sypasynyň üstünde özüniň ýatmagy has aňsat bolardy, ýöne Hudaý iň gymmatly zady isledi. We eger Ybraýym bu meselede gulak asyjy bolup çyksa, onda ol hökman beýleki hemme zatda gulak asardy!

Uly ruhy çopanym menden şol wagt meniň üçin iň eziz zadymy goýmagymy haýyş etdi. Men ýaşlar taslamasynyň üstünde ençeme aý bäri işleýärdim we muny hemmeler bilýärdi. Meniň gözümde bu Hudaýyň Patyşalygy üçin ýitirilen ruhlary gazanmagy aňladýardy. Bu meniň üçin üstünlikli ýaşlar gullugynyň açarydy. Meniň abraýym howp astyndady, sebäbi men munuň Hudaýyň islegidigini nygtaýardym. Bu programmanyň üstünde işlemelidigimi men dogada eşitdim. Men munuň meniň üçin synag bolup çykjakdygyny bilmedim. Käwagt biz onuň Hudaýyň synagydygyna düşünmeýäris, sebäbi ol biziň ýüregimizi açýar.

Meniň gurnajak oturyşmalarym köp adamy halas etmäge eltip bilerdi, ýöne Hudaý biziň usullarymyzyň Onuň işini ýerine ýetirmegi hakynda kän aladalanman, eýsem Onuň ygtyýarlygynyň biziň ýüregimizde ýüze çykmagyny alada edýär. Ol — Reb; ýitirilen ruhlara nädip ýetip boljakdygy barada Onuň başga-da köp täze pikirleri bar. Üýtgedip bolmajak zat – ynsan ýüregindäki boýun bolmak ýörelgesidir, sebäbi onsuz adam Patyşalyga girip bilmez we gulak asmaýan ýürek üçin başga ýol ýokdur.

Biz ýüregimizde barlyşyksyz we çylşyrymly bir ýörelgäni berkitmeli. Hudaý Öz ygtyýaryny adama tabşyranyndan soň, ony yzyna almaýar. Munda ýeke-täk kadadan çykma haçanda ýolbaşçynyň ýazylan Mukaddes Sözi ýa-da Hudaýyň kanunlaryny gönüden-göni bozan halaty bolup biler. Hudaý bolsa bellän ýolbaşçysyny hiç haçan ret etmez. Biz berlen ygtyýarlygy äsgermezlik edip, özümizi diňe Hudaýa hasabatly diýip bilmeris. Musa bu ýörelge barada ysraýyl tireleriniň ýolbaşçylaryna aýtdy:

> Ine, Reb size şu zatlary buýurdy: ... Eger aýal maşgala ýaş wagty, entek atasy öýündekä, Rebbe wada etse ýa-da kasam içse, atasy-da gyzynyň eden wadasyny ýa-da kasamyny eşidibem oňa hiç zat diýmese, onda ol aýalyň eden wadasy ýa-da kasamy öz güýjünde galar. *Emma atasy bulary eşidip, öz närazylygyny bildirse, gyzynyň eden wadasy, içen kasamy öz güýjüni ýitirýär. Atasynyň oňlamandygy sebäpli, Reb bu gyzy bagyşlar* (Çölde 30:2-6, kursiw awtoryňky).

Musa bu ýörelgäni aýaly bilen äriniň arasyndaky gatnaşyklarda ulanmak arkaly berkitdi. Iň ýokary ýa-da göni ygtyýarly Hudaý, berlen ygtyýarlygyň rugsat berýän zadyna eýerýär. We onuň ýatyran zadyny hem ýatyrýar. Reb Özüniň paýlap berlen ygtyýarlygyny hormatlaýar. Ýaş aýal kakasynyň ygtyýaryndadygy, aýalynyň bolsa äriniň ygtyýaryndadygy sebäpli, Hudaý aýal bilen

däl-de, atasy ýa-da äri bilen iş salyşýar.

Mukaddes Ýazgy bu ýörelgäni diňe bir maşgala däl, eýsem paýlanan ygtyýarlylygyň beýleki ugurlaryna-da degişli edýär. Ýene-de bir gezek men şuny belläsim gelýär: ýeke-täk kadadan çykma diňe ygtyýardakylar bize Hudaýyň tabşyryklaryna ters gelýän bir zat etmegi aýdan bolýandyr. Gullukçylaryň edýän şeýle belliklerini eşitmek meni gynandyrýar: «Çopanym maňa muny etmegi gadagan etdi. Ol Hudaýy diňlemeýär, şonuň üçinem men muny dowam etdirerin, ýöne aýlaw ýolundan gitmeli bolaryn». Dogada näme eşidenleriňiziň ähmiýeti ýok; eger hereketleriňiz durmuşyňyzdaky ýolbaşçylaryň buýruklaryna garşy gidýän bolsa, onda siz Hudaýyň ygtyýaryna garşy çykýansyňyz!

Mysallaryň müňlerçesini getirip bolar. Men haçanda ylham bilimleri biziň ýüregimizde ýananynda, köp soraglara jogap berilýändigini we köp meseleleriň çözgüdiniň tapylýandygyny gördüm. Elbetde, bu kitaba ähli mysallary we düşündirişleri sygdyryp bolmaz. Bu ýerde biz ygtyýarlyk baradaky ylhamy, ýagny Hudaýyň Özi baradaky aýanlygy almaga çalyşýarys, sebäbi Ol we Onuň güýji biri-birinden aýrylmazdyr. Men girişde size eýýäm aýdypdym: bu kitaby okaýarkaňyz, Hudaýa ýalbaryp başlaň we Ondan ýüregiňizde takwa boýun bolmak ýörelgesini ýakmagyny haýyş ediň. Ýogsam, okap gutaranyňyzda sizde has köp sorag dörär.

Indiki bapda biz adalatsyz çemeleşmä nähili jogap bermelidigine we bize gödek çemeleşýän ýolbaşça nähili jogap bermelidigine serederis. Bu ýagdaýlarda Hudaýyň biziň üçin uly meýilnamasynyň bardygyny göreris.

13-NJI BAP

# ADALATSYZ DARAMAK

*Döwülmek ejizlemegi aňlatmaýar. Bu biziň ygtyýarlyga bolan boýun bolmak meselämize degişli.*

Atamyz Hudaýyň biziň durmuşymyzda ýerine ýetirmek isleýän belli bir meýilnamasy bar. Ýöne men dessine duýduryş bermek isleýärin: indiki aýtjak bolýan zadym beýle bir meşhur, ýakymly ýa-da agyrysyz bolman biler, ýöne bu biziň üçin gymmatly zatdyr. Hudaý bizi döwmek isleýär. Mukaddes Ýazgy şeýle diýýär:

> Sen gurbanlyk isläňok, ýogsa bererdim, ýakma gurbanlyklary bersem-de, razy bolmarsyň. Synyk ruh — Hudaýyň göwnünden turýan gurbanlyk; eý, Hudaý, synyk, ökünçli ruhy Sen kemsitmersiň (Zebur 50:18, 19).

Reb kalby synyklara ýakyndyr; ruhdan düşenleri halas edýändir (Zebur 33:19).

Reb bilen ýakyn gatnaşygy gurmagyň hökmany şerti bolup döwülen ýürek hyzmat edýär. Bu proses ýakymly bolmasa-da, Onuň barlygynyň ýakynlygy ähli mümkin bolan kynçylyklara

degýändir. Dawut ony entäk ýaş wagtynda öwrendi. Onuň Zeburda aýdýanlary bilen ýüreginiň ýagdaýyny yzarlap bilersiňiz. Döwülen ýürek gurban bermek ýa-da sadaka bermek bilen däl-de, boýun bolmak arkaly gelýändir.

## DÖWÜLMEKLIK YGTYÝARLYK BILEN BAGLANYŞYKLYDYR

Size bir mysal bereýin. Söweş aty münülýänçä ýa-da döwülýänçä hyzmat etmek üçin laýyk däldir. Ol athanadaky beýleki atlardan has güýçli, has ýyndam, has akylly bolup biler, ýöne entäk döwülýänçä ony söweşde ulanyp bolmaz. Beýleki pesräk zehinli atlaryň hemmesi söweşe gider, ýöne ol athanada galar. Döwülmeklik ejizlemekligi däl-de, ygtyýarlyga boýun bolmaklygy aňladýar.

At meselesinde — bu çapyksuwar. At üstünlikli münülse we tälim alsa, onda ähli ýagdaýlarda oňa ynanyp bolar. Ol söweşiň gyzan wagtynda, daş-töwereginde tüpeň oklary ýa-da ýaý oklary syçrap geçýärkä-de sandyramaz. Gylyç we paltanyň zaňňyrdysyna ol yza çekilmez. Atyşlar we top gümmürdileri eşidilende, çapyksuwarynyň buýruklaryny berjaý etmegi bes etmez. Hojaýyny kim bolsa-da, ol onuň tabynlygynda berk durar. Ol hatda özüni goramak ýa-da çapyksuwaryň buýruklaryndan özüne peýda tapmak pikirine ýol hem bermez.

Bu döwülme prosesi Rebbiň Öz meýilnamalaryna laýyklykda her bir adam üçin aýratyn we üýtgeşikdir. Amalyň haçan gutarandygyny we seni goýmak isleýän gullugyna haçan taýyn bolandygyňy bilýän ýeke-täk Oldur. Her täze dereje öz yzy bilen täze «ýugurmagy» getirýändir.

Soňky gezek meni nädip kiçeldendikleri gowy ýadymda. Gulluk etmegimiň wagty gelmezinden has öň, men täze gulluk derejesine geçmäge taýýardygyma hakykatdanam ynanýardym. Men ynam bilen: «Men Seniň ygtyýaryňa doly tabyn boldum. Meni çagyran gullugyňa taýýardygymy bilýärin» diýdim. Ýöne töweregimdäki

has kämil imanlylar meniň henizem gerekli haldan daşdadygymy bilýärdiler. Megerem, men täze derejä depirjekläp, silkelenip, gazaplanyp we mümkin boldugyça hukuklarymy gorap çykardym.

## ADALATSYZ ÝOLBAŞÇYLAR BARADA NÄME?

Atlarda bolşy ýaly, biziň döwülmegimiz hem biziň ygtyýarlyga bolan gatnaşygymyz bilen baglanyşykly. Hudaý bu prosesi biziň her birimize laýyklykda gurnaýar, ýöne ol elmydama ýolbaşçylygyň bir görnüşini öz içine alýar. Şol sebäpli Petrus şeýle ýazdy:

> Siz her bir ynsan häkimiýetine Rebbiň haky üçin tabyn boluň ... hyzmatkärler, diňe bir mähirli hem ýumşak hojaýynlaryňyza däl-de, eýsem, ýowuz hojaýynlaryňyza-da hormat goýup, tabyn boluň (1 Petrus 2:13,18).

Has döwrebap dilde aýtsak, hyzmatkärler diýip hakyna tutulan işgärleri, talyplary, ýygnak agzalaryny ýa-da ýönekeý raýatlary aýdyp bolar. Hojaýynlar bolsa iş berijiler, mugallymlar, ýygnak ýolbaşçylary ýa-da hökümet edaralary bolup bilerler. Köplenç ýolbaşçylarymyz mähirli we bagyşlaýjy we biz olary söýýäris. Olara boýun bolmak aňsat. Muňa garamazdan, Hudaý bize diňe bir hoşniýetli we bagyşlaýjy adamlara däl-de, eýsem gödek adamlara-da boýun egmekligi buýurýar!

Grek dilinde «zalym» sözüne derek *skolios* sözi ulanylýar. Taýeriň grek dilindäki sözlügi bu söze «binamys, zaýalanan, zalym, adalatsyz we ulumsy» diýen manylary berýär. Waýnyň sözlügi bu sözi «despotik ýa-da adalatsyz hojaýynlara» degişli diýip kesgitleýär. Reb bize şeýle ýolbaşçylara boýun bolmaly diýýärmi?

Başga terjimelere seredeliň. Ine, «Täze asyryň» wersiýasy: «Diňe mylaýym we aňsat adamlara däl, eýsem adalatsyz bolanlara hem». Häzirki zaman Iňlis wersiýasy: «Diňe bir hoşniýetli we aladaçyl adamlar üçin däl, eýsem zalymlar üçin hem şeýle ediň» diýýär. Täze

Amerikanyň standart Injili: «Diňe mylaýym we sypaýy adamlara däl, eýsem akylsyzlara-da» diýýär.[10] Biz bu buýrugy sypdyryp bilmeris, şonuň üçin hem, geliň, ondan Hudaýyň paýhasyny gözläliň.

Mundan soňra Petrusyň sözlerine düşünmek hasam kynlaşýar. Ol sözüni şeýle dowam etdirýär: «Eger kim *nähak ýere ejir çekip*, Hudaýy tanaýandygy üçin bu görgülere çydaýan bolsa, ol adam Hudaýy hoşnut eder» (1 Petrus 2:19, kursiw awtoryňky).

Men aýalym we uly ogullarymyň biri bilen bolan bir wakany ýadyma salýaryn. Ol dogany özüne garanyňda has köp ünsi alýan ýaly duýdy we ony adalatsyz hasaplady. Ol: «Eje, bu adalatly däl!» diýip, nägilelik bildirdi.

Aýalym oňa ýuwaşlyk bilen jogap berdi: «Oglum, bütin durmuş adalatsyz!»

Ol oňa: «Sen muny nädip aýdyp bilersiň? Sen meniň ejem ahyry» diýip aýtmak isleýän ýaly edip seretdi.

Liza ondan: «Isanyň hiç hili ýalňyşlyk etmän, jezamyzy alyp, haçda biziň günälerimiz üçin ölmegi adalatly boldumy?» diýip sorady.

Oglumyň gözünden onuň bu paýhasy özleşdirendigi görnüp durdy. Ol dymdy.

## ISANYŇ ŞAHSY MYSALY

Petrus: «Siz oňa *çagyrylansyňyz*» diýmegini dowam etdirdi. Haçanda bu aýady wagyz edenimde, men, adatça, adamlardan Injilden ünslerini sowmagyny soraýaryn we olary ruhlandyrýaryn: «Her kim bu sözleri gaýtalasyn: «Men muňa çagyrylan!» Biz mydama durmuşdaky çagyryşymyz hakynda gürleýäris. Indi olardan birini alyň. Petrusyň aýdanlaryna serediň: «Ine, siz şunuň üçinem çagyryldyňyz [bu siziň çagyryşyňyzdan aýrylmazdyr], sebäbi Mesih

10 Mukaddes Kitabyň üç iňlis dili terjime wersiýasyndan sözme-söz alnan terjime: Täze asyr wersiýasy, Häzirki zaman iňlis wersiýasy, Täze Amerikan standart *Mukaddes Kitaby – Terjimeçiniň belligi.*

siziň üçin ejir çekdi. Öz yzyna eýermegiňiz üçin, Ol size [Özi şahsy] görelde boldy» (1 Petrus 2:21).

Ol nähili görgi gördi? Petrus öňki aýatda düşündiripdi: berlen ygtyýarly adamlar tarapyndan adalatsyz çemeleşilmek. Käwagt Hudaý Dawudy, Ýusuby, Danyýeli, resul Pawlusy we beýlekileri edişi ýaly, bizi hem ygtyýarlylar tarapyndan adalatsyz çemeleşilýän ýagdaýlarymyza salýar. Biziň çagyryşymyz bolsa, biziň hemme zady dogry ýeňip geçmegimizdir we Isa bu meseläni nädip çözmelidigi barada bize Şahsy göreldesini berdi.

Mümkin, siziň: «Biziň ýolbaşçylarymyzyň adalatsyz çemeleşmesinden kösenmegimiziň näme peýdasy bar?» diýip sorasyňyz geler. Bu pikiriň manysy biziň tebigy pikirlenişimize ters gelýär, sebäbi logiki nukdaýnazardan ol manysyz. Şeýle-de bolsa, Hudaýyň paýhasy üç ýol bilen bu garaýyş arkaly gulak asyjy ýüregi döredýär. Birinjiden, bu Hudaýyň adalatly hökümine ýer açýar. Ikinjiden, bu bizde Mesihiň häsiýetini ösdürýär. Üçünjiden, biziň şeýle ýolbaşçylyga boýun bolmagymyz Rebbi şöhratlandyrýar.

Pawlus dolandyryjy häkimiýetlere boýun bolmak baradaky derňewini şu sözler bilen başlapdy: «Eý, ezizlerim, özüňiz ar aljak bolmaň, muny *Hudaýa* tabşyryň. Sebäbi Reb: ‘‘Öç Meniňkidir, jezalandyrjak Mendirin diýýär’’. (Rimliler 12:19). Gorag, düzediş, aklamak ýa-da başga degişli jogaplar adamyň elinden däl-de, Hudaýyň elinden çykmalydyr. Özüni aklaýan adam Mesihiň kiçigöwünliliginden mahrumdyr. Hiç kimiň Isadan uly ygtyýarlygy ýokdur, ýöne şonda-da Ol ygtyýarlyklaryň öňünde hiç haçan Özüni aklajak bolmady.

Geliň, Petrusyň göz öňünde tutýan anyk ýagdaýyna – Isanyň kazyýet işine ýüzleneliň: «Ýolbaşçy ruhanylar Ony köp zatlarda aýypladylar, emma Ol hiç zat jogap bermedi»[11] (Mark 15:3).

11 Iňlis dilinden terjime edildi (New King James wersiýasy). Mukaddes Kitabyň sinodal terjimesinde aýadyň «ýöne Ol hiç zat jogap bermedi» diýen bölegi ýok. – Terjimeçiniň belligi.

Şaýatlaryň aýdan zatlarynyň hemmesiniň resmi taýdan Isa garşy ulanyljak kazyýet zalyny göz öňüne getiriň. Ol ýerdäki şaýat bolan adamlar Onuň halkynyň arasyndaky dini we syýasy ýolbaşçylardy. Olar ygtyýarly adamlardy, sözleri uly ähmiýete eýedi, ýöne olardan hatda hakykatyň kakdyrmasy hem çykmady. Olar düýbünden ýalan sözlediler, ýöne Isa günäkärleýänleriniň öňünde dymyp durdy we özüni goramady! Pilat ýene-de Oňa: «Sen hiç hili jogap berjek dälmi? Gör, näçe zatlarda Seni aýyplaýarlar!» diýdi. Emma Isa başga hiç hili jogap bermedi. Pilat geň galdy (Mark 15:4, 5).

Pilat kazy hökmünde şol ýurduň iň beýik ýerinde otyrdy. Ol günäkärlenýänleriň jezadan gaçmak üçin özlerini dynuwsyz goraýandyklaryny köp gezek görüpdi. Eger olar günäli diýip karar edilse, olar ýa türmä basylýardylar, ýa sürgün edilýärdiler ýa-da jezalandyrylýardylar. Ondan ýokarda şikaýat kazyýeti ýokdy. Pilat günäkärlenýäniň dymmasyny hiç wagt görmändi. Ol ýolbaşçylaryň Isany göriplik sebäpli kazyýete getirendigini we Oňa iň agyr jezanyň berilmegini – haça çüýlenmegini isleýändiklerini bilýärdi. Şeýle hem, ol Isanyň bu adamlaryň Ony görkezişi ýaly däldigini hem bilýärdi. Emma şonda-da Isa Özüni goramakdan ýüz öwürdi. Onuň asudalygy prokurory haýran galdyrdy.

Näme üçin Isa özüni goramady? Munuň sebäbi şu: Atasynyň höküminiň astynda galmak üçin we şeýlelik bilen Onuň goragynda galmak üçin. Petrus şeýle diýdi: «Ol sögülende sögmedi, ejir çekende hiç kime howp salmady. Muňa derek Özüni adyl höküm çykarýan Hudaýa tabşyrdy» (1 Petrus 2:23).

Haçanda özümizi goramakdan ýüz öwürenimizde, biz Hudaýyň merhemetiniň we höküminiň astynda galýarys. Ondan has ygtybarly ýer tapylmaz: «Hudaýyň saýlap-seçenlerini aýyplamaga kim milt eder? Hiç kim, sebäbi *olary Hudaýyň hut Özi aklaýar!» (*Rimliler 8:33).

Munuň tersine, özüni goraýanlar günäkärleýjileriň ygtyýaryna düşýärler, ýagny ýazgarylýarlar we şeýlelik bilen ylahy gatyşmadan

mahrum bolýarlar. Özümi menden ýokarda goýlan bir ýolbaşçynyň öňünde aklamaly bolan bir ýagdaýym ýadyma düşýär. Şondan soň Hudaý maňa kiçiräk bir görnüş berdi. Men ýanymda ellerini arkasyna tutup duran Rebbi gördüm. Ol maňa zerur bolan kömegi bermekden ýüz öwrüpdi. Emma özümi aklamagymy bes eden badyma Ol maňa kömek edip başlady.

Isa, hatda paýlanyp berlen ygtyýarlylaryň öňünde duran wagtynda-da, iň ýokary Kazyny ýatdan çykarmady. Patyşanyň ýüreginiň Rebbiň elindedigini ýadyňyzdan çykarmaň. Öz-özüni goramakdan gaça durmak bilen, Isa bütin kazyýet işleriniň dowamynda Hudaýyň goragynda galdy. Özüňizi aklamaga ýa-da goramaga başlanyňyzda, siz kazy hökmünde günäkärleýjiniň ygtyýaryna girýärsiňiz. Şeýdip, siz ruhy gorag hukugyňyzdan mahrum bolýarsyňyz, sebäbi tankytlaryna jogap bereniňizde ol ruhy älemde sizden ýokary galýar. Onuň täsiri siziň özüňizi goramagyňyz arkaly artýar. Günäsizdigiňizi subut etjek bolup, siz aýyplaýjynyň rehimine tabyn bolýarsyňyz. Şol sebäpli Isa bize öwüt berdi:

> Dawagäriň bilen entek ýoldakaň ýaraş, ýogsam ol seni kaza, kazy hem zyndan sakçysyna tabşyryp, zyndana düşmegiň ahmal. Saňa dogrusyny aýdýaryn, iň soňky teňňäňi töleýänçäň, ol ýerden çykmarsyň (Matta 5:25, 26).

Bu tymsala laýyklykda, size aýyplaýjynyň öwezini dolmak üçin talap eden zadyny tölemäge mejbur ederler. Size garşy aýyplama näçe çynlakaý bolsa, ol şonça-da az rehim eder. Adalatlydygyna ýa-da däldigine garamazdan, ol siziň oňa bolan bergiňiziň her soňky teňňesine çenli silkeläp alar.

## ÇAGANYŇ IMANY

Bu uly oglumyz Edison üçünji synpda okaýarka bolup geçdi. Günleriň birinde günortanlyk nahary wagtynda, ol Liza we meniň

bilen mekdepde başdan geçirýän kynçylyklaryny paýlaşdy. Ol halypalarynyň biriniň özüne adalatsyz çemeleşýändigine üns berdi. Edison mugallymyň özüni halamaýandygyny duýýardy, şonuň üçin hem synpda haýsydyr bir bidüzgünçilik ýa-da gürrüňleşme ýüze çykanynda, ähli günä onuň üstüne atylýardy. Bu ýagdaý günbe-gün dowam etdi. Şol mugallym bize mekdebiň ýörite bellik sanawyna girizilip bilinjekdigimizi habar berdi. Edison diýseň ynsaply adam, şonuň üçin hem hatda negatiw teswir hakyndaky pikir hem onuň üçin çekip-çydar ýaly däldi. Özüniň gorkusy we kynçylyklary hakynda bize gürrüň bereninden soň, ol göz ýaş döküp aglady.

Biz oňa ynanýandygymyzy ynandyrdyk we hemme zat hakynda has giňişleýin maglumat bermegini haýyş etdik. Ol zeýrenip başlady: «Olar meni hemme zatda günäkärleýärler. Hatda birnäçe oglanlar günäkär bolsalar-da, men has köp gep eşidýärin. Meni etmedik zadymda günäkärleýärler. Ine, şu gün ýanymdaky iki oglan gülüp, hikirdäp otyrdylar, men bolsam ümsüm otyrdym. Mugallym bolsa bize öwrülip maňa gygyrdy». Şeýle adalatsyzlykdan ýaňa onuň dodaklary titreýärdi. Dokuz ýaşly oglanjyk üçin bu umytsyz çökgünlikdi.

Edisonyň beýleki mugallymlary onuň özüni alyp barşynyň birkemsizdigini aýtdylar, şonuň üçin hem biz munuň ýeke-täk wakadygyna ynanýardyk. Liza ony köşeşdirip otyrka, men ýagdaýy öwrenip başladym: «Bu gün ol saňa käýäninde, sen näme diýdiň?»

Edison jogap berdi: «Men oňa gürleşýäniň men däl-de, şol iki oglandygyny aýtdym!»

Men soradym: «Ol saňa bellik edeninde sen adatça oňa şeýle jogap berýärsiňmi?»

Oglum: «Hawa, eger meniň günäm däldigini bilsem, şeýdýärin» diýip jogap berdi.

Men oňa seretdim: «Oglum, mesele ine şu ýerde. Sen özüňi halypaňyň öňünde aklaýarsyň, haçanda özüňi gorap başlanyňda bolsa, Hudaý indi oňa goşulyşyp bilmeýär».

Men bu bapda ozal aýdyp geçen Mukaddes Ýazgylardaky ýerlerimi onuň bilen paýlaşdym. Aýdanlarymyň manysyna has gowy düşünip bileri ýaly, men oňa öňki bapda belläp geçen ofis kätibi bilen gatnaşygymda başdan geçiren zatlarymy hem gürrüň berdim.

## ZYÝAN ÝETIRMÄGE KARAR BEREN BAŞLYKLAR

Bir adamyň biziň ýaşlar toparymyza gatnaýan bir ogly bardy. Men mukaddeslik, doga-dileg we ygtyýarlyk hakynda güýçli habarlary wagyz edýärdim. Köp ýaşlar üýtgäp başladylar. Günleriň birinde bu ýigit gözýaşlary bilen aýalymyň ýanyna gelip, öýde şeýle erbetlikler bolup geçýän mahalynda nädip arassa we mukaddes durmuşda ýaşap bolýandygyny sorady. Soňra ol has jikme-jik gürrüň berdi, bu bolsa onuň kakasynyň maňa garşydygy baradaky netijä gelmegime sebäp boldy.

Birnäçe aýdan soň dört ýigit maňa meni işden kowmalydyklaryny aýtdylar. Men maglumat zynjyryny yzarladym we bu bolsa meni hut şol adamyň ogluna alyp bardy. Ol muny kakasyndan eşidendigini aýtdy.

Men onuň kakasynyň ýanyna bardym, ol muny boýun aldy, ýöne meni işden kowmak isleýän adamyň uly ruhy çopanydygyny aýdyp, ony günäkärledi. Hepdeleriň geçmegi bilen ýagdaý hasam çylşyrymlaşdy. Maşgalam yzygiderli dartgynly ýagdaýda ýaşaýardy, biz bu ýerde galjakdygymyzy ýa-da bize gitmeli gapyny görkezjekdiklerini bilmeýärdik. Biz eýýäm jaý satyn alypdyk, aýalym çaga garaşýardy we biziň göçmäge ne pulumyz, ne-de başga ýerimiz bardy. Men rezýumemi dürli ofislere ibermek islemedim. Men Hudaýyň meni bu ýere getirendigine ynanýardym, şonuň üçin hem başga meýilnama düzmedim. Aýalym tolgunýardy we alada galýardy we meni çäre görmäge çagyrýardy: «Ezizim, men olaryň seni işden kowmagy isleýändiklerini bilýärin. Hemmeler maňa muny aýdýarlar».

Ol mamlady. Uly ruhy çopan ahyrsoňy meni işden aýyrmak kararyna geldi. Bir ýekşenbe güni irden ol ýaşlar gullugynda uly üýtgeşmeleriň garaşýandygyny habar berdi. Men henizem onuň bilen gürleşmändim. Ertesi gün men onuň bilen we onuň kätibi bilen duşuşmalydym. Hudaý maňa özümi aklamazlygymy tabşyrdy.

Ertesi gün ruhy çopanyň otagyna girenimde, onuň ýeke özi otyrdy. Ol: «Jon, Hudaý seni şu ýere goýdy. Men seni kowmaryn» diýdi. Ol pikirini üýtgetdi. Men uly rahatlygy duýdym, iň soňky pursatda Hudaý meniň arkamda durdy. Soňra ruhy çopan sorady: «Näme üçin kätip siziň işden kowulmagyňyzy isleýär?» Men ony bilmeýändigimi aýdyp jogap berdim we onuň haýyşy boýunça parahatçylygy gazanmak üçin elimden geleni etmäge razylaşdym.

Köp wagt geçmänkä, bu adamyň beýle etmeginiň sebäbini açýan kararynyň ýazmaça subutnamasyna gabat geldim. Men ony eýýäm ruhy çopanyň ýanyna äkitmäge taýýardym. Men onuň meniň arkamdan nämeleriň bolup geçýändigini görmegini isledim. Kyrk bäş minutlap, men otagda aýlanyp, meni dolduran ýakymsyz duýgyny ýeňip geçmek üçin Hudaýa doga etdim we synanyşdym. Men şeýle pikir etdim: «Eý, Hudaý, bu adam dogruçyl däl. Ony paş etmeli. Ol bu gulluga weýrançylyk getirýär. Men ruhy çopana onuň nähilidigini hökman aýtmaly!» Ony paş etmek niýetimi hasam esaslandyryp başladym: «Hasabat berjek bolýan zatlarymyň hemmesi resminamada tassyklanan hakykat. Bular duýgular däl. Eger ol saklanmasa, onuň erbet gylyk-häsiýeti bütin ýygnaga ýaýrar».

Şeýdip, lapykeç halymda men şeýle diýdim: «Rebbim, eýsem Sen meniň ony paş etmegimi islemeýärsiňmi?» Haçanda muny aýdanymda, Hudaýyň rahatlygy ýüregimi doldurdy. Men haýran galyp sandyradym. Men Hudaýyň meniň haýsydyr bir çäre görmegimi islemeýändigine düşündim, şonuň üçin hem ähli subutnamalary zyňdym. Soňra ýagdaýa has çynlakaý baha berenimde, men başga birini goramak üçin däl-de, özümi goramak

we ar almak isländigime düşündim. Men maksatlarymyň nebisjeň däldigine özüme ynandyrypdym. Meniň ygtybarly maglumatlarym bardy, ýöne sebäplerim haramdy.

Birneme wagt geçdi we bir gün, iş güni başlamazdan öň ybadathana binasynyň golaýyndaky açyk howada Hudaýa doga edip otyrkam, bu adamy gördüm. Hudaý maňa kiçigöwünlilik etmegi we onuň ýanyna barmagy buýurdy. Meniň derrew ýeňse damarym tutdy: «Ýok, Reb, goý, onuň özi gelsin. Ol biziň ähli kynçylyklarymyzyň sebäpkäri». Men Hudaýa doga etmegimi dowam etdim, ýöne Hudaý dymýardy. Ýene ýigrimi minutdan, Reb ýene-de derrew onuň ýanyna baryp, ýaraşmagymy isledi. Men onuň Hudaýdygyny bilýärdim. Men bu adama jaň edip, onuň ofisine geldim. Ýöne aýdanlarym we nädip aýdanym, Hudaýyň meniň bilen işlemezinden öň aýdyp biljek zatlarymdan düýpgöter tapawutlydy. Men çyn ýürekden ondan ötünç soradym. Men ony tankytlandygymy we höküm edendigimi aýtdym. Ol ýumşady we biz gowy gürleşdik. Şol günden başlap, onuň maňa eden ähli hüjümleri tamamlandy.

Alty aýdan soň, men şäherde ýok mahalym, bu adamyň eden işi hakyndaky maglumat uly ruhy çopana ýetdi. Görüp otursam, onuň eden hereketleri meniň bilýänlerimden has erbet ekeni. Ol derrew işden kowuldy. Oňa höküm geldi, ýöne meniň elimden däl. Onuň maňa etjek bolýan zady öz başyna geldi. Şeýle-de bolsa, bu waka bolup geçeninde, men asla begenmedim, gaýtam oňa we onuň maşgalasyna gynandym. Men oňa duýgudaşlyk bildirdim, sebäbi meniň özüm hem şol bir zady başdan geçirmeli bolupdym. Bu wakadan alty aý öň oňa höküm çykarmazlyk kararyna gelendigim üçin, oňa bolan söýgimi duýdum we bu ýagdaýlaryň hemmesiniň oňa garşy goýulmagyny islemedim.

Bu ybadathanada men ýene on bir ýyl işledim we menden köplenç hyzmatlara ýolbaşçylyk etmegi haýyş etdiler. Onuň meniň adyma getiren masgaralygy ýok boldy we ýerine hormat

geldi. Yzyma seredenimde, men kynçylyklar wagtynda juda köp ösendigime düşündim, soň bolsa Hudaý meni özüm hakynda köp ýalanlary eşiden adamlaryň öňünde ýokary göterdi. Atanyň Isany gulak asandygy we kazylaryň öňünde özüni goramak islemändigi üçin ýokary göterişi ýaly, Ol Isanyň göreldesine eýerýän çagalaryna-da şeýle hormat goýýar.

## ÝYLYŇ OKUWÇYSY

Edison bilen Mukaddes Kitabyň mysalyny we öz durmuşymda başdan geçirenlerimi paýlaşanymdan soň, men şeýle diýdim: «Oglum, indi seniň saýlawyň bar. Sen özüňi aklap, mugallymyňyň ýazgaryşynda galyp bilersiň, ýa-da ähli aýyplamalara takwa bolup, jogap bermän bilersiň. Mundan başga-da, sen mugallymyňyň ýanyna baryp, özüňi kiçeldip, öz hormatsyzlygyň we onuň ygtyýarlygyna bolan garşylygyň üçin bagyşlamagyny sorap bilersiň, şonda sen Hudaýyň nähili hereket edip başlajakdygyny görersiň».

Edison: «Eger bir zatda meni adalatsyz günäkärleseler näme etmeli?» diýip sorady.

«Hudaýa seni goramaga ýol ber. Maňa aýt, sen özüňi goramagy başardyňmy?»

Ol: «Ýok, men Hudaýyň meni goramagyny isleýärin» diýdi.

Ertesi güni ol mugallymynyň ýanyna baryp, özüni kiçeltdi. Ol özüne bellik edilende beren gaýtargylary üçin ondan bagyşlamagyny sorady.

Mugallym ony bagyşlady we indiki hepde Edisony şol synpyň hepdäniň iň gowy okuwçysy diýlip yglan etdiler. Onda beýle mesele gaýdyp ýüze çykmady. Okuw ýylynyň ahyrynda, okuwçylary sylaglamak dabarasynda şol mugallym oňa mekdebiň iň ýokary baýragyny gowşurdy.

Eger dokuz ýaşly oglanjyk özüni kiçeldip, çökgünlik döwründe Hudaýyň Sözüniň hakykatyny subut edip bilýän bolsa, onda muny

ulular hökmünde etmäge biz näderejede dyrjaşmaly? Meniň pikirimçe, ony Isanyň sözleri düşündirýär: «Kim şu çaga ýaly pes göwünli bolsa, Gögüň Şalygynda iň beýik şoldur» (Matta 18:4).

## DAWUDYŇ ADALATSYZ YGTYÝARLYK BILEN ÇAKNYŞYGY

Edison Ýyşaýyň ogly Dawudyň bir wagtky öwrenen zadyny öwrendi. Hudaý — adalatly Kazy, eger biz bir ýolbaşçynyň adalatsyz daraýşyny Onuň eline bersek, Ol hemişe dogry höküm çykarar. Dawut hakynda aýdanymyzda, ony adalatsyz we görşümiz ýaly zalym hökümdar Şawulyň ygtyýaryna tabşyranyň şeýtan däl-de, Hudaýdygyny ýadymyzda saklamalydyrys. Bu olar duşuşmazlaryndan ozal bolup geçdi. Ysraýylyň baş pygamberi Şamuwel Dawudy Hudaýyň halkynyň indiki patyşasy edip saýlady. Megerem, Dawut: «*Bu adam häzirki patyşany hem saýlapdy, diýmek menem patyşa bolaryn!*» diýip pikir edip, begenjinden böken bolmaly.

Şawul Hudaýa boýun bolmaklykdan ýüz öwrüp, erbet ruhlardan ejir çekýärdi. Oňa ýeňillik diňe kimdir biri arfa çalyp başlanda gelýärdi. Köşk emeldarlary onuň huzurynda oturyp, oňa hyzmat etjek bir ýigidi gözläp başladylar. Patyşanyň hyzmatkärlerinden biri Ýyşaýyň ogly Dawudy maslahat berdi. Şawul köşge gelip, özüne hyzmat etmegi üçin onuň yzyndan adam iberdi. Mümkin, Dawut şeýle pikir edendir: «*Hudaý eýýäm pygamberiň üsti bilen beren wadasyny ýerine ýetirip başlady*». Ol öz-özüne: «*Bu meniň beýiklige tarap ilkinji ädimim bolar*» diýdi.

Wagt geçdi we ondan piliştliler bilen söweşýän uly doganlaryna iýmit getirmegi haýyş etdiler. Söweş meýdanyna baryp, ol piliştli söweşiji Jaludyň Hudaýyň goşunyny nädip masgaralaýandygyny gördi we bu masgaraçylygyň kyrk gün bäri dowam edýändigini bildi. Şeýle hem, ol patyşanyň bu äpeti ýeňip bilen islendik adama gyzynyň elini wada berendigini öwrendi. Dawut patyşanyň

huzurynda peýda boldy we bu äpet bilen söweşmäge rugsat bermegini haýyş etdi. Ol Jaludy öldürdi we Şawulyň beren wadasyna görä onuň gyzyna öýlendi. Ol patyşanyň göwnünden turup, indi onuň giýewsi boldy.

Şawulyň uly ogly Ýonatan Dawut bilen ebedi dostluk ähtini baglaşdy. Şawulyň Dawuda tabşyran zatlarynyň hemmesini ol Hudaýyň kömegi bilen etdi we üstünlik gazandy. Patyşa oňa hatda ogullary bilen saçak başynda bile oturmaga hem rugsat berdi. Hemme zat gowy gidýärdi, Dawut durmuşdan lezzet alýardy. Ol köşkde ýaşaýardy, patyşanyň saçagyndan nahar iýýärdi, patyşanyň gyzyna öýlenendi, Ýonatan bilen dostdy we ähli ýörişlerde ýeňiş gazanýardy. Ol hatda kem-kemden halkyň arasynda meşhurlyk hem gazandy. Ol pygamberligiň gözüniň alnynda amala aşýandygyny gördi. Şawul Dawudy ähli hyzmatkärlerinden has gowy görýärdi we hatda ony ýarag göterijisi hem etdi. Ol onuň üçin ikinji kaka boldy. Dawut Şawulyň öz halypasy boljakdygyna we oňa hemme zady öwretjekdigine, bir gün bolsa ony hormatlap, ýerine tagtda oturjakdygyna ynanýardy. Dawut Hudaýyň merhemetine we wepalylygyna begenýärdi.

## ÇÜRT-KESIK ÜÝTGEŞMELER

Emma bir gün hemme zat üýtgedi. Şawul bilen Dawut söweşden gaýdyp gelýärdiler we Ysraýylyň ähli şäherlerinden aýallar olary garşylamaga çykyp, aýdym aýdyp, tans edip başladylar. Olar şeýle aýdym aýdýardylar: «Şawul müňüsini, Dawut on müňüsini öldürdi!» Bu patyşanyň gaharyny getirdi we şol günden başlap ol Dawuda şübheli garap başlady. Bir gezek Şawul ony öldürmek niýeti bilen Dawuda ok hem atdy. Mukaddes Kitapda Şawulyň Dawudy ýigrenýändigi aýdylýar, sebäbi ol Hudaýyň onuň bilendigini bilýärdi. Patyşa Hudaýyň özüni terk edendigine düşündi. Janyny halas etmek üçin Dawut gaçmaga mejbur boldy. Nireden gaçybatalga

tapjagyny bilmän, ol çöle gitdi. «Näme bolýar? – diýip, Dawut pikir etdi – Wada eýýäm ýerine ýetip başlapdy, ýöne indi hemme zat puja çykdy. Meniň halypam we ýolbaşçym bolan adam indi meni ýok etjek bolýar. Men näme etmeli? Şawul Hudaýyň saýlap-seçen guly. Eger ol maňa garşy bolsa, onda maňa näme mümkinçilik galýar? Ol patyşa, Hudaýyň halkynyň üstünden goýlan Hudaýyň adamy. Näme üçin Reb muňa ýol berýär?»

Indi Şawul üç müň sany gowy tälim alan Ysraýyl esgerleri bilen bilelikde Dawudy çölden çöle, gowakdan gowaga diňe bir maksat bilen — ony ýok etmek üçin kowalady. Şol pursatda wada diňe bir ölügsi ýalpyldy ýaly göründi, sebäbi indi Dawut diri galmaga synanyşýan bir gaçgakdy. Ol indi patyşanyň köşgünde ýaşamaýardy ýa-da patyşanyň saçagynda oturmaýardy. Çygly gowaklar onuň öýüne öwrülipdi, ol haýwanlaryň agzyndan galanlar bilen iýmitlenýärdi. Ol indi patyşanyň ýanynda ýöremeýärdi, tersine söweş meýdanynda ýanma-ýan söweşen adamlarynyň aw nyşanyna öwrüldi. Onuň indi ýumşak düşegi ýokdy, oňa ideg edýän hyzmatkärlerem ýokdy, köşkde bolşy ýaly haýran galdyryjy sesler eşidilmeýärdi. Onuň gelnini başga birine beripdiler.

Eýsem Hudaýyň Dawudyň üstünden goýan hökümdary nädip beýle zatlary edip biler? Dawudy gahar, gynanç we lapykeçlik pikirleri basmarlan bolmagy ähtimal. «*Näme üçin Hudaý goşulyşmaýar? Ol meniň aladamy bir edýärmikä? Onuň beren wadalary hakynda näme? Näme üçin Ol şeýle zalym adamy äht beren halkyna ýolbaşçylyk etmek üçin goýduka?*»

Şawul bu ýigidi ähli serişdeler bilen öldürmegi ýüregine şeýlebir düwüpdi welin, ol bu pikir bilen ýaşap başlady. Nob şäherinde Dawuda gaçybatalga we iýmit berýän we oňa Jaludyň gylyjyny beren ruhanylar bardy. Olar Dawudyň Şawuldan gaçyp gaýdandygy barada hiç zat bilmeýärdiler we ol onuň buýruklarynyň birini ýerine ýetirýär öýdýärdiler. Olar ol barada Rebden soradylar we ony ýol üçin üpjün etdiler.

Şawul muny eşidip, diýseň gaharlandy. Ilki bilen ol segsen bäş sany Hudaýyň bigünä ruhanylaryny, soň bolsa tutuş şäheri – erkekleri, aýallary, çagalary, bäbekleri we mallary öldürdi. Ol öz ýurdunyň duşmanlary bolan amalekleriň üstünden çykaryşy ýaly bigünäleriň hem üstünden höküm çykardy. Indi bu adamyň Hudaýyň saýlan adamydygyny pikir etmek düýbünden mümkin däldi. Şawul ganhor boldy. Eýsem Reb ony Öz Ruhy bilen nädip mesh edip biler?

Köpler Şawulyň adamlar tarapyndan bellenendigini, ýöne Dawudyň Hudaý tarapyndan bellenendigini aýdýarlar. Bu taglymat nädogry we ol Hudaýyň zalym adamy ýolbaşçylyga goýup biljekdigini kabul edip bilmeýän adamlardan gelip çykýar. Hawa, halkyň patyşa edinmek isleýändigi hakykat; ýöne şonda-da, Şawuly edil Dawudy saýlaýşy ýaly Hudaý saýlady. Hudaý: «Men Şawuly patyşa etdim» diýdi (1 Şamuwel 15:11).

Günleriň birinde Şawul Dawudyň Eýngedi çölündedigini bildi we üç müň esgeri bilen şol ýere gitdi. Ýoldan ýadap, olar Dawudyň gizlenen gowagynda saklandylar. Şawul we esgerleri suwa düşmek üçin eşiklerini çykardylar. Mukaddes Ýazgy Dawudyň adamlarynyň oňa şeýle maslahat berendigini aýdýar: «Rebbiň saňa "Duşmanyňy eliňe bererin, sen oňa islän zadyňy edersiň" diýen güni, ine, şu gündür» diýdiler.

Dawut assyrynlyk bilen baryp, Şawulyň donunyň synyny kesdi. Muňa Dawudyň ýüregi gopan ýaly bolup gitdi. Ol adamlaryna şeýle diýdi: «Jenabyma, Rebbiň saýlan adamyna beýle zat etmekden, oňa garşy el götermekden Rebbiň Özi saklasyn, çünki ol Rebbiň seçip saýlanydyr». Şeýdip, Dawut öz adamlaryna käýedi we olara Şawulyň garşysyna uruşmaga rugsat bermedi. Şawul bolsa gowakdan çykyp, öz ýoluna gitdi» (1 Şamuwel kitaby 24:5-8). Biz Dawudyň ýüreginiň agyrandygyny görýäris. Özüne şunuň ýaly kynçylyk getiren ýolbaşçynyň öňünde onuň ýüregi henizem ýumşakdy. Onuň gahar, gorky we umytsyzlyk pikirlerine garşy durandygyny we hatda olary

üstünlikli ýeňip geçendigi doly düşnüklidir.

Dawut patyşanyň eşiginiň ujuny kesip alany üçin ony Şawulyň öňünde bigünädigininiň subutnamasy hökmünde ulanmak kararyna geldi. Daş aralykda saklanyp, Dawut onuň öňünde dyza çökdi we gygyrdy: «*Eý, atam,* donuňdan kesilen elimdäki şu kesindini görýäňmi, ine, seret. ... *Saňa ýamanlyk etmek ýa-da haýynlyk etmek niýetimiň ýokdugy* şundan hem belli ahyryn. Meni öldürmek üçin aňtap ýörenem bolsaň, men seniň öňüňde günä gazanmadym» (1 Şamuwel kitaby 24:12, kursiw awtoryňky).

Dawut Şawulyň özüniň dönük pitneçidigine ynanýar diýip pikir edýärdi. Belki, Dawut şeýle diýip ýüregini derňändir: «Nirede ýalňyşdym? Şawulyň ýüregi maňa garşy nädip beýle çalt öwrülip biler?» Şonuň üçinem ol onuň yzyndan gygyrdy: «Seni öldürmegi talap edenlerinde-de, men saňa rehim etdim... men seniň donuňyň gyrasyny kesdim, ýöne seni öldürmedim: elimde ýamanlygyň ýa-da aldawyň ýokdugyna göz ýetir we ynan». Ol Şawulyň bularyň hemmesini özüniň meýilleşdirip biljekdigine ynanmaýardy. Kimdir biri Şawulyň ýüreginde Dawuda garşy ýigrenç döreden bolmaly, şonuň üçin hem ol patyşa wepalylygyny subut etmek isledi. Eger muny başaryp bilse, onda Şawulyň ony öz merhemetinde gaýtadan dikeltjekdigine, ýene-de oňa hoşniýetlilik etjekdigine we bu weliligiň ýerine ýetjekdigine ol umyt edýärdi.

Kakasy ýa-da ýolbaşçysy tarapyndan ret edilenler ilki bilen özlerini günäkärleýärler. Olar «*Men näme etdimkäm?*» we «*Diýmek, meniň ýüregim arassa däldimikä?*» diýen ýaly agyr pikirleriň ýesirine düşýärler. Olar özleriniň bigünädigini ýolbaşçylaryna subut etmek üçin yzygiderli synanyşýarlar. Olar eger öz wepalylygyny we gymmatyny görkezip bilseler, onda olary yzyna kabul ederler diýip pikir edýärler. Ýöne näçe köp synanyşdyklaryça, şonça-da ret edilýändiklerini duýýarlar.

Şawul Dawudyň özüni öldürip biljekdigine, emma ony etmändigine

göz ýetirip, onuň gowy niýetini bildi, şonuň üçin patyşa we onuň adamlary ony ýeke goýdular. Dawut mümkin şeýle pikir edendir: «*Patyşa meni öňki ornuma dikelder. Indi welilik hasyl bolar. Indi ol meniň ýüregimi görýär we maňa has gowy daraşar. Ol mylaýym we sypaýy ýolbaşçy bolar».* Gör, ol hakykatdan nähili daşdady.

## OL MENI ÖLDÜRMEK KARARYNA GELDI

Juda az wagt geçdi we Şawula Dawudyň Hakyla dagynda gizlenýändigini habar berdiler. Ýene-de patyşa şol öňki üç müň adamyny ýygnap, ony gözlemäge gitdi. Ol ýene bir gezek Dawudy öldürmek isledi. Şawulyň dynuwsyz yzarlamalarynyň Dawudy ýadadandygyna men ynanýaryn. Ol bu ýerde hiç hili ýalňyşlygyň ýokdugyna we Şawulyň bilkastlaýyn, hiç kimiň itergisi bolmazdan, onuň ölümini gözleýändigine düşündi.

Patyşa Dawudyň häsiýetini bilýärdi, ýöne şonda-da oňa garşy çykýardy. Dawut ähli umytlarynyň biderekdigine we mekir bir ýolbaşçy bilen iş salyşýandygyna düşündi. Reb beýle adamy nädip mesh edip bildikä?

Dawut Ýowabyň inisi, ganhor ýaş ýigit Abyşaý bilen bilelikde, Şawulyň düşelgesine gizlinlikde girdi. Hudaý hemmeleri çuň uka gidiripdi. Dawut bilen Abyşaý tutuş goşunyň içinden geçip, Şawulyň ýatýan çadyryna aralaşdylar. Abyşaý Dawutdan: «Hudaý bu gün duşmanyňy eliňe berdi. Indi maňa ygtyýar et: naýzany bir salanda, ony ýere çüýläýin — men *ony ikinji gezege goýjak däl*» diýip sorady (1 Şamuwel kitaby 26:8).

Abyşaý Dawudyň özüne Şawuly öldürmegine ýol bermegi üçin ençeme ajaýyp sebäpleri getirdi. Olaryň ilkinjisi we iň esasysy: Şawulyň segsen bäş sany bigünä ruhanyny, olaryň aýallaryny we çagalaryny öldürendigidi – ol muny sowukganlylyk bilen etdi! Halk üçin şeýle adamyň ýolbaşçylygynda galmak howpludy. Häzirki wagtda köpler, esasanam ýygnak ýolbaşçylary hakynda şeýle pikir

edýärler. Ýolbaşçylar göýä Şawulyň jenaýatlaryny gaýtalaýan ýaly.

Ikinji delil: Şamuweliň sözleri boýunça Hudaý Dawudy Ysraýylyň indiki patyşasy edip saýlady. Dawudyň tagta çykjak wagty geldi! Eýsem ol weliligi ýerine ýetirmän ölüp gitmegi isleýärdimi? Ybadathananyň ynanmaýan ofis işgärlerinden men beýle sözleri bir gezekden köp eşitdim.

Üçünjisi: eýsem Şawul üç müň esgeri bilen Dawudy öldürmäge gitmänmidi? Indi saýlamagyň wagty geldi: öldürmek ýa-da öldürilmek. Elbetde, bu özüňi goramak bolardy. Abyşaý islendik kazynyň olary aklajakdygyny bilýärdi. Häzirki wagtda beýle delil düşündirişe mätäç hem däl. Biz oýlanmazdan oňa gelýäris.

Dördünjisi: Dawut bilen Abyşaýyň Şawulyň çadyryna girip, halky erbet hökümdardan halas edip, Onuň islegini ýerine ýetirmekleri üçin ähli goşuny çuň uka batyran Hudaý dälmidi näme? Olarda mümkin indi gaýtalanmajak bir mümkinçiligi peýda bolupdy. Pygamberligiň ýerine ýetirilmegini ýola goýmagyň wagty gelipdi! Ybadathananyň ýolbaşçy geňeşleriniň köpüsi ýolbaşçylary ýykylanynda bu barada pikirlenýärler. Olar pikir edýärler: *Hudaý ony ornundan özümiziň aýryp biljek ýerimizde goýdy.* Şeýle pikirler bu adamlaryň gozgalaňçy ýüreklerini paş edýär.

Bu delilleriň hemmesi ynandyryjy eşidilýärdi. Olaryň manysy bardy, sebäbi Dawudy wepaly doganlaryndan biri höweslendirýärdi. Eger onuň ýüreginde gozgalaňyň hatda bir damjasy bolan bolsa, ol kömekçisine Şawuly gylyç bilen urmaga rugsat bererdi we hiç hili ynsap azabyny duýmazdy. Muňa garamazdan, Dawut Abyşaýa: «Ony öldürme, sebäbi Rebbiň seçip-saýlan adamyna el götermek günä bolar» diýdi (1 Şamuwel 26:9). Eger muny öz durmuşymyza geçirsek, onda: «Oňa sözüň ýa-da amalyň bilen hem degme, çünki ýolbaşçysyna hüjüm eden kim jezasyz galar?»

Şawul bigünä adamlary öldürip, indi özüniň ölümini gözleýän hem bolsa Dawut ony öldürmedi. Dawut özi üçin ar almady; ol

muny Rebbiň eline berdi. Dawut we ysraýyl halky üçin hemme zady şol ýerde gutarmak has aňsat bolardy. Ol halkyň hakyky çopansyz goýunlar kimindigini bilýärdi. Ol ynsapsyz adamyň öz tekepbir isleglerini kanagatlandyrmak üçin olaryň ynamlaryndan hyýanatçylykly peýdalanýandygyny bilýärdi. Öz goragy üçin durmazlyk kyndy, ýöne söýýän adamlaryny däli patyşadan azat etmezlik, mümkin, ondanam kynrakdy!

Dawut Şawulyň özüne ölüm isleýändigini bilmegine garamazdan karar berdi. Dawut Şawulyň janyny ilkinji gezek halas edeninde, öz niýetiniň päkligini subut etdi. Ol oňa degmedi. Şawul Rebbiň seçip saýlanydy. Ol Hudaýyň guludy, Dawut hem Şawuly Hudaýyň eline höküm üçin berdi.

Şawuly Hudaýyň hökümine tabşyrmak bilen, ol akylly hereket etdi. Siz: «Onda Hudaý guly Şawuly höküm etmek üçin kimi ulandy?» diýip sorarsyňyz. Jogap: piliştlileri. Reb ýygnak ýolbaşçylaryna höküm çykarmak üçin halas edilmedik adamlary ýa-da dünýewi guramalary köp gezek ulanar. Şawul ogullary bilen söweşde ýogaldy. Haçanda bu habar Dawuda ýeteninde, ol baýramçylyk bellejek bolmady. Ol gynandy!

Dawut hatda beýle etmedik hem bolsa, Şawuly özüniň öldürendigini aýdan adamy hem jezalandyrdy. Ol adam bu habaryň Dawudyň gözünde özüni has gowy görkezdirjekdigine umyt edipdi, ýöne netije tersine boldy. Dawut: «Gorkman, Rebbiň seçip-saýlan adamyny öldürmäge nädip milt etdiň?» diýip jogap berdi. Dawut ony jezalandyryp, şeýle diýdi: «Döken ganyň öz başyňa barsyn. Çünki sen Rebbiň seçip-saýlan adamyny öldürendigiňe öz diliň bilen şaýatlyk etdiň» (2 Şamuwel kitaby 1:16).

Soňra Dawut Ýahudanyň halkynyň Şawulyň we onuň ogullarynyň hormatyna aýtmagy üçin gynançly aýdymy düzdi. Duşmanyň begenmezligi üçin ony piliştli şäherleriň köçelerinde aýtmagy gadagan etdi. Şawulyň öldürilen ýerinde ne ýagşyň, ne-de hasylyň

boljakdygyny aýtdy. Ol bütin Ysraýyly öldürilen patyşanyň ýasyny tutmaga çagyrdy. Bu ar almak isleýän, indi ýolbaşçysyna hormat goýmaýan adamyň hereketi däldi.

Ýok, beýle adam: «Ol öz mynasyp almytyny aldy!» diýerdi.

Dawut bolsa has-da öte gitdi. Ol Şawulyň maşgalasynyň diri galan agzalaryny öldürmedi, tersine, olara uly rehimdarlyk görkezdi. Olara ýer we iýmit berdi we nesillerinden birine patyşanyň saçagynda oturmaga rugsat berdi. Eýsem bu ýolbaşçysynyň adalatly hökümden ýykylandygyna begenýän adamyň özüni alyp barşymy? Ýüreklerinde gozgalaň bolanlar, ruhy ýolbaşçysy ýykylanynda begenýärler. Olar: «*Ol almytyny aldy!*» diýip pikir edýärler. Şeýle adamlar ýa-ha erbet gürleýärler ýa-da ýiti teswirleri bilen ýolbaşçylaryny ýaralaýarlar, şeýlelik bilen hem özlerine taýýarlanylan jeza çäresine özlerini hasam iterýärler. Olaryň Dawudyňky ýaly ýürekleri ýok. Olarda Hudaýyň ýüregi ýok.

## ÝALKANMAK ÜÇIN GOÝULAN!

Hudaýyň ahyrky netijede bizi has gowy bir zada alyp barmagy üçin bize garşy ygtyýarlyklaryň adalatsyzlygyna ýol berýändigini biz elmydama ýadymyzda saklamalydyrys. Ol muny Öz ýalkawyny ibermek üçin ulanýar. Petrus görkezmesini dowam etdirdi: «Ýamanlyga ýamanlyk, sögünje sögünç bilen gaýtargy bermän, tersine, alkyş bilen jogap beriň, sebäbi *siz şunuň ýaly ýaşamaga çagyrylansyňyz*» (1 Petrus 3:9, awtor tarapyndan bellendi).

Ýalkanyş diňe material zatlarda jemlenmän, olar möhüm bolsa-da; tersine, Mesihiň häsiýeti, Gögüň Patyşalygynyň ýaýradylmagy ýa-da bakylyk peşgeşi ýaly has möhüm ugurlarda hem jemlenip biler. Hudaýyň ygtyýaryna boýun bolanymyzda, ruhy abadanlygymyza hiç zat zyýan berip bilmez. Petrus muny şu soragyň üsti bilen aýan etdi: «Ýagşylyk etmäge jan etseňiz, size kim ýamanlyk eder?» diýip sorady (1 Petrus 3:13). Bu aýadyň mazmuny

biziň Isanyň şahsy göreldesine eýermegimizdir.

Mesihiň häsiýeti barada Petrus şu görkezmäni berdi: «Isa Mesih hem bizi Hudaýa getirmek üçin, biziň günälerimiz sebäpli bir gezek ejir çekdi. Özi dogry bolsa-da, günäkärler üçin öldi... Şunlukda, Mesihiň dünýäde ejir çekişi ýaly, siz hem şeýle pikirler bilen ýaraglanyp, muňa taýýar boluň. Sebäbi Mesih üçin ejir çekmäge taýyn bolsaňyz, günä etmekden ýüz öwrensiňiz» (1 Petrus 3:18; 4:1).

Petrus imanlylara, Mesihiň başdan geçirenleri ýaly görgülere taýynlanmagy tabşyrýar, bu bolsa onuň habarynyň çäginde ygtyýarlyklar tarapyndan adalatsyz çemeleşilmegi göz öňünde tutýar. Siz esgerleriň ýaragsyz söweşe gidýändigini göz öňüne getirip bilersiňizmi? Bu birhili, şeýle dälmi? Şeýle-de bolsa, köp ynanýanlar ygtyýarlyklaryň adalatsyzlygyndan ejir çekenlerinde özlerini ýaragsyz duýýarlar. Hüjüm edilende, olar şok, aljyraňňylyk ýa-da haýran galmak ýagdaýynda bolýarlar. Olar muňa ygtyýarlyga tabyn bolmak ýörelgesini ýerine ýetirmegiň ýerine, netijeleriň we delilleriň tutuş ulgamyny gurmak bilen jogap berýärler.

Men ýaragly we taýýar adamdan mysal getireýin. Uçarmanlaryň synag okuwynyň möhüm bölegi uçuş simulýatorlaryny ulanmakdyr. Şeýle simulýatorlarda pilot howada bolup biljek ähli ýagdaýlar bilen ýüzbe-ýüz bolýar. Bu howpsuz şertlerde uçarmanlar islendik ýagdaýa nädip jogap bermelidigini öwrenýänçäler reaksiýalaryny kämilleşdirýärler. Şeýdip, özlerini hakyky ýagdaýlara taýýarlaýarlar. Uçuş wagtynda bir zat bolup geçse, uçarmanlar howsala düşmeýärler — olar tälim alyşlary ýaly hereket edýärler. Ýolagçylar howsala düşüp, aljyraňňylyk ýa-da kakgyn ýagdaýyna düşseler-de, uçarmanlar asuda bolup, özlerine bolan gözegçiligini ýitirmeýärler. Uçar heläkçiliklerini derňeýän we uçuş ýazgylaryndan maglumatlary öwrenýän adamlar uçarmanlaryň asudalygyna haýran galýarlar. Hatda ýere gaçyşdan bir salym öňem, olaryň seslerinde howsala bolmaýar. Olar ýaraglanan!

Bu kitap uçarmanlar üçin şoňa meňzeş okuw gollanmasy bolup bilerdi. Bu habardaky Hudaýyň Sözi, sizi durmuşyňyzdaky ygtyýarlyk bilen bagly çürt-kesik öwrümlere ýaraglandyryp ýa-da taýýarlap biler. Eger siz dogry jogap berseňiz, onda ýalkanyş alarsyňyz. Petrus, Mesihiň görgülerinden görelde alýanlaryň günä etmegi bes edýändiklerini aýtdy. Bu nähili nygtama! Başga sözler bilen aýdylanda, ýolbaşçylaryň adalatsyz çemeleşilmegine ýerlikli jogap berýänler ruhy kämillik gazanýarlar.

Ýene bir ajaýyp wada bar. Pawlus şeýle diýdi:

> Ine, şu sözler örän dogry aýdylan sözlerdir: Onuň bilen bile biz ölen bolsak, Onuň bilen bile ýaşajakdyrys. Görgülere çydaýan bolsak, Onuň bilen bile şalyk süreris. Eger Ony ret etsek, Ol hem bizi ret eder (2 Timoteos 2:11, 12).

Ruhy ygtyýarlyk Mesih ýaly ejir çekýänlere wada berilýär. Siz näçe köp kynçylyk çekseňiz, Hudaý size şonça köp ygtyýarlygy ynanýar. Ygtyýarlykdaky adalatsyzlyga duçar bolanyňyzda, Hudaýyň sizi ýalkanyş üçin taýýarlaýandygyny siz ýene bir gezek görýärsiňiz. Ýöne siz dogry jogap berip, ýalkanyşy kabul edersiňizmi ýa-da öýke we kineden dolarsyňyzmy? Saýlaw siziňki. Ýeňijiniň ýoluny saýlaň, ýagny — durmuşy!

14-NJI BAP

# ÖZÜŇÇE HÖKÜM ETMEK

*Ýolbaşçyny hormatlaýanlar uly ygtyýarlyk gazanýarlar we hormat olara eýerýär.*

Hemmeler ýolbaşçylyga Dawudyň edişi ýaly daramaýarlar. Ýolbaşçylarymyzdaky kemçilikleri görenimizde biz köplenç begenýäris we bellenilen çäklendirmeleri aňsatlyk bilen taşlaýarys. Ýöne başgalaryň, esasanam ýolbaşçylarymyzyň günälerine berýän jogabymyz biziň ruhy kämilligimiziň iň möhüm görkezijilerinden biridir. Hut şu sebäpdenem, Hudaý köplenç durmuşymyzdaky ýolbaşçylaryň şowsuzlyklaryny we ýalňyşlyklaryny ýüregimiziň hakyky ýagdaýyny açmak üçin ulanýar. Nuhuň ogullarynyň biri bilen hem edil şu waka bolup geçdi.

## DOGRY, ÝÖNE ÝALŇYŞ

Silden soň Nuh topragy ösdürip ýetişdirip başlady we üzümçilik ekdi. Günleriň birinde aşa köp şerap içip, ol çadyryna gaýdyp geldi we serhoş bolup ähli eşiklerini çykaryp, uklap galdy.

Ogullarynyň iň kiçisi Ham Nuhuň çadyryna girdi we kakasynyň ýalaňaçdygyny görüp, doganlary Sam we Ýafese bu barada gürrüň

berdi. Ol muny «diňe maşgalasyna» aýtdy. Belki-de, ol: «Ýigitler, kakamyz serhoş bolup, ejesiniň dünýä indirişi ýaly ýatyr!» diýendir, ýa-da has beteri, belki-de, ol doganlaryny ruhy ýolbaşçysynyň ýalaňaç ýatyşyny görmäge çagyrandyr.

Sam we Ýafes onuň sözlerini eşidip, geýim alyp, ony omuzlaryna atdylar we ýeňseleýin ýöräp baryp, kakalaryny geýindirdiler. Olar ýüzlerini başga tarapa öwrüp, kakalarynyň ýalaňaçlygyny görmediler. Nuh serhoşlygyndan açylansoň, körpe ogly Hamyň özüne näme edendigini bildi. Onuň aýdanlaryny diňläň:

> «Kengana nälet siňsin, ol doganlarynyň elinde, gullaryň guly bolsun. Samyň Hudaýy Rebbe alkyş bolsun! Kengan Sama gul bolsun. Hudaý Ýafesi örňetsin, Ýafesiň nesilleri Samlaryň çadyrlarynda ýaşasyn, Kengan Ýafese gul bolsun» (Gelip çykyş 9:25-27).

Bu kitabyň başynda biz Hudaýyň ygtyýaryna boýun bolmazlygyň netijelerini ara alyp maslahatlaşypdyk. Bilgeşleýin gozgalaň edip başlaýanlar nälet astyna düşýärler. Ham bu hakykaty kyn ýol bilen öwrendi. Ol Nuha hormat goýmady we şeýlelik bilen kakasynyň Hudaý tarapyndan berlen ygtyýaryna hormatsyzlygyny görkezdi. Bu Hamyň nesillerine nälet getirdi. Nuhuň serhoşlygy ýatdan çykarylanda, Hamyň eden etmişi onuň üçin agyr netijelere sebäp bolandygyny belläp geçmelidiris.

Nuhuň ahlaksyz hereketi onuň üç ogluny synagdan geçirdi we olaryň içki keşplerini açdy. Biri samsyk we pitneçi, beýleki ikisi hormat goýujy we rehimli bolup çykdy. Nuh serhoş bolup, iň gowy görelde görkezmedi, ýöne onuň özüni alyp barşynyň üstünde onuň tabynlygyndakylar däl-de, Reb işlemelidi. Iki ogly muňa düşündiler we oňa hormat goýmagyny dowam etdirdiler. Üçünjisi bolsa kakasyny kemsitdi we şeýdip, Nuhuň üstüne düşmeli gargyşy öz başyna getirdi.

Sam we Ýafes hatda kakalarynyň günäsine seretjek hem

bolmadylar, gaýtam olar beýlekileriň (aýallaryň we çagalaryň) ony beýle ýagdaýda görmegini islemediler, şonuň üçin hem kakasyny eşik bilen ýapdylar. Kakalarynyň eýeleýän ornuna hormat goýmak bilen, olar onuň ornuny we öz ýüreklerini goradylar. Ham bolsa Nuhuň üstünden güldi, belki-de ýolbaşçy bolmak ukybyny abraýdan düşürjek boldy. Bu Hama kakasynyň öz ygtyýarlygyny ulananynda oňa boýun egmezlik üçin özüni aklamaga mümkinçilik bererdi. Bu ýüreginde boýun egmezlik bolan islendik adama degişlidir. Ygtyýarlyklary abraýdan düşürmek bilen olar özlerini boýun bolmakdan azat diýip hasap edýärler. Ýüreklerindäki ähli çäklendirmeleri aýyrýarlar.

Öz «şöhrat galereýasynda» (Ýewreýler 11) Hudaý Nuhuň imany we tabynlygy bilen öwünýär, ýöne biz Hamy ol ýerde tapyp bilmeris. Hamyňky dogrudymy? Eýsem Nuh serhoş we ýalaňaç dälmidi? Hawa, Ham ýüz göterim takykdy, ýöne ol umuman bimamlady. Ynsan sebäpleri onuň hereketlerini aklardy; ol diňe bir gören zatlaryny gaýtalady; ol ýöne bir «dogruçyl» bolmaga çalyşdy. Emma boýun bolmak we hormat goýmak ýörelgeleri başgaça zatlary görkezýär. Sam we Ýafes kakasyna hormat goýdular we ýalkanyş aldylar.

Ham ýaly köp adamlar öz ýolbaşçylary hakynda hakyky maglumatlary berýärler, emma şonda-da Hudaýyň nazarynda olar ýalňyşýarlar: olar ýakynyndakyny masgara edýärler we ýalkanyşy ýitirýärler. Öz düşünjelerine we pikirlerine esaslanýanlygy sebäpli olar akmak hereket edýärler. Olara Dawudyň, Samyň we Ýafesiň ýüregi ýetmezçilik edýär. Haçanda Şawul doly ýykylanynda, Dawut ýas tutdy we şuny yglan etdi:

*Gatlylara aýtmaň muny, Aşkelonyň köçelerinde ýaýmaň*. Ýogsam piliştlileriň gyzlary joşar, sünnetsizleriň gyzlary heşelle kakar. ... Söýgülidi, ezizdi Şawul bilen Ýonatan. Dirilikde, ölümde olar jyda düşmedi. Çalasyndylar bürgütden, güýçlüdiler arslandan. *Eý, Ysraýyl gyzlary, aglaň*, *Şawul üçin aglaň!* Al-elwan geýdiren üçin, geýimiňizi

zer bilen nagyşlan üçin aglaň! (2 Şamuwel 1:20, 23-24, *awtor tarapyndan bellenen).*

Dawut bu hökümdar tarapyndan köp yzarlanmalara sezewar boldy. Onuň bilen bolup geçen wakalar we dünýewi pikirlenme onuň begenip, ýeňşi yglan etmegine sebäp bolup bilerdi, emma Dawut ygtyýarlyga hormat goýmak ýörelgelerine laýyklykda ýaşaýandygyny ýene bir gezek subut etdi. Onuň durmuşy gol astyndaky adamlar üçin görelde boldy. Netijede, ol beýik patyşa boldy. Ýolbaşçyny hormatlaýanlar uly ygtyýarlyk gazanýarlar we hormat olara eýerýär. Olar Rebden ýalkanyş alýarlar. Häkimiýetlere töhmet atýanlar ýa-da oňa ýüzleý çemeleşýänler töweregine hormatsyzlygy ýaýradýarlar we özlerine hökümi çekýärler.

## ÖZÜŇÇE HÖKÜM ETMEK

Berlen ygtyýarlyk baradaky esasy aýadymyza ýene bir gezek seredeliň:

> Her bir ynsan öz üstünden höküm sürýän häkimiýete tabyn bolsun, sebäbi Hudaý tarapyndan bolmadyk häkimiýet ýokdur. Höküm sürýän häkimiýetler Hudaý tarapyndan bellenendir. Şoňa görä, häkimiýete garşy çykýan her kes Hudaýa garşy çykyp, jeza duçar bolar (Rimliler 13:1, 2).

Häkimiýetlere garşy çykýanlara höküm gelýär. Ygtyýarlyga degiň we siz Hudaýa degersiňiz. Gullugyma başlamazdan ozal, men iki sany halkara missiýa gatnaşdym. Men ýolbaşçylara garşy çykmaklarynyň netijesinde adamlaryň ýokary hüküme sezewar bolandyklarynyň şaýady boldum. Ol her dürli görnüşde geldi, ýöne hiç kim ondan gaçyp gutulyp bilmedi. Esasanam, bu haçanda işçiler öz ýerlerinden çykanlarynda has-da göze ilýärdi. Ýolbaşçynyň näderejede nädogry bolanynyň parhy ýok, eger olar ony tankytlan ýa-da töhmet atan bolsalar, eger olar ajy çeşmeden

içseler, onda ahyrsoňunda özlerine uly kynçylyklary döredýärdiler. Käbirleri üçin bu maliýe; beýlekiler üçin – iş; üçünjileri üçin – saglyk ýagdaýlary; dördünjileri üçin – çagalar bilen baglanyşykly meseleler; bäşinjilerinde maşgala meseleleri boldy. Bu sanawy tükeniksiz dowam edip bolar, ýöne ruhy ýolbeletlerine hormat goýmaýanlaryň durmuşynda duýdansyz kynçylyklaryň peýda bolmagy äşgärdi.

Men özlerine ýalňyş daralandygy sebäpli giden, ýöne kiçigöwünlilik ruhuny saklan köp adamlara şaýat boldum. Olar öňki iş berijilerine garşy gürlemekden ýa-da beýlekileri diňlemekden ýüz öwürdiler; munuň ýerine, olara ak pata berdiler we her gezek olar ýatlanylanda olar barada hormat bilen gürlediler. Bu adamlar olaryň gözbaşynyň Hudaýdygyny bilýärdiler. Ol olaryň aladasyny eder we Onuň islän wagtynda olary beýgelder. Men başga ýerlerde olaryň bizden has gowy orunlary eýeländiklerini gördüm. Olaryň käbiri bilen hatda on iki ýyldan soň meniň ýolum ýene-de kesişdi we men olaryň durmuşlarynyň ýalkanandygyna göz ýetirdim.

Özüňde pespäl ruhy nädip saklap bolar? Isa bu syry bize aýan etdi: «Emma Men size diýýärin: duşmanlaryňyzy söýüň, özüňizi yzarlaýanlar üçin doga-dileg ediň. Özüňize gargaýanlar üçin ýagşylyk diläň, özüňizi ýigrenýänlere ýagşylyk ediň, özüňizi ynjadýanlar, yzarlaýanlar üçin Hudaýa doga okaň» (Matta 5:44). Ol bize azar berýän ýa-da sütem edýänler üçin doga etmelidigimizi aýtdy. Şeýle etmek bilen, biz ýüregimiziň sagalmagyna ýol berýäris we tankydyň we ajylygyň öňüni alýarys.

## YGTYÝARLYGA GARŞY PEŞGEŞ

Mukaddes Ýazgynyň we durmuş tejribesiniň üsti bilen, men häkimiýete garşy gürleýänleriň özlerine höküm çagyrýandyklary barada tassyknama aldym. Merýem bilen Haruny ýada salalyň: «Merýem bilen Harun Musanyň efiopiýaly aýala öýlenendigi üçin ýazgardylar» (Çölde 12:1).

Ilki bilen Merýem bilen Harunyň kimdigine seredeliň. Merýem Musanyň aýal doganydy. Onuň uly aýal dogany bolandygyna üns beriň. Hudaý oňa pygamber diýip at berdi (Müsürden çykyş 15:20). Harun Musanyň uly dogany we baş ruhanydy. Şeýlelikde, biz belli bir wezipäni eýelän we meşhur bolan iki adam hakynda gürleýäris.

Olar Musany Ybraýymyň neslinden bolmadyk efiopiýaly aýal bilen durmuş gurandygy üçin tankytladylar; ol aýal onuň ähtiniň agzasy däldi.

Merýem we Harun, Musanyň afrikaly bir aýala öýlenip, günä edendigine ýa-da iň bolmanda nädogry karara gelendigine ynanýardylar. Bu onuň ýolbaşçy bolandygy üçin has-da biynjalyk edýärdi. Olaryň pikiri dogrumydy? Eger kanuna laýyklykda seretseň, onda hawa, bu şeýle görünýär. Hudaý Ysraýyl ogullarynyň diňe öz taýpalarynyň gyzlaryna öýlenmekleri baradaky Öz islegini düşnükli aýdypdy. Ol başga ýurtly aýallaryň olaryň ýüreklerini başga ýurtlaryň taňrylaryna öwürjekdiklerini duýdurypdy. Bu tabşyryk Kanun taglymatynda berlipdi. Şonuň üçin hem Musanyň keseki ýurtly bilen durmuş gurmagy käbir gapma-garşylyklary ýüze çykardy. Belki-de, olar Musanyň adamlara güýçli täsiriniň bardygyna we özüni beýle alyp barmaga hukugynyň ýokdugyna ynanandyrlar. (Üns beriň, bu gün bizde diňe bir tabşyryk bar: imansyzlar bilen durmuş gurmazlyk. Bu eýýäm ganyň arassalygynyň meselesi däl-de, ruhy degişlilik meselesi (Galatýalylar 3:28-e seret). Täze Ähte laýyklykda iki dürli milletden bolan adamlar päsgelçiliksiz durmuş gurup bilerler.)

Şeýlelik bilen, Merýem we Harun baha bermekde dogrudylar, ýöne şol bir wagtyň özünde edil Ham ýaly, olar hem bimamladylar! Musa olaryň ýolbaşçysydy we oňa bolan islendik tankytlama düzgünleri bozmaklykdy. Uly erkek we aýal dogan hökmünde olar bu meseläni maşgala agzalarynyň arasynda ara alyp maslahatlaşyp bilerdiler, ýöne adamlaryň arasynda gybat ýaýratmak ýa-da ýygnakda onuň özüni alyp barşyny ara alyp maslahatlaşmak şübhesiz günädi.

Ýolbaşçysyna garşy çykmaga olara näme sebäp boldy? Munuň jogabyny biz indiki aýatda taparys: Olar: «Reb diňe bir Musa bilen gepleşmän, biziň bilenem gepleşdi ahyryn» diýdiler. Reb olaryň bu diýenlerini eşitdi (Çölde 12:2).

Hudaý olaryň üsti bilen gürleşmedimi? Şübhesiz. Hudaý Harun babatda orator we pygamber diýipdi. Harun faraona Hudaýyň habarlaryny beripdi. Şeýle hem, Hudaý Meryemi şu güne çenli Mukaddes Ýazgylarda saklanyp galan pygamberlik mezmuryny aýtmak üçin ulandy. Elbetde, olaryň ruhy peşgeşleri bardy. Ýöne şonda-da, olaryň ýalňyşlygy ruhy peşgeşleri ygtyýarlyk ýörelgelerinden ýokary tutmaklaryndady. Musanyň günä edendigi sebäpli we özleriniň günä etmändikleri we Hudaý tarapyndan deň derejede ulanylandygy sebäpli, olar indi Musanyň olaryň ruhy ýolbaşçysy däldigine karar berdiler. Olar ruhy peşgeşlerini Rebbiň öz üstlerinden goýan ygtyýaryndan ýokary goýmaga het etdiler.

Täze Ähtiň çäginde Pawlus şeýle ýazdy: «Mukaddes Ruhuň berýän peşgeşleri dürlüdir, ýöne olaryň bary şol bir Ruhdandyr» (1 Korintoslylar 12:4). Bu we beýleki aýatlar Mukaddes Ruhy peşgeşleriň gözegçisi hökmünde kesgitleýär. Bu peşgeşleriň käbiri ýolbaşçylyk ukybyny, öwretmek ukybyny, beriji, pygamber bolmak merhemetini berýär. Şypa bermek, ruhlara düşünmek we gudrat görkezmek peşgeşleri hem bar (1 Korintoslylar 12:7-10; Rimliler 12:6-8).

Pawlus sözüni dowam etdirdi: «Hyzmatlar dürli-dürlüdir, ýöne olaryň bary şol bir Reb üçindir» (1 Korintoslylar 12:5). Asyl grek dilinde «hyzmatlar» sözi *diakoniýa* sözi bilen kesgitlenýär. Taýeriň sözlügine görä, bu söz «resullaryň dolandyryş edarasyny we onuň dolandyryşyny, pygamberleri, hoşhabarçylary, ýaşululary we ş.m.» aňlatmak üçin ulanylýar. Ýönekeý sözler bilen aýdylanda, bu söz ybadathananyň içindäki ruhy ygtyýarlyklaryň başisini suratlandyrýar. Şol aýatdan biz Reb Isanyň bu edaralaryň hemmesiniň ýokarsyndadygyny öwrenýäris. Muny başga bir aýat

hem tassyklaýar. Mesih direlenden soň, Pawlus şeýle ýazdy: «Ine, Mesihiň Özi käbirlerini resul, käbirlerini pygamber, başga birilerini Hoş Habarçy, öwrediji, beýleki birlerini ýygnagyň çopanlary edip belledi. Olaryň wezipesi Hudaýyň halkyny Oňa hyzmat etmäge taýýarlamakdan we Mesihiň bedeni bolan imanlylar ýygnagyny berkitmekden ybaratdyr» (Efesliler 4:11, 12).

Patyşalygyň ygtyýary peşgeşler bilen däl-de, bu gulluklar arkaly ýaýradylýar, sebäbi ähli ygtyýarlyk Isa direlenden soň Onuň Atasy tarapyndan berildi (Matta 28:18). Isa hem öz gezeginde ýokarda Efeslilerden getirilen aýatda ýazylyşy ýaly bu bäş gullugy bize berdi. Şonuň üçin hem Onuň ygtyýarlygy bellenen edaralaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Biz islendik adamyň ruhy çopandan ruhy taýdan has zehinli bolup biljekdigini, ýöne bu gulluklarda ýolbaşçylyk wezipesini eýeleýän ruhy çopanyň şol adamdan ýokarydygyny ýatdan çykarmaly däldiris.

Bir ruhy çopanyň kömekçisiniň wagyz edijilik we welilik peşgeşleri bardy. Hudaýyň onuň durmuşyndaky beren peşgeşi şeýle bir aç-açan görünýärdi welin, ol nirede wagyz etse-de, zallar elmydama adamlardan dolýardy. Hepdede bir gezek ol doga ýygnagyny alyp barýardy we ol ýere hem köp adam gelýärdi.

Ol näçe meşhur boldugysaýyn, şonça-da ýygnagyň syýasatlaryny we uly ruhy çopanyň özüni erkin tankytlap başlady. Ruhy çopanyň alyp barýan syýasatlarynyň Mukaddes Ruhuň hereketini çäklendirýändigini aýtdy we bu pikirleri töweregindäkiler bilen paýlaşdy. Onuň tankydy garaýşy başga bir kömekçi ruhy çopana hem geçdi. Biraz wagt geçensoň, olar bilelikde doga gullugyna ýolbaşçylyk edip başladylar. Bir gün şonuň ýaly gulluklaryň birinde ruhy çopan tomaşaçylaryň yzky hatarlaryna bildirmän geçdi we iki kömekçisiniň ol duşuşygy etme diýip haýyş edişinden doly tersine alyp barýandyklaryny gördi. Ybadathana, şäher, halas edilmedikler üçin töwella etmegiň ýerine, olar adamlary başga

doga-dileg görnüşlerine alyp bardylar we haçanda adamlar olaryň hereketleriniň dogrulygyna şübhe bildirip başlanlarynda, bu kömekçiler olary ýazgardylar. Adamlar bulaşypdylar.

Bu adamlaryň ikisi-de zehinli gullukçylardy, ýöne olar ýygnak ýolbaşçysyna boýun egmändiler. Olaryň eden etmişleriniň çynlakaýlygy, Rebbiň olary adamlara pygamberlik etmekde we gullukda ulanmagyndady. Eger bu kimdir biriniň dogrudygyny ýa-da däldigini kesgitlemek üçin biziň standartymyz bolsa, onda Merýem we Harun ýaly biz hem aňsatlyk bilen gozgalaň turuzarys. Hudaýyň mesh ýagy Hudaýyň halky üçin berilýär, ýöne ol hiç haçan gullukçylaryň sözlerini we ýaşaýyş durmuşyny bahalandyrmak üçin berilmeýär.

## HÖKÜM ARKALY BOÝUN BOLMAKLYGY ÖWRENMEK

Musa juda kiçigöwünli adamdy, beýle adam ýer ýüzünde başga ýokdy. Birdenkä Reb Musa, Haruna we Merýeme: «Üçiňizem Maňa ýüz tutulýan çadyra geliň» diýdi. Onsoň olaryň üçüsi-de ol ýere gitdiler (Çölde 12:3, 4).

Bu aýatdan, biz Hudaýyň göwnünden turýan ýolbaşçylar üçin häsiýet talaplarynyň biriniň ýumşaklykdygyny öwrenýäris. Musa ýerdäki iň kiçigöwünli adamdy. Emma Merýem bilen Harun bu hakynda beýle pikir etmeýärdiler. Olaryň Musany häsiýetlendirmeleri başgaça bolardy: «*Ol mynasyp bolanyndan birnäçe esse köp aldy».*

Reb birden olaryň üçüsindenem ýüz tutulýan çadyryna gelmegini haýyş etdi. Höküm köplenç garaşylmadyk ýagdaýda gelýär. Olar gidenlerinde, Merýemiň Haruna şeýle sözler bilen baş atan bolmagy gaty ähtimal: «Taýýar bol. Musa keseki aýala öýlenip bagtyny ýatyrdy. Özüňi alyp barşyňda dogruçyl bolanyň üçin Hudaý seni ýolbaşçy etmek isleýär». Şeýle netijeler, ygtyýarlyga garşylyk görkezip, aldaw hüjümine açylan pursatymyzda ýüze çykýar.

Elbetde, ondan soňky waka olaryň garaşýan zadyna gabat gelmedi. Hudaý Harun bilen Merýemi öňe çykmaga çagyrdy. Ol bütin öýüni Musa tabşyrandygyny we onuň bilen syrly däl-de, açyk, ýüzbe-ýüz gepleşendigini olara ýatlatdy. Soňra Reb olara bir sorag berdi: «Siz nädip gulum Musanyň ýüzüne gelmäge gorkmadyňyz?» (8-nji aýat). Haçanda biz bir ýolbaşçyny ýazgaranymyzda ýa-da tankyt edenimizde, biz Rebden gorkmaýandygymyzy görkezýäris. Şonda näme bolýandygyna serediň: «Olara garşy Rebbiň gahary tutaşdy we Reb ol ýerden gitdi. Bulut çadyryň depesinden syrylanda, Merýem deri keseline uçrap, ak gar ýaly pis açdy. Harun Merýeme tarap seredip, onuň deri keseline uçrandygyny gördi» (Çölde 12:9, 10).

Ygtyýarlyga garşy durmak bilen, biz Hudaýyň barlygynyň bizden ýitip gitmeginden we soňra haýsydyr bir keseliň gelmeginden ybarat bolup biljek höküme uçraýarys. Ýokarda agzalan ruhy çopanlara gaýdyp gelsem, ondan soň azajyk wagt geçdi we olaryň ikisem ýygnagy terk etdiler. Olaryň birini gullukdan aýyrdylar, ikinjisiniň özi işden çykdy. Biri gapdalymyzda sany hiç haçan ýüz adamdan geçmeýän kiçijik ýygnak açdy. Haçanda çopanyň kömekçisi bolup işläninde, onuň ýolbaşçylygynda alty ýüzden gowrak adam bardy. Ol gideninden tiz wagtdan soň maşgala betbagtçylygyny başdan geçirdi. Başga bir kömekçi şäheri terk edip, täze işinde nähilidir bir üstünlik gazandy, ýöne ony ýalňyzlyk duýgusy we töweregindäkilere ynamsyz etmek duýgusy henizem terk etmedi.

Höküm çykan badyna Harun derrew özi we Merýem üçin toba edip, Hudaýa ýalbardy. Hudaý olary bagyşlady, ýöne Merýeme ýedi günläp jemgyýetden üzňeleşmegi buýurdy. Köp sorag galýar: mysal üçin, näme üçin diňe Merýem jezalandyryldy, Harun bolsa zepersiz galdy. Munuň bir sebäbi, Merýemiň Haruna garanyňda dil üsti hüjümlerinde has hyjuwly bolmagy bolup biler. Başga bir çaklama, aýal hökmünde Merýemiň beýle äheňde gürlemegi laýyk däldi; mundan başga-

da, ol hiç hili möhüm wezipäni eýelemeýärdi. Başga bir sebäp, baş ruhany Harunyň ýag çalnyp mesh edilendigi we onuň öz ýerinde zerur bolandygy bolup biler. Sebäbine garamazdan, bu waka Hudaýyň boýun egmezlige nähili çynlakaý garaýandygyny görkezýär.

Ruhy ygtyýara garşy duranymyz üçin berilýän höküm köplenç bize öwrenmek we ösmek üçin mümkinçilikdir. Şeýle ýagdaýlarda toba eden adamlar ybadathananyň iň wepaly adamlaryna öwrülýärler. Garşylyk elmydama erbet ýürekden çykmaýar; köplenç ol nadanlykdan döreýär. Muňa akyl ýetirenimizde, onuň yzy bilen derrew toba gelýär. Käwagt bu birneme wagt alýar, sebäbi käbir adamlar Hudaýa garşy çykmakdan gelýän agyrylara has çydamlydyrlar.

Merýemiň şol ýedi günlük masgaraçylygyny ömrüniň ahyryna çenli ýatda saklajakdygyna ynanýaryn. Mundan beýläk onda beýle hereketleri görmedik; şeýle-de bolsa, Merýem we Harunyň edişi ýaly, her kim özüni düzedip, ýalňyşlyklaryndan sapak almaýar. Şol ýygnakdaky käbir adamlar soňra Hudaýyň bellän ygtyýarlygyna garşy çykdylar. Toba etmedik ýürekleri sebäpli olar baky höküme sezewar boldular.

## NÄME ÜÇIN SIZ ÖZÜŇIZI BEÝLEKILERDEN ÝOKARDA GOÝÝARSYŇYZ?

Jemagatdan üç adam – lewi tiresiniň kohat urugyndan bolan Ýisharyň ogly Kora, ruben tiresinden Eliýabyň ogullary Datan bilen Abyram dagy Musa garşy baş göterdiler. Olar jemagatdan saýlanyp, halk baştutanlary bolan atly-abraýly ysraýyllaryň iki ýüz ellisini ýanlaryna aldylar. Olar Musa bilen Harunyň garşysyna ýygnanyp: «Siz juda öte geçdiňiz! Bütin halk, her bir kişi mukaddesdir, Reb hem olaryň arasyndadyr. Şonda-da siz özüňizi näme üçin Rebbiň jemagatyndan ýokary tutýarsyňyz?» diýdiler (Çölde 16:3).

Ýönekeý sözler bilen aýdylanda, Musanyň we Harunyň ýolbaşçylygyndaky bu adamlar: «Eý, ýigitler, siz özüňizi kim

hasaplaýarsyňyz? Özüňizi ýolbaşçy diýip atlandyrýarsyňyz. Biziň hemmämiz Hudaýyň halky we siziň buýrugyňyz bolmazdan hem Oňa boýun bolup bilýäris» diýdiler. Muny eýýäm bir ýerde eşidipdik, şeýle dälmi? Şeýle sözler bilen bolmasa-da, elbetde köplenç özüňi alyp baryşda ýa-da has öwrümli jümlelerde şuňa meňzeş habar berilýär, ýöne ruh şol bir bolmagynda galýar. Olaryň: «Biziň hemmämiz deňdiris» ýa-da «Biz doganlar» ýa-da «Biziň hemmämizde Mukaddes Ruh bar, biz näme üçin olaryň ýolbaşçylygyna boýun bolmaly?» diýýänlerini göz öňüne getirip bilersiňiz. Bu adamlar, edil beýlekiler ýaly Rebbi eşidip biljekdigine ynanýardylar.

Ybadathanada şägirtlik diýilýän hereket 1970-nji ýyllarda gözegçilikden çykypdy we üstesine-de ýolbaşçylara boýun bolmak sagdyn manysyny ýitiripdi. Adamlar ruhy çopanlara dynç alyşa gitmelimi ýa-da ýokmy, maşyn ýa-da başga bir zat satyn almalymy, bu ýa-da şol adama durmuşa çykmalymy ýa-da ýokmy diýip soraýardylar. Men bu wakalara gatnaşmandym, şonuň üçin hem onuň hakykatdan näderejede bolandygyny takyk aýdyp biljek däl, ýöne olara gatnaşan adamlar ahyrynda hemme zadyň Mukaddes Ýazgynyň çäginden çykandygyny aýtdylar.

Bu hereket we ýolbaşçylykdan hyýanatçylykly peýdalanylmagy beýleki aşa erbet ýagdaýlaryň peýda bolmagyna sebäp boldy. Ruhy ygtyýarlygyň nädogry ulanylandygy sebäpli adamlar oňa üns bermezlik kararyna geldiler. Bu özleri üçin köplenç birkemsiz ruhy çopany tapyp bilmedikleri sebäpli öz doga ýygnaklaryny geçirip, ybadathanalaryny açýan, ýygnakdan ýygnaga, denominasiýadan denominasiýa ylgaýan, käbir erkin suratçylaryň we ruhy garyp adamlaryň döremegine sebäp boldy. Bu pikirleniş, Pawlusyň bize duýduryş beren gizlin kanunsyzlyk ygtyýarlygynyň ýaýramagyna öz goşandyny goşdy.

Musanyň garşysyna çykan adamlar ýaňy-ýakynda hem faraonyň rehimsiz hökümdarlygy astyndadylar. Soňra ygtyýary şonuňky ýaly aşa görünýän Musa geldi, ýöne başga manyda. Kämahallar

ol sebäpli olarda faraonyň golastyndaky wagtlaryndan has uly kynçylyklar döreýärdi. Mümkin, olar Müsürden çykyp, faraon bilen hoşlaşanlaryndan soň, indi Musa bize gerek däl diýip pikir edendirler. Olar ygtyýarlyklara boýun bolmakdan bizar boldular. Indi her kim islän ýerine gidip bilerdi. Galyberse-de, olar Hudaýa degişlidi we ýolbaşçylar diňe gerekmejek kynçylyklary döredýärdiler, şonuň üçin hem birnäçe adam ýygnanyp, Musanyň garşysyna çykdylar.

Öz syýahatymyň dowamynda men şeýle çykyşlara köp şaýat boldum. Ybadathanadaky telekeçiler, rehim-şepagat soraýan doga toparlary, maslahat geňeşleri we beýleki toparlar ruhy çopanlara garşy birleşýärdiler. Olaryň pikiriçe, olar Hudaýy eşidip bilýärdiler, emma ruhy çopan bolsa kerdi. Käşgä olar içlerinde nähili ruhuň bardygyny bir bilsediler.

## RUHY YGTYÝARLYK BELLENILÝÄR

Öň hem aýdyşym ýaly, ösen Günbatar siwilizasiýasynyň raýatlaryna köplenç Patyşalygyň ýörelgelerini özleşdirmek kyn düşýär. Biz Patyşalykdan düýpgöter tapawutlanýan erkin bazar ykdysadyýeti bolan demokratik jemgyýetde ýaşaýarys. Patyşalykda dogluş hukugy bilen bellenen bir patyşa bar. Demokratiýada hökümet halk tarapyndan saýlanýar. Erkin kärhana ulgamynda ýolbaşçylyk, ygtyýarlyga bolan ymtylmasyndan başga-da puly, başarnygy, täsiri ýa-da zehini bolanlara berilýär. Ýöne Hudaýyň Patyşalygynda ýolbaşçylar beýle bellenilmeýär.

Isanyň Özi gulluk bölümlerini belleýär. Rebden başga hiç kim kimdir birini haýsydyr bir wezipä goýup bilmez, Ol bolsa ony Hudaýyň Ruhy bilen edýär. Haçanda Hudaý bellemezinden biz ygtyýar alsak, onda öz-özümizi beýgeldýäris. Bu çagyrylan, ýöne entek bellenmedikleri hem öz içine alýar. Pawlus duýduryş berdi: «Özüme berlen merhemetden peýdalanyp, siziň hemmäňize şulary diýýärin: *özüňize* ýokary baha bermäň» (Rimliler 12:3).

Ýewreýlere hatyň ýazyjysy adamyň ýolbaşçylyk wezipesini alyp bilmejekdigini tassyklady: «Hiç kim baş ruhany bolmak hormatyny özi gazanyp bilmez». Öňki aýatlarda onuň bellenmelidigi aýdyň görkezilýär. Habaryň awtory sözüni şeýle dowam etdirýär: «Şonuň üçin Mesih hem Baş Ruhany bolmak üçin Özüni Özi şöhratlandyrmady» (Ýewreýler 5:4, 5). Hatda Isa hem özbaşdak ýolbaşçylyk wezipesini almady, Ony Atasy belledi.

Pawlusyň özi hakynda näme diýendigine gulak asyň: «Isa Mesihiň guly we resullyga çagyrylyp, Hudaýyň Hoş Habaryny wagyz etmäge saýlanan» (Rimliler 1:1). Ol *çagyrylan*, soň bolsa *saýlanan* diýdi. Halas bolanynda resul edilip goýulmasa-da, Pawlus dünýä döräli bäri resul diýip atlandyryldy. Ondan öň Antakiýadaky ýygnak ýolbaşçylaryna tabyn bolanynda, ol synag döwründen geçdi. Bu birnäçe ýyl dowam etdi. Öz tejribesine esaslanyp, ol ýolbaşçylara şu aşakdaky görkezmeleri ýazdy: «Ýygnagyň hyzmatçylary bellenilmezden öňürti synalsyn. Eger müýnsüz bolup çyksalar, *goý*, hyzmat edibersinler» (1 Timoteos 3:10).

Pawlusyň durmuşy biziň üçin Mukaddes Kitap nusgasyna öwrüldi. Kömek gullugynda wepalylyk synagyndan geçip, ol mugallymyň derejesine çykdy (2 Timoteos 1:11; Resullaryň işleri 13:1). Hudaýyň gulluk tertibi we gullukçylaryň wezipeleri aşakdaky aýatda aýan bolýar: «Hudaý ýygnaga ilki bilen resullary, soňra pygamberleri, üçünji edip öwredijileri belledi. Soňra ... şypa berýänleri, ýardam berýänleri» (1 Korintoslylar 12:28).

Pawlus diňe bir kömek gullugynda däl, eýsem mugallym hökmünde hem synagdan geçirildi. Biz mugallym Pawlus resul bolanynda Hudaýyň gullukçylaryny has ýokary derejä çykarmak boýunça Onuň tertibini ýene-de bir gezek görýäris: «Antiýohdaky imanlylar ýygnagynda pygamberler we mugallymlar bardy. Olar Barnap, Garaýagyz lakamly Şimgon, kirineýli Lukiý, hökümdar Hirod bilen bile ösen Manahen we Şawul dagydy» (Resullaryň

işleri 13:1). Soňlugy bilen Pawlus diýlip atlandyrylan Şawul bu ýerde Antakiýadaky ýygnakdaky mugallymlaryň we pygamberleriň hataryna goşuldy. Timoteosa iberilen birinji hatdan (2:11) biz onuň pygamberlerden däl-de, mugallymlardan biridigini öwrenýäris. Okamagy dowam etdirenimizde, biz onuň: Bular Rebbe ybadat edip, agyz bekleýärkäler, Mukaddes Ruh: «Barnap bilen Şawuly Maňa bagyş ediň, goý, olar Meniň tabşyran işimi berjaý etsinler» diýendigini öwrenýäris (Resullaryň işleri 13:2).

Mukaddes Ruh: «Indi Maňa bagyş ediň» diýdi. Wagt geldi. Hemme zat bir hepde öň ýa-da soň däl-de, hut şu wagtdy! Reb bagyş edilmeli möhleti we adamlary kesgitledi. Köp ýyllaryň dowamynda Pawlus durmuşynda resullyga çagyryşyň bardygyna ynanýardy. Bu Damaska barýan ýolundaky duşuşygyndan üç gün soň aýan boldy (Resullaryň işleri 9:15). Indi Isa köp ýyl ozal çagyran birini aýyrdy. Bu aralykda Pawlus özbaşdak öňe gitmäge synanyşman, wepalylyk bilen gulluk etdi.

Reb Pawlusyň wepalylyk bilen işlän ýygnagynyň bellenen ýolbaşçylaryny ulandy. Ýaşulular hem edil şonuň ýaly bellenýärdi. Biz yzyny okalyň: «Şeýlelikde, olar agyz bekläp, doga-dileg etdiler we ellerini olaryň üstüne goýup, Barnap bilen Şawuly ýola saldylar. Mukaddes Ruh tarapyndan ýollananlar geldiler..» (Resullaryň işleri 13:3, 4).

«Olary iberendiklerine» üns beriň. Pawlus we Barnap bellenen ýolbaşçylar hökmünde iberilipdi. Indiki aýada serediň: «Bular Mukaddes Ruh tarapyndan iberildi». Pawlus we Barnap Isa tarapyndan Mukaddes Ruh arkaly ýygnagyň bellenen ýolbaşçylarynyň üsti bilen bellendi we aýryldy. Jemläp aýtsak, Isa muny degişli ygtyýarlyklar zynjyry arkaly etdi.

Isa onuň üçin Antakiýanyň pygamberlik rehim-şepagat soraýan doga toparyny ulanmady ýa-da Pawlus bilen Barnaby başga bir şäherdäki pygamberlik ýygnagyna ýa-da şol şäherdäki olaryň degişli bolmadyk başga bir ybadathanasyna ibermedi. Şeýle hem, onuň üçin

Ol ýygnakdan ýörite ruhy peşgeşleri bolan kimdir birlerini ulanmady.

Reb Antakiýadaky ýygnak arkaly döreden ygtyýaryny ulandy. Şonuň üçin Hudaý şeýle duýdurdy: «Hiç kimiň başyna el goýup, ony hyzmata bellemäge howlukma» diýip duýduryş berdi (1 Timoteos 5:22). Ýolbaşçylar ýygnakda hyzmat edýänleriň wepalylygyny gözegçilikde saklaýarlar, şonuň üçin Hudaý belli bir adamy bellemek üçin olaryň ýüreklerine gürläninde, olar bu buýrugyň Rebden gelýändigine ynanýarlar. Bu Täze Äht ýygnagynda imanlylary ýolbaşçy wezipelere bellemekde Hudaýyň usulydyr.

## WAGTYNDAN ÖŇ ÇAGYRYŞ

Musa çagyrylypdy we muny çagalykdan bilýärdi.

Musa kyrk ýaşyna ýetende, öz ildeşleri bolan ysraýyl halkynyň arasyna görme-görşe gitmegi ýüregine düwdi. Müsürlilerden biriniň ysraýyl halkyndan birine azar berýändigini görende, Musa oňa arka durdy. Ol müsürlini öldürip, ysraýyllynyň aryny aldy. Hudaý halkymy meniň üstüm bilen azat etmekçi, halkym muňa düşüner diýip, ol pikir etdi, emma olar muňa düşünmediler. Ertesi gün Musa iki ysraýylly adamyň dawalaşyp duranyny gördi we ýanlaryna baryp, olary ýaraşdyrmaga synanyşdy. Olara: «Eý, adamlar, siz dogan ahyry! Näme üçin biri-biriňize azar berýärsiňiz?» diýdi. Emma öz ildeşine azar berýän adam ony itekläp: «Kim seni bize hökümdar ýa-da kazy edip goýdy?» diýdi (Resullaryň işleri 7:23-27).

Onuň ýolbaşçylyk etmeli adamlary onuň ygtyýaryny ykrar etmediler. Käbirleri edil Koranyň, Datanyň we Abyramyň soňraky aýdan sözlerini aýtdylar: «Kim seni bize hökümdar ýa-da kazy edip goýdy?» Ýöne näme üçindir ol adam özünde hiç hili erbet netijäni başdan geçirmedi. Onuň sebäbi Musanyň entek ýolbaşçy bellenmändigidi. Çagyryş eýýäm onuň ýüregine giren hem bolsa, Hudaýyň ygtyýary entäk onda ýokdy.

Meniň pikirimçe, bu adamlaryň çölde Musa garşy şeýle

güýçli gozgalaň etmeginiň bir sebäbi, onda Hudaýyň ygtyýaryny görendikleri, ýöne ony halamandyklary sebäplidir. Oňa düşündirişi, halkyň hakykatdanam Musanyň garşysyna däl-de, Oňa garşy söweşendigi hakyndaky Hudaýyň sözleri berýär. Häzirki wagtda şeýle ýagdaýlara biz nähili ýygy-ýygydan duş gelýäris! Hudaýyň ygtyýaryna eýe bolanlar köplenç beýlekileriň garşylygyna duçar bolýarlar, sebäbi adamlar hakykatdanam ýokary ygtyýarlyga garşy durýarlar.

## ÖZ-ÖZÜŇI BELLEMEK ALDAWÇY WE HOWPLY

Haçanda Kora, Datan we Abyram Musa garşy çykanlarynda, ol eýýäm bellenen ýolbaşçydy we onuň ygtyýarynyň subutnamasy hemmelere aýandy. Şol adamlar ýalançy, özüni dogry hasaplaýan buýsanjaň adamlardy. Olaryň delilleri ýalan we howply gozgalaň görnüşdedi. Näme üçin ýalandy, sebäbi olar öz gozgalaňlary bilen Hudaýa gulluk edýändiklerine ynanýardylar. Şol iki ýüz elli ýolbaşçy özleriniň diňe Musa we Haruna garşydyklaryna ynanýardylar; emma garşylyklarynyň Rebbe hem baryp ýetýändigini asla şübhe-de etmeýärdiler, sebäbi olar Oňa gulluk etmek isleýärdiler. Olar bir ýerde büdrediler we Hudaýyň Musanyň üstündäki ygtyýaryny gözden saldylar we şeýdip oňa garşy gozgalaň üçin esas tapdylar. Bu howpludy, sebäbi beýle hereket yzy bilen köplenç agyr jezany getirýärdi. Bu Lýusiferiň ýykylyşyny takyklykda gaýtalaýardy.

Bu adamlaryň sözlerini eşidip, Musa bu zatlaryň ählisiniň arkasynda duran ruha düşündi we Rebbiň öňünde ýykyldy. Ol olar bilen jedelleşip durmady. Hudaý tarapyndan bellenenlerde Onuň ýüregi bardyr we olar hiç kime öz dogrulygyny subut edip durmazlar. Musa Hudaýy şeýle bir içgin bilýärdi welin, Rebbiň Özüniň bellän ýolbaşçylygyny tassyklajakdygyny bilýärdi. Musa şeýle diýdi:

> Ysraýyl Hudaýy sizi ysraýyl halkynyň arasyndan saýlap aldy. Siz Rebbiň mukaddes çadyrynyň hyzmatyny ederiňiz ýaly we halkyň öňünde durup olara hyzmat ederiňiz ýaly, Ol

size Özüne ýakynlaşmaga mümkinçilik berdi. Size indi şuda azmy? Ol size we siziň bütin lewi doganlaryňyza Özüne golaý barmaga rugsat beren bolsa-da, siz munuň üstesine ruhanylyk wezipesini hem talap edýärmisiňiz?! Sen ähli ýoldaşlaryň bilen bile Haruna garşy bolduň, hakykatda bolsa bu siziň Rebbe garşy boldugyňyzdyr (Çölde 16:9-11).

Olar özlerine ynanylandan has köp zada ýapyşdylar we birdenkä Hudaýa garşy dildüwşenlere öwrüldiler. Olar Hudaýyň bermedik ygtyýarlyk derejesini gözlediler. Musa olara şuny gaýtalady: «Siz — lewiler, juda öte geçdiňiz!»[12] (Çölde 16:7).

Olaryň tutanýerliliginden ýüz öwürmejekdikleri belli bolansoň, Reb Musa: «Jemagata ýetir, goý, Koranyň, Datanyň we Abyramyň çadyrlaryndan daşrak çekilsinler» diýdi. Musa ýerinden turup, Datanyň we Abyramyň ýanyna gitdi, Ysraýyl ýaşululary-da onuň yzyna düşdüler. Onsoň Musa halka ýüzlenip: «Ol azgynlaryň çadyrlarynyň golaýyna barmaň we olaryň hiç bir zadyny-da ellemäň, ýogsam olaryň günäleri zerarly sizem ýok bolarsyňyz» diýdi. Jemagat Koranyň, Datanyň we Abyramyň çadyrlaryndan uzaga çekildi. Datan bilen Abyram bolsa daş çykyp, aýallary, çagalary bilen öz çadyrlarynyň girelgesiniň öňünde durdular.

Musa şeýle diýdi:

«Bu işleriň ählisini etmegim üçin meni Rebbiň iberenini, meniň özbaşdak hereket etmeýändigimi siz şu zatlardan bilersiňiz. Eger bu adamlar hem beýlekiler ýaly öz ajalyna ölseler, onda meni Rebbiň ibermedigidir. Emma Reb entek görlüp-eşidilmedik *bir zat edäýse*, ýagny ýer darka ýarylyp, bu adamlary we olara degişli zatlaryň hemmesini ýuwutsa, olar hem diriligine ölüler dünýäsine düşseler, şonda bu adamlaryň Rebbi

12 Mukaddes Kitabyň (NKJV) iňlis dilindäki terjimesinde şeýle diýilýär: «Eý, Lewiniň ogullary, siz gaty köp zady başyňyza alýarsyňyz!» – Terjimeçiniň belligi.

> äsgermezlik edendiklerine göz ýetirersiňiz». Musa bu zatlary aýdyp gutaran badyna, olaryň astyndaky ýer darka ýaryldy... olary we maşgalalaryny — Kora degişli bolan adamlaryň we emlägiň baryny ýuwutdy. Şeýdip, olar ähli goş-golamlary bilen bile diriligine ölüler dünýäsine düşdüler. Olaryň yzyndan ýer ýapyldy we olar jemagatyň arasyndan gaýyp boldular. Olaryň töwereginde duran ähli ysraýyllar bolsa, olaryň dady-perýadyny eşidenlerinde: «Ýer bizi-de ýuwudar!» diýşip gaçdylar. Onsoň Rebden bir ot çykyp, ýakymly ysly tütetgi hödür eden iki ýüz elli kişini ýakyp ýok etdi» (Çölde 16:24-35).

Bu adamlara gelen aýylganç höküm bize iki sany möhüm oýandyryjy fakty berýär. Birinjiden, bu adamlar aslynda Hudaýa garşy çykanlarynda, henizem Oňa gulluk edýändiklerine çyn ýürekden ynanýardylar. Ikinjiden, Täze Ähtde resul Ýahuda soňky günlerdäki ýygnaklarda hem «öz bedenlerini haramlaýan, Hudaýyň hökmürowanlygyny ret edýän, gökdäki perişdelere sögýän» (8-nji aýat) şuňa meňzeş adamlaryň boljakdygyny duýdurupdy. Soňra ol sözüni dowam etdirdi: « Olaryň halyna waý! Olar Kabylyň göreldesine eýerýärler. ... Kora ýaly baş galdyrandyklary üçin heläk bolýarlar» (11-nji aýat).

## GOZGALAŇ ÝOKANÇLYDYR

Bu bapda gozgalaňyň iki aýry wakasy beýan edilýär. Birinjisi iki ýüz elli ýolbaşçy bilen Kora, Datan we Abyram bilen baglanyşyklydy. Ikinjisi, ertesi gün bütin halk Musa we Haruna garşy çykanynda bolup geçdi. Olar şeýle sözler bilen olary gurşap aldylar: «Rebbiň halkyny siz öldürdiňiz» (Çölde 16:41). Elbetde, bir gün öň gören zatlary olary haýran galdyrypdy, ýöne olaryň hemmesinde olar Musany günäkärlediler. Şol adamlaryň gozgalaňynyň täsiri şeýle bir güýçlüdi welin, hatda ähli dildüwşenleri ýuwudan ýer ýaly subutnamadan soň hem adamlar gozgalaňlarynyň ölüm

howpludygyna düşünmediler. Häzirki wagtda hem şuňa meňzeş wakalaryň ýüze çykmagy aladalandyrýar.

Adamlar Musa we Haruna garşy baş göterenlerinde, Hudaý şeýle bir gaharlandy welin, olaryň hemmesini ýok etmek isledi. Emma Musa we Harun halkyň tarapynda durdular. Netijede adamlar halas edildi; şeýle-de bolsa, düşelgä Reb tarapyndan iberilen gyrgynçylyk 14 700 adamyň ölümine sebäp boldy! Öňki günüň ýitgileri bilen deňeşdirmegiň geregi hem ýok!

Eý, Hudaýyň halky, meniň duýduryşyma gulak asyň: gozgalaň ýokançly we ölüm howpludyr. Mukaddes Kitapda Hudaý gozgalaňy *halamaýar* diýilmeýär. Mukaddes Ýazgy Hudaýyň ony *ýigrenýändigini* aýdýar. Onuň gozgalaňa bolan garaýşy ýönekeý antipatiýadan has berkdir. Gozgalaňçy Lýusiferden jennetden gitmek soralmady; ol ýere ýyldyrym çaltlygy bilen zyňyldy (Luka 10:18-e seret). Gozgalaňça meňzemek islegi öldürijidir. Şol sebäpli Pawlusyň Rimdäki ýygnaga beren nesihatynyň soňky sözleri şu boldy:

> Eý, doganlar, size öwredilen taglymata garşy çykyp, araňyzda agzalalyklary döredýänlerden, imanyňyza böwet bolýanlardan ägä boluň diýip ýalbarýaryn. Şeýle *adamlardan* gaça duruň. Çünki *olar* Rebbimiz Isa Mesihe däl-de, öz gara garynlaryna hyzmat edýändirler. Olar süýji sözler we ýaranjaňlyk bilen gepläp, sada adamlary aldawa salýandyrlar (Rimliler 16:17, 18).

Bu bapdaky meniň soňky sözlerim hem şeýle bolar. Men bu habaryň sizi bagtly ýa-da tolgundyryp bilmejegini çaklaýaryn, ýöne ol janyňyzy halas edip biler. Onuň hakykat sanjymydygyny ýadyňyzdan çykarmaň; onuň ýakymsyz görünmegi mümkin, ýöne onuň goragy şol gysga wagtlaýyn oňaýsyzlykdan has ýokarydyr. Men bu habarda siziň Hudaýyň söýgüsini görmegiňizi dileýärin. Ol siziň howpsuzlygyňyz üçin size duýduryş berýär.

## 15-NJI BAP

# BITEWILIK

*Ygtyýarlyk Hudaýyň şöhratyny özüne çekýän bitewiligi emele getirýär.*

Hudaýyň ygtyýarynda ýaşamakdan başga şu wagta çenli ara alyp maslahatlaşan zatlarymyzyň arasynda has uly maksat we artykmaçlyk barmy? Jogap, elbetde bar! Bu Hudaýyň Patyşalygynyň netijeli ýaýramagydyr.

Isanyň ýygnak üçin kesgitlän maksatlarynyň biri *bitewilikdir*! Bu maksada ýetmek uly artykmaçlykdyr. Ol şeýle doga-dileg etdi:

> «Men diňe olar üçin däl, eýsem olaryň wagzy bilen Maňa iman etjekler üçin-de dileg edýärin. Olaryň hemmesi bir bolsun. Ata, Seniň Mende, Meniň-de Sende bolşum ýaly, olar hem Bizde bolsunlar. Şeýlelikde, Meni Seniň iberendigiňe dünýä iman etsin. Maňa beren şöhratyňy olara berdim. Biziň bir bolşumyz ýaly, olar-da bir bolsun» (Ýohanna 17:20-22).

Bize taýýarlanan *şöhrat* bar, ýöne ol biziň bitewiligimiz bilen ýakyndan baglanyşyklydyr. «Şöhrat» – gepleşik dilinde giňden ulanylýan söz däl. Websteriň onlaýn sözlügi şöhraty «ajaýyp gözellik

we kaşaňlyk; beýiklik» diýip berýär. Grek «*doksa*» sözüniň hem şuňa meňzeş manysy bar. Şeýle-de bolsa, Mukaddes Kitap sözlerini öwrenýän Doly sözlük şu aňlatmany hem goşýar: «Hudaýýň şöhraty we Onuň aslynda kimdigi».

Köne Ähtdäki «*doksa*» sözüniň ekwiwalenti hökmünde ýewreý sözi «*kavod*» getirilýär. Ajaýyplyk, baýlyk, güýç, hormat, beýiklik we agram bu sözüň diňe käbir bir sözli kesgitlemesidir. Bir minut saklanyp, bu sözüň manysy barada pikirleniň. Mukaddes Kitap *Hudaýýň şöhraty* hakynda aýdanynda, ol Onuň ajaýyplygyny, deňitaýy bolmadyk baýlygyny, gudratygüýçlüligini, Onuň tebigatynyň soňsuzlygyny, beýik abraýyny we barlygynyň beýikligini göz öňünde tutýar. Soňky «*agram»* kesgitlemesi bu häsiýetleriň çäkli däldigini, eýsem dolulygyna bardygyny görkezýär; ýönekeý söz bilen aýdylanda, bu *Onuň beýikliginiň agramy* hakynda aýdýar.

Isa – adam hökmünde aýan bolan Hudaý. Biz Onuň sözleriniň ähmiýetini hemişe ýadymyzdan çykarmaly däldiris: «Meni gören Atany-da görendir» (Ýohanna 14:9). Resul Ýohanna ilkibaşdan Sözüň Hudaýdygyny yglan etdi. Ol sözüni dowam etdirdi: «Söz ynsan bolup, aramyzda ýaşady... Biz Onuň *şöhratyny gördük*» (Ýohanna 1:14). Onuň şöhraty köp tarapdan, esasanam Onuň güýji arkaly ýüze çykdy. Ýohanna 2:11 muny görkezýän köp aýatlaryň biridir: «Şeýdip, Isa Jeliläniň Kana şäherinde gudratlara başlady we *Öz şöhratyny* görkezdi». Ol bu ýerde bolan wagty *Hudaýýň beýikliginiň agramyny* görkezdi.

Ol gitmezinden ozal bize bir tabşyryk berdi: «Atamyň Meni iberişi ýaly, Men hem sizi iberýärin» (Ýohanna 20:21). Bu beýik tabşyrygy ýerine ýetirip bilmegimiz üçin Isa *Onuň beýikliginiň agramynyň* bize düşmegini dileg etdi. Ozal aýdylyşy ýaly, bu wada biziň bitewiligimiz bilen ýakyndan baglanyşyklydyr. Şeýle ýazylan: «Doganlaryň bile ýaşamaklary gör, nähili gowy hem-de ýakymly!... Çünki Reb ol ýerde ýalkanyş, baky ýaşaýyş bolsun diýip, tabşyryk berdi» (Zebur 132:1-3). Onuň şöhratynda bolmakdan, ýagny Onuň

barlygynyň dolulygyny başdan geçirmekden uly ýalkanyş ýokdur. Bu bölünen ýygnak üçin mümkin däldir, ýöne bitewiligi bolan ýygnak üçin mümkindir.

## BIRKEMSIZ GÖRELDE

Irki ýygnak bu hakykatyň aýdyň mysalydyr. Isa asmana göterildi we Onuň wepaly yzyna eýerijiler ýokarky otagda galmak baradaky buýrugyna boýun boldular (Resullaryň işleri 1:4). Isa direlenden soň kyrk günüň içinde azyndan 500 sany erkek we aýallara göründi (1 Korintoslylar 15:6), ýöne on günden soň olaryň diňe 120-si Iýerusalimde galdy. Beýleki birnäçe ýüz imanlylar nirededi? Biz olaryň nirä gidenlerini bilemzok, ýöne olaryň Isanyň Atanyň wadasyna garaşmak baradaky buýrugyna boýun egmändiklerini bilýäris.

Ýokarky otagda galan erkekler we aýallar Onuň Sözüniň – Onuň gönüden-göni ygtyýarlygynyň astynda bilediler. Eýsem olaryň Onuň bellän ýolbaşçysyna bolan garaýşy nähili bolar?

Isa gitmezinden ozal Petrusy öz yzyna eýerijileriň baştutany edip belledi. Petrus beýleki şägirtleriň arasynda tapawutlanýardy. Ol Hudaýyň ýollaryny bilmek üçin has teşnedi, ol başgalara berilmedik paýhasy alýardy we beýleki şägirtlere täsiri bardy. Onda elbetde ýolbaşçylyk ukyby bardy. Şeýle-de bolsa, ol köplenç göçgünlidi we Hudaýyň islegine garşy gelýärdi. Haçanda ol Isany diri Hudaýyň Ogly Mesih diýip batyrgaý yglan edeninde, Isa bu aýanlygy üçin ony öwdi we Petrusa bu hakykaty Hudaý tarapyndan aýan edilendigi üçin ony ýalkanan diýip yglan etdi. Emma birnäçe minutdan Isa Petrusa tarap öwrülip: «Çekil öňümden, şeýtan! Sen Maňa böwet bolýarsyň, sebäbi Sen Hudaýyň işlerini däl-de, ynsan işleri hakda oýlanýarsyň» diýdi (Matta 16:23).

Başga bir hekaýada, beýleki şägirtler gaýykda galyp, diňe synlaýarkalar, Petrus suwuň üstünde ýöräpdi. Ol ýene-de öňde

barýardy. Emma, sähel salymdan, beýlekiler onuň yzyna düşüp, suwa girip-girmänkäler, ol gark bolup başlady. Isa muňa nägileligini bildirdi: «Eý, az imanly! Näme üçin şübhelendiň?» (Matta 14:31).

Başga bir hekaýada, Isa daga çykyp barýarka, ýoldaş bolmak üçin Ýohanna we Ýakup bilen birlikde Petrusy saýlady. Olar gelenlerinden soň, Isanyň keşbi üýtgäpdi, Onuň ýüzi Gün kimin parlady, eginbaşy ap-ak bolup, yşyk saçdy. Birdenkä olara Musa bilen Ylýas göründi. Olar Isa bilen gepleşip durdylar. Bu ajaýyp waka şaýat bolmak bu üç adam üçin nähili artykmaçlyk, nähili hormatdy! Şeýle-de bolsa, Petrus ol waka gutarmazyndan ozal, Ylýas we Musa üçin çadyrlar gurmagy teklip etdi. Ýene-de ol öňde barýardy, ýöne hatda şol beýik şöhrat atmosferasynda-da ol Hudaýyň islegine garşy gidýärdi.

Petrusyň iň uly şowsuzlygy bolan Mesihi inkär etmekligi hem bu yzyna eýerijileriň aňynda ter durdy. Direlenden soň, mazardaky perişde üç aýala görkezme berip, Petrusy aýratyn belläp geçmelidi: «Indi bolsa baryň-da, Onuň şägirtlerine we Petrusa [Isanyň] Jelilä gitjekdigini aýt; şol ýerde Ony görersiňiz» (Mark 16:7). Bu üç aýalyň, şägirtleriň köpüsi ýaly, Petrus el çekdi diýip pikir eden bolmaklary ähtimal.

Şeýlelik bilen sorag şunda: bu täze ýygnagyň agzalary şeýle gowşak gullukly sanawda bolan adama boýun bolup, tabynlygynda bolup bilerlermi? Onuň göçgünli özüni alyp barşy, pikirleniş we oýlanyş usuly we kararlary birkemsiz däldi we köplenç ýalňyşlyga ýykgyndy. Bu bulaşyklyk döwründe ýaş ýygnaga ýolbaşçylyk etmek üçin ol iň gowy dalaşgär däldi.

Bularyň hemmesini göz öňünde tutup, geliň, Petrusyň täze döredilen ýygnagyň ýolbaşçysy hökmünde ilkinji beren kararyna seredeliň. Birnäçe gün geçdi we Petrus Zebur kitabyndan Ýudasyň Isa eden dönükligi bilen gönüden-göni baglanyşykly pygamberlik sözüni tapdy. Petrus muny ýokarky otagdaky kiçijik ýygnaga okap berdi: «Zeburda: “Başga biri onuň ornuny alsyn” diýlip ýazylan» (Resullaryň işleri 1:20-21). Ýene-de Petrus beýlekileriň görmeýän

zadyny gördi. Ol bu aýanlykdan gowy peýdalanyp bilerdimi?

Indiki ýazjak zatlarymy, elbetde, spekulýasiýa diýip hasaplamak bolar. Şeýle-de bolsa, öz pikirimiň hakykatyny görkezmek üçin men Hudaýyň Sözünden ýeterlik subutnama bererin diýip umyt edýärin. Men Petrusyň başga bir karar bermekde ýene-de Hudaýyň islegini sypdyrandygyna ynanýaryn. Ol ilkibaşdan ýanynda bolan adamlaryny jemläp «bije atmagy» we şeýdip Hudaýyň Ýudasyň ýerine haýsy birini saýlajakdygyny görmegi teklip etdi.

Täze Ähtiň hiç bir ýerinde Hudaýyň bije (*lotereýa ulgamy*) arkaly resullary saýlaýandygyna duş gelmersiňiz ! Isa olara üç ýarym ýyllap Hudaýyň ýollaryny görkezdi we olara bir mysal galdyrdy: ilkinji on iki resuly saýlamazdan ozal Ol bütin gije doga-dileg etdi we Hudaýdan eşitdi (Luka 6:12-13). Petrus Isanyň göreldesine eýeren bolsa has gowy bolardy. Mundan başga-da, birnäçe ýyldan soň Antakiýa ybadathanasyndaky pygamberleriň we mugallymlaryň Pawlusyň resullaryň gullugy üçin aýrylmazdan ozal Isanyň göreldesine eýerip agyz beklemekligi we doga-dileg etmekligi (Resullaryň işleri 13:1-4) Petrusyň howlukmaç karar berendiginiň ýene bir subutnamasydyr.

Ýokarky otagdaky 120 adam iki dalaşgäri tapdy: Mattiý we Ýustus. Biz Petrusyň kararynyň miwesini görüp bilýäris. Mattiý lotereýada ýeňiş gazandy we şägirtleriň arasyna goşuldy (Resullaryň işleri 1:23-26), ýöne Täze Ähtde onuň adyny hiç haçan görmeýäris. Näme üçin? Sebäbi Ýudasyň ýerine Hudaýyň saýlany Mattiý däl-de, Şawuldy (ýa-da Pawlus). Ine, näme üçin Pawlus şeýle ýazdy:

> «Soňra Ol [Isa] Ýakuba göründi, soň resullaryň ählisine göründi. Iň soňunda bolsa maňa, ýagny *şeýle derejä asla mynasyp bolmadyga* göründi. Çünki men resullaryň arasynda iň kiçisidirin. Men hatda resul adyny almaga-da mynasyp däl, sebäbi Hudaýyň ýygnagyna azar beripdim» (1 Korintoslylar 15:7-9).

Pawlus özüni *şeýle derejä asla mynasyp bolmadyga* diýip

atlandyrdy; başgaça aýdylanda, ol on iki resulyň biri bolmak üçin gaty ýaşdy. Bu soragy öwrenenimde, men on dört ýaşa çenli çaklamalar bolan Pawlusyň dünýä inişi barada dürli çeşmeleri tapdym. Geliň, onuň ýaşy barada düşünje almak üçin Täze Ähtiň ýyl ýazgylaryna seredeliň. Taryhy maglumatlara görä, Stefanyň şehit bolmagy Isanyň direlmeginden dört ýyl soň bolup geçipdir. Stefan daşlananda Mukaddes Kitap Şawuly (Pawlus) ýigit diýip atlandyrýar (Resullaryň işleri 7:58). Grek-iňlis sözlügi «ýaş ýigit» sözüni «kämillik ýaşyna ýaňy ýeten» diýip kesgitleýär. Pawlusyň ilkinji şägirtlerden biri bolup bilmegi üçin onuň diýseň ýaş bolandygyny ynamly hasaplap bolar.

Pawlusyň Hudaýyň saýlan adamydygyna men doly ynanýaryn. Onuň resullyk miwesiniň we ygtyýarynyň Mattiýiňkiden has köpdügi aýdyňdyr. Petrusyň, ýolbaşçy hökmünde, Hudaýyň meýilnamasyna laýyk gelmeýän duýdansyz karar berendigine ynanýaryn. Eger ol häzirki ýygnakda şuňa meňzeş karar beren bolsa, onda ýygnak ol sebäpli ikä bölünerdi. «Lotereýa ulgamy arkaly resullary saýlamaklyga garşy» topar bölünip aýrylardy we «lotereýa ulgamy arkaly resullary saýlamagy goldaýan» topar galardy. Emma bu wakadan soň dessine Mukaddes Kitapda ýazylan sözleri diňläň:

> «Ellinji gün baýramy güni ähli imanlylar *bir ýere ýygnanyşyp* otyrdylar» (Resullaryň işleri 2:1).

Grek dilinde *«bir ýere»* sözi «*Omotumadon».* Mukaddes Kitap sözlerini doly öwrenýän sözlük bu sözi «bir pikirde, biragyzdan, bir bitewi, hemmesi bilelikde» diýip kesgitleýär. Bu kesgitlemäniň pikirlerde ýa-da amallarda bölünişige ýer goýmaýandygyny görýäris. Olar maksatlarynda, pikirlerinde, ýürekde we ruhda birdiler.

Bu doly birligiň netijesi näme boldy? Hudaý Öz şöhratyny başga ýerlerde bolan 380 şägirde däl-de, ýürekde, aňda we hereketde *bir* bolan 120 şägirde görkezdi. Iýerusalim şäheri Mesihiň yzyna

eýerijilere berlen Hudaýyň şöhraty bilen baky üýtgedi.

Ýokarky otagdaky erkekler we aýallar iki sebäp boýunça Petrusyň ýolbaşçylygyna boýun boldular. Birinjiden, lotereýa ulgamy arkaly resul saýlamak günä däldi, ýöne bu Hudaýyň meýilnamasyna ters gelýärdi. Ikinjiden, olar Hudaýyň bellän ýolbaşçysyna doly boýun boldular.

Biz Hudaýyň göni ygtyýarynyň beren ygtyýarlygy bilen baglanyşyklydygynyň ýene bir tassyknamasyny görýäris. «Men Hudaýa tabyn» diýýän adamlar bar, ýöne olar Onuň bellän ýolbaşçylaryna garşy çykýarlar. Olar aldanýarlar. Eger biz hakykatdanam Hudaýa boýun bolsak, iki sebäbe görä ýolbaşçylarymyza boýun bolarys. Ilki bilen, Onuň gönüden-göni ygtyýarlygy ýolbaşçylarymyza boýun bolmagy buýurýar. Ikinjiden, biz ýolbaşçylarymyza boýun bolarys, sebäbi biz olaryň üstündäki Onuň ygtyýarlygyny ykrar edýäris. Şeýlelik bilen, eger berlen ygtyýarlyk bize günä etmegi buýurmasa, oňa boýun bolmak takwa we peýdalydyr. Haçanda muny edenimizde, Hudaýyň şöhraty aýan bolýar we Onuň Patyşalygy çalt ýaýrap başlaýar.

## ZALYM HAKYKAT

Biz aşakdaky kyn soraglary bermeli:

- Ýygnagyň ygtyýarlygyna boýun bolup bilmändigimiz sebäpli biz Hudaýyň şöhratynyň ýüze çykmagyna päsgel berdikmi?
- Biziň boýun bolmagymyz biziň ylalaşýandygymyza baglymy?
- Bölünişiklere goşant goşdukmy?

Ýokarky otagda Petrusyň edişinden başgaça hereket etmegi makul bilen şägirtleriň bolandygyna men ynanýaryn. Elbetde, has paýhasly ýol Isanyň göreldesine eýerip, gatnaşyjylardan birini saýlamazdan ozal Hudaýy gözlemek bolardy. Muny etmek, bije atyp, bu maksat boýunça Hudaý tarapyndan çagyrylmadyk birini resullyk gullugyna bellemek bilen meseläni çözmekden has akylly bolardy.

Muny etmegiň has gowy usuly bar bolsa-da, ýokarky otagdaky adamlar has ýokary ýoly saýladylar – ýolbaşçylarynyň strategiýasyny kabul edip, *bitewiligi saklamak.* Her kim ony *öz* pikiri ýaly kabul edip, hereket edip başlady. Gulluk tejribesinde manysyz ýa-da ownuk tapawutlar üçin biz näçe gezek bölünýäris? Ýa-da Isa jebir-jepadan öň, wagtynda ýa-da soň gaýdyp gelermikä diýen, bizi aslynda bölmeli däl taglymat ynançlary sebäpli bölünýärismi? Biz çopanyň kostýumyň ýerine jinsi geýmegini halamaýarys. Ybadat wagtynda aýratyn effekt döredýän tüsse maşynlaryny ýa-da çyralary halamaýarys. Çopan gaty uzyn ýa-da ýeterlik däl az wagyz edýär diýýäris. Ýeterlik uzak doga etmedik ýa-da belli bir mesele hakynda doga etmedik diýýäris. Dogrusyny aýtsam, bu sanaw tükeniksiz. Biziň nähili aňsatlyk bilen aýrylyşýandygymyzy görüp, ýüregim agyrýar. Ýöne aladalandyrýan zat, bu bölünişikleri tanamaklyk hemişe aňsat däl. Täze Äht köplenç bize diňe hereketlerimizde birligi saklamak bilen çäklenmeli däl diýýär. Ine, käbir mysallar:

> «Meniň begenjimiň üstüni ýetiriň: *pikirdeş boluň*, biri-biriňizi söýüň, *ruhuňyz we maksadyňyz bir bolsun*» (Filipililer 2:2).

> «Şunlukda, eý, doganlar, şatlanyň! Dogry ýola düşmegi niýet ediniň, aýdýanlaryma gulak asyň, *bir pikirde boluň,* parahat ýaşaň. Şonda söýgi we parahatlyk Hudaýy siziň hemraňyz bolar» (2 Korintoslylar 13:11).

> «Eý, doganlar, durmuş ýörelgäňiz Isa Mesihiň Hoş Habaryna laýyk bolsun. Şonda ýanyňyza baryp sizi görsem-de, ýanyňyzda bolman, siz barada eşitsem-de, Hoş Habara daýanýan iman ugrunda bir adam ýaly göreşip, *ýeke-täk bir Ruhda* berk durandygyňyzy bilerin» (Filipililer 1:27).

Bölünmeler diňe gapma-garşy sözler ýa-da amallar bilen çäklenmeýär; olar has çuň – pikirlerde, ýürekde we ruhda bolýar.

Ençeme ýyllap ene-atam Gündogar kenarda, Floridada, Wero Biç şäherinde ýaşadylar. Bu şäherden takmynan ýigrimi kilometr demirgazykda Sebastian aýlagy diýilýän bir ýer bar. Ol ýerli ýaşaýjylara güýçli suwasty akymlary bilen tanalýar. Suwasty akym – ýalaňaç göze görünmeýän hadysadyr. Ummanyň ýüzüne seretseň, göräýmäge ähli suwlar bir tarapa akyp, kenara tarap hereket edýän ýaly. Ýöne onuň ýüzüniň aşagynda suw ters tarapa çalt hereket edýär. Bu ters akym öz pidalaryny gapjap alýar we köplenç olaryň janyny alyp, deňze äkidýär.

Ybadathanalarymyzda Hudaýyň şöhratynyň ýüze çykmagyna päsgel berýän «aşaky akymlar» barmy? Şägirtleriň bitewiligi netijesinde ähli Iýerusalim Isanyň direlendigi barada eşitdi; Onuň barlygynyň we güýjüniň beýikligi ajaýypdy! Oýlanyp görüň, olaryň ýygnaklaryny yglan etjek telewizorlary, radiosy ýa-da sosial mediasy ýokdy, ýöne yglan edilmedik birdenkä gurnalýan bu gulluklarda müňlerçe adam halas edildi.

Indi biz iň oýandyryjy soragy bermeli: biziň näçerägimiz Onuň bize aýan etjek zatlaryna haýran galyp, bulaşyp, kyýamat kürsisinde Isanyň öňünde durarys? Hudaýyň Ruhunyň şäherlerimizde we obalarymyzda ýüze çykmagyna nädip päsgel berendigimizi, Ol gözleri ýaşly bize görkezermi? Biziň ylalaşmazlygymyz köp adamyň halas bolmagyna päsgel berýän bir akym boldy. Ýüreklerimizde, aňymyzda we işimizde biz ýolbaşçylarymyz bilen ylalaşmadyk. Hawa, belki biziňki dogry bolandyr hem; mümkin, has gowy ýa-da has köp Mukaddes Kitap strategiýaly ýollar bolandyr; ýöne haýsysy has gowy, dogry bolmakmy ýa-da Hudaýyň şöhratynda galmak? Mamla bolmakmy ýa-da köpleri Hudaýyň Patyşalygyna getirmek?

## DÜRLI USULLAR

Ýolbaşçylaryň ylahy meýilnamalardan we strategiýalardan daşlaşyp biljekdigi hiç kim üçin syr däl. Bu hakynda men titremek

we ökünmek bilen ýazýaryn, sebäbi ýolbaşçy hökmünde özümiň gaty köp gezek erbet karar berendigimi ýadyma salýaryn. Şeýle-de bolsa, Hudaýýň Öz niýetlerini henizem ýerine ýetirip bilýändigi geň galdyryjy, esasanam haçanda biz bir bitewi bolanymyzda. Biz muňa ýönekeý garamaly däldiris we Onuň islegini gözlemekde biperwaý bolmaly däldiris, ýöne bu men ýaly ýalňyşlyk goýberen ýolbaşçylara teselli bermelidir.

Indi men agzybirligimiziň öňüni alyp biljek ýene bir hakykat hakynda gürleşmek isleýärin. Bu ybadathanada dürli ýagdaýlaryň bardygyny bilmezlik. Başgaça aýdylanda, şol bir maksada ýetmegiň dürli ýollary bar – Hudaýýň Patyşalygyny ýaýratmaklyk. Pawlus Korintos ýygnagyna ýygnakdaky dürli sylaglar we gulluklar barada hat ýazdy, ýöne şondan soň sözüni şeýle dowam etdirdi: «Maksatlara ýetmek üçin *hereketlerde dürli tapawutlar bar, ýöne şol bir Hudaý* hemmesini ruhlandyrýar *we höweslendirýär»* (1 Korintoslylar 12:6, Giňeldilen). *Hereketlerde aýdyň tapawutlar* bar; başgaça aýdylanda, dürli gulluklar dürli usullary ulanyp, biziň patyşalygymyzyň missiýasynda üstünlikli işleýärler.

Resul Pawlus ýygnaga öwretmek üçin köplenç harby adalgalary ulanýar. Bular diňe keşpler däl; biz hakykatdanam bu ýerdäki Hudaýýň goşunynyň esgerleridiris. Men onuň mysalyny ýygnaklaryň we gulluklaryň dürli çärelerini görkezmek üçin ulanýaryn. ABŞ goşuny dürli görnüşli goşunlardan – guryýer goşunyndan, flotlardan, howa güýçlerinden, deňiz güýçlerinden we kenarýaka goragçylaryndan ybarat. Bu goşunlaryň maksatlaryny we ýumuşlaryny ýerine ýetirmek üçin edýän hereketleri başga. Köplenç bu usullar harby bölümleriň hersi üçin ýeke-täk. Emma olaryň umumy maksady – biziň ýurdumyzy goramak we gulluk etmek.

Awiasiýa mekdebiniň kursanty ABŞ-nyň Howa güýçleriniň işjeň agzasy hökmünde ýörite taýýarlanar. Türgenleşikde howa taktiki amallaryna uly ähmiýet berler, sebäbi bu goşunlar esasan howada

hereket edýärler. Birden bu kursant gury ýer goşunyna geçirilse, täze türgenleşik geçmeli bolar. Elbetde, iki goşunda-da birmeňzeş usullar bar. Şeýle-de bolsa, goşun ilkinji nobatda gury ýerde bolup, Howa güýçlerinden düýpgöter tapawutly hereket edýändigi sebäpli, bu öňki Howa güýçleriniň agzasy köpsanly täze söweş hereketlerini we strategiýalaryny öwrenmeli bolar.

Bu mysaly göz öňünde tutup, Pawlusyň Korintosdaky ýygnaga aýdan sözlerini okalyň:

> «Şoňa görä-de, ýalbarýaryn: meniň ýaly boluň»
> (1 Korintoslylar 4:16).

Pawlus bu ýygnaga özüne öýkünmegi buýurdy. Ol: «Meniň Mesihden görelde alşym ýaly, siz-de menden görelde alyň» diýip ýazmady; muny ol soň etdi (1 Korintoslylar 11:1). Ýöne onuň bu sözleri bu bölümde aýtmazlygynyň bir sebäbi bar. Onuň düşündirişini indiki sözlerinde görýäris:

> «Şoňa görä-de, ýalbarýaryn: meniň ýaly boluň. Ine, Timoteosy şu maksat bilen ýanyňyza iberdim. Ol meniň söýgüli oglum we Rebbiň sadyk guludyr. Ol meniň *Isa Mesihiň ýörelgesine eýerýändigimi size ýatladar»* (1 Korintoslylar 4:16-17).

Ol (özi esaslandyran) ýygnagyna özüne öýkünmegi aýtdy we: «Şonuň üçin men Timoteosy size iberdim» diýdi. Näme üçin ol Timoteosy iberdi? *Pawlusyň Mesihdäki ýollaryny* ýatlatmak üçin. Onuň «Timoteos size Ýakubyň Mesihdäki ýollaryny ýatladar» diýip ýazmandygyna üns beriň. Ýakup ýygnakda resuldymy? Elbetde, hawa! Ol takwa ýolbaşçydymy? Elbetde, hawa! Ýakup Pawlusa görä has köp wagtlap resul bolupdymy? Ýene-de hawa. Onuň ýollary, usullary ýa-da hereketleri Pawlusdan tapawutlymydy? Ýene-de jogap – hawa! Bu, Pawlusyň taglymatynyň Ýakubyň Mesihdäki ýollaryny nädogry ykrar edendigini aňladýarmy? Asla ýok! Şeýle-de

bolsa, Ýakubyň ýollary Pawlus tarapyndan döredilen Korintosdaky ýygnak üçin amatly däldi. *Howa güýçleriniň ýollarynyň* harby-deňiz güýçleri üçin amatly bolmaýşy ýaly. Olaryň käbir ýollary birmeňzeş, ýöne köpüsi tapawutly.

Geliň, bu barada pikirlenmegi dowam edeliň. Pawlus Timoteosyň bu ýygnaga «resul Petrusyň Mesihdäki ýollaryny», «resul Ýahudanyň Mesihdäki ýollaryny», «resul Ýohannanyň Mesihdäki ýollaryny» we ş.m. ýatlatjakdygyny aýtmady. Ýok. Pawlus bu ýygnagy döretdi we bu ýygnakda öz ýolbaşçylyk medeniýetini gurmagyny dowam etdirdi. Onuň usullary beýlekilerden tapawutlydy, ýöne olar Mesihiň esasy taglymatlaryna laýykdy. Irki ýygnagyň ýolbaşçylarynyň hemmesiniň şol bir esasy ynançlary we taglymatlary bardy. Emma olaryň hersi ähli halklara öwretmek maksadyny ýerine ýetirmekde dürli usullary ulanýardylar.

Ýerli ýygnagyň mysalyndan peýdalanyp, bu barada pikir edeliň. Ýygnagyňyzyň uly ruhy çopanlary Jim we Liza Smit diýeliň. Olar we ýolbaşçylyk topary, Hudaýyň merhemeti bilen ýygnagy 1.500 agza çenli ulaltdylar we şeýlelik bilen, öz ýollaryny, ýagny ýolbaşçylyk tärine mahsus bolan öz usullaryny we medeniýetini döretdiler. Ybadathanaňyzyň täsiri şäheriňize ajaýyp täsir etdi. Ol ýerli halkyň içinde tanalýar, ýöne täsiri şol ýerde saklanýar. Şeýle-de bolsa, başga bir şäherde bütin dünýä täsiri bolan bir meşhur ybadathana bar diýeli. Bu ybadathananyň uly ruhy çopanlarynyň atlary Dug we Hezer Jonslar. Olar gullukda täze we sagdyn taktikalary ulanyp, tendensiýalary döredýärler. Olar ýygnagyňyzyň ruhy çopanlaryndan has köp adama täsir edýär. Siz kimiň ýolundan ýörärsiňiz? Jonslaryňmy ýa-da Smitleriň (ruhy çopanlaryňyzyň) ýollaryndan? Bu dünýä belli ýolbaşçylaryň ýollaryndan ýöremäge we öz ýolbaşçylaryňyzy olaryň usullaryny ulanmaga yrmaga synanyşyp bilersiňiz. Şeýle-de bolsa, Korintoslylar ýaly, siz hem ýolbaşçylaryňyzyň medeniýetini öwrenmäge we bitewiligiň hem-de şöhratyň hatyrasyna olara eýermäge çalyşmalysyňyz. Hakykat siziň ýolbaşçylaryňyzyň Jonslar däl-de, Smitlerdigidir.

# UMUMY GARAÝYŞ

Men eýýäm otuz ýyldan gowrak wagt bäri dünýäniň çar künjegine syýahat edýärin. ABŞ-nyň kyrk dokuz ştatynda we altmyşdan gowrak ýurtda, müňden gowrak ýygnakda we konferensiýada gulluk etmek maňa miýesser etdi. Meniň köp ýygnak toparlarynda usullaryň dürlüligini görmek artykmaçlygym boldy. Myhman hökmünde çagyrylanymda, esasy maksatlarymyň biri meni çagyran ýygnagyň medeniýetine düşünmekdi.

Eger siz meniň öýümde myhman bolsaňyz, maňa öýümi nädip dolandyrmalydygymy aýtmarsyňyz. Siz biziň öý düzgünlerimizi ýerine ýetirersiňiz. Myhman hökmünde agşamlyk naharyny ýa-da agşamlyk naharyna näme beriljekdigini kesgitlemersiňiz. Muňa derek: «Agşamlyk sagat näçede?» diýip sorarsyňyz. Nahar wagtynda aşak düşersiňiz we öý eýesiniň size berýän zatlaryny minnetdarlyk bilen kabul edersiňiz.

Myhman hökmünde men ybadathananyň ýolbaşçysyndan «Münberde näme geýýärsiňiz?» diýip soraýaryn, soň bolsa olaryň isleglerine eýermäge synanyşýaryn. Bir waka ýadyma düşýär, bir gezek men çemodanymda münberde geýjek jinsim we ýakaly köýnegimi taýýarlap konferensiýa gitdim. Aeroportda biziň toparymyzy myhmanhana, soň bolsa ýygnaga äkitjek kostýumly dört adam iki sany ak limuzinli garşylady. Eger men uly ruhy çopan bolan bolsam, onda myhmanlarymy başgaça garşylardym. Myhmanlary garşylamak üçin men bir ýa-da iki sany owadan, arassa awtoulag bilen adaty eşikli ogullarymdan birini ýa-da ynamdar toparyň agzalaryndan birini ibererdim. Emma bu meniň ýygnak konferensiýam däldi. Bu ybadathanada daşky hormat görkezmegiň diýseň möhümdigini görmek aňsatdy. Gulluga taýýarlan eşiklerimiň olaryň medeniýetini we amallaryny kemsitjekdigine derrew düşündim; şonuň üçin hem dessine kostýum satyn almagyň aladasyny etdim.

Myhman hökmünde men soraýaryn: «Siz meniň näçe wagtlap

wagyz etmegimi isleýärsiňiz?» Gullukçynyň beren jogabyny hormat bilen kabul edýärin we maňa berlen möhletde gulluk edýärin. Şeýle-de bolsa, men muny elmydama etmedim. Men gahrymanlarymyň biri bolan Tommi Barnettiň ybadathanasynda on bäş ýyldan gowrak wagt bäri her ýyl wagyz edýärdim (onuň ybadathanasy Finiks Ferst Assembly diýip atlandyrylýardy, ýöne häzirki wagtda ol Finiks Drim merkezi diýip atlandyrylýar, onuň ogly Luk bolsa, onuň uly ruhy çopany). Ýekşenbe güni irden onuň bilen ilkinji gezek wagyz edenimde, maňa wagyz etmek we gulluk etmek üçin ol kyrk minut wagt berdi. Ol maňa münberden wagt sagadynyň görünýändigini, maňa berlen wagty sanap, maňa kömek etjekdigini aýtdy. Men özüme berlen wagtymdan on minut uzak wagyz etdim.

Hyzmatdan soň, ol maňa bir söz aýtman howlugyp çykyp gitdi. Men onuň gaharlanandygyny bilýärdim. Günüň dowamynda eden işim hakynda alada etdim. Agşamky gullukdan öň, biz onuň otagynda ýeke galdyk we ondan şol gün irden menden nägile bolup-bolmandygyny soradym.

Ol: «Hawa» diýip jogap berdi.

«Meniň gaty uzak wagyz edendigim üçinmi?» diýip soradym.

Ol: «Hawa» diýip jogap berdi.

Ol dymdy we dowam etdi:

«Jon, men seni halaýaryn, şonuň üçin hem näme üçin gaharym gelendigini aýdaryn. Biziň berk wagt tertibi boýunça işleýän adamlarymyz köp. Biziň çagalar gullukçylarymyz biziň esasy gullugymyzyň meýilnamasyna laýyk gelýän meýilleşdirilen okuw meýilnamasy boýunça işleýärler. Haçanda gulluk on minut uzak dowam etse, hemme zat bulaşýar. Adamlary garyp etraplaryna äkidýän otuzdan gowrak awtobusymyz bar, we olaryň hemmesi hem hereketlendirijilerini ýakyp, garaşmaga mejbur bolýarlar. Seniň pikiriňçe olaryň hemmesi näme etmeli?»

Ol ýene birnäçe sebäp goşdy, soň bolsa netijä geldi:

«Diňe on minut artyk wagyz etmek isläniň üçin sen biziň düzgünlerimize çynlakaý garamadyňmy?»

Maňa söýgi bilen terbiýe berildi we men bu ýalňyşlykdan sapak aldym.

Myhman hökmünde men ýygnak ýolbaşçysyndan soraýaryn: «Adamlary toba çagyranyňyzda, siz olardan öňe çykmagyny, ýerlerinden turmagyny ýa-da diňe ellerini galdyrmagyny soraýarsyňyzmy?» Uly ruhy çopanyň beren jogabyny üns bilen diňleýärin we olaryň medeniýetine görä hereket edýärin. Adamyň bu wariantlaryň islendik biri arkaly hakykatdanam halas bolup biljekdigine men berk ynanýaryn.

Bular meniň berýän soraglarymyň diňe mysallary. Käwagt meýilnamalarym ybadathananyň medeniýetinden tapawutly bolsa-da, olaryň has täsirli boljakdygyny duýsam, uly ruhy çopandan meniň birneme başgaça hereket etsem gowy boljakdygyny ýa däldigini soraýaryn. Gullukçylar mydama meniň soragyma ýokary baha berýärler we hemişe diýen ýaly rugsat bermäge taýýardyrlar.

Berip biljek mysallarym gaty köp, ýöne şu wagta çenli siziň meniň esasy maksadymyň – ýygnak ýolbaşçysynyň özüniň ýa-da «Mesihdäki ýollaryna» laýyklykda goýan usullaryna laýyk hereket etmekdigine düşünendigiňize ynanýaryn. Şeýle-de bolsa, eger ýygnak ýolbaşçysy: «Biz toba çagyryşyna ynanamzok, sebäbi biz Isanyň Hudaýa tarap bolan ýollaryň diňe birisidigine ynanýarys. Biz baky ýaşaýşa barýan ýollaryň köpdügine ynanýarys» diýen bolsa, onda men onuň ýollaryndan gitmekden ýüz öwürerdim, sebäbi bu indi gulluk ediş usuly däl; bu ýolbaşçy mesihiligiň esasy hakykatlarynyň birine garşy çykýar.

Ýyllaryň dowamynda Mesihiň bedenine has umumy nukdaýnazardan seredip, men bu esasy hakykaty bilmezlik sebäpli ýygy-ýygydan döreýän betbagtçylyklara şaýat boldum. Imanlylaryň özleriniň ulalan ýygnaklaryndan tapawutly medeniýeti bolan

ýolbaşçylyga ýa-da Injil mekdeplerine gatnaýandygyny gördüm. Köplenç bu mekdepler umumy mesihi medeniýetini döredýän uly ybadathanalaryň düzüminde işleýärler. Bu talyplar bu ybadathananyň tejribesini mekdepde-de, hepdäniň ahyryndaky ýygnakda-da görýärler.

Okuwy gutarandan soň, olar hyjuwdan dolup, öýlerine gaýdýarlar we öz ybadathanalarynyň medeniýetini üýtgetmäge synanyşýarlar. Olaryň öwrenen täze usullarynyň has aktual we täsirli diýip pikir etmegi dogry bolup biler. Şeýle-de bolsa, eger olar çendenaşa tutanýerli bolsalar, onda aşaky akym ýaly aňsatlyk bilen päsgelçilik bolup bilerler. Eger olaryň teklip eden usullary kabul edilmese, onda Hudaýdan doga-dileg edip, ol ýygnagy terk etmelidigini ýa-da ýolbaşçysynyň usullaryna ýürekden boýun bolmalydygyny sorasalar has gowy bolar.

Gullugymyň başynda, ýaş ruhy çopan wagtym, gullukda dürli usullaryň we çäreleriň bardygyny bilmezligim, ruhy çopanyma berk garşy çykmagyma sebäp boldy. Men Luiziana ştatynyň bir ybadathanasyna barypdym we örän täsirli gulluk usulyny gördüm. Men olaryň üstünliklerine şeýle bir aşyk boldum welin, bu usul ybadathanamyzyň medeniýetine laýyk gelýärmi ýa-da ýokdugyny özümden soramadym. Indi yza seredenimde, bu usulyň uly ruhy çopanymyň «Mesihdäki ýollaryna» laýyk gelmeýändigi düşnükli boldy. Luiziana ştatynda bir ybadathananyň uly ruhy çopany meniň uly ruhy çopanymdan düýpgöter tapawutlydy. Bularyň ikisiniň-de bütin dünýäde täsiri bardy, ikisi-de netijeli, ikisi-de köp adamy Hudaýyň Patyşalygyna getirdi, ýöne olar dürli usullary ulanýardylar.

Jemgyýetimiz taryhda öňküsinden has işjeň. Köpümiz, belki, durmuşymyzda iň bolmanda bir ýa-da birnäçe gezek ýygnagymyzy üýtgedýäris. Täze ýygnaga gelenimizde, olaryň medeniýeti bilen tanyşmak gaty möhümdir we bu biziň ýörite etmeli zadymyzdyr. Olaryň *Mesihdäki ýollaryna* näçe ir uýgunlaşsak , şonça-da ol bizi şahsyýet hökmünde we umumy bedeniň agzasy hökmünde güýçlendirer.

16-NJY BAP

# DÜRLI ZATLAR HAKYNDA

*Biz diňe hakykatdanam halas bolanymyzda*
*we Hudaýyň islegini gözlänimizde ýygnakdaky*
*kanuny ygtyýarlygy ykrar ederis.*

Öňki baplarda ünsümiz esasan din we dünýewi ygtyýarlyklara gönükdirilipdi. Şeýle-de bolsa, öňem aýdyşym ýaly, bu ýörelgeleriň köpüsi ygtyýarlygyň ähli kategoriýalaryna degişlidir. Bu bapda, Hudaýyň Sözünde ygtyýarlygyň dürli sferalarynda, esasanam, maşgala babatda berlen anyk görkezmelerini ara alyp maslahatlaşarys. Olaryň köpüsi diňe öz kategoriýalaryna degişlidir we şonuň üçin hem aýratyn seredilmelidir. Bu bapda açan mowzuklarymyň hersine bir kitap ýazmak kyn bolmazdy. Şeýle-de bolsa, biz eýýäm bilýän ýörelgelerimizi muňa goşsak, onda olary bu bapda ara alyp maslahatlaşjak zatlarymyzda ulanyp bileris. Şeýlelik bilen, bu kitap ýüregimizde has çuňňur yz galdyrar. Şeýle hem, biz birnäçe, tutuş bir kitap bagyşlanyp bilinjek derejedäki giňişleýin görkezmelere däl-de, umumy görkezmelere serederis. Şol sebäpli bu baby men «Dürli zatlar hakynda» diýip atlandyrdym.

## MAŞGALA

Ýygnak, raýat hökümeti ýa-da jemgyýetçilik ygtyýarlygy döremezinden ozal, maşgala döredi. Onuň ähmiýetine aşa ýokary baha bermän bolmaz, sebäbi ýokarda agzalan üç ugruň saglygy oňa baglydyr. Berlen ygtyýarlygyň beýleki ugurlarynda kemçilikler bolup biler, emma maşgala, hiç zada garamazdan, güýçlüligine galar. Şeýle-de bolsa, maşgaladaky tertip-düzgün bozulsa, beýleki ugurlarda bitewiligi saklamak mümkin däldir. Maşgaladaky ygtyýarlyk islendik beýleki ygtyýarlyk üçin aýrylmaz esas bolup durýar.

Maşgalada biz Mukaddes Kitapda beýan edilen Hudaýyň tabşyrygyny tapýarys:

> Eý, çagalar, ähli işde ene-ataňyzyň sözüne gulak asyň, sebäbi bu Rebbi hoşnut edýär (Kolosiýalylar 3:20).

> Mesih imanlylar ýygnagynyň başy bolşy ýaly, är hem aýalyň başydyr. Mesih Öz bedeni bolan ýygnagyň Halasgäridir. Şonuň üçin imanlylar ýygnagynyň Mesihe tabyn bolşy ýaly, aýallar-da ähli zatda öz ärine tabyn bolsunlar (Efesliler 5:23, 24).

Şuňa meňzeş tabşyryklar Täze Ähtiň beýleki ýerlerinde hem duş gelýär we olar Hudaýyň öýdäki ygtyýarlyk tertibini görkezýär. Çagalar ähli durmuş ugurlaryny öz içine alýan hemme ýagdaýlarda ene-atalaryna boýun bolmalydyrlar. Bu tabşyryk, ene-atanyň çagasyna Hudaýyň Sözüne ters gelýän bir zady etmegi aýdýan ýagdaýlaryna, mysal üçin jyns arasyndaky gatnaşykda özüňi ýalňyş alyp barmaga itermek, ogurlamagy, ýalan sözlemegi maslahat bermek ýa-da ene-atanyň arasynda saýlamak we ş.m. ýaly ýagdaýlara degişli däldir.

Hut şeýle ýagdaý meniň maşgalamda bolup geçdi. Haçanda men mehaniki inžener bolmak üçin uniwersitetde okaýarkam, durmuşymy Isa Mesihe bagyşladym. Biraz wagt geçensoň, men

Hoş Habary wagyz etmäge çagyrylandygyma düşündim. Bir gün talyp dynç alyşynda öýe gelip, ene-atama (olar yhlasly katolikdiler) uniwersiteti gutaranymdan soň, Injil mekdebine okuwa gitjekdigimi aýtdym. Bu olary gaty gynandyrdy we olar meniň kararymyň emosional we göçgünli ýagdaýda bolandyr öýdüp pikir etdiler. Soňra ejem: «Dirikäm beýle zada ýol bermerin!» diýdi.

Men oňa mylaýymlyk we hormat bilen jogap berdim: «Eje, men seni söýýärin we maňa beren ähli zatlaryň üçin minnetdar, ýöne men Hudaýa boýun bolmalydyryn». Bu sözler oňa göwünlik bermedi ýa-da asla göwnünden turmady, gaýtam ony hasam gynandyrdy.

Isa bize şeýle diýýär: «Atasyny, enesini Menden artyk söýen Maňa mynasyp däldir. Ogluny, gyzyny Menden artyk söýen Maňa mynasyp däldir» (Matta 10:37). Bu sözler we Hoş Habarlaryň beýleki parçalaryndan höweslenip, men gowy görýän kakam bilen ejemiň we Isanyň Oňa hyzmat etmek çagyryşynyň arasynda saýlaw etmelidigimi bilýärdim. Kararymda men bir minut hem säginmedim.

Ondan soňky birnäçe ýylyň dowamynda biz gatnaşyklarymyzy gowulaşdyryp bilmedik. Men ene-atamy söýmekden we hormatlamakdan el çekmedim, sebäbi mende indi Hudaýyň merhemeti bardy. Ýöne wagtyň geçmegi bilen olar Isanyň meniň durmuşymda getiren miwelerini görüp başladylar we on sekiz ýyldan soň, kakam ýetmiş dokuz ýaşyndaka, ene-atamyň ikisi bilen hem olaryň Isany Rebbi hökmünde kabul etmekleri üçin dileg etmek maňa miýesser etdi. Olar biziň kitaplarymyzy okamaga, wideo ýazgylara tomaşa etmäge we dostlaryna Reb hakynda gürrüň bermäge başladylar. Indi biziň gatnaşyklarymyz öňküsinden has gowudy.

Isa hem şuňa meňzeş ýagdaýa düşdi. Ýazylyşy ýaly, Ol hem ene-atasyna boýun boldy: «Onsoň Isa ene-atasy bilen Nasyra gaýtdy, olaryň sözüne gulak asdy» (Luka 2:51 seret). Şeýle-de bolsa, Şimgonyň pygamberligine görä, Isa heniz çagalygynda aýdylan gullugy başlanynda, gylyç olaryň ýüreklerini we aňlaryny açyp

başlady (Luka 2:35). Isanyň güýçli habarlary köp adamy oňaýsyzlyga saldy we hatda gaharlandyrdy, maşgalasy hem ondan daşda däldi. Duýgular iň ýokary derejesine çykdy, hatda ejesi hem oňa garşy çykyp başlady:

> Isanyň hossarlary bu barada eşidende: «Isa akylyndan azaşypdyr» diýip, Ony äkitmäge geldiler. Onsoň Onuň ejesi bilen inileri geldi. Olar *daşarda durup,* Isany çagyrmak üçin, Onuň ýanyna adam iberdiler. Mähelle Isanyň daşyny alyp otyrdy. Oňa: «Ejeň, inileriň we uýalaryň *daşarda* Seni soraýarlar» diýdiler. Isa olara jogap berip: «Meniň ejem, doganlarym kim?» diýdi. Onsoň daşyny alyp oturanlara seredip: «Ine, Meniň ejem, doganlarym şulardyr! Hudaýyň islegini kim berjaý etse, şol Meniň doganym, uýam hem ejemdir» diýdi (Mark 3:21, 31-35).

Ol tä Atasynyň buýrugyna garşy gitmegini isleýänçäler, hemme zatda ene-atasyna boýun boldy. Ýöne birnäçe ýyldan soň, Onuň Öz maşgalasy Mukaddes Ruhuň ilkinji gezek inen otagynda bolupdylar. Wagt geldi we olar Mugallymyň yzyna eýerijilere öwrüldiler.

## BU MENIŇ BÄHBIDIME BOLMADY

Kadadan çykmalar barada däl-de, düzgünler barada aýdanymda, ene-atalaryňyza hormat goýmak we olara boýun bolmak tabşyrygynyň şu aşakdaky wadany öz içine alýan ilkinji tabşyrykdygyny belläp geçesim gelýär: çagalar bagtly bolarlar we ýer ýüzünde uzak ýaşarlar (Efesliler 6:2, 3; Kolosiýalylar 3:20).

Bu tabşyryga boýun bolmazlygyň netijelerini men agyr görnüşde başdan geçirmeli boldum. Uniwersiteti gutaranymdan soň, men halkara gulluga işe girdim. Men ozal agzap geçen ýygnagyma gatnap başladym. Ikinji gulluga gatnaşanymdan soň, men we meniň ýaşymdaky başga-da birnäçe ýigitler bolup günortanlyk naharyna

bir kafe gitdik. Günortanlyk naharynda öýlenmedik adamlaryň toparyna ýolbaşçylyk edýän bir ýolbaşçy bilen tanyşdym. Şol wagt ol ýaşamaga ýer gözleýärdi, men bolsa bu şähere göçmekçidim. Gysga söhbetdeşlikden soň, biz iki bolup bir kwartirany kireýine almagyň gowy boljakdygyny karar berdik. Men muňa gaty begendim, sebäbi bu maňa köp pul tygşytlamaga kömek ederdi: şol döwürde meniň, ýaňy-ýakynda uniwersitetiň uçurymydygym hökmünde, kän pulum ýokdy.

Ertesi gün kakama jaň edip, oňa iň soňky habary aýtdym. Ol aýda iki ýüz dollar tygşytlamak babatdaky meniň şatlygymy paýlaşar öýdüpdim. Muňa garamazdan, onuň garaýşy birneme üýtgeşik boldy. Ol maňa: «Oglum, men muny halamok. Muny etme. Sen bu adamy tanamaýarsyň» diýdi. Men oňa bu ýolbaşçynyň öz gullugyna näderejede hyjuwlydygy hakynda gürrüň bermek bilen başgaça ynandyrjak boldum, ýöne kakam öz diýenini tutup durdy.

Telefony asanymdan soň, imansyz bolany üçin, kakamyň hiç zada düşünmeýändigi hakynda pikir etdim we netijä geldim. Galyberse-de, bu adam möhüm wezipäni eýeleýärdi! Kakamyň öwütlerine üns bermedim we biz ertesi güni kwartira tapdyk we ähli zerur resminamalara gol çekdik. Goşlarymyzy daşamak üçin ýük awtoulagyny sargajak bolanymyzda, täze goňşym töleg depderçesini getirmegi ýatdan çykarandygy üçin, meniň oňa derek töläp biljekdigimi sorady. Haçanda jaý kärendesini tölemäge gidenimizde, bu waka ýene gaýtalandy. Bir aýdan soňam onuň özüni alyp barşy üýtgemedi: men ýene-de iki adam üçin – kwartira, kommunal hyzmatlar we uzak aralykdaky telefon jaňlary üçin tölemäge mejbur boldum.

Men oňa birnäçe gezek awtoulagymy berdim, sebäbi onuň awtoulagy ýokdy. Her gezek ol ony diňe irden gaýtaryp berýärdi, üstesine-de, kabinada temmäki tüssesiniň ysy gelýärdi. Ol ötünç soraýardy we maňa kömege mätäç adamlara sürüp

gidendigini düşündirýärdi. Bir gün irden maşynymyň gapysynda ullakan ýemşerilen ýerini gördüm. Men gaty gynandym, ýöne görkezmedim. Bir gün men ýatylýan otagymdan irden sagat dörtde çykyp, otagda düýbünden nätanyş bir adama duş geldim, onuň bir elinde bir banka piwo, beýlekisinde çilim bardy. Ol göýä men onuň şahsy durmuşyna giren ýaly seretdi.

Men öz öýümde aşa uly jezany başdan geçirýärdim, ýöne ýaş imanly hökmünde «*Men söýgüde ýaşamaly. Gaharlanma, höküm çykarma»* diýip pikir etmegimi dowam etdirýärdim. Şonuň üçin hem men muny derňäp durmadym. Bu entäk meniň bu adamyň ýanynda başymdan geçirenlerimiň diňe ujypsyzja bölegi.

Birnäçe hepde şeýle azapdan soň, men goňşymyň gomoseksualdygyny bildim. Men ondan derrew göçmegini haýyş etdim, emma ol boýun towlady. Ol günäde ýaşap ýörkä, men hemme zady töleýärdim. Şol bir wagtyň özünde, sallah imanlylar gullugynyň ruhy çopany onuň gizlin durmuşyndan habarly boldy we bu adam gullukdan aýryldy. Men onuň günäleri hakynda iň soňky öwrenenleriň biri boldum. Meniň boýun egmezligim meni kör edipdi we men ýiti görüjiligimi ýitirdim.

Kakamyň beren maslahatyna üns bermändigim üçin ýüregimdäki ogurlanan rahatlygy aýtmazdan, ýüzlerçe dollar ýitirdim. Men garyp düşüpdim, bu iki aý meniň üçin bütin ömrümde iň kyn aýlar bolupdy. Ähli zat gutaransoň, men Hudaýa ýalbardym: «Reb, näme üçin beýle boldy? Men Seniň ugrukdyrmaňa ynanýardym ahyry».

Reb maňa eýýäm ýol görkezendigini görkezdi, ýöne men görkezmeleri kabul etmändim. Bu sözlerden many çykaryp bilmän, men: «Nädip?» diýip soradym.

Ol: «*Kakaňyň üsti bilen, ýöne sen ony diňlemediň»* diýip jogap berdi.

«Emma meniň kakam täzeden dogulmadyk» diýdim.

Şonda Hudaý maňa Öz Sözünde şeýle diýilmeýändigini ýatlatdy:

«Çagalar, ene-atalaryňyza *diňe* täzeden doglan halatynda boýun boluň». Ol: «*Sen Meniň çagam; şonuň üçin hem paýhasymy we ýol görkezmegimi seniň ene-ataňyň ýüregine salýaryn*» diýip düşündirdi.

Men derrew jogap berdim: «Ýöne indi meniň özüm öz başyma. Kakam müň mil uzaklykda ýaşaýar we meniň tölegimi tölemeýär».

Ol: «*Hasaplaryňy özüň töläp, ene-ataňdan müňlerçe kilometr uzaklykda ýaşaýandygyň, Meniň olara boýun bolmak tabşyrygymyň indi güýjüni ýitirendigini aňlatmaýar*» diýdi.

Onuň tabşyrygy, ony berjaý etsek, ýalkanjakdygymyz baradaky wada bilen gelýär. Gulak asmandygym sebäpli ajy miweleri ýygandygyma men şaýatlyk edip biljek.

Hudaý maňa adamyň kakasynyň we ejesiniň ygtyýaryndan haçan azat bolýandygyny düşündirdi. Ilkibaşdan Ol buýruk berdi: «Şol sebäpden hem erkek ata-enesini taşlap, aýaly bilen birigýär we olaryň ikisi bir ten bolýar» (Gelip çykyş kitaby 2:24).

Ene-atalarynyň çagasyna berip biljek iň soňky görkezmesi – durmuş gurmak üçin ak patadyr. Yza gaýtma hökmünde, haçanda Lizanyň kakasy maňa oňa öýlenmegim üçin ak pata bereninde, Liza muňa gaty geň galandygyny boýun aldy. Men onuň sebäbini soradym, ol bolsa: «Sebäbi ol maňa seniň mesihidigiňi halamaýandygyny aýdypdy» diýdi. Bu waka patyşanyň (ýa-da bize ýolbaşçylyk edýänleriň) ýüreginiň Hudaýyň elindedigini ýene bir gezek tassyklady.

Hudaýyň tabşyrygyna gaýdyp gelip, men muny aýtmak isleýärin: Hudaýyň sözleri haçanda erkek we aýal kanuny taýdan durmuş guranlarynda täze tabynlyk düzgününiň döredilýändigini nygtaýar. Hudaýyň ene-atasyny terk eden aýal hakynda hiç zat aýtmazlygynyň sebäbi, maşgalada täze tertip-düzgüni döredýän ol däl; maşgaladaky ygtyýarlyk erkek adamyň egnine düşýär.

Haçanda çagalar durmuş guranlarynda, olar ene-atalaryna boýun bolmak tabşyrygynyň astynda bolmaýarlar, ýöne şonda-

da olara hormat goýmak talap edilýär. Ýadyma düşýär, bir gezek ene-atamdan näme üçin aýalym we mende kynçylygyň bardygyny görenlerinde bize indi maslahat bermeýändiklerini soradym. Olar ýönekeý jogap berdiler: «Siz hiç haçan biziň pikirimizi soramadyňyz». Gör, olar özlerini nähili takwa alyp bardylar! Kämahal ene-atalaryň çagalarynyň maşgala durmuşyna durmuş gurmazlaryndan öňki ýaly gatyşýandygyny görýärin. Netijede, olar ýürek agyrylaryna we düşünişmezliklere duçar bolýarlar, sebäbi olar Mukaddes Ýazgyda görkezilişi ýaly çagalaryna hiç wagt erkinlik bermediler.

## ÇAGALAR ÜÇIN ÝÖRITE DUÝDURYŞ

Birnäçe ýyl ýaşlar ruhy çopany bolup işlänimden soň, köp ýaşlaryň düşýän howply ýollaryny gördüm. Men ene-atalara hormat goýmagyň ähmiýeti barada Hudaýyň Sözünden anyk görkezme bermek isleýärin. Muny okamak bilen, ýaş ýigit ýa-da gyz ýaş nesliň arasynda şeýle giňden ýaýran günäniň hamyrmaýasyndan gaça durar diýip umyt edýärin. Ol wirusa meňzeýär we ölüm howply. Mukaddes Ýazgy şeýle diýýär: «Ata-enesini kemsiden adama nälet bolsun! Ähli halk: Omyn! diýsin» (Kanun taglymaty 27:16).

Bir gün meniň bilen maslahatlaşmak üçin meniň ýanyma adamsy ýok ýeke aýal ýetginjek ogly bilen geldi. Söhbetdeşlik wagtynda bu ýigit ejesi bilen göýä ol samsyk we yza galan ýaly, ýigrenç bilen ýüzlenýärdi. Men birnäçe gezek ony düzetdim, ýöne ol şeýle etmegini dowam etdirdi. Gepleşigimiziň ahyrynda, men özümiň geň galmagyma, şeýle sypdyrdym: «Ýaş ýigit, eger ejeň bilen özüňi alyp barşyňdan we daranyşyňdan toba etmeseň, türmä düşersiň». Men geň galdym – çünki bu meniň sözlerimdi. Bu ýigit halas bolan imanlydy we biziň ýaşlar toparymyza gatnaýardy. Men nädip bu sözleri agzymdan sypdyrdym?

Alty ýyl töweregi wagt geçensoň (şol wagt men eýýäm ýaşlar ruhy çopany däldim-de, şäherlerde wagyz edýärdim), ýekşenbe

gündäki gullukdan soň bu ýigidiň ejesi meniň ýanyma geldi. Ol şeýle diýdi: «Çopan Jon, ogluma üýtgemese, türmä gitjekdigini aýdanyňyz ýadyňyzdamy? Ine, ol eýýäm iki ýyl bäri türmede».

Men bu wakany tas ýadymdan çykarypdym, ýöne ol hakynda aýdanynda derrew ol ýadyma düşdi. Men: *«Ol bu hakynda nädip beýle şatlyk bilen gürläp bilýär?»* diýip pikir etdim. We men meseläniň körüginiň nämededigine düşündim. Ol sözüni dowam etdirdi: «Indi ol Hudaý üçin hakykatdanam alawlaýar. Ol beýleki tussaglara şaýatlyk edýär we türme gullugyna gatnaşýar. Ol siziň kitaplaryňyzy okaýar we olardan köp zat öwrendi».

Hudaýyň höküminiň bu ýigidiň durmuşyndaky ähli zady düýpgöter tersine öwrendigine haýran galdym. Elbetde, hemme zady has ir düşünen bolsa we bu wakadan birnäçe ýyl öň özüne aýdylan sözleri diňläp, beýle ýalňyşlyklary başdan geçirmedik bolsa, hasam gowy bolardy. Ýöne iň esasy zat, indi onuň ýüreginde Hudaýa bolan hyjuwly söýginiň ýanmagydy.

Çagalaryň ene-atasyna fiziki ýa-da dilden hüjüm etmeginiň netijeleriniň ähli çynlakaýlygyny biz Köne Äht döwründe terbiýesiz çagalara nähili daralandyklaryndan görüp bileris: «Kim atasyna-enesine el galdyrsa, ol ölüme höküm edilsin» (Müsürden çykyş 21:15); şeýle hem: «Atasyna ýa-da enesine gargan adam ölüme höküm edilsin» (Müsürden çykyş 21:17). Isa Köne Ähte-de ýüzlenipdi: «Hudaý: "Ata-eneňe hormat goý", şeýle-de, "Atasyna ýa-da enesine gargan adam ölüme höküm edilsin" diýip buýrupdy» (Matta 15:4).

Musa pitneçi ýaşlara nähili çemeleşmelidigi barada aşakdaky görkezmeleri berdi:

> Eger biriniň hötjet, boýun egmezek, ata-enesine gulak asmaýan, olaryň terbiýesini almaýan ogly bar bolsa, ata-enesi ony tutup, şol ýerdäki galanyň derwezesiniň golaýyna, ýaşulularyň ýanyna getirsin. Olar galanyň ýaşulularyna: "Biziň bu oglumyz dikdüşdi we gyňyr. Ol bize boýun egenok.

> Ol açgöz hem içegen” diýsinler. Soňra galanyň ähli erkekleri ony daşlap öldürsinler. *Şeýdip,* siz öz araňyzdan pisligi aýryp taşlaň. Ähli ysraýyllar muny eşidip gorkarlar (Kanun taglymaty 21:18-21).

Eger bu sözler şu gün ulanylan bolsa, onda ybadathanalarymyzdaky ýaşlar bilen şeýle düzediş işlerini yzygiderli amala aşyrmaly bolardy. Emma beýle jeza indi ýok bolsa-da, biz Hudaýyň gozgalaňa bolan garaýşynyň aýdyň, agyrdygyny we asla üýtgemändigini görýäris. Biz ýüregimizde gozgalaňa ýol bermeli däldiris, sebäbi ol ganhordyr.

Men çagalaryma islendik gozgalaňdan gaça durmagy maslahat berýärin. Onuň iň aldawly ýa-da gizlin görnüşi – şikaýatlardyr. Olar tötänleýin aýdylan söz bilen ygtyýarlyga hormatsyzlyk döredýärler: «Meni dolandyryşyňy halamok. Eger men seniň ýeriňde bolan bolsam, başgaça ederdim». Bu ýolbaşçylygy kemsitmekdir. Indi Ysraýyl ogullarynyň arz-şikaýatlarynyň wada berlen ýere girip bilmedikleriniň sebäbi bolandygyna düşünýärsiňizmi? Olaryň nägilelikleri Musa gönükdirilen bolsa-da, Hudaýa bolan hormatsyzlygyň alamatydy. Aslynda, olar Hudaýa nädogry zatlar edýändiklerini aýdýardylar, olar hemme zady başgaça etmek isleýärdiler.

Ene-atany hormatlamak uzak we abadan durmuşyň ajaýyp wadasyny getirýär. Men hökümi däl-de, durmuşy saýlardym we bu biziň ýüregimizde berkemeli.

## NIKA

Geliň, indi ünsümizi nikadaky ylahy tertibe gönükdireliň. Mukaddes Ýazgy, aýallaryň «ähli zatda» öz ärlerine tabyn bolmalydygyny aýdýar (Efesliler 5:24). Bu tabşyryk diňe bir ruhy zatlara däl, eýsem durmuşyň tebigy sferalaryna-da degişlidir. Pawlus: «öz ärlerine» diýdi. Beýleki erkekleriň bu aýalyň üstünden ygtyýary ýok, dine onuň adamsynyňky bar. Ruhy çopanyň başga bir adamyň

aýalynyň üstünden diňe ýygnak durmuşynda we ruhy meseleler babatynda ygtyýarlygy bar, başlygyň diňe öýden daşdaky işde, raýat ygtyýarlygy – diňe jemgyýetçilik meselelerinde bardyr. Emma öýdäki ygtyýarlyk hakynda aýdanymyzda, ol diňe äriniň elindedir.

Segseninji ýyllaryň ortalarynda aýalym ikimiz ýalňyş öwredilmegiň täsirine düşdük. Bu taglymat boýunça Täze Äht birnäçe şowinist erkekler tarapyndan ýazylypdy, şonuň üçin hem är-aýal arasyndaky gatnaşyklardaky ygtyýarlyk meselelerine gezek gelende, biz olaryň sözlerini göni manyda kabul etmeli däldik. Bize Isanyň hemmeler üçin şol bir günä geçişlik edendigini aýtdylar. Bu çyn hakykat, ýöne günä geçmek ygtyýarlygy ýok etmeýär. Bu öwrediş sebäpli biz köp ýyllap öýümizde rahatlygy ýitirdik. Biz ýolbaşçylyk ugrunda üznüksiz göreşe baş goşduk.

Birnäçe ýyl dowam eden maşgala bulam-bujarlygyndan soň, bir gün men aýalyma: «Hudaý meni bu öýüň başy etdi, meniň bilen ylalaşsaň, ylalaşmasaň-da, men bu maksady ýerine ýetirerin» diýdim. Şol pursatdan töweregimde hemme zat gowulaşyp başlady, emma aýalym barada beýle diýip bolmaýardy. Reb ýolbaşçy hökmünde meniň aşagymdakylary boýun egmäge mejbur etmeli däldigimi görkezdi. Isa biziň bilen beýle etmeýär, ýöne biziň tabynlygymyzdakylar bize eýermeseler, görgi görerler.

Men ylahy dünýä girdim, Liza bolsa öý işleriniň ähli ýüküni çekmegini dowam etdirdi. Ol meniň jogapkärçiliksiz ýolbaşçydygyma ynanýardy. Men ýaşdym we kemçiliklerim köpdi, şonuň üçin onuň maňa bildirýän ähli aýyplamalary doly esaslandyrylandy. Käwagt onuň gorkusy şeýle bir aç-açan bolýardy welin, meniň öz ýük paýymy götermeýändigimi we onuň gereginden has köp zat edýändigini ýatlatmak üçin meni gijäniň ýarynda oýarýardy. Men hemme zady Hudaýyň eline tabşyrmagy teklip edip, ýene uka gidýärdim, ol bolsa iň erbet zatlary pikir edip, ýanymda eýläk-beýläk öwrülmegini dowam etdirýärdi.

Lizanyň ýüki götererden aşa köpeldi. Ol elmydama aladalanýardy, aňy hiç wagt dynç almaýardy, ýöne hemişe maşgalamyzyň ýüzbe-ýüz boljak dürli maşgala çökgünlikleri hakynda täze pikirleri öwüreninde, aladalanmaga goşmaça sebäpleri tapardy.

Birneme wagt geçensoň, onuň içindäki dartgynlylyk çydar derejeden geçdi. Ol özündäki basyşy birneme ýeňletmek üçin uzak duş ýa-da hammam almaga mejbur boldy. Bir gün agşam, Liza ýene bir gezek suwa düşüp, menden zeýrenip otyrka, Hudaý ondan: «*Liza, sen Jony gowy ýolbaşçy hasaplaýarsyňmy?*» diýip sorady.

Ol derrew jogap berdi: «Ýok, elbetde ýok! Men oňa ynanamok!»

Ol şeýle jogap berdi: «*Liza, saňa oňa ynanmak hökman däl. Sen diňe Maňa ynanmaly. Jon maşgala baştutany hökmünde öz jogapkärçiliklerini gowy ýerine ýetirmeýär diýip pikir edýärsiň. Özüňiň ondan has gowy etjekdigiňi duýýarsyň. Seniň duýýan aladaň we dartgynlygyň* maşgala *baştutanyna degişli agram we basyş. Bu seniň üçin boýuntyryk, ýöne ýanýoldaşyň üçin ol mertebedir. Ony özüňden aýyr!*»

Ol derrew hemme zada düşündi. Ygtyýarlyga aç adam däl-de, Hudaý oňa adamsyna boýun bolmagy buýurdy. Öýüň ýolbaşçylygy, onuň üçin niýetlenmändigi sebäpli, oňa agyr ýük boldy. Hudaý oňa mesh ýagyny çalmazdan we merhemet etmezden, adamsy üçin niýetlenen ähli jogapkärçiligi öz üstüne ýüklemäge rugsat berdi. Duşdan çykyp, aglap, bagyşlamagymy sorady we meniň birnäçe aý öň tapan rahatlygyma we asudalygyma girdi we soňky ýyllarda ilkinji gezek öýümizde hakyky sazlaşyk höküm sürdi.

Şol agşam Mukaddes Ruhuň görkezmesi oňa Hudaýyň diňe ýanýoldaşynyň saýlawy ýa-da karary bilen razylaşanyňda boýun egmegi buýurmaýandygyna düşünmäge kömek etdi. Ol Hudaýyň tabşyrygyna boýun bolsa, onda Onuň goragynyň özünde boljakdygyna düşündi. Şol wakadan soň men ýalňyşlyk

goýberdimmi? Elbetde. Hatda juda köp. Muňa garamazdan, Hudaý Lizany gorady we meniň şowsuzlyklarym döwründe ýüregine rahatlyk berdi. Haçanda ol gulak asanynda, adamsynyň näme ýalňyş kararlary bermegine garamazdan, Onuň goragynda galýar.

## AKYLSYZ ÝA-DA HALAS EDILMEDIK ÄRLER

Aýallaryň ärlerine boýun bolmagy buýrugy diňe imanly ärleri bolan aýallara niýetlenen däldir. Petrus: «Edil şunuň ýaly, eý, aýallar, siz hem öz äriňize tabyn boluň. Eger äriňiz Hudaýyň sözüne ynanmaýan bolsa, ol aýalynyň ar-namysly, Hudaýdan gorkup ýaşaýan päk durmuşyny görüp, hiç bir aýdyp-diýmezden imana geler» (1 Petrus 3:1,2).

Geliň, indi: «Aýallar, siz hem...» diýen jümlesine üns bereliň, Petrus ýaňyjak bu temanyň çekişmesini ýapdy – ýolbaşçylar tarapyndan adalatsyz çemeleşilmä boýun bolmak. (Bu barada 13-nji bapda jikme-jik gürleşipdik). Onuň yz ýanyndan bolsa aýallarynyň ärlerine bolan gatnaşygy barada şol bir görkezmäni berdi. Bu aýatlaryň hemmesini bir ýere jemlesek, biz şuny okarys:

> Eý, hyzmatkärler, diňe bir mähirli hem ýumşak hojaýynlaryňyza däl-de, eýsem, ýowuz hojaýynlaryňyza-da hormat goýup, tabyn boluň. Eger kim nähak ýere ejir çekip, Hudaýy tanaýandygy üçin bu görgülere çydaýan bolsa, ol adam Hudaýy hoşnut eder.... Edil şunuň ýaly, eý, aýallar, siz hem öz äriňize tabyn boluň. Eger äriňiz Hudaýyň sözüne ynanmaýan bolsa, ol aýalynyň ar-namysly, Hudaýdan gorkup ýaşaýan päk durmuşyny görüp, hiç bir aýdyp-diýmezden imana geler (1 Petrus 2:18, 19; 3:1).

Bu gynandyryjy, ýöne hakykat: men ýolbaşçylyk wezipesinde imansyzlara garanyňda özlerini has gödek alyp baran käbir «imanly» erkeklere duş geldim. Adatça, halas edilmedik ärlere boýun bolmak

iň kyny. Ýene-de bir gezek belläsim gelýär, eger äri aýalyna Hudaýyň Sözüne ters hereket etmegi buýursa, aýaly onuň talaplaryny ýerine ýetirmäge borçly däldir, ýöne şol bir wagtyň özünde-de ol tabynlygy özünde saklap galmalydyr.

Petrusyň sözleri boýunça, bu tabyn garaýyş äri üçin wagyz edilýän sözlerden has güýçli şaýatlyk bolup biler. Men adamsy imansyz bolan bir aýaly tanaýaryn. Ol oňa ençeme ýyllap wagyz etdi, stolunda broşýuralary goýdy, Mukaddes Kitaby ýatýan düşegine we onuň dynç almagy halaýan ýerlerine sokdy, kofe stolunda mesihi žurnallaryny goýdy. Haçanda ol öýlenen jübütleri öýüne çagyranynda, maşgala baştutanlarynyň imanda berk ornaşanlaryny saýlap çagyrýardy we olaryň adamsyna şaýatlyk etjekdigine umyt edýärdi.

Bir gün Reb oňa: «*Ýanýoldaşyňyň halas bolmagyna sen näçe wagtlap päsgel bermekçi?*» diýdi.

Muňa haýran galyp, ol: «Men ýoldaşymyň halas bolmagyna päsgel berýärinmi? Ýöne nädip?» diýip sorady.

Şonda Hudaý oňa haçanda wagyz edip, ýagdaýlary özbaşdak dolandyranynda, onuň Hudaýyň beren buýruklaryny ýerine ýetirmeýändigini düşündirdi. Oňa 1 Petrusdan bir aýat görkezdi we şeýle diýdi:

*«Broşýuralardan, žurnallardan we Mukaddes Kitapdan dyn we bu jübütleri öýüňe çagyrmagyňy bes et».*

Ol maňa şeýle diýdi: «Jon, men ýöne bir ony söýüp başladym we hemme zada boýun bolup başladym we birnäçe aýdan soň adamym öz durmuşyny Isa tabşyrdy». Men birnäçe wagtlyk olaryň öýünde myhman galdym we bu adamyň Rebbi nähili güýçli söýýändigini öz gözlerim bilen gördüm.

Eger biz Hudaýyň Sözüniň diýýän zatlaryna ynansak, bil baglasak we boýun bolsak, onda maşgalalarymyzda gudratlar görerdik we biziň pikir edişimizden has ýokary bolan parahatçylygy alardyk. Bu

sözleri bize başgalary göz astynda saklamagy we dolandyrmagy söýýän ygtyýarlyga aç ýolbaşçylar däl-de, eýsem Hudaýyň berendigi baradaky hakykaty gözden salmaly däl. Ol olary biziň gülläp ösmegimiz we goragymyz üçin aýtdy we olaryň käbirlerini biz indiki bapda göreris. Kynçylyklarymyzyň arasynda biz Onuň beren wadasyna bil baglap bileris: «Çünki siziň üçin niýetlän meýillerimi *diňe* Özüm bilýärin. Muny Reb aýdýandyr. Bular size ýamanlyk etmek däl-de, umytly geljek bermek üçin parahatlyk niýetleridir» (Ýermeýa 29:11).

## DÜNÝEWI YGTYÝARLYK

Şeýle hem, Täze Ähtde iş we okuw bilen baglanyşykly belli bir görkezmeler berilýär. Pawlus şeýle ýazdy:

> Gullara öz hojaýynlaryna her zatda tabyn bolmagy we olaryň göwnünden turmagy *ünde.* Olar hojaýynlara dil gaýtarmasynlar, zat ogurlamasynlar, gaýtam her zatda örän wepaly bolsunlar. Şeýdip, olar Halasgärimiz Hudaýyň taglymatynyň her jähtden ajaýypdygyny tassyklarlar (Titus 2:9, 10).

Imansyz başlyklaryň ýa-da kompaniýa eýeleriniň öz işgärlerinde Isany görýändiklerini aýdanlaryny eşidenimde begenýärin, bu ol işgärleriň wagyz edýändikleri üçin däl-de, eýsem kyn ýagdaýlarda we hünär etikasynda Onuň häsiýetini görkezýändikleri üçindir. Bu adamlar maňa: «Olar hiç haçan jedel etmeýärler, arz etmeýärler ýa-da arkadan pyşyrdaşmaýarlar» ýa-da «Olar hemmelerden has köp işleýärler» ýa-da «Olar iň dogruçyl we ygtybarly işçiler» diýýärler. Işçileriniň görkezen şaýatlyklary sebäpli, olar Isa hakynda aýdýanlarymy gyzyklanma bilen diňleýärler.

Şeýle-de bolsa, men onuň tersini hem başdan geçirdim. Bir gezek uçuşlaryň birinde men ýanymda oturan ýolagçy bilen söhbetdeş boldum. Bu adam bir uly şäherdäki ikinji uly taksi

kompaniýasynyň eýesi ekeni. Tä ol meniň mesihi gullukçydygymy bilýänçä, biz ýakymly söhbet etdik. Soň ol birden dymdy we indi öňküsi ýaly erkin gürläp bilmedi. Ýöne biziň mähirli gatnaşyk guranymyz üçin, maňa ondan näme üçin maňa bolan garaýşyny beýle tiz üýtgedendigini soramak aňsat boldy.

Ol şeýle jogap berdi: «Bolýar, aýdaýyn. Meniň kompaniýamda işleýän bir aýal bardy, ol «täzeden doglan mesihileriň» biridi. Ofisde ol, özüniň we beýleki adamlaryň iş wagtyny ogurlap, çepe we saga hemmelere wagyz edýärdi. Ol bizden işden aýrylandan soň, özüne degişli bolmadyk zady alyp gitdi, üstesine-de, Germaniýada ýaşaýan ogly bilen telefon arkaly jaň edendigi üçin maňa sekiz müň dollarlyk hasap goýup gitdi».

Men göni ýykyldym: sebäbi onuň özüni alyp barşy we eden ogurlygy sebäpli, bu edaradaky işçileriň hemmesiniň Hudaýyň Sözüni diňlemegi asla islemejekdikleri mese-mälimdi. Hut şonuň üçin hem Pawlus: «Olara jedel etmegi, ogurlamagy däl-de, gaýtam her zatda örän wepaly bolmagy [öwüt beriň] diýdi». Haçanda biz boýun bolanymyzda, köp zähmet çekenimizde we iş berijilerimiz ýa-da mugallymlarymyz tarapyndan kesgitlenen düzgünlere we kanunlara boýun bolanymyzda, Rebbimiz Isa Mesihiň merhemetiniň janly şaýatlyklaryna öwrülýäris.

Pawlus başga bir ýerde şuny ýazypdyr:

> Eý, gullar, ähli zatda ýerdäki hojaýynyňyza boýun egiň. *Muny* ynsanlara gowy görünmek üçin, göze ýakymly işler bilen däl-de, Rebden gorkmak bilen çyn ýürekden ýerine ýetiriň. Näme etseňiz, ynsanlar üçin däl-de, Reb üçin edýän ýaly, çyn ýürekden ýerine ýetiriň (Kolosiýalylar 3:22, 23).

«Ähli zatda boýun egiň» jümlesine üns beriň. Başlygyňyzyň ýa-da mugallymyňyzyň näçe adalatsyz görünmegine garamazdan, oňa boýun bolmak aslynda Rebbe boýun bolmaklyga deňdir.

Resul Pawlus sözüni şeýle dowam etdirýär: «Munuň üçin Rebden miras sylagyny aljagyňyzy bilýänsiňiz. Siz Reb Mesihe gulluk edýänsiňiz» (Kolosiýalylar 3:24). Eger şol aýal hakykatdanam Rebden ogurlandygyny bilsedi, meniň pikirimçe, ol muny hiç haçan etmezdi. Oňa düşünmek we Hudaýdan gorkmaklyk ýetmändi.

Pawlus indiki aýatda sözüni şeýle dowam etdirdi: «Kim ýamanlyk etse, öz eden ýamanlygynyň almytyny alar, *Reb* hiç kime tarapgöýlik edýän däldir». Şol bir ýagdaýyň başga bir terjimede nähili suratlandyrylýandygyny haladym: «Işini biperwaý ýerine ýetirýän samsyk hyzmatkär onuň üçin jogapkärçilik çeker. Mesihi bolmaklyk erbet işleriň üstüni ýapmaýar»[13].

Bu aýal kompaniýasynyň eýesiniň ýa-da raýat edaralarynyň öňünde jogapkärçilik çekmez; emma Rebbiň öňünde jogap bermeli bolar we Onuň kazyýetinde hasabat bermeli bolar. «Emma pany bedende ýaşasak-da, baky mesgene beslensek-de, Hudaýyň göwnünden turmagy maksat edinýäris. Çünki ýagşy bolsun, ýaman bolsun, parhy ýok, bedendekäk *eden işlerimize laýyk* paýymyzy almak üçin, hemmämiz Isa Mesihiň höküm kürsüsiniň öňünde durmalydyrys» (2 Korintoslylar 5:9, 10).

## UMUMY SORAGLAR

Köp adamlar şahsy durmuşy wagyz edýän zatlaryndan düýpgöter tapawutly bolan ýolbaşçylary diňlemejekdiklerini aýdýarlar. Emma bu garaýyş nireden gelýär – Hudaýa boýun bolmakdan ýa-da tebigy pikirlenmekden? Geliň, Mukaddes Kitapda ýazylanlary okalyň: «Soňra Isa halka we Öz şägirtlerine şeýle gürrüň berdi: Töwrat mugallymlary bilen fariseýler Musanyň ornunda otyrlar. Şonuň üçin olaryň size aýdýanlarynyň baryny ýerine ýetirip, berjaý ediň, emma olaryň edenlerini etmäň, sebäbi aýdýan zatlaryny özleri edýän däldirler» (Matta 23:1-3).

13 Iňlis dilinden terjime ( Habar ) Kolosiýalylar 3:25. – Terjimeçiniň belligi.

Isa wagyz edýän zatlary boýunça ýaşamaýan bozuk ýolbaşçylara-da boýun bolmagy buýurdy. Ol halka olaryň şahsy durmuşyna däl-de, bu adamlara berlen ygtyýarlyga seretmegi buýurdy. Waçman Ni şeýle ýazypdyr:

> Ygtyýarlyk edaralaryny esaslandyryp, Reb Öz üstüne gör nähili töwekgelçilik aldy! Hudaý tarapyndan berlen ygtyýarlyk Ony ýalňyş tarapdan görkezse, gör, Hudaý nähili ýitgileri çekýär! Şeýle-de bolsa, Hudaý görlüp-eşidilmedik batyrgaýlyk bilen, Öz ygtyýarlygyny gaýta-gaýta ynanýar. Rebbiň ol ygtyýarlyklary bermegine garanyňda, bize ol ygtyýarlyklara gorkman boýun bolmak has aňsat. Eger Hudaýyň Özi adama ygtyýarlygy tabşyrmakdan gorkmadyk bolsa, onda biz hem gorkusyz oňa boýun bolup bilmerismi? Hudaýyň ýolbaşçylary batyrgaý belleýşi ýaly, geliň, biz hem olara batyrgaý boýun bolalyň. Eger bir ýerde ýalňyşlyk goýberilse, onuň jogapkärçiligi biziň üstümizde däl-de, ýolbaşçylaryň egninde bolar, çünki Reb şeýle diýýär: «Goý, her bir adam ýokary ýolbaşçylara tabyn bolsun» (Rimliler 13:1).

Boýun bolýan adam diňe boýun bolmaly; Reb ýalňyş boýun bolandygymyz üçin bize höküm çykarmaz, ähli ýalňyşlyklar üçin Ol Özünden ygtyýarlyk alan ýolbaşçyny jezalandyrar. Boýun bolmazlyk bolsa gozgalaňdyr we onuň üçin Hudaý bize ygtyýarlygyň astynda bolan bizden hasabat sorar. (Ruhy güýç [Waçman Ni tarapyndan Ruhy Ygtyýarlyk].)

Muny ygtyýarlyklaryň adalatsyz yzarlanmalaryndan ejir çeken adam ýazypdyr. Ýigriminji asyryň otuzynjy we kyrkynjy ýyllarynda, daşary ýurt hoş habar ýaýradyjy guramalaryndan düýbünden garaşsyz bolup, ol Hytaýda ýerli ybadathanalary döretmäge kömek edipdir we köp adam onuň gullugy arkaly Rebbe gelipdir. Onuň bu hereketi ygtyýarlyklaryň gaharyny getirdi we 1952-nji ýylda

ol etmedik köp jenaýatlarynda aýyplanyp tussag edildi. Ömrüniň ahyryna çenli, 1972-nji ýyla çenli, ol türmede geçirdi. Ýöne onuň Rebden oňyn gorkmagy tussaglara ajaýyp şaýatlykdy we köpler onuň şahsy şaýatlygy sebäpli türmede toba etdiler. Onuň kitaplary häzirem köp adama hyzmat edýär.

## KANUNY YGTYÝARLYGY NÄDIP TANAMALY?

Bu kitabyň dowamynda men kanuny bellenen ýolbaşçylary nädip tanamalydygy barada paýlaşdym, indi bolsa bu bölümi tamamlanymdan soň, eýýäm aýdylanlary ýene bir gezek gaýtalamak maksadalaýyk bolar. Raýat we dünýewi ygtyýarlyklar sferasynda kanuny ygtyýarlygy tanamak beýle bir kyn däl. Aşakdaky aýady okalyň: «Siz her bir ynsan häkimiýetine Rebbiň haky üçin tabyn boluň» (1 Petrus 2:13). Döwlet işgäri – döwletiň öňünde aç-açan kasam eden ýa-da bar bolan hökümet tarapyndan wezipä bellenen adam. Şeýle hem kompaniýalaryň başlyklary, hakyna tutulan mugallymlar ýa-da bilim edaralarynyň müdirleri bar we biz olaryň ygtyýarlygynyň hem kanunydygyny bilýäris.

Öýdäki ygtyýarlygy hem tanamak aňsat. Haçanda aýal durmuşa çykanynda, ol adamsynyň ygtyýaryna, goragyna we üpjünçiligine girýär. Çaga maşgalada peýda bolanynda, ene-atasynyň ygtyýaryndadyr. Çaga ogullyga alnan bolsa, ogullyga alýan ene-atasyna edil biologiki ene-atasy hökmünde hormat goýmalydyr. Ýetimler öýünde ýa-da hossarlykda bolan çaga, öz üstünden goýlanlara hormat goýmalydyr.

Ybadathanada ygtyýarlygyň kanunydygyny tanamak meselesi birneme çylşyrymly. Mukaddes Ýazgy, ýalan resullaryň, ýalan mugallymlaryň we ýalan ýolbaşçylaryň ýygnakda peýda bolmagy hakynda duýduryş berýär; biz beýle adamlara boýun bolmaly däldiris. Pawlusyň aýdyşy ýaly: «...käbir dogansumaklar aramyza ogrynça sümlüp, ... Emma biz bu dogansumaklara bir pursat-da

eglişik etmedik» (Galatýalylar 2:4-5). Ýalan ýolbaşçylar özlerini iki görnüşde ýüze çykaryp bilerler. Ilki bilen, olar Mukaddes Ýazga laýyk gelmeýän öwredişi getirýärler. Ýaňy aýdanlarymyzyň kontekstinde Pawlus birneme öň şeýle ýazypdyr: «Emma hatda biz ýa-da asmandan inen bir perişde size öň wagyz eden Hoş Habarymyzdan başga bir hoş habar wagyz etse, goý, näletli bolsun!» (Galatýalylar 1:8). Şol sebäp boýunça Pawlus beýle ýolbaşçylara hormat goýmady ýa-da olara boýun egmedi.

Ikinjiden, ýalan ýolbaşçylar ýygnakda öz-özlerini bellemek arkaly ýokary galýarlar. Hudaýýň bellenmegi Mukaddes Ruhdan gelýär we dalaşgäriň durmuşyna ozal gözegçilik eden ygtyýarly ýaşulular tarapyndan tassyklanýar. Köne Ähtde bu proses Ýeşuwanyň bellenmeginde görkezilýär. Hudaý Musa şeýle diýdi:

> Onda Reb Musa şeýle diýdi: «Meniň Ruhumdan dolan Nunuň ogly Ýeşuwany saýla-da, elleriňi onuň üstünde goý. Ony ruhany Elgazaryň we bütin halkyň öňünde durzup, olaryň gözüniň alnynda ony halka ýolbaşçy belle. Bütin ysraýyl halky tabyn bolar ýaly, oňa öz ygtyýarlyklaryňdan ber (Çölde 27:18-20).

Hudaý Ýeşuwany saýlady, ýöne Ol Öz saýlawyny bar bolan ýolbaşçylaryň, Musanyň we Elgazaryň üsti bilen tassyklady. Bu adamlar Ýeşuwany köp ýyllap synladylar. Edil şol belleniş ulgamy Täze Ähtde-de bar (Resullaryň işleri 13:1-4).

Pawlus şeýle nygtady: «Çünki özüni özi beýgeldýän däl-de, Rebbiň beýgeldýäni arzylydyr» (2 Korintoslylar 10:18). Öz-özüni yglan eden ýolbaşçylara boýun bolmak howply. Hudaý hemişe bellenişi dalaşgärleriň gulluga wepalydygyny görkezen ýygnagynyň öňünde tassyklaýar. Isa Tiýatiradaky ýygnagyň imanlylaryny ýazgardy, sebäbi olar özüni pygamber saýýan Izebel atly aýalyň edenlerine geçirimlilik etdiler we onuň galp ygtyýalygyna boýun egdiler (Aýanlyk 2:20-25). Öz-özüni yglan eden gullukçylary nädip

tanamalydygy barada men *«Reb şeýle diýýärmi?»* atly tutuş bir kitap ýazdym. Ol bu meseläni öwrenmekde gowy kömek bolup biler; Kitap ruhy ygtyýarlygyň hyýanatçylykly peýdalanmagyna, şeýle-de ýalan ygtyýarlygyň ýüze çykarylmagyna bagyşlanýar.

Haçanda biz hakykatdanam halas edilip, Hudaýyň islegini gözläp başlanymyzda, biz ýygnakdaky kanuny ygtyýarlygy aňsatlyk bilen tanaýarys. Isa şeýle diýdi: «Hudaýyň yradasyny berjaý etmek isleýän adam Meniň öwredýänlerimiň Hudaýdandygyna ýa-da Özümdendigine göz ýetirer» (Ýohanna 7:17). Bu ýerde esasy sözler şulardyr: «Hudaýyň yradasyny berjaý etmek isleýän adam». Haçanda biz Hudaýyň islegini gözlänimizde, Ol bize Mukaddes Ruh arkaly tapawutlandyrmak peşgeşini berýär. Bu hakda Ýohanna şeýle ýazdy: «Siz bolsa, hemme zady bilýänsiňiz, çünki siziň mesh edilmegiňiz Mukaddes Ruh tarapyndandyr» (1 Ýohanna 2:20).

Waçman Ni şeýle ýazypdyr: «Eger biz hakykatdanam Hudaýa boýun bolmagy öwrensek, onda Hudaýyň ygtyýarynyň kimdedigini kesgitlemekde kynçylyk çekmeris» (*ruhy ygtyýarlyk*). Eger sen Hudaýy tanaýan bolsaň, onda ygtyýarlygy hem bilýänsiň, çünki Ol we Onuň ygtyýarlygy aýrylmazdyr.

Hudaý Özüni yhlas bilen gözleýäne we Oňa boýun bolýana sylag berýär. Indiki bapda, biz ygtyýarlyga boýun bolmagyň köp peýdaly taraplaryny hem göreris.

17-NJI BAP

# BEÝIK IMAN

*Biziň boýun bolmak derejämiz näçe ýokary bolsa, imanymyz hem şonça-da güýçlüdir.*

Bu soňky bapda, biz ünsümizi «sanjymlaryň» peýdalarynda, başgaça aýdanymyzda, Gudratygüýçliniň howandarlygyna girenleriň hemmesine berilýän ajaýyp sylaglarda we ýalkawlarda jemläris. Diňe artykmaçlyklary beýan etmek üçin birgiden kitaplary bagyşlap bolardy. Biz olaryň diňe käbirine degip geçeris, galanlaryny bolsa siz Mesihdäki şahsy başdan geçirmeleriňiz we tejribeleriňiz arkaly açarsyňyz.

## REB, BIZDE IMANY ARTDYR

Birnäçe ýyl mundan ozal men adatdakysy ýaly daňdan sagat 5:30-da ofisime bardym. Ýöne bu gezek, entäk doga-dilegden öň, men Mukaddes Ruhuň sesini eşitdim: «*Lukanyň Hoş Habarynyň on ýedinji babyny aç we bäşinji aýatdan okap başla».*

Tolgunyp, bu ýeri açdym we aýatlaryň maňa gaty tanyşdygyny gördüm. Men olary hatda wagyzlarym üçinem ulanýardym, ýöne bu meniň tolgunmagymy köşeşdirmedi. Durmuş tejribäme esaslanyp,

men haçanda Hudaý maňa bir aýady okamagy buýranynda, ol ýerden ozal görmedik täze bir zady öwrenjekdigimi bilýärdim. Geliň, bu aýada bilelikde seredeliň.

Resullar Reb Isa: «Biziň imanymyzy artdyr!» diýdiler (Luka 17:5). Şol gün irden Onuň maňa görkezen zatlaryny öwrenmegimizi dowam etdirmezden ozal, men adamlaryň Rebden näme üçin imanlaryny artdyrmaklaryny haýyş edendiginiň sebäbini aýdaryn. Belki, Isa ýaňy ölen adamy direldendir? Ýa-da, mümkin, bäş müň adamy birnäçe çörek we balyk bilen iýmitlendirendir? Ýa-da gaharly deňzi diňe bir sözi bilen köşeşdirendir? Ýok, ýok, ýok we ýene-de bir gezek ýok! Isa ýönekeý olara şeýle diýdi: «Habardar boluň! Eger doganyň günä etse, oňa käýe. Eger ol toba etse, ony bagyşla. Ol saňa garşy günde ýedi gezek günä edip, ýedi gezek hem ýanyňa gelip: “Toba edýärin!” diýse, ony bagyşla» (3-nji, 4-nji aýatlar).

Ajaýyp güýji bolan gudratlar olaryň özlerinde imanyny artdyrmaklaryny sorap gygyrmaklaryna mejbur etmedi. Ol özlerine garşy ýalňyş hereket edenleri bagyşlamak baradaky ýönekeý tabşyrykdy. Bu adamlar kanuna laýyklykda ýaşaýardylar we kemsitmelere «göze göz we dişe diş» garaýyş bilen jogap bermäge öwrenişipdiler. Isa bolsa olary şu wagta çenli eşidilmedik ýoldan alyp bardy. Bu ýol olar üçin birneme manysyz görünýärdi. Hudaýyň häsiýetinde gezmek buýrugy olary haýran galdyrdy. Şeýle kyn zady olar nädip edip bilerler? Ine, jogap: «Biziň imanymyzy artdyr!» Olar tabynlygyň we imanyň ýakyndan baglanyşyklydygyny bilýärdiler – bu meniň düýbünden täze garaýyşda görjek zadymdy.

Has köp iman bermegi baradaky ýalbarmalaryny eşidip, Isa olara bir tymsal aýtdy: «Eger siziň bir gorçisa dänesi ýaly imanyňyz bolup, şu tut agajyna: Bu ýerden goparyl-da, deňizde göger! diýseňiz, ol size gulak asar» (6-njy aýat). Men onuň asyl manysyna düşünendigimi duýdym. Men ozal bu aýatlar boýunça öwredipdim we Isanyň Hudaýyň imany baradaky öwredişi bilen tanyşdym. Eger biz ýüregimizde şübhä ýol bermän, aýdan zadymyzyň boljakdygyna

iman edip, şu daga: “Göteril-de, deňze zyňyl” diýsek, biziň diýenimiz bolar (Mark 11:22-24-e seret). Tapawudy ýokdy, ýöne dagyň ýerine Ol injir agajyny mysal hökmünde ulanypdy.

Bu sözlerden imanyň ilki başda gorçisa tohumynyň ölçeginde berilýändigi aýdyňdyr. Bu ýerde Patyşalygyň ekiş we oruş ýörelgesi ýatyr: «Hudaýyň Şalygy ýere tohum sepýän adam ýalydyr» (Mark 4:26). Haçanda halas bolanymyzda, biziň her birimiz belli bir derejede iman aldyk (Rimliler 12:3-e seret). Ol bize tohum görnüşinde berilýär we biziň jogapkärçiligimiz ony dökünlemek we ösdürip ýetişdirmekdir. Ol nähili ösýär? Jogap eýýäm ýakyn.

## HYZMATKÄRLER ÜÇIN GÜNORTANLYK NAHAR WAGTYMY?

Men okamagymy dowam etdirdim, ýöne gaty ünsli okadym, sebäbi indiki dört aýat meni hemişe oňaýsyz ýagdaýa salýardy. Isanyň şägirtlerine imany nädip artdyrmalydygy barada aç-açan formulalar bermeýändigini çaklap başladym. Ol olary ygtyýarlyga boýun bolmak bilen gönüden-göni baglanyşykly durmuş ýörelgesine gönükdirmekçidi. Onuň tymsalyny diňläň:

> Aýdaly, siziň ýer sürýän ýa-da çopançylyk edýän hyzmatkäriňiz bar. Ol meýdandan gelende, siziň haýsyňyz oňa: Basym gel-de, saçak başynda otur diýersiňiz? Gaýtam, oňa: Meniň agşamlygymy taýýarla, biliňi guşa-da, iýip-içýänçäm, maňa hyzmat et, özüň soňra iýip-içersiň diýmezmi? Buýruklaryny berjaý edeni üçin, ol hyzmatkäre minnetdarlyk bildirermi? Beýle pikir etmeýärin (Luka 17:7-9).

Men mydama Isanyň näme üçin başga mowzuklara beýle birden geçýändigi hakynda gyzyklanýardym. Ilkibada Ol agaçlary köki bilen goparýan iman hakynda gürledi, soňra bolsa birdenkä hyzmatkäriň özüni alyp barşyna geçdi. Meniň üçin bu manynyň we logikanyň

bozulmasy ýalydy, ýöne şol gün irden men hemme zada düşündim.

Bu aýatlary gaýta-gaýta we haýaljykdan okanymda, Onuň ýüregime nähili ylham berjekdigine garaşdym. Birdenkä men şuny eşitdim: «*Topragyňy ösdürip ýetişdirýän hyzmatkäriň ahyrky maksady näme? Süri bakýan hyzmatkäriň ahyrky maksady näme? Ahyrky netije nähili?*»

Bir salym pikirlendim. Soň bolsa şu meniň kelläme geldi: bişirilen nahary saçagyň üstünde goýmak. Men Isanyň näme diýjek bolýandygyna düşündim. Eger hyzmatkäriň zähmetiniň ahyrky netijesi hojaýynyň saçagyndaky nahar bolsa, hojaýyny nahar iýmezden ozal hyzmatkär haýsy hukugy bilen nahar iýip biler? Ilki bilen ol işini dynmaly dälmi näme? Elbetde, şeýle etmeli! Gutarylmadyk iş edil düýbünden başlanmadyk ýaly erbet. Näme üçin ekin meýdany sürmeli, ýöne ondan iýmeli däl? Eger ýüň, et ýa-da süýt almajak bolsaň, näme üçin sürüleri bakmaly?

Muňa düşünenimden soň, men yzyny okadym: «Siz hem *özüňize buýrulan ähli zady berjaý edeniňizden soň*: biz hem ýöne bir hyzmatkärdiris, diňe özümize tabşyrylan ýumşy ýerine ýetirdik diýiň» (Luka 17:10, awtor tarapyndan bellenen).

Ol bu mysaly gönüden-göni bize gönükdirdi. Haçanda men okap otyrkam, «*ähli zady berjaý ediň*» we «*özüňize buýrulan zatlary*» sözleri sahypadan böküp çykan ýaly boldy. Isa bu hyzmatkäriň hojaýynyna boýun bolmagyny biziň Hudaýa boýun bolmagymyz bilen baglanyşdyrdy. Muny etmek bilen, Ol imany artdyrmak bilen bagly üç sany möhüm pikiri öňe sürdi:

- Iman bilen ygtyýarlyga boýun bolmagyň arasynda göni baglanyşyk bar.
- Iman diňe bize berlen zatlary ahyryna çenli bitirenimizde ösýär.
- Hakyky tabynlykdaky garaýyş iň möhüm faktor.

Geliň, her pikiri Mukaddes Ýazgylara salgylanyp maslahatlaşalyň.

# IMAN BILEN YGTYÝARLYGA BOÝUN BOLMAKLYGYŇ ARASYNDAKY BAGLANYŞYK

Birinji pikir – iman bilen boýun bolmagyň arasyndaky göni baglanyşyk; onuň tassyklamasyny biz Isanyň ýüzbaşy bilen duşuşygy hakynda aýdylýan Hoş Habarda görýäris. Haçanda Isa Kapernauma gireninde, rim ýüzbaşysy ýanyna gelip, ysmaz we agyr ejir çekip ýatan hyzmatkärini bejermegini haýyş etdi. Isa: «Men baryp, ony sagaldaryn» diýip jogap berdi (Matta 8:7).

Ýüzbaşy Onuň sözüni böldi: «Agam, Seniň öýüme gelmegiňe men mynasyp däl. Diňe birje söz aýtsaň bes, meniň hyzmatkärim sagalar» (Matta 8:8).

Isa bu adamyň öýüne gitmegi isleýärdi we muňa taýýardy, ýöne ýüzbaşy Isany kabul etmäge mynasyp däldigini duýdy we muny etmezligini haýyş etdi. Ol diňe Ondan şol wagtky duran ýerinden buýruk bermegini haýyş etdi we hyzmatkäriň sagaljakdygyny aýtdy. Ýüzbaşy özüni alyp barşyny şeýle düşündirdi: «Sebäbi men hem buýruk astyndaky adamdyryn, ygtyýarymda esgerlerim bar. Birisine «Git» diýsem gidýär, başgasyna «Gel» diýsem gelýär. Hyzmatkärime «Şuny et!» diýsem edýär» (Matta 8:9).

Geliň, onuň ýagdaýyny ara alyp maslahatlaşalyň. Rim ýüzbaşysynyň alty müň esgeri bardy. Ýüzbaşynyň içinde goşun komandirine tabyn bolan altmyş ýüzbaşy bardy, olaryň ýolbaşçylygynda bolsa ýüz sany adaty goşunlar bardy.

Rim ofiseri Isa esgerleriň özüne hormat goýýandyklaryny we boýun bolýandyklaryny, sebäbi onuň hem öz gezeginde serkerdesine boýun bolýandygyny aýtdy. Şeýlelik bilen, onda serkerdesiniň, ol serkerdäniň bolsa Rimden gelen ygtyýarlygyň goldawy bardy. Ýönekeý sözler bilen aýdylanda, ine, onuň aýdan sözleriniň manysy: «Men ygtyýar astyndaky adam; ýöne meniň hem ygtyýarlygym bar. Şonuň üçin etmeli zadym, diňe söz aýtmak, meniň ygtyýarymdakylar bolsa derrew meniň buýrugymy ýerine ýetirýärler».

Ol: «Çünki men we...» diýdi. Ol Isanyň Hudaýyň Patyşalygynyň ygtyýaryndaky Onuň guludygyny ykrar etdi; şonuň üçin bu söweşiji Isanyň edil özüniň harby dünýäde ygtyýarynyň bolşy ýaly ruhy dünýäde asman äleminde ygtyýarynyň bardygyny bilýärdi. Ol özüne diňe buýrugyň gerekdigine we başga hiç zadyň gerek däldigine düşündi we edil özüniň «Göneliň» diýip buýruk bereninde esgerleriniň ýerinden böküp turuşy ýaly, ysmazyň hem boýun boljakdygyna düşündi.

Isa muňa nähili jogap berdi? Isa bu sözleri eşidip haýran galdy. Ol yzyna düşüp gelýänlere: «Size dogrusyny aýdýaryn, Men hatda Ysraýylda hem şeýle imany bar adamy tapmadym» diýdi (Matta 8:10).

Isanyň ýerdäki otuz üç ýylynyň dowamynda gören iň uly imany Çokundyryjy Ýahýada ýa-da ejesi Merýemde däldi. Ol şypa we gudrat alan Ysraýyl ogullarynyň arasynda-da, on iki şägirdiň arasynda-da ol imany tapmady. Ol Rim raýatyna, esgerine, Ysraýylyň basybalyjylaryndan birine degişlidi. Onuň imanyny beýle beýik eden zat nämedi? *Hakykatda, ol ygtyýarlyga boýun bolmaklyga düşünmek bilen garaýardy.*

Bu Isanyň beýik iman tymsalynda aýdan zadydy. Bize berlen ygtyýarlyk, oňa boýun bolmagymyz bilen göni proporsionaldyr. Biziň boýun bolmak derejämiz näçe ýokary bolsa, imanymyz hem şonça-da güýçlüdir. Indi ony Isanyň şägirtlerine imanda ösmek islänlerinde aýdan sözleri bilen baglanyşdyryň: «Eger siziň bir gorçisa dänesi ýaly imanyňyz bolup, şu tut agajyna: Bu ýerden goparyl-da, deňizde göger! diýseňiz, ol size gulak asar» (Luka 17:6). Isa biziň etmeli bar zadyň söz aýtmakdygyny we agajyň bize boýun boljakdygyny aýtdy! Bu injir agajy kime boýun bolýar? Kim «buýrugy berjaý etse» şoňa boýun bolar (Luka 17:9).

## AHYRYNA ÇENLI BOÝUN BOLMAK

Isanyň beren ikinji möhüm pikiri, bize tabşyrylan zatlary ahyryna çenli ýerine ýetirenimizde imanyň ösmegidir. Ine, Onuň takyk

sözleri: «Siz *özüňize buýrulan ähli zady berjaý edeniňizden* soň». Hyzmatkär diňe aýry bölekleri üçin däl-de, hojaýynyň isleginiň doly ýerine ýetirilmegi üçin jogapkärdir. Biz gaty köp ýagdaýda, bir zady başlaýarys we gutarmaýarys, sebäbi oňa bolan gyzyklanmamyzy ýitirýäris. Käwagt edýän tagallalarymyz we çekýän görgülerimiz çydar derejeden agyr bolýar. Hakyky we wepaly gullukçy ähli kynçylyklara we ýagdaýlara garamazdan işini ahyryna çenli tamamlaýar. Ol ekin meýdanlaryny ösdürip ýetişdirýär, zähmetiniň miwelerini eýesine getirýär we saçagy ýazýar. Onuň hereketleri hakyky tabynlygy görkezýär.

Ybraýym imanymyzyň atasy diýip atlandyrylýar (Rimliler 4:11, 12-ä seret). Onuň çagasy ýokdy. Ine, Ybraýym ýetmiş bäş ýaşyndaka, Hudaý oňa görnüp, oňa köp milletleriň atasy boljak ogul berjekdigini wada berdi. Garaşmak we boýun bolmak bilen köp ýyllar geçdi we Ybraýym ýüz ýaşynda wada berlen ogluny aldy.

Hudaý onuň Yshaga çuňňur ýakynlaşmagyna rugsat berdi. Haçanda olaryň söýgüleri berkäninde, Reb Yshagy Moryýa ýurdyna alyp gidip, ony gurban getirmekligi buýurmak bilen Ybraýymy synap gördi. Mukaddes Ýazgy şeýle diýýär: «Ybraýym daň bilen turup, eşegini gaňňalady» (Gelip çykyş 22:3). Onuň näderejede çalt boýun bolandygyna üns beriň. Käbir adamlar, Hudaýa boýun bolmak ýa-da bolmazlygy karar bermek üçin, günler, hepdeler, aýlar, hatda ýyllar boýunça pikirlenýärler. Olarda beýik imanyň ýoklugynyň sebäbi bolan Hudaýa bolan gorky ýetmezçilik edýär. Hudaýyň biziň bilen gürleşendigini bilenimizden soň, biz derrew jogap bermeli. Diňe ýekeje bir ýagdaýda biz säginip bileris: eger bu durmuşymyzda uly üýtgeşmeleri öz içine alýan bolsa, şonda biz üstümizde goýlan ýolbaşçylardan tassyklama gözlemek üçin paýhasly bolmalydyrys.

Moryýa ýurdyna syýahat Ybraýymyň üç gününi aldy. Bu wagtyň içinde hemme zady jikme-jik pikirlenmäge onuň mümkinçiligi bardy. Eger ol yzyna gaýdyp barmagy ýüregine düwen bolsa, onda ony şol

mahal ederdi. Emma Ybraýym muny etmedi. Ol ogly bilen dagyň iň ýokarsyna çykdy we Yshagy bilelikde guran gurbanlyk sypasyna daňdy. Ol ogluny pyçaklamak üçin pyçagyny eýýäm ýokaryk galdyrypdy, şonda Rebbiň perişdesi ony saklady: «Oglana el gatma, oňa hiç zat etme. Indi Men seniň Hudaýdan gorkýandygyňy bilýärin. Sen öz ýalňyz ogluňy Menden gaýgyrmadyň» (Gelip çykyş 22:12).

Ybraýym ahyryna çenli boýun boldy! Ol hatda durmuşyndaky iň möhüm zadyny, Yshagy, mirasdüşerini, umydyny, Hudaýyň beren wadasyny ýitirmegiň öňünde bir salym hem ikirjiňlenmedi. Ogluny ýitirmek bilen, ol durmuşynyň ähli manysyny ýitirerdi. Ybraýym boýun bolmak isleginiň wadany almak isleginden has güýçlüdigini subut etdi. Biz hem muny ýüregimizde kabul etmelidiris.

*Eý Reb, biziň hem neslimizi galdyr!* Ondan soň Hudaý şeýle diýdi:

> Reb şeýle diýýär: Men Öz adymdan ant içýärin. Seniň bu işi edendigiň üçin, ýagny öz ýalňyz ogluňy Menden gaýgyrmandygyň üçin, Men hakykatdanam seni ýalkap, seniň nesliňi asman ýyldyzlarydyr deňiz ýakasynyň çägeleri deý köpelderin. Seniň nesliň öz duşmanlaryndan üstün çykar. Meniň sözüme gulak asandygyň üçin, ýer ýüzüniň ähli milletleri seniň nesilleriň arkaly pata alarlar (Gelip çykyş 22:16-18).

Ahyryna çenli tabyn bolany üçin Ybraýyma we onuň nesillerine wada berlen zatlara serediň! «Seniň nesliň öz duşmanlaryndan üstün çykar». Siziň pikiriňizçe näme üçin Isa şeýle diýdi: «Hatda ölüm-de bu ýygnagymy ýeňip bilmez?» Ybraýymyň Ata Hudaýa bolan tabynlygy ýygnagy zerur zatlar bilen üpjün edip bilmegi üçin Isa gapyny açdy. Onuň imany ýa-da boýun bolmagy bize şu güne çenli şaýatlyk edýär.

Indi, Ýewreýlere hatyň ýazyjysynyň Ybraýymyň tabynlygy hakynda aýdanlaryna serediň:

> Biz siziň her biriňiziň umydyňyzyň amala aşmagynyň iň soňky pursadyna çenli hyzmatda gaýratlylyk görkezmegiňizi dileýäris. Ýaltalyga ýüz urmaň, *gaýtam, iman hem sabyr-takat arkaly Hudaýyň wadalaryna gowşanlaryň göreldesine eýeriň*. Hudaý Ybraýyma wada berende, Özünden beýik hiç kimiň ýokdugy üçin, Öz adyndan kasam etdi. Ol: «Men, hakykatdanam, seni ýalkap, seniň nesliňi san-sajaksyz köpelderin» diýip ant içdi. Şeýlelikde, Ybraýym sabyr-takat bilen garaşyp, berlen wada ýetdi (Ýewreýler 6:11-15).

Ybraýym ahyryna çenli tabyn boldy – ol hemme zady çydamlylyk bilen geçirdi. Onuň tabynlyk hereketlerini, öňki bapda ara alyp maslahatlaşan Şawul patyşanyň özüni alyp barşy bilen deňeşdiriň. Ol tabynlyk bilen söweşe girdi we özüne ynanylan zatlaryň togsan dokuz göterimini ýerine ýetirdi. Ol iň gowusynyň diňe bir bölegini – onuň pikiriçe, Rebbe galdyrdy. Netijede, ol Hudaýyň buýrugyny tamamlamady. Daşyndan, ol soňuna ýakynlaşan ýalydy, ýöne boýun bolmazlygy oňa köp gymmada durdy. Ol «Hojaýynyň saçagyna» nahar getirjek pursata ýetdi, ýöne onuň saklap galan zady netijesinde ýüreginiň göterýän sebäpleri aýan boldy. Gulluk edýänine hormat goýmagyň ýerine, ol özüne berlen tabşyrykdan peýdalanmaga synanyşdy.

Şawul ýaly näçe adam gulluklaryny höwes bilen alawda başlaýarlar, ýöne soň oňaýsyzlyklar, kynçylyklar ýüze çykanynda ýa-da netijeler gijigende boýun egmezlige başlaýarlar! Ýa-da olar ýolbaşçynyň kesgitlän ýolundan azajyk sowulmagyň ýollaryny tapyp, özlerine peýda getirmek üçin mümkinçilik gözleýärler. Her niçigem bolsa, dini bahana ýa-da jedelleri tapmak bilen olar özlerini aklaýarlar. Bu Şawulyň Rebbiň sözüne görä ýok etmeli iň gowy goýunlary Hudaýa gurban getirmek bahanasy bilen alyp galandygy bilen deňdir. Eger tabynlyk doly bolmasa, iman ösmez, gaýtam azalar!

Ybraýym, ahyryna çenli boýun bolmak bilen görkezen hakyky

imanynyň we sabrynyň üsti bilen wadalary aldy.

Ýakubyň açyk aýdyşy ýaly onuň imany we tabynlygy biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşyklydy (bu aýatlarda *işleriň* diýen söze derek men *tabynlyk işleri* diýen sözleri goýaryn):

> Eý, akmak, *amalsyz imanyň* peýdasyzdygyny bileňokmy? Atamyz Ybraýym gurbanlyk sypasynda öz ogly Yshagy hödürläninde, *tabynlyk işleri arkaly* aklanmadymy eýsem? Seret, onuň *tabynlyk işleriniň* imany bilen *tabynlyk işleriniň* amallary birlikde hereket etdi we imany şu amalda kämil boldy. Şeýlelik bilen, Mukaddes Ýazgylardaky: «Ybraýym Hudaýa iman etdi we Hudaý ony dogry hasaplady» diýen söz amala aşdy. Ybraýym Hudaýyň dosty diýip atlandyryldy. Gördüňmi, ynsan diňe bir *iman bilen däl-de,* eýsem, *tabynlyk işleri* arkaly hem aklanýandyr. ... Edil jansyz bedeniň öli bolşy ýaly, *tabynlyksyz* iman hem ölüdir (2:20-24, 26).

Iň soňky aýatda iman we tabynlyk işleri adamyň bedenine we ruhuna deňelýär. Onuň mysalynda siz imanyň beden bilen, tabynlyk işleriniň bolsa adamyň ruhy bilen deňeşdirilendigini görýärsiňiz. Biziň dünýämizde ýüze çykmak üçin bu iki zat biri-birini doldurmalydyr. Ruh bedenden çyksa, beden öler. Ruh gidenden soň, Lazarda bolşy ýaly, ruh gaýdyp gelýänçä, direlip bilmez. Şeýlelikde, Ýakup imanyň tabynlyk işlerine bütinleý baglydygyny görkezdi. Şonuň üçinem ol şeýle diýdi: «Emma men aýdýaryn, hany, tabyn bolmazdan maňa imanyňy görkez, men hem saňa imanymy tabyn işlerim arkaly görkezeýin!» (Ýakup 2:18). Iman tabynlygyň daşynda bolsa hakyky däldir. Ýalňyşmaň, sebäbi Mukaddes Ýazgy «*tabynlyk bilen* iman kämilleşýär!» diýýär.

Resullar: «Ýa Reb, biziň imanymyzy artdyr» diýşip gygyrdylar. Soňra Isa tabynlyk işlerini ahyryna çenli etmek hakynda gürledi! Gadyrly doganym ýa-da eziz uýam, indi näme üçin bu kitabyň başynda bu habaryň ähmiýeti we derwaýyslygy hakynda

gürländigime düşünýärsiňizmi? Kanunsyzlygyň artýan bu döwründe biziň hemmämiz bu sözlere berk ýapyşmalydyrys.

Mümkin, siz: «Men iman eşitmekden we ynamdan gelýär öýdüpdim» diýip bilersiňiz. Hawa, bu hakykat, ýöne imanyň şaýatlygy tabşyryga boýun bolmak bilen baglanyşykly hereketlerdir. Şol sebäpli bize söz eşidip, ýöne oňa boýun bolmasak, aldawda ýaşaýandyrys diýilýär. Şonda biziň imanymyz hakyky däl-de, diňe boş galplykdyr.

## IMANDA BEÝIK BATYRLYK

Resul Pawlusyň beren ýygnak gullukçylarynyň häsiýetleriniň beýanynda-da şol bir hakykaty tapýarys: «Olary dýakonlar edip bellenmezden ozal, häsiýetlerini we başarnyklaryny synamak üçin ýygnakda beýleki wezipeleri ýerine ýetirmeli. Muny edip bilseler, dýakon bolup bilerler»[14] (1 Timoteos 3:10). Dýakon ýolbaşçy däl, ol başga biriniň buýruklaryny ýerine ýetirýär. Y. E. Waýn grekçe «dýakon» sözüniň «düýp manysynyň *hyzmatkärdigini»* aýdýar. Soňra, ol bu sözüň kimdir biriniň ygtyýaryndadygyny aňladýandygyny ýazýar. Pawlus haçanda dýakonlar wepalylyk bilen hyzmat edenlerinde, olaryň boýun bolmaklarynyň şu zatlary berýändigini aýdýar: «Oňat hyzmat edýän hyzmatçylar Isa Mesihe bolan imanynda özlerini ýokary derejä[15] we berk gaýduwsyzlyga taýynlaýarlar» (1 Timoteos 3:13).

Öň aýdyp geçen Isanyň tymsalyna görä, gullara iki zat wada berilýär: ruhy beýgelmegi öz içine alýan gowy ýagdaý (Zebur 74:8); doly tabynlykda ýaşaýanlar üçin beýik iman. Iman we tabynlyk işleri Mukaddes Ýazgyda bilelikde ýakyn baglanyşykda seredilýär. Ine, Mukaddes Kitapdan käbir mysallar:

Habylyň imany boýun bolmak arkaly ýüze çykdy, onuň şaýatlygy bolsa müňlerçe ýyldan soň hem gepleýär (Ýewreýler 11:4-e seret).

14 Iňlis dilinden terjime (New Living Translation, Mukaddes Kitap). – *Terjimeçiniň belligi.*

15 Başga bir terjimede *gowy ýagdaý (Grekçe asyl nusgasyndan täze terjime). – Terjimeçiniň belligi.*

Hanogyň tabyn bolmaklykda ýüze çykan imany onuň Hudaý bilen bolmagyna, soňra bolsa beýgelmegine we ölümden gutulmagyna sebäp boldy.

Nuhuň imany onuň tabynlygy bilen tassyklandy we şeýlelik bilen onuň maşgalasy halas edildi, emma günälere batan dünýäniň galan bölegi heläk boldy.

Ybraýymyň tabynlykda ýüze çykan imany ony köp halklaryň atasy etdi.

Ýusubyň tabynlykda ýüze çykan imany maşgalasyna gutulyş getirdi.

Nun ogly Ýeşuwanyň we Kalebiň tabynlyk arkaly görkezen imanlary olara wada berlen topragy miras berdi. Ýeşuwa Musa wepalylyk bilen gulluk etdi we şonuň üçin onuň oruntutary boldy. Ol süýt we bal akýan wada berlen ýere täze nesli alyp bardy.

Ahlaksyz Rahap, «içalylary kabul edip, olary başga ýol bilen gaçyp gitmäge kömek eden işleri arkaly aklandy» (Ýakup 2:25). Onuň tabynlygy tutuş öýüni halas etdi. Bu onuň hakyky imanynyň subutnamasydy.

Hannanyň özüni kemsiden ruhanysyna boýun bolmagy we tabynlygy onuň önelgesini açdy we onuň nesli halkyna galkynyş getirdi.

Dawudyň öz ýolbaşçysyna garşy çykmaga het edip bilmän boýun bolmagy, ony Şawulyň ýüregi bolan däl-de, Hudaýyň ýüregi bolan beýik patyşa etdi.

Danyýeliň, Şadragyň, Meýşagyň we Abednegonyň tabynlygy olara Hudaýdan we patyşadan uly merhemet getirdi.

> Başga ýene näme aýdaýyn? Gidegon, Barak, Şimşon, Ýeftah hakda, Dawut, Şamuwel we beýleki pygamberler hakda gürrüň bermäge wagtym ýok. Iman arkaly olar ençeme patyşalygy ýeňdiler, ýurdy adalatly dolandyrdylar, wadalara ýetdiler, arslanlaryň agzyny bagladylar, lowlaýan ody öçürdiler, gylyjyň tygyndan gaçyp gutuldylar, ejiz bolsalar hem güýçden doldular, söweşde kuwwatlanyp, keseki

goşunlary derbi-dagyn etdiler. Aýallar ölen ýakynlaryny direlen halda yzyna aldylar. Käbirleri bolsa dirilişden soň has oňat ýaşaýşa gowuşmak üçin, azat bolmakdan ýüz öwrüp, jebir-süteme döz geldiler. Başga birileri kemsidilmelere sezewar edilip gamçylandylar, zynjyrlar bilen baglanyp, zyndana taşlandylar. Olaryň käbirini daşladylar, bedenlerini kesip, ikä böldüler, gylyçdan geçirip öldürdiler. Käbiriler goýun we geçi derisini geýip, sergezdançylyk etdiler, mätäçlikde ýaşadylar, zulum astynda yzarlanyp, horluk çekdiler. Dünýä olara laýyk däldi. Olar çöllerde, daglarda entediler, gowaklarda, köweklerde gizlendiler. Olaryň hemmesi iman arkaly Hudaýyň öwgüsini gazanan hem bolsalar, olaryň hiç biri Hudaýyň wadasyna gowuşmady (Ýewreýler 11:32-39).

Ýewreýlere hatyň ýazyjysy imany we tabynlyk işlerini birleşdirdi. Olar biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Eger iman diňe gudratlary kabul etmek üçin berlen bolsa, onda näme üçin oňa çöllerde we daglarda aýlanyp, muşakgatlara we yzarlamalara sezewar bolanlary öz içine almak gerek boldy? Bu adamlar mertebe bilen pellehana ýetdiler, olar ahyryna çenli boýun boldular. Bu hakyky imandyr.

Eger siz beýik imana eýe bolmak isleýän bolsaňyz, onda Hudaýyň ygtyýaryna gönüden-göni ýa-da tabşyrylan ýagdaýda soňuna çenli boýun boluň. Siziň imanyňyz boýun bolmagyňyza gönüden-göni proporsionaldyr!

## TABYNLYGYŇ GÜWÄSI

Isanyň şägirtlerine öwreden iň soňky pikiri özlerinde tabynlyk garaýşyny saklamaklykdy. Ol olara şeýle diýdi: «Siz hem özüňize buýrulan ähli zady berjaý edeniňizden soň: *Biz hem ýöne bir hyzmatkärdiris, diňe özümize tabşyrylan ýumşy ýerine ýetirdik* diýiň». Haçanda biz şeýle garaýşy özümizde saklasak, onda

Hojaýyndan sylag almak üçin awtomatiki dalaşgärlere öwrülýäris. Özlerini beýgeldýänler kiçigöwünli bolarlar. Reb öz gözlerinde özlerini kiçeldýänleri beýgelder. Ýakup aşakdaky görkezmäni berýär: «Rebbiň huzurynda özüňizi pes tutuň, Ol sizi beýgelder» (4:10).

Ýüregiňde kiçigöwünliligi saklamak – boýun bolmagyň sylagyny almaga taýyn bolmakdyr. Boýun bolmagyňda özüňi ýokary götermek, boýun egseňem ýykylmaga alyp barýan ýola düşmekdir. Ol siziň ýapyşýan zatlaryňyzyň hemmesini ýok edip biler. Siz bu kitabyň üsti bilen aýdylýan maslahatlara ýa-da Hudaýyň Sözüne eýerip bilersiňiz, ýöne buýsanç sebäpli boýun bolmak arkaly gazananlaryňyzyň hemmesini ýitirersiňiz.

Lýusifer Hudaýyň seçip saýlanydy. Ol kämillik möhüri bilen bellenendi we paýhas bilen gözellikden doludy. Ol Hudaý tarapyndan bellendi we Onuň mukaddes dagynda ýaşady. Tä buýsanjaňlyk ýüregine girýänçä, ol ähli tarapdan kämildi. Şondan soň ony jennetden kowdylar.

Pawlus ygtyýarlyk berlenler hakynda görkezme berdi, olaryň hiç biriniň «ýaňy-ýakynda iman getireniň biri bolmaly däldir. Ýogsa ol tekepbirlige ýüz urup, iblisiň sezewar edilen jezasyna uçramagy ahmal» (1 Timoteos 3:6). Rebbiň çagyryşyna boýun bolany sebäpli, Pawlus özüne tabşyrylan zatlaryň köpüsini ýerine ýetirip bildi. Ýöne näçe uzak ýaşadygyça, şonça-da kiçigöwünlilikde ösdi. B.e. 56-njy ýylynda, üçünji uly hoş habar ýaýradyjylyk syýahatynyň dowamynda Korintosda esaslandyran ýygnagyna hat ýazdy. Onuň ýerdäki ömrüniň tamamlanmagyna ýene on ýa-da on bir ýyl galypdy, şol wagta çenli ol köp zady gören Isanyň gullugynyň tejribeli weteranyna öwrüldi. Onuň sözlerine gulak asyň: «Çünki men resullaryň arasynda iň kiçisidirin. Men hatda resul adyny almaga-da mynasyp däl» (1 Korintoslylar 15:9).

Onuň sözlerinde siz kiçigöwünliligi duýýarsyňyzmy? Ol hatda özüni resul diýlip atlandyrylmaga mynasyp hasaplamandyr. Onuň

ýalan pespällik däldigini belläsim gelýär. Ýalan kiçigöwünli adam, kiçigöwünli *görünmek* üçin haýsy syýasy taýdan dogry sözleri ulanmalydygyny bilýär, ýöne şol bir wagtyň özünde-de onuň pitneçi ýüregi bar. Şeýle pespällik ýalan we aldaw getirýär. Emma haçanda adam Mukaddes Ruhuň ylhamy bilen ýazanynda, ol ýalan sözläp bilmez! Şeýlelikde, Pawlus resullaryň iň kiçisi bolandygyny aýdanynda, ol syýasy taýdan dogry dil ulanman, hakyky kiçigöwünliligini görkezdi.

Pawlusyň indiki aýdanlaryna üns beriň: «Emma men hemmelerden-de köp zähmet çekdim. Aslynda muny men däl-de, maňa ýar bolan Hudaýyň merhemeti etdi» (1 Korintoslylar 15:10). «Men olaryň hemmesinden has köp işledim!» Duruň, Pawlus bu ýerde öwündimi? Munuň ýaly sözler birneme ulumsy ýaly görünýär, ýöne aslynda beýle däl. Olar Pawlusyň garaşlylygynyň başga bir yglan etmesini görkezýär. Ol özüni resullaryň iň kiçisi hasaplady, eden işleriniň diňe Hudaýyň merhemeti bilen edilendigini boýun aldy. Ol ruhy taýdan gazananlarynyň hemmesiniň Hudaýyň beren ukyplaryndan gelip çykýandygyna gowy düşünýärdi.

Pawlusyň özüni «resullaryň iň kiçisi» diýip häsiýetlendirmegini kabul etmek gaty kyn. Pawlus öz döwründe-de, ýygnagyň şu günki günümize çenli gelýän tutuş taryhynyň dowamynda-da resullaryň iň beýigi hasaplanýar. Onuň b.e. 62-nji ýylynda, ölüminden takmynan bäş ýyl öň, Efeslilere ýazan sözlerine üns beriň. Birinji Korintoslylary ýazan döwründen bäri, ol ömrüniň ondan öňki wagtyndakysyndan has köp üstünlik gazandy. Ine, ol özüne näme diýdi: «Men Hudaýyň halkynyň arasynda iň ähmiýetsizidim, emma muňa garamazdan Mesihiň akyl ýetmez baýlygyny ýahudy dällere wagyz etmek jogapkärçiligini Hudaý maňa berdi» (Efesliler 3:8).

Birnäçe ýyl ozal Pawlus özüni resullaryň iň kiçisi diýip häsiýetlendiripdi, indi bolsa ol özüni ähli mukaddesleriň iň kiçisi diýip häsiýetlendirýär! Eger kimdir biri mesihi durmuşy we ýolbaşçylygy

bilen öwünip bilýän bolsa, bu Pawlusdy. Şeýle-de bolsa, Rebbe näçe uzak gulluk etdigiçe, şonça-da öz gözünde ol kiçi görünýärdi. Onuň pespälligi artmagyny dowam etdirdi. Bu ýyllar geçdigisaýýn Hudaýýň onuň durmuşyndaky merhemetiniň proporsional artmagynyň sebäbi bolup bilermi? Eýsem hut şonuň üçin Hudaý Petrusa garanyňda, Pawlusa Öz ýollaryny şeýle ynam bilen köp aýan etmedimi näme? (2 Petrus 3:15, 16) Zeburçy şeýle diýdi: «Öz ýoluny pespällere öwredýär» (Zebur 24:9). Ýokardakylary göz öňünde tutup, Musanyň Hudaýýň ýollaryny şeýle gowy bilmeginiň we Rebbiň ol barada şeýle diýmeginiň sebäbi şol dälmi: «Musa juda kiçigöwünli adamdy, beýle adam ýer ýüzünde başga ýokdy?» (Çölde 12:3)  Belki-de, olaryň ikisi-de Hudaýdan beýik imany almagyň diňe az adamlara aýan bolan syryny bilen bolsalar gerek.

Ömrüniň ahyrynda, b.e. takmynan 64-66-njy ýyllarynda, Pawlus Timoteosa iki hat ýazyp, özi hakynda şu sözleri aýdypdyr:  «Isa Mesih günäkärleri halas etmäge geldi diýen sözler dogry we her jähtden kabul ederlikdir. Şol günäkärleriň iň günäkäri-de mendirin». (1 Timoteos 1:15). Ol özüni «günäkärleriň ilkinjisi» diýip atlandyrdy! Onuň «Men birinji boldum» diýmändigine üns beriň.

Ýok, ençeme ýyllap gazanan üstünliklerinden soň, onuň wagzy şeýle bolmady: «Bularyň hemmesini men etdim, meniň beýik gullugym hem mynasyp bahalandyrylmalydyr». Şeýle hem, ol şuny aýtmady: «Men uly iş etdim we resul hökmünde aýratyn hormata mynasyp». Hatda birnäçe ýyl ozal edişi ýaly: «Men resullaryň iň kiçisi» diýip hem ýazmady. Şeýle hem: «Men ähli mukaddesleriň iň kiçisi» diýip ýazmady. Ol: «Ähli günäkärleriň hemmesinden men birinji» diýdi. Mesihde özüniň Hudaýýň dogrulygydygyna düşünse-de (2 Korintoslylar 5:21), ol Hudaýýň merhemetini we rehimini hiç wagt gözden salmady. Aslynda, näçe uzak ýaşadygyça, şonça-da Hudaýýň merhemetine bagly boldy.

Onuň garaýşy mydama şu aşakdakylara şaýatlyk edýärdi: «Men

hiç zada degmeýän ýöne bir hyzmatkärdirin, sebäbi men diňe özüme tabşyrylan ýumşy ýerine ýetirdim».

Muny Pawlusyň ölmezinden ozal ýazan beýleki sözleri düşündirýär: «Eý, doganlar! Men bulary gazanandyryn öýdemok. Emma ýeke-täk şuny welin edýändirin: yzda galan zatlary unudyp, öňdäkilere ýetmäge ymtylýaryn. Men Hudaýyň Isa Mesih arkaly göklerdäki ýaşaýşa çagyrýan baýragyny almak üçin, maksadyma tarap ylgaýaryn» (Filipililer 3:13-14). Onuň sözlerinde kiçigöwünliligi duýýarsyňyzmy? «Men entek ahyryna ýetmedim we gazananlarymy geçmişde galdyrýaryn». Ol ähli üstünlikleriniň Isa Mesihi doly tanamak islegi bilen deňeşdireniňde hiç zatdygyny aýtdy. Ýadyňyzda saklaň, Hudaý Özüni kiçigöwünlilere aýan edýär! Pawlus şeýle diýdi: «Maksada ymtylýaryn». Maksada ymtylyp, ol garşylygyň we basyşyň içinden geçdi. Çagyryş üçin iň uly päsgelçilikleriň biri *tekepbirlikdir.*

Eger biz Isanyň durmuşyny öwrensek, Onuň öwgini kabul etmän, Atasyna gönükdirendigini göreris. Hatda şypa berenlerine-de Ol köpçülikde bolup geçen zatlar hakynda aýtmagy däl-de, Hudaýa ähli hormaty bermegi buýrupdy.

Günleriň birinde bir baý ýaş adam «Gowy mugallym» sözler bilen Isa ýüzlendi. Şonda Isa derrew Hudaýdan başga hiç kimiň gowy däldigini aýtdy. Eýsem Ol Hudaýyň Ogly dälmidi? Ol gowy dälmidi? Elbetde şeýledi! Muňa garamazdan, Ol adamyň öwgüsini kabul etmeýärdi; Ol diňe Atasynyň şöhratyny isleýärdi. Şeýle-de bolsa, Onuň öwünen ýeke-täk häsiýeti kiçigöwünlilikdi. Ol şeýle diýdi: «Meniň boýuntyrygymy dakynyň-da, Menden öwreniň. Men mylaýym hem *pes göwünlidirin*, janyňyz rahatlyk tapar» (Matta 11:29, awtor tarapyndan bellendi).

Hudaýyň söýgüsi hakyky pespällik üçin iýmit berýär. Biz «söýginiň öwünmeýändigini, ulumsylyk etmeýändigini» okaýarys (1 Korintoslylar 13:4). Ulumsylyk öz bähbidini gözleýär; söýgi özüniňkisini gözlemeýär. Ulumsylyk özüne laýyk gelmeýän

islendik tabynlygy ýigrenýär; söýgi gulluk edýän Adamsynyň şöhratyny gözleýär. Biz söýýändigimiz üçin boýun bolýarys; Onuň beýgelmegini isleýändigimiz üçin üstünlik dileýäris. Biz Ony şöhratda görmek isleýäris. Belki, şonuň üçinem Pawlus şeýle diýendir: «Eger pygamberlik *peşgeşim bolup-da*, ähli syrlary we ylymlary bilip-de, daglary süýşürjek güýçli imanym bolup-da, söýgim bolmasa, men hiçdirin» (1 Korintoslylar 13:2).

## MAKSADYŇYZY ÝERINE ÝETIRIŇ

Biz miwe bermäge we Hudaýymyz üçin ýeňiji bolmaga çagyrylan; we diňe Onuň ýollaryndan ýöränimizde, biz Onuň ajaýyp adyna hakykatdanam şöhrat getirip bileris. Men siziň bu habary kabul etmegiňizi dileýärin. Bu siziň bähbidiňize bolşy ýaly, Onuň şöhraty üçin hem hyzmat edip biler. Onuň Sözüne wepalylyk, dünýewi pikirlerimiz üçin akmaklyk ýaly görnüp biler, ýöne Ol şeýle diýmedimi näme: «Şoňa görä-de, akmak saýylýan habarymyz arkaly Hudaý iman edýänleri halas etmegi ýüregine düwdi?» (1 Korintoslylar 1:21) Başga bir tarapdan, biz şuny görýäris: «Çünki Hudaýyň «akmaklygy» ynsan danalygyndan danadyr» (1 Korintoslylar 1:25). Biziň: «bu ýaraglar bilen Hudaý baradaky bilime garşy çykýan her belentligi ýumurmaga, her pikiri ýesirlige alyp, ony Isa Mesihe *tabyn etmäge*» çagyrylandygymyzy özüňize ýatladyň (2 Korintoslylar 10:4, 5, awtor tarapyndan bellendi).

Tabynlyga garşy çykýan pikire tekepbirlik diýilýär. Bu Hudaýyň görkezmesine ters gelýär. Bu hili pikir, Hudaýyň Sözündäki has ýokary ygtyýarlygy ykrar etmeýär; we bu kitapda getirilen mysallarda eýýäm görşümiz ýaly ol howply. Hudaý bu günlerde uly imanda, güýçde we batyrgaýlykda gezjek adamlary direlder. Olar Pawlusyň şeýle diýen adamlary bolarlar: «Siziň Isa Mesihe bütinleý tabyndygyňyza göz ýetirenimizde, her bitabynlyga jeza bermäge taýýardyrys» (2 Korintoslylar 10:6).

Wagt gysga, şonuň üçin hem biz täsirli bolmalydyrys. Tabynlyk bolsa bizde bu işjeňligi saklaýar. Haçanda men ýaňy halas bolanymda, men gaty işjeň boldum, ýöne maňa boýun bolmaklyk ýetmezçilik edýärdi, şonuň üçin hem netijesizdim, käwagt diňe zyýan getiren wagtlarymy aýdyp hem oturmaýyn. Ýöne näçe ösdügimçe, boýun bolmak islegimiň hemişe dogry tarapa äkitmeýän ýaly görünse-de, ahyrynda onuň meni üstünlige eltýändigine şonça-da köp düşündim.

Siziň Hudaýdaky ykbalyňyz siziň öňüňizde. Haçanda siz boýun bolmagy saýlanyňyzda, siz ykbalyňyzyň ýerine ýetmegini saýlaýarsyňyz. Hiç zat we hiç kim sizi saklap bilmez. Köp ýyllaryň dowamynda Dawudyň durmuşynda, Ýusubyň, Musanyň, Ýeşuwanyň, Hannanyň, Esteriň we imanyň beýleki patriarhlarynyň durmuşynda yşygyň şöhlesem bolmandy. Ýöne ýadyňyzda saklaň, öz ykbalyny ýerine ýetirenler üçin şöhrat galereýasy bar we ol ýaňy sanap geçenlerimizden ybarat. Bu soňky günlerde Hudaý bu ata-babalaryň sanawyna ýerleşdirjek we halklara höküm çykarmak üçin Mesihiň tagtynda oturmak mertebesine eýe boljak adamlary gözleýär. Men biziň beýik tabşyrygy ýerine ýetirip, şeýlelik bilen ajaýyp Rebbimizi şöhratlandyrjaklaryň arasynda bolmagymyzy dileýärin.

18-NJI BAP

# JEMLEÝJI

*Onuň penasynyň astynda iýýän miwelerimiz bizi göni Onuň meýlisine alyp barýar. Şol ýerde-de biz Onuň bolçulygyny paýlaşýarys.*

Bu kitaby biz dünýädäki ilkinji är-aýalyň Gudratygüýçliniň howandarlygyndan çykyp, Hudaýdan daşary ýagşyny we ýamany bilmek çeşmesini tapanyndan soň, eden pajygaly karary hakyndaky hekaýa bilen başladyk. Olar Onuň ygtyýarlygyny ret etdiler, ýöne biz olaryň şowsuzlyklaryndan we olardan görelde alanlaryň eden ýalňyşlyklaryndan sapak alyp bileris we muny dowam etdirmelidiris.

> Munuň başga tarapyna hem seredeliň: Gudratygüýçliniň saýasynda galanlar sylaglanarlar.
> Lezzetlidir maňa saýasy onuň, miwesiniň tagamy agzymdan gitmez. Ol meni meýlishana getirdi, maňa söýgi meýli bardy onda (Nagmalar nagmasy 2:3, 4).
> Onuň saýasynda miwesi süýji bolan durmuş agajy bar. Adam atanyň we How enäniň iýen miwesi ten duýguly adamyň gözünde ýakymly göründi, ýöne ahyrynda ol ölüm getirdi. Bu ten

duýguly pikirleniş agajyndan iýlen her bir miwä degişlidir. Onuň penasynyň astynda iýýän miwelerimiz bizi göni toý dabarasyna alyp barýar. Şol ýerde-de biz Onuň bolçulygyny paýlaşýarys.

Bu kitaby okanyňyzda ýazgarmagyň agyrysyny başyňyzdan geçiren bolmagyňyz gaty ähtimal. Emma agyry peýdaly bolup biler. Ol iki zady görkezýär: birinjiden, siziň ynsabyňyz henizem diri we Mukaddes Ruhy duýmaga ukyply. Ikinjiden, azatlyga barýan ýol bar – toba etmeklik. Ýazgarmak bilen höküm etmegiň arasynda düýpli tapawut bar. Olaryň ikisine-de agyry ýoldaş bolsa-da, birinjisi çykalga hödürleýär, emma ikinjisi ýok. Toba - pikiriň we hereketiň üýtgemegine getirýän ýüregiň üýtgemegi ýaly ýönekeýdir. Aslynda, sen: «Reb, men öz düşünişime görä hereket etdim we tagallalarymyň netijesizdigine düşündim, indi men Seniň ýollaryňa boýun egmegi saýlaýaryn» diýýärsiň. Bu seniň ýagşylygy we ýamanlygy bilmek agajyndan dörän beden aňyňy taşlap, tabynlyk ýoluna gaýdyp gelmekligiň saýlawydyr.

Doga-dilegde we pikirlenmekde ýüregiňizi açyň we Mukaddes Ruha durmuşyňyzdaky boýun egmezlik ugurlaryny açyp görkezmegine rugsat beriň. Zerur bolsa, ýagdaýyňyza degişli bölümlere serediň. Goý, Hudaýyň Sözi siziň durmuşyňyzy gözden geçirsin. Onuň Sözüniň nury, Hudaýyň mirasy ýa-da berlen ygtyýarlyk bilen baglanyşykly bolup biljek ähli boýun egmeýän ugurlary paş edýär. Olary aýratyn kagyzda ýazyň. Ondan soň, geliň, bilelikde Hudaýa doga edeliň we bagyşlanmagy we dikeldişi kabul edeliň.

*Gökdäki Atamyz, Isa Mesihiň adyndan, meniň boýun egmezligim we tabyn bolmazlygym üçin meni bagyşlamagyňy soraýaryn. Men öz ten duýguly pikirlerime görä ýaşadym we netijede aşakdaky ýollar bilen gozgalaň etdim:*
(Sanawyňyzdan Onuň ygtyýaryna, şol sanda gönüden-göni we berlen ygtyýarlyga garşy günä edilen her bir ugry boýun alyň.)

*Pikirlenişimiň we özümi alyp barşymyň bu ugurlarynyň hersi üçin toba edýärin. Meni bagyşla we Rebbim Isa Mesihiň gany bilen meni arassala.*
*Men Seniň ygtyýaryňa boýun bolmagy maksat edindim, we men Seniň durmuşymda goýan maşgala, raýat, ýygnak we islendik dünýewi ygtyýarlygyňa tabyn bolaryn. Diňe söz bilen däl, amallarda-da Seniň göwnüňden turmak üçin maňa merhemet et. Boýun egmekde we tabynlykda şatlygy saklajak ýüregimiň bolmagyny soraýaryn. Men ömrümi Reb Isa Mesihe bagyşlaýaryn we ähli gozgalaňlardan ýüz öwürýärin. Adyňy şöhratlandyrmak üçin meni nähili çagyrsaňam, men höwes bilen Seniň yzyňa eýererin. Omyn.*

Zerur bolsa, sanawyňyzda görkezenleriňize şahsy ýa-da hat üsti bilen ýüz tutuň we olardan ötünç soraň. Häzir hiç kimi aýyplamagyň ýa-da bu ýa-da beýleki mesele boýunça jedel etmegiň wagty ýa-da ýeri däl, ýöne size näçe kyn bolsa-da jogapkärçiligi öz üstüňize almaga mümkinçilik berilýär. Bu sizi Hudaýyň eliniň siziň tarapyňyzda boljak ýerinde goýar.

Bu dünýäniň ýollaryndan düýpgöter tapawutly ýoly saýlanyňyz üçin sag boluň. Biz boýun bolmak bilen ajaýyp Patyşamyzyň öňde goýan maksatlarynyň ýerine ýetirilmegini çaltlaşdyrýarys. Tabynlygyňyz üçin sylag uly bolar.

Imandan dänmez ýaly, Hudaý sizi goramagy we şatlykdan dolduryp, Öz şöhratly huzuryna sizi bütinleý müýnsüz getirmegi başarýandyr. Şonuň üçin Rebbimiz Isa Mesih arkaly ýeke-täk Halasgärimiz Hudaýa şan-şöhrat, güýç-gudrat, hökümdarlyk ezelden, häzir we baky ýar bolsun! Omyn.

–Ýahuda 24, 25

Ýatda saklaň:
**BEÝIK HUDAÝYŇ PENASYNDA** galyň!

# ARA ALYP MASLAHATLAŞMAK ÜÇIN SORAGLAR

Eger siz bu kitaby «Beýik Hudaýyň penasynda» atly wideo sapaklary bilen bilelikde okaýan bolsaňyz (bu gaty gowy pikir!), her hepde üçin niýetlenen wideo sapagy görmegiňizi we kiçi toparyňyzda her sapak üçin niýetlenen soraglary ara alyp maslahatlaşmagyňyzy maslahat berýärin. Wideo sapaklar kitapda görkezilen esasy temalary gaýtalaýar we üstüni ýetirýär. Şeýlelik bilen, gatnaşyjylaryň hemmesi üçin iň oňat wariant wideo sapaklaryna tomaşa etmek we kitap okamak bolar.

Lezzet alyň!

## 1-NJI SAPAK

*1-nji we 2-nji baplary ara alyp maslahatlaşmak*

1. Haçanda siz «ygtyýarlyk» sözüni eşideniňizde, siz nähili jogap berýärsiňiz? Siz ony tupan wagtyndaky gaçybatalga ýaly gowy zat bilen baglanyşdyrýarsyňyzmy? Ýa-da durmuşyňyzy bozan başlyk ýaly ters zat hakynda pikir edýärsiňizmi?
2. Durmuşyňyza ser salanyňyzda, «penasynda» bolmazlygyň erbet netijelerine duçar bolan ýagdaýlaryňyz boldumy?
3. Patyşalyk ýörelgelerine demokratik nukdaýnazardan düşünmek kyn. Demokratiýa süzgüji arkaly Hudaýyň ygtyýarlyk baradaky meýilnamasyna göz aýladyňyzmy? Bu siziň ýolbaşçylaryňyz bilen bolan gatnaşyklaryňyza nähili täsir etdi?

4. Öý toparlary meselesinde Hudaý maňa ruhy çopanymyň ýolbaşçylygyna boýun bolmak islemezligimiň gozgalaňdygyny görkezdi. Bu diagnoz sizi geň galdyrdymy? Bu sapakdan ozal siz meniň pozisiýamy nädip delillendirerdiňiz?

## 2-NJI SAPAK

*3-nji, 4-nji, 5-nji, 6-njy we 7-nji baplary ara alyp maslahatlaşmak*

1. Bu sapagyň başynda, men gatnaşyjylardan *«günä»* sözüni eşidenlerinde kellä gelen ilkinji sözlerini aýtmagyny haýyş etdim. Bu soragy eşideniňizde siz näme hakda pikir etdiňiz? Siziň pikiriňiz nähili üýtgedi?
2. Siz haçan hem bolsa bir wagt bu ugurlaryň birini – mal-mülki, işi, gatnaşyklary Hudaýyň size buýran zadyndan has ýokary goýupdyňyzmy? Bu ugurlaryň birini Hudaýa boýun bolmakdan ýokary goýanyňyzda näme boldy?
3. Bölekleýin boýun bolmak boýun bolmak däl; bu gozgalaňdyr. Ahyryna çenli boýun bolan wagtyňyz barada gürrüň beriň. Soň bolsa, diňe bölekleýin boýun bolan wagtyňyz barada gürrüň beriň. Esasy tapawut nämedi we bu tejribeler size nähili täsir etdi?
4. Mukaddes Kitap gozgalaňyň jadygöýlük bilen deňdigini öwredýär (1 Şamuwel 15:23). Jadygöýlügiň ahyrky maksady näme? Bu hakykat gozgalaňa bolan garaýşyňyzy nädip üýtgedýär?
5. Şeýtanyň kitabynda birinji tabşyryk: «*Islän zadyňyzy ediň».* Ol Isanyň şulary aýdan mahalyndaky görkezen mysalyna ters gelýär: «Men Öz islegim boýunça höküm çykarmaýaryn, Meni Ibereniň yradasyny berjaý edýärin» (Ýohanna 5:30). Durmuşyňyzda öz islegiňizi Hudaýyň isleginden has ýokary goýan wagtlaryňyz barada gürrüň beriň. Bu siziň üçin nähili boldy? Ataňyzyň islegini öz islegiňizden has köp gözlemek we boýun egmek üçin siz näme edip bilersiňiz?

# 3-NJI SAPAK

*8-nji, 9-njy we 10-njy baplary ara alyp maslahatlaşmak*

1. Rimliler 13:1-2-de bellenilen ygtyýarlyga garşylygyň Hudaýyň tabşyrygyna garşylygy aňladýandygyny görýäris. Isa sizden işde, öýde ýa-da durmuşda bir zat etmegiňizi haýyş etse näme ederdiňiz? Eger ýolbaşçyňyz, tälimçiňiz, polisiýa işgäri ýa-da başga bir ygtyýarly adam sizden edil şeýle zady etmegi haýyş etse, näme? Siz olara-da Isa Mesihe jogap berşiňiz ýaly jogap bererdiňizmi?
2. Mukaddes Kitap şeýle diýýär: «Her bir ynsan öz üstünden höküm sürýän häkimiýete tabyn bolsun» diýilýär (Rimliler 13:1-2). Grek dilinde *«tabynlyk»* sözi harby we raýat leksikasynda ulanylýar. Harby däl manyda bu söz, ygtyýarlyga meýletin boýun bolmak manysyny berýär. Hudaýyň Sözündäki bu tabşyryk siziň berlen ygtyýarlyk hakyndaky pikiriňizi nädip üýtgedýär?
3. 1992-nji ýyldaky prezident saýlawlarynyň netijelerini kabul etmek maňa gaty kyn boldy. Men depressiýa düşdüm we Reb hökümdarlaryň ygtyýarlyga eýe bolmagynyň Onuň üçin garaşylmadyk ýagdaý däldigini maňa ýatlatmaly boldy. Syýasatyň sizi lapykeç eden wagty boldumy? Meniň hekaýam siziň saýlanan hökümet ýolbaşçylaryna bolan garaýşyňyza nähili täsir etdi?
4. Işaýa 1:19 bize boýun egsek, ýeriň bereketlerinden iýjekdigimizi aýdýar. Siz gulak asyp bilersiňiz, ýöne islegiňiz bolman ýa-da islegiňiz bolup, boýun bolman bilersiňiz. Maňa göwünli-göwünsiz boýun bolan wagtyňyz hakynda gürrüň beriň. Muny isläp boýun bolan wagtyňyz bilen deňeşdiriň.
5. Mukaddes Kitap şertsiz tabynlygy öwredýär, ýöne şertsiz boýun egmegi öwretmeýär. Ýolbaşçylarymyz bize Hudaýyň Sözüne ters gelýän bir zady et diýseler, biz boýun egmeli däldiris. Haýsydyr bir ýolbaşçy size Hudaýyň Sözüne ters gelýän bir zady etmegi buýurdymy? Siz näme etdiňiz? Netijesi nähili boldy?

## 4-NJI SAPAK

*11-nji we 12-nji baplary ara alyp maslahatlaşmak*

1. Mukaddes Kitap raýat ygtyýarlyklary barada Hudaýyň gullary ýaly aýdýar. Hudaýyň gullaryna nähili garamaly? Siz öz raýat ygtyýarlyklaryňyza nähili garaýarsyňyz?
2. Iblis ökde aýyplaýjy, ýöne Isa biziň üçin wepalylyk bilen töwella edýär. Raýat ýolbaşçylary babatda siz günäkärleýjimi ýa-da ýalbaryjy? Siz raýat ygtyýarlyklary baradaky degişmelere gülýärsiňizmi? Sosial mediýada kimdir biri raýat ýolbaşçysyny kemsitse, siziň ýüregiňiz gynanýarmy?
3. Biz jemgyýetçilik ýolbaşçylarymyza, başlyklarymyza, mugallymlarymyza, tälimçilerimize we ygtyýarlyk wezipesine bellenenlere hormat goýmalydyrys we göýä olar Hudaýa wekilçilik edýän ýaly boýun egmelidiris. Isa üçin işlemegiň nähili boljagyny göz öňüne getiriň. Siz wagtynda işe gelerdiňizmi? Taslamalary ýerine ýetirýärkäňiz «aňsat ýoldan» giderdiňizmi? Bu siziň jemgyýetçilik ýolbaşçylaryňyz baradaky pikiriňizi nädip üýtgedýär?
4. Mukaddes Kitapda aýdyň maşgala gurluşy bar. Siziň pikiriňizçe, Hudaýyň maşgaladaky ygtyýarlyk gurluşyny kabul etmegimize bize näme päsgel berýär? Sagdyn maşgala gatnaşyklaryny döretmekde Hudaýa bil baglamaklyk möhüm rol oýnaýarmy we nädip?

## 5-NJI SAPAK

*13-nji we 14-nji baplary ara alyp maslahatlaşmak*

1. Mukaddes Kitap Isanyň ýygnakdaky ýolbaşçylary hut Özüniň belleýändigini aýdýar (Efesliler 4:11-12). Jogapkärçiligiňiz bilen baglanyşykly bolmadyk meselelere goşulýarsyňyzmy? Siziň pikiriňizçe, Isa Öz ybadathanasynda goýan ýolbaşçylaryna nähili garaýar?

2. Hanna ençeme ýyllap çaga üçin Hudaýa doga etdi. Siziň pikiriňizçe, näme üçin Hudaý Hanna özüne hormatsyzlyk bildiren ýolbaşçyny hormatlanynda, onuň dogasyna jogap berdi?
3. Haçanda biz haýsydyr bir ýolbaşçy hakynda erbet zatlary gürlänimizde, Hudaýyň paýhasyndan ýüz öwürýäris we şonuň üçinem Onuň goragyndan çykýarys. Merýemiň, Harunyň we Musanyň hekaýasynda, haçanda Merýem Musany efiopiýaly bir aýal bilen durmuş gurany üçin adalatsyz tankyt edeninde, biz bu hakykaty görýäris. Siz Hudaýyň paýhasyndan we goragyndan daşlaşanyňyzda, kynçylyk başdan geçirip gördüňizmi? Onuň netijesi nähili boldy?
4. Ýolbaşçyňyzyň paýhassyz görünýän karary beren ýagdaýynda bolup gördüňizmi? Mümkin, ýolbaşçyňyzda möhüm maglumatlar ýeterlik bolan däldir. Netijede näme boldy? Indi bu ýagdaýda başgaça hereket edip biljekdigiňize ynanýarsyňyzmy? Siz näme öwrendiňiz?
5. Dawudyň Şawul patyşa bolan garaýşy, Şawul aklyny ýitirip, ony öldürjek bolsa-da, ol hormatlydy we boýun egijidi. Dawut ömrüniň bu agyr döwründe Hudaýdan üpjünçilik, rahatlyk we gorag aldy. Ýolbaşçylaryňyza edil şonuň ýaly hormaty we boýun bolmak garaýşyny nädip döredip bilersiňiz?

## 6-NJY SAPAK

*15-nji, 16-njy, 17-nji we 18-nji baplary ara alyp maslahatlaşmak*

1. Haçanda biz bir bitewi bolanymyzda, bize taýýarlanan şöhrat bar. Isa bu ýerde bolan wagty Hudaýyň şöhratyny görkezdi. *«Şöhrat»* sözüni eşideniňizde siz näme hakynda pikir edýärsiňiz? Hudaýyň barlygynyň has uly ölçeginiň bardygyna ynanýarsyňyzmy?
2. Ellinji gün baýramy güni ýokarky otagdaky 120 şägirt bir bitewi

boldular. Olar pikirlerinde, ýüreklerinde we ruhda birdiler. Bu bitewilik bu günki ýygnaklarymyzda nähili görünerdi?

3. ABŞ-nyň goşuny bäş görnüşli goşundan ybarat. Ol bitewi bir harby güýç, ýöne olaryň hereketleri biri-birinden gaty tapawutlanýar. Edil şunuň ýaly, ýygnakda hem dürli çäreler bar. Biz Hudaýyň ýerleşdiren ýerinde işlemegimizi dowam etdirmeli. Bu siziň häzirki gatnaýan ýygnagyňyza bolan garaýşyňyzy nädip üýtgedýär? Siziň agzasy bolan ýygnagyňyzyň garaýşyna eýermegiňiz üçin siz başgaça näme edip bilersiňiz?
4. Hudaýyň halky Onuň bitewilik meýilnamasyny kabul edeninde, biziň şäherlere, sebitlere we halklara nähili täsir edip biljekdigimizi göz öňüne getiriň. Dostlaryňyzyň arasynda, ýygnagyňyzda ýa-da ýaşaýan ýeriňizde nädip has köp bitewilik döredip bilersiňiz?

# HUDAÝ, SEN NIREDE?!

***Öz çölüňizde güýç we maksat ediniň***




Siz, belki Hudaýyň sesini eşidensiňiz, ýöne indi Ol dymýan ýaly bolup görünýär. Siz, belki imanda hereket edensiňiz, ýöne indi Onuň huzuryny tapyp bilmeýäňiz. Eger şeýle bolsa, çöle hoş geldiňiz – bu ýer Hudaýdan wada almak bilen onuň berjaý bolmagynyň arasyndaky ýerdir.

Ýöne bir oňat habar hem bar: çöl – bu maksatsyz we boş ýer däl. Siz bu çölden dogry geçen ýagdaýyňyzda, Hudaý ony öz çakylygyňyza taýynlamak we ýol şaýyňyzy üpjün etmek üçin ulanýar. Köp adamlaryň näme pikir edýändigine garamazdan, biz bu möwsümden diňe Hudaýa garaşyp geçmeýäris. Siz çölden geçeniňizde, öz roluňyzy ýerine ýetirmeli; siziň roluňyz ähmiýetlidir. Eger siz wagtyňyzy biderek sarp edip, şol bir ýerlere öwran-öwran aýlanmak islemeseňiz, çölüň nämedigini bilmelisiňiz.

Bestselleriň awtory Jon Biwer aýanlykdan doly bu kitabynda Mukaddes Kitabyň açary bilimlerini we çuň manyly wakalaryny siziň bilen paýlaşýar. Olar size gurak we kyn möwsümlerden geçip, Hudaýyň siziň üçin taýynlan zatlarynyň ählisine girmäge kömek eder.

**MessengerX.com** X -da elýeter

# HORMAT SYLAGY

***Bu unudylan ýagşy häsiýetiň güýjüni açyň***




Mesihileriň biri-de Hudaýy çäklendirmek islemeýär. Ýöne biziň köpimiz hormat babatdaky örän wajyp ruhy esasa äsgermezçilik etmek bilen, öz durmuşymyzda Hudaýyň hereketlerini bilmezden çäklendirýäris.
Hormat – bu biziň medeniýetimizde ýitdi diýseň-de boljak düşünje; emma siz kitabyň sahypalaryndan Hudaýyň Şalygynyň durmuşymyzyň ähli çäklerine aralaşyp bilmegi üçin bu düşünjäniň esas bolup durýandygyny görersiňiz.
Bestselleriň awtory Jon Biwer “Hormat sylagy” atly kitabynda hormatlamaga bolan çagyryşy kabul etmek bilen, Hudaýyň gymmatlyklar ulgamyna laýyk bolup başlaýandygyňyzy we Onuň siz üçin taýynlan zatlaryň ählisini alýandygyňyzy açyp görkezýär.
Bu kitap Mukaddes Ýazgylaryň çuňňur esaslaryny gündeki durmuşda gabat gelip, haýrana galdyrýan wakalary bilen birleşdirip, ýatdan çykyp barýan bu ýagşy häsiýete ter garaýyş bilen garamaga mümkinçilik berer we, iň esasy zat, ony durmuşyňyzyň her bir çäginde ulanmaga höweslendirer.

**MessengerX.com** X -da elýeter

# MessengerX

*Her bir adam üçin şägirtçilige ýol we her ýerde*




- **130-den gowrak dilde mugt;**
- priloženiýada we onlaýnda elýeter;
- siziň ruhy ösüşiňiz üçin niýetlenen materiallar;
- öz taryhyňyzy we şägirtçilik ýoluňyzy yzarlaň.



Messenger-iň şägirdi bolmak üçin resurslaryň doly kitaphanasyny: elektron kitaplary, wideo we audio okuwlary, audiokitaplary, Mukaddes Ýazgylary alyň. Öz ähli enjamlaryňyzda tomaşa ediň, okaň we diňläň.




## MessengerX.com

Ýüklemek App Store

Almak Google Play

Bütin dünýä boýunça App Store и Google Play-da elýeter

**Siz haçanam bolsa bir wagt dolandyryjy ýa-da ýolbaşçy bilen ylalaşmanyňyzda, oňa nähili jogap bermelidigi hakda pikir edip gördüňizmi? Olary näme üçin asla diňlemelidigiňizi özüňizden soradyňyzmy?**

Bu täzeden seredilen we giňeldilen neşirde iň köp satylýan kitaplaryň awtory Jon Biwer indiki nesli Hudaýyň hökümet ygtyýarlyklary arkaly üpjün eden gorag çäkleri bilen tanyşdyrýar. Jon duşmanyň bizi Hudaýyň özygtyýarlylygyny we Onuň bellän ygtyýarlygyny tanamak ukybymyzy ýoýup, hakyky çagyryşymyzy ylahy ygtyýaryň daşyndan tapyp biljekdigimize ynandyryp, nädip aldaýandygyny äşgär edýär. Ýolbaşçylara nädip çemeleşmelidigimizi öwretmek bilen, Jon häkimiýete boýun bolmagyň bize howpsuzlygy, goragy we geljegi umyt berýändigini görkezýär.

Siz «Beýik Hudaýyň penasynda» kitabynda şulary:

- siziňki bütinleý dogry, ýöne şonda-da barybir nädogry hasaplanýan wagtyňyz ýaly ýagdaýdan nädip gaça durmalydygyny öwrenersiňiz;
- adalatsyz gatnaşyga Injil boýunça nähili jogap bermelidigini we ýeňip geçmelidigini öwrenersiňiz.

«Beýik Hudaýyň penasynda» kitaby – bu durmuşy üýtgedýän amaly kitapdyr. Täze babyň goşulmagy, ara alyp maslahatlaşmak üçin soraglar we aýratyn bellenen temalar arkaly, bu bize Hudaýyň ygtyýaryna boýun bolmagyň we durmuşymyzdaky ýolbaşçylara jogap bermegiň nähili ýokary derejede wajypdygyny görkezýär.



JON BIWER – halkara wagyzçy we iň köp satylan kitaplaryň awtory, ol Hudaýyň Sözüne barlyşyksyz çemeleşmegi bilen tanalýar. Jon we aýaly Liza "Messenger International" gullugyny esaslandyryjylardyr, onuň maksady biziň dünýämizi üýtgedýän Mesihiň barlyşyksyz yzyna eýerijileri terbiýelemäge bagyşlanan. Jon Koloradoda öýde bolanda, dört ogly bilen kart oýunlaryny oýnaýar ýa-da Lizany özi bilen golf oýnamaga çagyrýar.

MessengerX

Mugt göçürip almak we wideo akymlary üçin, **MessengerX.com**-a giriň

Messenger INTERNATIONAL

Bu kitap – awtordan sowgat we SATUWA DEGIŞLI DÄL

Has giňişleýin bilesiňiz gelýärmi? Bu ýerden göçüriň: